AMAH KEKILOW

Türkmenistanyň Prezidenti
Gurbanguly Berdimuhamedow:

– Beýik alymlarymyzyň, söz ussatlarymyzyň gymmatly edebi mirasy dünýä siwilizasiýasynyň altyn hazynasynda mynasyp orun eýeleýär.

Söýgi

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2013

UOK 894.361
K 35

Kekilow A.
K 35 **«Söýgi» romany.** – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2013.

Türkmen edebiýatynyň görnükli wekili, Türkmenistanyň halk ýazyjysy, Magtymguly adyndaky döwlet baýragynyň eýesi, uly alym Aman Kekilow öz halkyna iňňän baý edebi hem-de ylmy miras galdyrdy. Zehinli şahyryň şygyr bilen ýazylan «Söýgi» romany, poemalary, kyssa eserleri okyjylar tarapyndan gyzgyn garşylandy. Alymyň edebiýatyň nazaryýeti baradaky ýazan ylmy işleri şu gün hem özüniň ähmiýetini ýitirenok.

Aman Kekilowyň Garaşsyzlyk ýyllarynda okyjylarymyza hödürlenýän şu ýygyndysyna onuň meşhur «Söýgi» romany girizildi.

TDKP № 265, 2013 KBK 84 Tür 7

© A. Kekilow, 2013.

ULY ALYM, ULY ŞAHYR

Aman Kekilowyň ady häzirkizaman türkmen edebiýatynyň düýbüni tutujylaryň hatarynda tutulýar. XX asyryň 20-nji ýyllarynda döredijilik işine ymykly girişen şahyryň galamy uzak ýyllaryň dowamynda öndümli işledi. Onuň ýiti zehini, irginsiz zähmeti, döredijilik gözlegleri netijesinde dünýä inen eserlerini okyjylar gyzgyn garşyladylar.

Aman Kekilow ukybyny, zehinini, başarnyk çeper döredijilikde-de, edebiýat baradaky ylymda hem görkezdi. Hut şonuň netijesinde ol Türkmenistanyň halk ýazyjysy, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň akademigi, Türkmenistanyň ylymda at gazanan işgäri, Magtymguly adyndaky döwlet baýragynyň eýesi diýen hormatly atlara mynasyp boldy.

Alym şahyryň «Söýgi» romany türkmen edebiýatynyň taryhynda aýratyn orun tutýar. Bu eser şahyryň köp ýyllaryň dowamynda döredijilik güýjüni, zehinini sarp edip, sünnäläp döreden eseridir. «Söýginiň» gahrymanlary Begenç, Ogulnabat, Akmyrat çuňňur watançylyk, ynsanperwerlik, döwrüň belent idealy bilen ruhlanyp zähmet çekmek, ýokary medeniýetlilik ýaly ajaýyp sypatlary özlerinde jemlemek bilen giň okyjylar köpçüliginiň söýgüli gahrymanlaryna öwrüldiler.

Aman Kekilowyň edebi mirasy diňe bir «Söýgi» romany bilen çäklenmeýär. Okyjylar onuň «Soňky duşuşyk», «Ölüm penjesinde», «Gahryman gyzlar», «Waspnama» ýaly ençeme poemalary bilen-de, «Syrylan bulut» romanydyr «Men garry däl», «Söýgi» ýaly drama eserleri bilen hem tanyşdyrlar.

Aman Kekilow uly alymdy. Türkmenistanda edebiýat nazaryýetiniň döreýşi we ösüşi onuň ady bilen berk baglanyşyklydyr. Döredijilik işini nusgawy edebiýatyň taryhy, edebiýat nazaryýeti, edebi tankyt bilen utgaşdyryp alyp baran Aman Kekilow bu ugurda çuňňur yz galdyrdy. Gadymy Gündogar, Merkezi Aziýa akyldarlarynyň, türkmen nusgawy edebiýatynyň wekilleriniň söz sungatyna bolan garaýyşlaryny ýüze çykarmakda, halk içindäki rowaýatlardan başlap Mollanepesiň meşhur «Zöhre–Tahyr» dessanyna we şygyrlaryna çenli, XX asyr edebiýatynyň döreýşinden başlap tä B.Kerbabaýewiň «Aýgytly ädim» romanyna çenli giň möçberde ylmy derňewler geçirdi. Alymyň yhlasly zähmeti netijesinde «Söz sungaty», «Söz syrlary», «Edebi žanrlar we edebi metod», «Mollanepes», «Beýik lirik» ýaly ajaýyp işler döredi.

1959-njy ýylda Aman Kekilowyň başlangyjy bilen Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil we edebiýat institutynda edebiýatyň nazaryýeti we tankyt bölümçesi açyldy we oňa özi ýolbaşçylyk etdi. Meşhur alymyň ýolbaşçylygynda edebiýatçy alymlaryň uly topary ösüp ýetişdi. Aman Kekilow uly mugallymdy, terbiýeçidi. Köpleriň halypasydy. Ol hysyrdyly ylmy we çeper döredijilik işiniň daşyndan uly jemgyýetçilik işlerini hem alyp barýardy.

Aman Kekilow tüýs halkdan çykan şahyrdy. Ol eserlerinde döwrüň keşbini çekip, döwürdeşleri bilen bir howadan dem almagy başarýan uly söz ussadydy. Öz halkynyň bagtly günlere ýetjekdigine ynanýardy. Ony arzuw edýärdi. Uly söz ussadynyň, meşhur alymyň arzuwlary Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly baştutanlygynda hasyl boldy.

Nowruz GURBANMYRADOW,
edebiýatçy alym.

SÖÝGI

BIRINJI KITAP

I

Gelermen diýp wada etdi,
Geler wadasyndan ötdi,
Erteden çäş wagta ýetdi,
Ne boldy, ýarym gelmedi?
«Şasenem – Garyp» dessanyndan.

Gyş ýeňsäni berip, ummaga gaçdy,
Gün ýagty şöhlesin äleme saçdy.
Eredi ak garlar ala daglarda,
Zeminiň bezegi – gara baglarda
Açyldy al-ýaşyl, reňbe-reň güller,
Şahasynda jak-jak urýar bilbiller.
Tämiz ýaz şemaly öpýär ýüzüňi,
Aýlanyňda çar tarapa gözüňi,
Şähdiň açýar janly görnüş her ýanda,
Gök mahmala giren gözel meýdanda.

Ýylyň şu paslynda türkmen obasy
Uly-kiçi iş üstünde gabasy.
Gün dagyň gerşine göwresin sallap,

Göýä hoşlaşýan dek gollaryn bulap,
Bulut arasyndan şöhle saçanda,
Barha bizden arasyny açanda,
Daýhan bary işden çykyp kem-kemden –
Öýe tarap ýüzlendiler her ýerden.
Mal-garalar ýatagyna ýygnalýar,
Asudalyk bilen oba dem alýar.

Şu gözel obany deň iki bölüp,
Dag etegin syryp aşaga inip,
Towlanyp, tolkunyp akýardy bir ýap,
Kenary gül açan göýä ki Lebap.
Kölge peşanasyn geren agaçlar
Asmana ýetsem diýip uzadyp başlar,
Her haýsynyň, gör, näçe ýyl ýaşy bar? –
Ata-babamyzdan galan ýadygär.
Ýel degende iki ýana urunýar,
Salgym atyp uzak ýerden görünýär.

Bir hatar öý ýakynynda şu ýabyň,
Bag içinde, merkezinde obanyň,
Uzak ýyllar mesgen tutup ýaşardy,
Gelin-gyzlar şu ýapdan suw daşardy.
Iňrik garalanda, şapak ýaşanda,
Mal-gara ýygnanyp oba aşanda,
Çykdy şol hatardan küýzeli bir gyz,
Kimligi, okyjym, mälim däl heniz.
Gelýär ol sallanyp, garaman daşyn,
Käte ogryn-ogryn göterip başyn.

Ýeň astyndan töweregne ser saldy,
Kenara ýetmäge ara az galdy.
Öwrüldi ol, göni barman güzere,
Ýabyň ýakasynda gizlin bir ýere.
Emaý bilen suwa sallap küýzesin,
Doldurdy, dökdi soň, çykartman sesin.
Ýene-de doldurdy, ýene-de dökdi,
Käte garanjaklap daşyna bakdy.
Suw başynda ýoňsuz wagt güýmendi,
Sagatlara döndi onuň her mindi.

Kim eken bu gözel, kime garaşýar?
Kim beýle giçden soň öýe suw daşýar?
Näme kän oturdy suwuň başynda,
Elek-çelek gözi degre-daşynda?
Ýa wada beripmi söwer ýaryna,
Ýa bijaý kakylyp göwün taryna,
Eneden-ýeňňeden öýkesi barmy,
Ýa bir gama batan dünýäsi darmy?
Mejnun bolup çykan ýaly çöllere,
Garýar gara gözler uzak ýollara.

Anha, ol ýene-de ýerinden turup,
Bir beýik agaja arkasyn berip,
Dag keýgi dek keýerjekläp her ýana –
Garaýar, howsala düşüpdir jana.
Aklyň haýran edýär katdy-kamaty,
Göz öňümde, ynha, onuň suraty:
Egninde lybasy – gyzyl keteni,
Ak pamykdan ak görünýär ak teni.

Terne dek tözlenen goşa mämesi,
Ketenini ýyrtsam diýýär bir geňsi.

Daşyn alyp iki ýandan mämäniň,
Göýäki diýersiň, sakçysy onuň –
Dyzdan geçýär örüm-örüm saçlary,
Ölini direltjek galam gaşlary.
Adamzat ähliniň nury ýüzünde,
Elektrik togy bar dek gözünde,
Ýesir edýär kaklyşanyn dessine,
Gara zülpi al ýaňagyň üstüne
Dökülipdir, kime ýetse didary,
Gyş gününi ýaza döndär her tary.

Kän garaşdy, garaňky-da gatlyşdy,
Ýaş gyzyň her zatlar ýadyna düşdi.
Öz bolşundan özi howatyr etdi,
Siňňin-siňňin töweregne seretdi.
Dar kapas içinde urunýar ýürek,
Kim gerekkä? Duran däldir biderek.
Görmänsoň hiç kimi garap her ýany,
Mälim boldy gaýgy-gamyň nyşany:
Şatlygyň mesgeni güler ýüzlerde,
Belki, nem döredi gara gözlerde.

Kimdendir, kim bilsin, bolup nägile,
Häzir seýkin basyp, ýuwaşlyk bile
Ýüzi salyk geldi suwuň başyna,
Umyt üzdi, garamady daşyna.
Küýzesin dolduryp ugrady öýne,
Gör, nämeler getirendir ol küýne?

Ýüzün aşak salyp gelen ýolundan,
Hanha barýar, sagy bilen solundan
Habary ýok, çümüp pikir deňzine,
Gara şöhle düşýär güler meňzine.

Bu wagtda garşysyndan gözeliň
Dar ýerinde öwrüminde giň ýoluň,
Bir ýaş ýigit peýda boldy tötänden,
Biziň ýaş gyzymyz üýşendi ondan.
Çal penjekli, galstukly, ädikli,
Uzyn boýly, gara gaşly, görnükli,
Bardy ýigdiň goltugynda papkasy,
Başy açyk, elindedi kepkasy.
Ýat ülkeden düşen ýaly, ol başyn –
Dik tutup, geň galyp garýardy daşyn.

Garşylaşan gyza gözi düşende,
Bir enaýy garaş döredi onda.
Göz astyndan ýiti-ýiti seretdi,
Boýdan-başa syratyna syn etdi.
Ýa haýpy geldimi agyr halyna?
Ýa göwni gitdimi gyz jemalyna?
Deňinden geçensoň gaňrylyp yza,
Ýene taýly gezek garady gyza.
Gözel gyz perwaýsyz, galdyrman başyn,
Gitdi ýoly bilen, garaman daşyn.

Gitdi, gitdi, gözden ýitdi gözel gyz,
Ýüregimde goýdy meniň gamly yz.
Hesret bilen geçer uzyn gijesi,
Aňar ony, ünjä gider ejesi.

«– ýürekden ýalydy onuň hem sesi,
Şeýlemikä ýigitleriň hemmesi?»...
Diýip, ol käýiner, gepleder için,
Gatyşdyrar oýalygyn hem düýşün.
Çüý kakylar, uky gelmez gözüne,
Beletler şaýatdyr şahyr sözüne.

Ýaşlyk döwrün geçirenler başyndan,
Perwaýsyzlyk bilen garap daşyndan,
Rehmi gelmän, ýürekleri awaman,
Ýakyn durup derdi-halyn soraman,
Bu gyzyň duşundan geçip bilermi?
Pynhan syryň düwnün açyp bilermi?
Göz öňüne getirmezmi geçenin?
Yşkyň meýin gana-gana içenin?
Bialaçdyr ýetmese-de kömegi,
Agyr hala gyýylmazmy ýüregi?

II

Bagrym boldy para-para,
Zalym aýralyk aýralyk.
Magrupy.

Burugsadyp goýry gara tüssesin,
Ýer sarsdyryp, ýaňlandyryp geň sesin,
Öňbaraga barýan ýaly at salyp,
«Haş-haş» edip, uly-uludan dem alyp,
Myçýardy parowoz gündogar sary.
Ençe wagt boldy ugraly bäri.
Kän oba, şäherden arany açdy,

Tejen derýasyndan, Murgapdan geçdi.
Uzak ýoluň tanapyny külterläp,
Göýä ganat baglap uçdy ol ýerläp.

Güýçli parowozyň dabanyn basyp,
Uzyn tirkeş wagon bir-birin gysyp,
Gidip barýar çaň-tozana garyşyp,
Demir aýak tigirleri ýaryşyp,
Ýapyda, inişde dürli heň edýär,
Eşelon dynuwsyz ileri gidýär.
Güneşli ülkämiň müňläp ýigidi,
Söweş meýdanynyň algyr bürgüdi
Ýerleşipdir eşelonyň üstüne,
Atlanypdyr nejis duşman kastyna.

Şowhunly galmagal wagonyň içi,
Tanyşypdyr eýýäm uly hem kiçi.
Biri aýdym aýdyp, biri saz çalyp,
Biri geçenini ýadyna salyp,
Gyzykdyryp gürrüň berýär öýlenşin,
Gaýtarlan gelniniň yzyndan barşyn.
Ertekiden enaýy oň sözleri,
Degişgen bir ýigit, gülýär gözleri.
Gaýgy ýok, ünji ýok, şatlyk ýaşlarda
Ýigitliginň ýeli çalan başlarda.

Emma welin, näme üçindir, bir oglan
Tükeniksiz derdiň astynda galan.
Çetde tutýar özün goşulman ile,
Mälim däl, nämeden, kimden nägile.
Wagon aýnasynyň öňüne baryp,

Gowşuryp ellerin, tirsegin gerip,
Äpişgeden giň jahana syn etdi,
Nämänidir ýatlap, çuň oýa gitdi.
Tolkun atyp misli Jeýhun derýasy,
Gowgalydy onuň içki dünýäsi.

Muny duýan ýaly ýaňky şahandaz
Geçende ýanyndan sägindi biraz.
«– Göresiň geldimi eýýäm ejeňi?
Bu hili batyrlyk gorkuzar jeňi.
Hany düş yzyma, goşul märekä,
Saçly mollajygyň galandyr, belkä?
Näme müzzerýärsiň? Özüňi dürse,
Halamaz bu bolşuň serkerde görse.
Gaýgy bir ganymdyr, dostum, hany, ýör,
Bilseň ýekeligi bir Hudaý söýer».

Ilki gaharlanyp, mölerlip durdy
Ýüzün aşak salyp, syrly ýylgyrdy.
«– Ejem ogly etme, tanaman birden,
Söweşde saýlanar, gardaş, är-ärden...»
«– Ýeri, ýeri, gyzma, degişme bary,
Ýüzi salyk görýän ertirden bäri...»
«– Gyzamog-a weli, gyzarça etdiň,
Sen-men ýok, bir bada kän ýere ýetdiň.
Gaýgy-da, gorky-da düşenok ýada,
Geçipdi bar ömrüm meniň obada.

Hatda Aşgabadam görmändim ozal,
Syn edýän Watana, giň hem-de gözel...»
«– Görersiň entekler dürli ýerleri,

Ajap ülkeleri, köp şäherleri.
Nireden bolarsyň, nämedi käriň?
Barmy okan ýeriň, saýlan hünäriň?»
«– Aslymy sorasaň Ahal ilinden,
Nan iýdim daýhanyň kätmen-pilinden.
Ýedini gutardym, gitjekdim ýene,
Bolmady, bagtsyzlyk uçrady, ine...»

Ara gürrüň düşüp çendan şuň ýaly
Kelleden şol pikir giden mahaly
Erkana duýsa-da az wagt özün,
Birdenkä duýdansyz sallaýar ýüzün.
Wagt geçdigiçe oba daşlaşýar,
Eziz toprak, eziz ülke hoşlaşýar.
Eýýäm yzda galdy Jeýhun kenary,
Güýçlenýär ýigidiň ýürek azary.
Köýünde obasy, çete saýlanýar,
Şol öňki ýerinde ýene oýlanýar:

«Çagyryş hatyny alan badyma
Pikirim atlandy göwün şadyma.
Ejem goş-golamym daňyp bolynça,
Ýol ýoldaşym taýýar bolup gelinçä,
Ylgadym görmäge gözel ýarymy,
Ak ýüzde owsunçy zülpi tarymy.
Tapmadym, nädeýin, ýok eken öýde,
Galdym şol wagtda tükenmez köýde,
Ýakdy meni köne türkmen adaty,
Guly boldum onuň, ynjytdy gaty:

Enesinden soramaga çekindim,
Nähak etdim, soňra özüm ökündim.
Gadymdan gelýändir türkmeniň nakly
Diýerler «Uzynyň giç geler akly».
Uzynam däl, emma aklym giç geldi,
Puşmandan ne peýda? Boljak iş boldy...»
Söýgülisin ýatlap biziň gahryman,
Görmän gaýdanyna edýär köp arman,
Uludan dem alýar, kellesin ýaýkap,
Aýnaň agajyna bagryny oýkap:

«– Eşden däldir birden beýle ugranym,
Görjek bolup çar tarapa ylganym.
Belki, öten agşam wadaly ýerde
Beýik tut ýanynda ýa-da güzerde
Garaşandyr maňa Ogulnabadym,
Intizar bolandyr gaýtalap adym.
Käýinendir,
çytylandyr gaşlary,
düwmelenip akandyr gözýaşlary.
Arman galdy,
hoşlaşyp-da bilmedim,
Al ýaňakdan gyzgyn posa almadym...»

Ýene-de uludan alyp demini,
Unutmakçy bolup gaýgy-gamyny,
Köpçüliginň arasyna geçse-de,
Şowhun az-kem gamly göwnün açsa-da,
Agyr pikir kellesinden gitmedi,
Ýene onuň hiç karary ýetmedi.

Kagyz, galam çykardy-da haltadan,
Pikir deryasynda ýüzdi gaýtadan.
Ýürek joşup, damarda gan gaýnady,
Ak kagyz üstünde galam oýnady.

Söýgüdir, dostlarym, durmuşyň täji,
Tapyşmak süýjüdir, aýralyk ajy.
Ajysyz süýji ýok, tikensiz gül ýok,
Gül yşkynda saýramadyk bilbil ýok.
Gyş aňzagyn görmän, ýazyň hözirin –
Aýtsyn bilýänler göreniň birin?
Kim tapypdyr zähmet çekmän rahaty?
Bu gadymdan gelýän durmuş adaty.
Şerapsyz piýala – söýgüsiz ýürek,
Bahar gülşenine nurly Gün gerek.

III

Придет пора на пору,
Станешь девке ступать на ногу.[1]
Русская пословица.

Ylym çäre tapsa ajal emrine,
Çäk-de goýulmazdy adam ömrüne.
Her hili geçse-de ynsanyň ömri,
Çagalyk çagydyr iň gözel döwri.
Çaga çalym eder bagyň gülüne,
Her kim höwes bilen alar eline.
Hem güler, hem oýnar, ýazdyr hemişe,
Gaýgy-gamy bolmaz, çekmez endişe.

[1] Kämillige ýeteňde, gyz aýagyn basarsyň. *Rus nakyly.*

Çagalyk döwrüni unutmaz ynsan,
Şatlanyp ýadyna salar her zaman.

Dostlar, şunuň ýaly hekaýat başy
Begenç, Ogulnabat – ýüzbe-ýüz goňşy.
«Döwlet başy» bilen «göwün hoşlugy»
Başda çagalygy, soňra ýaşlygy
Geçirdiler şu obada birkemsiz,
Şatlykda hemişe, gaýgysyz-gamsyz.
«Iki aýakly – iki günde» – ösdüler,
Mekdep işigine aýak basdylar.
Diýerler «Gyrmyldan gyr aşar gider».
Ýürekden ýapyşan her işi eder.

Sapagyň gurluşy baglydy ýaşa:
Aňsatdan – agyra, ýakyndan – daşa
Geçdi çagalarmyz ädimme-ädim.
«Görsene, ýazýaryn indi öz adym!» –
Gutlapdy bir-birin olar bir zaman,
Uzyn tirkeş bolup soňra duýulman,
Yhlasly zähmetde geçdi kän pasyl.
Bolarmyş yhlaslyň myrady hasyl.

Çyrşalan syýanyň, dolan depderiň,
Ýonulan galamyň, dökülen deriň,
Çakyňdan artykdy sany, hasaby,
Könelipdi kän kitabyň sahaby.
Ýedi ýyl dolmagna galdy bir hepde,
Olar myhman duýdy özün mekdepde.
Otyr öýlerinde eneli-ogul:
«– Ara sowuk salman ýene-de şu ýyl

Ugraýyn okuwa, saklama, eje,
Gidýär ýoldaşlarym, galýan ýekeje...»
«– Saklajak däl, balam, özüňem düşün,
Sen gitseň kim etsin içeriň işin?

Jigiň bir ýaşynda, aýagym bagly,
Biwagt ölümden ýüregim dagly.
Eger şu bolmasa, giderdiň göni,
Hiç gaýra goýmazdym deň-duşdan seni.
Oňardym köp bolup bir jan, bir başym,
Garaşyk ederdi töwerek-daşym...»
Hak sözüň güýji kän, bolsa-da ajy,
Garşylyk edere ýokdy alajy.
Maşgala durmuşy şeýle haldady,
Ýigit için çekip, boýnun sallady.

Ýaňy aýak biten eýjejik çaga
Ýönelip Begenje galdy aýaga.
Edilýän gürrüňe düşünýän ýaly,
Ýörjen-ýörjen bolup baran mahaly,
Ýapyşdy burnuna, ýetdi gulagna,
Suwluja ernini goýup ýaňagna,
Garaja gözleri ýiti seretdi,
«Gitmersiň!» diýen dek many döretdi.
Begenç gidip bilmän, galdy obada,
Bolupdy gepleşik iki arada:

Eger özi gitse, gyz-da gitjekdi,
Ikisem okuwyn dowam etjekdi.
Hyýal-hyýallygna galdy bu ýerde,
Gaýta sataşdylar başga bir derde.

Gutaran batlary ýedi klasy,
Döredi arada «hytaý galasy».
Çaga duýgusynda açyk göwünler,
Mekdebe bileje gatnalýan günler
Görerdi bir-birin her sapar irden,
Bularyň barysy gutardy birden.

Indi öňkülik däl, özgerdi bary,
Goňşy bolsalar-da, köp wagt bäri
Açyk duşuşykdan mahrumdy ýaşlar.
Mälim özüňize, gojalan başlar
Ony halamaýar, geňleýär gaty,
Yzarlap näletli köne adaty.
«Göze görnen» saýsa her kimse gyzyn,
Sypdyrman gözünden, yzlardy yzyn.
Çagalayk ýyllary daşlaşdy gitdi,
Ýaşlyk ýolun tapyp hökmün ýöretdi.

Gara gözler bir-birine hyrydar
Garadylar, görmeseler bimydar.
Başga many bardy beýle garaşda,
Syr bermän hiç kime içerde-daşda,
Güýçlendi günsaýyn yşkyň şemaly,
Her biriniň bar başynda hyýaly.
Söýgüli okyjym, muny pugta bil,
Ýürek joşsa herekete gelýär dil.
Ynha, indi çendan iki arada
(Elbetde, mälim zat, söýgi barada),
Başlandy gyzykly pynhan gepleşik.
Gündizine olar edip belleşik,

Gijeleri tapardylar bir-birin,
Hiç kime bildirmän tapyşyk ýerin.
Garry gulaga-da tapyşyk sözi,
Hoş ýakýar, ýaşlykda görendir özi.
Tapyşyk ýaşlygyň bagtly sagady.
Tapyşyk belläniň bolmaz tagady.
Dogrudyr, okyjym, muny boýna al,
Şeklenseň ýaşlygyň sen-de ýada sal.

Bu mälimdir hemmä gadymdan bäri,
Oda ýakyn dursa tutaşar däri.
Şuny ýada salýar tapyşyk ýeri,
Çünki ýetişende yşgyň heseri,
Joşan ýaş ýürekleň tolkuny galar,
Tapyşykda bir-birinden ot alar.
Sagatlar tiz geçer, döner minuta,
Görkli gözel ylham berer ýigide.
Duýgy daşar, ýaş kalyblar galdyrar,
Göwre gagşar, aýaklar-da sandyrar.

Şatlykly günlerde wagt geçýärdi,
Umytlar geljege nurun saçýardy.
Iki ýyl öwrüldi, ine, şu halda,
Ýaşlarmyz häzir-de öňki hyýalda:
Tapyşyk wagtynda iki obadaş
Şert edip bolmaga ömürlik ýoldaş,
Ýene okamagy ykrar etdiler,
Ikisem höwesjeň, hoş niýetdiler.
Emma beýle plan barmady başa.
Duşman gyýa bakyp azat durmuşa,

Sürdi üstümize agyr leşgerin,
Depgiläp halkymyň mukaddes ýerin.
Ülkäniň ýagdaýy bütin özgerdi,
Halkym ýeňiş üçin bar güýjün berdi.
Taşlap ýigitlermiz kätmeni, pili,
Geýdiler şol bada mele şineli.
Çagyrdy ýaşlary kolhoz meýdany,
Begenç, Ogulnabat aýaman jany,
Ekişmi, ýygymmy ýa başga bir iş,
Edildi barysy, dannalmady hiç.

Ýetişdi her ýere urşuň täsiri,
Daşyn garanjaklap mekdep müdiri,
Klaslar hakynda edip alada,
Bir gün habar etdi Ogulnabada.
Magaryf wekili bardy baranda,
Üşerdi bir hili ony görende.
Edilen teklibe gaty geň galyp,
«Men mugallym! Ýok! Ýok! Başga bir kişi
Tapyň oňar ýaly bu hili işi».

«– Eger tapýan bolsak, keýgim, özgäni
Azara goýmazdyk asyl biz seni.
Prikazyň şu günden, bir hepde möhlet,
Oňatja taýýarlan, gorkma, gaýrat et.
Ertirden başla-da otur sapakda,
Sorag ýüze çyksa, eger her hakda,
Düşündirer saňa her bir mugallym,
Hiç kim enesinden dogmandyr alym.
Häzir okatmalyň dördünji klas,
Kyn bolmaz her işe edilse yhlas...»

«– Ýalbarýan, zor edip gynamaň meni,
Prikaz etseňiz-de, başarman muny...»
Gülüşdi bu söze ikisi birden.
Şeýle düşündiriş boldy müdirden:
«– Höküm ýa zorluk däl prikaz diýeni,
Şu günden aýlyga belleýär seni.
Zorluk ýok bu ýerde, diňe bir haýyş,
Tabşyrylýar saňa hormatly bir iş».
Gözün balkyradyp, misli bir çaga
Utanyp ýüzüni saldy aşaga.

Gysgajyk bu gürrüň gutardy şeýle.
Otyr öýlerinde garrysy bile.
Heý-de guwanmazmy muňa ejesi,
Eşdildi gürrüňde şadyýan sesi:
«– Atyňy soý diýrler, iliň oňlasa,
Seni saýlamazdy ynanç bolmasa.
Ataň ogul saýdy seni, ezizim,
Barşarsyň bigüman, çekinme, gyzym».
Enäniň bu sözi meýil döretdi,
Gijara bu habar Begenje ýetdi.

Tutup taýly gezek örüm saçyndan,
Aýyrman gözlerin galam-gaşyndan
Garansoň geplemän ep-esli salym:
«– Işiň rowaç bolsun, ýoldaş mugallym!
Ýöne unutmagyn sada daýhany...»
Çykaryp bu sözden başga bir many,
Gyz yza çekilip, ýüzün turşartdy,
Öýkeli görnüşde ýigde seretdi:

«– Maslahat soraýan ogrynça gelip,
Sen bolsaň gaňňaňy garnyňa alyp,

Ýaňsylan bolýarsyň, kesä çekýärsiň,
Diliň şerebesin derrew dökýärsiň...»
«– Bagyşlaň, mugallym, ynjytdym sizi!
Eger gödek bolsa kolhozçyň sözi,
Öwrediň özüňiz, men taýýar oňa...»
«– Aýryl, çek eliňi, degme sen maňa!
Eger garşy bolsaň, aýt aç-açan».
«– Garşy däl, begenýän, Ogulnabat jan!
Oýna çydamasaň, menmi günäli.
Näme gaça durýaň, tez mal ýaly?»

Goýmady erkine jahyllyk ýeli,
Batyrgaý işledi ýigidiň eli.
Başlandy arada kiçijik «söweş»,
Galgady iki ýan örüm gara saç.
Dile nobat barmy şeýle bolanda,
Duýgy ygtyýaryn ele alanda
Öz kanuny bilen höküm ýöredýär,
Şekilsiz, owazsyz sözün döredýär.
Gyz çydam etmedi ahyr berdi ýan,
«Döwýäň-le gollarym, dursana, nadan!»

Iki göwre bir-birini gysanda,
Ak alkymda yssy demler ösende,
Ýetdi al ýaňaga teşne dodaklar,
Bedene her ýandan ýöneldi toklar.
«– Näme armanyň bar, mugallym bolsaň! –
Diýjegim şu meniň maslahat salsaň».

«– Aýdaýsaň bolmýamy ozaldan şuny,
Hoş, indi gideli, saklama meni».
Ýigit jogap ýerne gülüp seretdi,
Her haýsy bir ýoldan öýlerne gitdi.

IV

Käri niku kerden,
Ez pur kerden est[1]
Täjik halk nakyly.

Bir gün ýüzi salyk öýlerne baryp,
Kitabyn, depderin stola urup,
«Okuwam gerek däl, mekdebem indi» –
Diýdi-de dessine düşekde süýndi.
«Waý, saňa näm boldy,
nä hudaý urdy?» –
Gygyryp enesi ýerinden turdy.
Horkuldap başlady, bermän jogabyn,
Garry biljek bolup munuň sebäbin
Näçe dyzasa-da haýry ýetmedi,
Gyz tüňňesin düşüp, diýen etmedi.

Başlapdy işine aýdylşy ýaly,
Her işde deslapky boluşy ýaly,
Özün ýygra tutdy ol ilki bada.
Seredip daşyndan Ogulnabada,
Mekdebiň içinde oglanlar-gyzlar
Ýetirdi gulagna her hili sözler.
«Wiý, muňa seret-le, bu-da mugallym,

[1] Asylly iş yhlas bilen çekilen dowamly zähmetiň netijesidir.

Ýedini gutaryp bolupdyr alym!..»
Käsi gülüp geçdi onuň duşundan,
Käsi gybatyny etdi daşyndan.

Ýatyşdy kem-kemden bularyň bary,
Girýär sapagyna bir aýdan bäri.
Taýýarlyk görerdi gije-gündizi
Seljerip klasda oglany, gyzy.
Kim ökde, kim asgyn, kimi ýakymsyz,
Az wagt içinde öwrendi kemsiz.
Etmändi özünden beýle tamany,
Geçýär nobatynda her bir temany.
Ýygralyk aýrylýar, açylýar ýüzi,
Işiň gidişinden hoşaldy özi.

Döredi töränden şeýle bir waka.
Bir sapar ýazuwdan sapak barýarka,
Mysal gerek bolup sözlem düzende,
Düşündirmek üçin tagta ýazanda,
Eşdildi çagalaň hyşyr-pyşyry,
«Özem ýalňyş ýazýar!» –
seslendi biri.
«Wiý-de wiý!» boluşdy barysy birden,
Ýaş gyzyň mańlaýy çygjardy derden.
Niçiksi saklarsyň çaganyň dilin,
«Men-de men» – her ýerden galdyrýar elin.

Duýup bir zat baryn,
gaty aljyrap,
Bir söz aýdyp bilmän klasa garap,
Ýüzi tagta tarap ep-esli durdy,

Görmedi hiç zady, bütin gyzardy.
Gaýtalap-gaýtalap okady ýene,
Galmagal sebäbi tapyldy, ine:
Bir sözüň bir harpy düşüp galypdyr,
«Mallaryň» ornuna «malar» bolupdyr.
Goýberen «ýalňyşyn» derrew düzetdi,
Emma ol klasda şowhun döretdi.

Tapyldy garagol uludyr-kiçi
Jyňk-da – jyňk, pyňk-da – pyňk klasyň içi.
Köpler diňlemedi aýdan zadyny,
Gygyrdy käbirniň tutup adyny,
Kömegi degmedi, yzdaky hatar
Dürtüşip bir-birin öňküden beter,
Biri «molar» diýdi,
birisi «malar»,
Hiç durar ýerinde durmady olar.
Ýatmady galmagal, kellesi çişdi,
Ýerinde oturyp, žurnaly açdy.

Saklanyp bilmedi syryn aňdyrman,
Agdarýar žurnaly başyn galdyrman.
Sagada ogrynça garan mahaly,
Wagtynyň ýary-da geçmändi häli.
Ýeňseden birini tagta çagyrdy,
Ol gele-gelmäne gülmäge durdy.
Tagtada küýi ýok, yzynda gözi,
Bu gün ýer tutmady mugallym sözi.
Ahyrda klasdan gitdi ol çykyp,
Gapyny bat bilen gaharly çekip.

Daşarda direktor pete-pet geldi,
Bir işiň bolanyn dessine bildi.
«Ýeri, näme boldy?» – sorady tizden,
Bellibir gaýtargy bolmady gyzdan.
Diňe «Hiç zat» diýdi, pyşyrdap çala.
Öýlerin nazarlap düşdi ol ýola.
Ine, şol gaýdyşy, häzir-de ýatyr,
Ejesi ýanynda zeýrenip otyr.
«Kim degdi göwnüňe, kim gyýa bakdy?»
Berilýän soragyň jogaby ýokdy.

Goýup ejesini ençe azara,
Köşeşip öz-özi turdy gijara.
Doly gürrüň berdi bolan wakany.
«– Bolan iş şu bolsa, howlukma hany.
Çagadyr, elbetde, geň däl bu zatlar,
Galmagal, gykylyk eder bezzatlar.
Bolar her hilisi içinde köpüň,
Işiňi taşlama, düşündir gepiň.
Diýseň, derektiriň tapar çäresin,
Çykarmaz ondan soň hiç haýsy sesin».

«– Üç-dörtden artyk däl içinde beti,
Olar-da oturjak, tutulsa gaty.
Gamşy gowşak tutsaň, eliňi gyýýar –
Meniň gowşaklygym barysy duýýar.
Başlandy galmagal bir sebäp bolup,
Men saklap bilmedim öňüni alyp.
Dilim gysga boldy,
gänäli özüm,
Indi ol klasda diňlenmez sözüm.

Gülüşip başlarlar girenje badym,
Gutardy şu günden mugallym adym.

Her kim buýsanmaly bolan güýjüne,
Ugraryn ir bilen kolhoz işine».
Enä hoş ýakmady gyzyň bu gepi,
Bu wagt birdenkä açyldy gapy.
Içerä göz aýlap, az salym durup,
Mekdep direktory girdi ýylgyryp:
«– Yzyndan gelmändik okuwçy wagty,
Gatnardy gün yrman, erjeldi gaty.
Mugallym bolansoň, saldy yzyna,
Hiç başyn galdyrman ulyň sözüne.

Bu nätdigiň boldy, iş bormy beýle?
Oňuşman klasda çagalar bile,
Gaçdyň öýe tarap, yzyň garaman.
Bardym klasyňa şol bada durman,
Bolmandyr sapakda üýtgeşik bir zat.
Özüň gowşak tutsaň, bil, Ogulnabat,
Tertipli klas-da bitertip bolar.
Tutmasaň berkräk, çagadyr olar,
Düzgüni-nyzamy bilmez öz-özi,
Täsirli bolmaly mugallym sözi...»

«– Wah, sen öwüt berýäň,
gitmen diýip otyr.
Kolhozyň işine barjakmyş ertir.
Horkuldap geçirdi uzynly güni,
Tüýs zähräm ýaryldy, gorkuzdy meni».
«– Ony mamla görmez asyl hiç kişi.

Heý-de, taşlap bormy başlanan işi?
Gaharna diýendir, hiç ýana gitmez,
Hiç kim klasynda galmagal etmez.
Şu gün şolar boldy meniň-de işim,
Özüň-de dogumlan, şu ýaňky diýşim.
Ynha, ýigrim üç ýyl, ýaşlykdan bäri
Gidişip oturşym goýman şu käri.
Gaty aňsat ýaly garasaň daşdan,
Emma agyr günler geçendir başdan.
Mundan beterrägem bolupdy mende,
Käte sandyradym tagtaň öňünde.
Her kişi ýaşlykda başlanda kärin
Çekýär kynçylygyň tapynça tärin.
Düzeler barysy ýuwaş-ýuwaşdan,
Birdenkä eliňi sowatma işden.

Kömek gerek bolsa, taýýar hemmämiz,
Senden, Ogulnabat, köpdür tamamyz.
Ýanyňda diýmegim gelşiksiz, belki,
Gürrüň gozgalanda şu hakda ilki
Ady agzalypdy birnäçe gyzyň,
Ahyrda saýlanmyz sen bolduň biziň.
Gitmen, gelmen diýip, ýok zady tapma.
Ertir bar sapaga, yzyňa çapma».
Ene baş yrady muny makullap,
Gyz dymdy kän wagt ýüzüni sallap.

Başda bolan waka şeýledi, ine,
Mugallym işine girişdi ýene.

Emma unutmady kän wagt muny,
Barha oňatlaşyp sapak mazmuny,
Erkana duýýardy özüni işde.
«– Mälim etmeli bor irde ýa giçde
Öýermek gürrüňin gozgaýar ejem.
Aýt bolşy ýaly ejeňe senem».
Begenç teklip etdi gyza şu hili,
Dolanda mekdepde onuň bir ýyly.

«– Waý, munuň diýýänin!» – dişledi dilin.
Ýigit emaý bilen egnine elin
Goýdy-da: «Aýdaly, bilsinler olar,
Ýogsa obaň içi gürrüňden dolar.
Ogryn duşuşygmyz göräýse biri,
Meni howpa salýar işiň şu ýeri».
«– Özüm aýdyp bilmen, ejeňi iber,
Seni gowy görýär, razylyk berer.
Diýýär, zähmetsöýer, gaty edepli,
Mydam ýüzi aşak, mylaýym gepli...»

Şeýle gutarypdy soňky duşuşyk,
Hoşlaşyp şu ýerde bu iki aşyk.
Aýralyk sözüni getirmän ýada,
Gol gysyp bir-birne beripdi wada.
Barlyşsa gürrüňde Nurtäç, Enebaý,
Boljakdy olarça bary göwnejaý.
Emma ýaşlarmyzyň beýle hyýaly
Galdy, baş tutmady, şu bolşy ýaly –
Gözel gyzyň söwer ýigdi, guwanjy
Esgerlige çagyrdylar Begenji.

V

Друзья Людмилы и Руслана!
С героем моего романа
Без предисловий сей же час
Позвольте познакомить вас…[1]

Пушкин.

Eý, okyjym, ýatlaly biz yzymyz:
Gabagyn galdyrman gamly gyzymyz
Hesret çekip, öýlerine barýarka,
Gara gözler diňe ýere garýarka,
Ýadyňdamy? Biri çykyp öňünden
Gizlin garap geçipdi oň deňinden.
Akmyrat Aşyrow ol ýigdiň ady
Ata-enesiniň ýeke zürýady.
Ol meniň ýaşlykdan ýakyn ýoldaşym,
Köne dostum, jan ynanan syrdaşym.

Görmändi ol ene-ata mährini
Şum ajy aýralyk dökdi zährini –
Näzik tenne ýaş çaganyň ýaşlykda.
Galypdy ol agyr günde, açlykda.
Bir lukma nan üçin ýaşaran gözler
Çekjekdi horluklar, minnetli sözler,
Emma Watan gujagyny açanda,
Ýetimler üstüne nurun saçanda,

[1] Lýudmilanyň we Ruslanyň dostlary! Meniň romanymyň gahrymany bilen, sözbaşysyz, şu häziriň özünde sizi tanyş etmäbe rugsat beriň... A. S. Puşkiniň «Ýewgeniý Onegin» romanyndan.

Hossar tapyp gözýaşyny kepeden,
Daş düşdi ýaşlykda «dogduk depeden».

Internatda, tehnikumda ýetişdi,
Okady, öwrendi, ile gatyşdy.
Kän gezipdi boýny gyzyl ýaglykly,
Edepli, ekramly, ýagşy gylykly.
Ýetenden soň on dört-on bäş ýaşyna,
«Kim» nyşanyň dakynypdy döşüne.
Gutardy ortany, ýene çalyşdy,
Ýokary mekdebiň gapysyn açdy.
Yhlas bilen ýapyşanlar her zada
Ýetişer hemişe maksat-myrada.

Şöhratly Moskwa – gözel paýtagt,
Okady ol onda birnäçe wagt.
Dünýä ady belli ençe alymyň
Diňledi taglymyn, dürli ylymyň
Açaryny mäkäm tutdy elinde,
Kitaplar okaýar iňlis dilinde.
Işde söýgi kuwwat berýär ynsana,
Ganat baglap guş dek galkdy asmana.
Her günsaýyn gözýetimi giňeldi,
Güneşiň küregin goluna aldy.

Uzak geçmişi bar her bir ylymyň,
Ony dörediji ençe alymyň
Eserlerin kän okady ýadaman
Gije-gündiz birjik wagtyn aýaman.
«Kapitalyň» sahypasyn açanda,
Onuň her sözünden many saçanda,

Dürbi bolup geýdirildi gözüne,
Çyn hakykat çykdy aýnaň ýüzüne.
Ol beýik leniniň akyl kitaby
Okanynda ülker bolup her baby,
Syryldy asmanyň gara dumany,
Ýagtylandy giň jahanyň her ýany.

Okady Gomeri hem Şekspiri,
Dünýä belli eserleriň hiç biri
Onuň görejinden sypa bilmedi,
Ýadawlyk gözüni gypa bilmedi.
Kitap boldy iň gadyrdan ýoldaşy
Ömür elindedir, galmazdy başy.
Puşkiniň goşgusyn birjik sakynman,
Rus dilinde ýatdan okaýar çekinmän.
Adamzat aklynyň çuň gözbaşyndan
Gana içdi, garamady daşyndan.

Her kim baryp gören bolsa paýtagty,
Onda şatlyk bilen geçendir wagty.
Bir zaman ol ýerde bolupdym men-de,
(Belkä-de, okyjym, bolansyň sen-de?)
Ýaşlygmyň şadyýan geçen günleri,
Umyt şöhlesini seçen günleri,
Hemişelik çykmaz meniň ýadymdan,
Bu adatdyr ynsanlarda gadymdan,
Gözümiň öňünde şu günki ýaly.

Uly teatryň şowhunly zaly:
Doly tomaşaçy gat-gat ýaruslar,
Dürli-dürli dilde eşdilýär sesler.

Orkestr saz çalýar, sahna açylýar,
Ondan uly zala ýagty saçylýar.
Başlanýar hereket gözel sahnada,
Her hili oýunlar goýulýar onda:
Ýa ýüzýär Ilmende Sadkoň gämisi,
Ýa Knýaz Igoryň eşdilýär sesi,
Ýa German oturýar kartyň başynda,
Ýa Onegin görner Olgaň daşynda.

Ýokardaky ýaruslarda bir ýerde
(Studentler – ýer gözlemez parterde),
Oturandyr, ynha, biziň gahryman,
Nebsewür sereder gözün aýyrman.
Kä gün bu ýerdedir, kä gün filialda,
Kyn-da bolsa wagt tapar her halda.
Wagtal-wagtal peýda bolup MHT-da,
Kä oýny gaýtalap görerdi hatda,
Ol garry Dançenko oýun goýanda
Moskwin, Kaçalow oýnanda onda.

Geň zatlar görüpdi Gorkiý bagynda,
Moskwa – derýada ýa-da dagynda,
Haýwanat parkynda, dürli muzeýde
Planetar jaýynda hem galereýde.
Metroň gapysy açylan güni
Türkmenden birinji görüpdi ony.
Ýer astyndan Moskwany aýlanyp,
Gurluşyna, ýörişine geň galyp,
Başyn ýaýkap, uludan dem alypdy,
Şonda «Eşeklini» ýada salypdy.

Urşuň öň ýanynda, iýun aýynda,
Gözel Moskwada, sergi jaýynda
Ýene gysdym köne dostuň elini,
Uzak ýyllar görmändi ol ilini.
Giň naharhanada, stol başynda,
Manty, kebap, «Tokaý» bardy daşynda.
Iki kişi uzak wagt oturdyk,
Geçenmizi göz öňüne getirdik.
Gyzykdy gürrüňmiz iki arada
Geçen hem-de geljek işler barada.

«– Wagt tapsam sergi sary gelýärin,
Mundan her gezekde lezzet alýaryn.
Bu ýerde giň Watan gözüm öňünde
Güneşli ülkäm-de iller deňinde
Parladyp geripdir gyzyl baýdagy,
Ol sarsmaz daratgyň güýçli pudagy.
Türkmenistan pawilonna baramda,
Geň-enaýy täzelikler göremde,
Göwün arzuw edýär gözel ülkäni,
Towşan küýsemezmi «dogduk depäni».

Watan maňa ak göwsünden süýt berdi,
Göýä döwlet guşy, ganatyn gerdi.
MGU[1]-dan soňra aspiranturaň
Gutardym kursuny, indi bir temaň
Üstünde işleýän, gutarjak basym,
Hojalygmyz üçin ol örän möhüm.
Öz wagtynda ülkäm meniň geregim,

[1] МГУ – Московский Государственный Университет (Moskwa, Döwlet Uniwersiteti).

Üpjün etdi, geldi meniň gezegim.
Indi işe hyjuw bilen doly men,
Tä ölinçäm Watanymyň guly men».

Sözlän wagty sessiz-üýnsüz oturdym,
Kän zatlary göz öňüne getirdim.
Köne dostum, täze tanşym garşymda
Dürli pikir jem etdi ol başymda.
Täze dünýäň daňy bilen deň dörän
Geçmişden arany açypdyr örän.
Maňzyňa batyp dur her aýdan gepi,
Her zatdan habarly, görüpdir köpi.
Atadan, eneden ýaşlykda galan
Bu azat ülkede nähili bolan!

Özünden özgäge göwni ýetmeýän,
Gözi gökde, aýagy ýer tutmaýan,
Günbatar Ýewropaň azgyn jenaby,
Millet saýgaryjy mekir kezzaby
Gahrymanym bilen ýüzbe-ýüz dursa,
Her hakda her hili jedeller gursa,
Akmak ynanjyna özi geňeirgär,
Ýüzün aşak salyp, gaty müýnürgär.
Hormatly okyjym, ynan sen maňa,
Her wagt, her ýerde güwä men muňa.

Hoşlaşamda dostum bilen şol zaman,
Turdy günbatardan bir gara duman,
Howp üstümize gerdi ganatyn,
Bütin halk birleşip atlandy atyn.
Ynha, iki dünýä çaknyşdy birden,

Top-tüpeňiň sesi geldi her ýerden.
Ol güni hiç-haçan unutmaz ynsan,
Ähdin bozdy ähdiýalan pis duşman.
Gözýaşa gark eden müňläp enäni,
Taryh-da näletlär ganly senäni.

Belkäm sorarsyňyz: hany Akmyrat?
Iş gutaryp aldymy ol ylmy at?
Ýok. Taýýarlyk kursy ony çagyrdy,
Moskowlylar bilen fronta bardy.
Ençe wagt söweşlere gatnaşdy,
Gara ýere ganym ganyny saçdy.
Moskwaň ýanynda ganym duşmana
Zarba urlup, pytranda her ýana,
Boldy gahrymanym onuň şaýady,
Söweş taryhyna ýazyldy ady.

Emma gahrymanym ahmyrda galdy,
Tenine ok degdi, ýaraly boldy.
Gospitalda kän çekdi ol azary,
Ýokuş degdi doktorlaryň karary:
Agyr bolup aýagynyň ýarasy,
Front bilen açylmaly arasy.
Uzak wagt arzuw etdi gitmegi,
Emma häzir talwas eden ýüregi
Aşgabat özüne çekmeýär ony,
Çünki ot içinde ezizi Watany.

Nätsin? Alajy ýok, lukman kanuny
Öz hökmün ýörütdi, boýun etdi ony.
Aşgabada gelýär, emma pikiri

Arzuw edýär söweş gidýän şol ýeri,
Pişekli, ýa söýget edip taýagy,
Kän gezipdi, soň düzeldi aýagy.
Magaryf işiniň ýakyndan bäri
Taýýarlykly hem ukyply işgäri.
Ynha, meniň gahrymanmyň geçmişi,
Ýaşlygy, okyşy hem eden işi.

VI

Ужели? – думает Евгений:
Ужель она?..[1]

Пушкин.

Alys ýerden salgym atyp gözel jaý,
Diýdiräär hiç ýerde ýokdur muňa taý.
Ýada salýar üsti garly daglary,
Daşyny bezäpdir ýaşyl baglary.
Salynypdyr obaň dik ortasynda,
Aýralyk şaýady – ýap gyrasynda.
Paýtagtymyň görki düşýär ýadyňa,
Çem gelen tamyna giren badyňa.
Içleri arassa – edil jam ýaly,
Diwarlar bezelgi – suratly haly.

Gözel kabinetler – okuw esbaby,
Şkaf doly kitap – onuň her baby
Akylyň gözbaşy, ylym ojagy,
Ýok munda okýanyň sany-sajagy.
Şol tanyş gyzymyz ýaşlar içinde,

[1] Ýewgeniý pikirlenýär: – Be, dogrudanam şolmuka?

Janypkeş görünýär täze işinde.
Hatdan nagyş edip tagtaň ýüzüne,
Ünsün çekip her bir aýdan sözüne,
Berýär çagalara başlangyç ylym,
Ol hakda ýokarda aýdypdyk telim.

Bu gün bu mekdebe biziň gahryman
Barlaga gelipdi, aýlandy her ýan.
Görüm-görkün üýtgedipdir bu oba –
Şähere dönüpdir köne haraba.
Hany köne çatma, hany gara öý?
Hany gapy gezýän ol palçy heleý?
Hany ol lüleçi, hany ol goja?
Hany ol porhanlar, jadygöý goja?
Hany ol dertsize dert berýän tebip?
Hany ol baý – aýal alýan bihesip?

Ýok olar obada, gidipdir güme,
Ynsan otagydy, ýykyldy küme.
Görünýär ýerinde beýik ak jaýlar –
Ine – hammam, giň guralan saraýlar.
Elektrik berýär tamlara ýagty,
Lukmanyň ýanynda gerekli wagty.
Eger ýalňyşmasam, biziň gahryman
Obaň görnüşine galandyr haýran:
Gaýta-gaýta garap töwerek-daşyn,
Guwançly ýylgyryp, göterdi başyn.

Girip gördi mugallymlaň dersine,
Öz ýanyndan baha berdi hersine.
Ahyr gezek ýetdi Ogulnabada,

Ýygrarak göründi ol ilkibada.
Şindi zat görmedik bir ýaş maşgala,
Aljyrar-da düşer diýip gal-gala,
Mekdep müdiriniň ünjüsi bardy.
Ogryn-ogryn oň ýüzüne garýardy.
Emma ol gyz ykjam tutdy özüni,
Sussy pesäp gyzartmady ýüzüni.

Ne galmagal, ne gepleşik klasda,
Gözel gyz özüni berkitdi has-da.
Dogry usul bilen dersiň gidişi,
Her okuwçy edýär berilen işi.
Öwredýär olara öz ene dilin,
Tagtada hat ýazyp, uzadyp elin.
Aşyrow klasa giren badyna,
Ýolda gören gyzyn saldy ýadyna.
Uzak wagt gyzdan gözün aýyrman,
Kän garady, pikre gitdi bigüman.

Ahyr birden diýdi:
«Hä!.. Şoň hut özi!
Ol wagt näme üçin solukdy ýüzi?»
Agzyn açyp galdy uly haýranda.
Ýene oňa ýiti-ýiti garanda,
Şatlyk bilen tegeledi gözlerin,
Ýada saldy bile okan gyzlaryn.
Soň pyşyrdap sorady ol müdirden:
«– Bu zehinli gyzy tapdyňyz nirden?»
«– Hiç ýerden tapamzok, obamyzdan ol,
Özi şu mekdepde okapdy ozal.

Aşgabada kursa gitdi öten ýyl,
Okadýany edebiýat hem-de dil.
Ýaş-da bolsa öz işine gaty ökde,
Dürli-dürli kitap okaýar her hakda.
Şu mugallym işläp başlaly bäri
Okuwa gatnaşýar gyzlaryň bary».
Ýene wekil içgin-içgin seretdi,
Gollar goltugynda hereket etdi.
Çykaryp jübsünden bloknotyny,
Ýazdy oňa mugallymaň adyny.

Soňky sapak gutarmaga jaň boldy
Wekil ýuwaş-ýuwaş ýerinden galdy,
Müdir bilen bardy gyzyň ýanyna,
(Şahyr bolsa dessan düzjek şanyna).
Bu halatda biri mugallym gyza
Üç burç hat berip dolandy yza.
Gyz hatyna ýiti-ýiti garady,
Gül ýüzünde onuň şatlyk döredi.
Gürrüň arasynda ol gelen hata
Ogulnabat göz aýlady kän gaýta.

Ýigit ýola atlananda ol haty
Ýazyp gitdi, gözel şatlandy gaty.
Okamaga uslyp bilmän bu ýeri,
Saldy jübä, emma welin pikiri,
Dargady, az salym iki arada
Gürrüň edilmedi hiç zat barada.
Pikir uşlybyny öňki gözüne
Sapdy ýene, erki ýetip özüne.
Emma keýerjekläp onuň gözleri

Baglanşyksyz çykdy aýdýan sözleri.
Hat alansoň gaçdy sabry-karary,
Göz öňüne geldi söýgüli ýary.

VII

Keşt edip älem-jahany,
Görmedim sen deý gözel.
Mollanepes.

Tutaşanda yşkyň ody hemişe,
Gündizi oturtmaz, ýatyrmaz gije.
Belki, ygtyýaryň alar eliňden,
Düşmez magşuk ady seniň diliňden.
Göýä ýyldyrym dek çawlar ýalawyn,
Duýgy ele alar aklyň jylawyn.
Kelle alaç etmez öňki erkine
Ýigit ýesir bolsa gyzyň görküne.
Ýürek simap bolup endirär tende,
Adam ogly belli ýaşa ýetende.

Azat ülkesinde erkana ösen,
Durmuş bosagasyn ýaňyja basan
Gözel gyzyň gyýma gara gaşlary
Okgunly gözleri, örüm saçlary,
Tor bolupdyr Akmyradyň daşyna,
Yşkyň söwdasyny salyp başyna.
Bu bir geçelgedir, geçer her kişi,
Käsiniňki aňsat, käsiniň işi –
Agyr bolar, çeker mydam derdeser
Bilmedim men, gahrymanym näm eder?!

Okan wagty yşka basyn goşmandy,
Alsam diýip gyz yzyna düşmändi.
Ýokdy şindi göwün beren bir gyzy,
Örän sada ýigit, aşakdy ýüzi.
Indi duş geläýse bir wepaly ýar,
Söz gatmak, sözleşmek arzuwynda bar.
Ony-muny göz astyna alýardy,
Gyz görende nazaryny salýardy.
Şowhunlandy bu gün yşkyň bazary,
Düşdi onuň bir gözele nazary.

Ýatyr, ynha, ýassygyny gujaklap,
Gije ýarym boldy bir minut uklap –
Rahat ýatyp, demin-dynjyn almady,
Kirpikler bir-birine sala salmady.
Batypdyr deňize pikir taýmyly,
Ony çykarmanyň iýip gamyny,
Iki ýana aýlaýardy küregin,
Tolkun gopdurýardy onuň ýüregin.
Nähak ýerden goýdy özün azara:
Gitdikçe açylýar kenardan ara.

Agdaryldy, dönderildi her ýana,
Sygmady göwresi bu giň jahana.
Ajaýyp syraty mugallym gyzyň,
Alma dek ýaňagy hem aý dek ýüzi
Gitmeýärdi göz öňünden suraty.
Budur aşyklaryň asly adaty,
Arzuw edip, öz içini gepleder,
Joşan ýürek çaşan kellä hökm eder.

Söýgi bolan başlanmasa kem-kemden,
Ejiz aşyk haraý islesin kimden?

«– Ençeme gyz gördüm, gezdim köp ýeri,
Beýle täsir etmändi-le hiç biri!
Gözleri içimden ot bolup ötdi,
Gözel görki ýüregimde ýer tutdy,
Meniň üçin dogdumyka eneden?!
Ýok, oňa aşykdyr her bir sereden.
Gyzyl ýerde ýatmaz, mis tutular har,
Tapylar her ýerde ýagşa hyrydar.
Bolandyr ençeler onuň ýesiri
Eýýäm ýer tapandyr kalbynda biri.

Görke görä hünär bolmasa gyzda,
Görküne guwanyp galsa ol yzda,
Miwesiz agaçdyr, ýokdur gymmaty,
Sözleri duzsuzdyr, bolmaz hümmeti.
Bar bu gyzyň görke görä hünäri,
Baş egipdir oňa söýgüli käri.
Her gezekde başlanmyzda gürrüňe
Ylym, kitap boldy sözläni diňe.
Neneň söýmez ýaş ýigitler bu gyzy,
Hyrydar gözlerden doludyr yzy...»

Uludan dem alyp iňkise gitdi,
Ýene ol pikiriň deňzine batdy,
Ýada saldy gyza gelen ol haty:
«– Ony alyp gözel şatlandy gaty.
Kim ýazdyka ony, kimden geldikä?

Kim onuň kalbyny ele saldyka?
Ýazdymyka oňa gadyrdan gardaş?
Ýa-da köne jora – söýgüli syrdaş?
Kim bilýär nireden, kimden gelen hat,
Kimi gaýga goýdy, kimi etdi şat».

Dargaýardy çar tarapa pikiri,
Göýäki diýersiň çopansyz süri.
Uklamaga meýil edip kän gezek
Ýumdy gözün, boldy bary biderek.
Ýürek takyrdysyn artdyryp barha,
Çyrmaşan ýumagyn sarady çarha:
«– Asylly, menikli bolan maşgala
Düşürmez özüni çem gelen gola.
Her iş etse ýedi biçer, bir keser,
Ýersiz söz sözlemez, ýeserden-ýeser.

Bolar-bolmaz baryp bilmez ýanyna,
Asyl söz aýtmaz onuň şanyna.
Öwrenşdirmez halamadyk ýigidin,
Bir bakyşda gökden üzer umydyn.
Ýar agtarar ol özüne mynasyp,
Kim bilýär... belkä-de... bardyr bir nesip?..»
Ahyrynda köşeşdirdi özüni,
Belki, indi uklar. Ýumdy gözüni.
Horazlar saz edip gutlaýar daňy,
Biziň gahrymanmyz irkildi ýaňy.

VIII

Bu niçik syr boldy? – bile bilmedim.
Seýdi.

Talaňçy goşuny ganym duşmanyň
Eňilip üstüne şäher, obanyň,
Barha zomaýardy yzyn garaman,
Ölenin, ýitenin nazara alman,
Maslygyn basgylap, al ganyn döküp,
Özgäniň baýlygna gözüni dikip,
Göýä bir guduz it, her ýan urunyp,
Şol günler dynuwsyz öňe sürünip,
Ülkäniň üstüne howp salýardy,
Dünýä galmagaly göge galýardy.

Näçe urunsa-da, näçe çozsa-da,
Näçe gyrylsa-da, näçe tozsa-da,
Gaýa dek öňünde döşüni gerip,
Alnyndan, yzyndan,
gapdaldan urup,
Gözüň göreji dek her daban ýeri,
Gorady ganymdan Watan esgeri.
Front, ýeňiş üçin güýçleriň bary! –
Şeýledi şol wagt ýurduň şygary.
Tyl, front ikisi – bir jan – bir tendi,
Aýrylmaz birlikden duşman örtendi.

Ýeke mekdebi däl, obaň her işin
Edýär Ogulnabat aýaman güýjün.
Ynha, uly ýygnak geçýär obada

(Däbe öwrülipdi şol günler bizde),
Oňa mugallyma ilden öň baryp,
«– Watana bagş edýän, ýeňşimiz üçin,
Hak hem adalatly işimiz üçin!
Goý, meniň şaýlarym oda öwrülip,
Duşmanyň üstüne düşsün sowrulyp!»

Göreldä eýerip onuň yzyndan,
Obanyň köp sanly gelin-gyzyndan,
Geldi gözel zatlar, boldy bir depe.
Köp ýyllar saklanan ajap şaý-sepe
Guwanýan bolsa-da gyzlar, gelinler,
Diňe bir ýeňişdi küýde o günler.
Kim ellik örerdi, kimisi jorap,
Söweşýän ýigitleň Watany gorap,
Duýmazlygy üçin enjam kemini,
Ýetirdi Watanym yssy demini.

Öýdäki ýagdaýy her bir okýanyň
Hiç wagt ünsünden düşmezdi onuň.
Käsiniň fronta gidip atasy,
Ýaş çagalar bilen galan enesi,
Mätäçlik çekende suwdan,
odundan,
Üýşüp okuwçylar mekdep adyndan
Barardy dessine, kömek ederdi,
Olara baş bolup, özem giderdi.
Öýe köwlenmezdi agşamdan bäri,
Hoşaldy gyzyndan obanyň bary.

Diňlände gijeler soňky habary,
Duşman wagşylygna gelip gahary,
Mähriban Begenjin ýada salardy,
Oturyp öz-özi gaýga galardy.
Ol gidip, bir özi galdy obada,
Gaty ejizledi ol ilkibada.
Gamyň alamaty güler ýüzünde,
Çendan ýaş göründi gara gözünde.
Gündiz gümra bolsa mekdep işinde,
Gijeler gün yrman gördi düýşünde.

Ýaşlar arasynda bolan bu syry
Enäniň, ýeňňäniň bilmedi biri.
Bir özi ölçedi, bir özi biçdi,
Aradan kän günler,
kän aýlar geçdi.
Saklady özünde, çykarman daşa,
Diýmedi dost-ýara, kowum-gardaşa.
Her kesegi, her agajy görende,
Tapyşyk ýerleriň ýanna baranda,
Ony penjesine gysýardy ünji,
Çünki olar ýada salýar Begenji.

Emma garanynda töwerek-daşyn,
Atlanyp gaýrata, göterdi başyn:
Bu hili ýagdaýda däldi bir özi,
Köpleriň ýar diýip ýoldady gözi.
Wagt geçdigiçe köşeşdi gözel,
Ýekelik bilen-de öwrenşdi gözel,
Begençden hat gelýär ýygy-ýygydan,

Ol onda ar alýar nejis ýagydan.
Göwrümi giňedi, gaýgy-gam geçdi,
Her hatyn alanda, guş bolup uçdy.
Bir gün okuwdan soň öýne gelende,
Ýaňyja naharyn iýip bolanda,
Biri salam berip girdi içerik,
Tanyş däl ol, daşdan gelen bu ýerik.
Ejesi ýerinden turup dessine,
Diýdi: «Hanym, geç düşegiň üstüne».
Gelen gözün aýlap Ogulnabada,
«Ine, sargydyňyz!» diýdi birbada.
Bir topar kitaby gören badyna,
Eden sargytlary düşdi ýadyna.

«Hawa!» diýdi, derrew ýerinden turup,
Ol ýigit kitaby eline berip:
«Akmyrat Aşyrow iberdi size,
Elinje gowşur diýp, tabşyrdy bize».
Ol gidensoň kitaplaryň baryny
Aldy öňüne, açanynda birini,
Gök bukjaly bir hat ildi gözüne,
Aşgabatly eýe eken sözüne.
Göwün nagşy çekilipmi bu hata,
Açyp ony okady ol kän gaýta.

«...Çykan kitaplaryň bary şu, ine,
Tomusda özüňiz gelmeli ýene...
...Bar weli ýene-de diýjek bir sözüm,
Ara daş-da bolsa çekinýän özüm.

Aýtsam ony birden... oýlandym ilki
Ýaş ýürek näzikdir, ynjydar, belki.
Soň bir wagt.., Aşgabatda.., ýa-dany...
Siz entek bu sözden çykarmaň many...»
Bu sözleri okap, çytyldy gaşy,
Näçe oýlansa-da, çykmady başy.

Gümürtik söz bolar sözüň ýamany,
Ne ýagşy, ne ýaman, çykmasa many.
Salar ol ynsany tükenmez derde,
Her hili pikirler jem bolar serde.
O nähili sözkä, aýtmaz ýaly
Ýa başynda barmyka bir hyýaly?
Ýok... beýle däl... ýatsa-tursa ýadyna
Getirmez beýle zat, asyl adyna
Laýyk görmez söz gatmagy her kişä,
Bolar-bolmaz üçin düşmez endişä...

...Biliminde, görmeginde, görkünde
Hiç kemi ýok, belkä onuň erkinde
Bardyr eýýäm birnäçäniň ýüregi,
Oba gyzy däldir onuň geregi...»
Nämekä bu ýigdiň aýtjak zady?
Iňkisde galdyrdy Ogulnabady.
Ýa-da güýçli ýanan ol otdan bu gün,
Göterlip asmana bir ýiti uçgun,
Düşdümi gözeliň göwün mülküne?
Tutaşdyrmy ony goýman erkine?

IX

Gara gözli, galam gaşly perizat,
Aýda bilmen, birje sözüm bar saňa...
Saýyly.

Şöhratlydyr Watanmyzyň paýtagty!
Gözeldir görmäge ýylyň her wagty.
Mahmala bürener tomusda, ýazda
Barabary bolmaz aýdymda, sazda.
Ýaňlanar her zaman bagşynyň sesi,
Ol azat zähmete artdyr höwesi.
Oklaw ýaly uzyn-uzyn köçeler
Şowhunlydyr, gezer halky gijeler.
Çyralar ýaldyrap nuruny seçer,
Gökde ýyldyzlaryň şöhlesi öçer.

Görküne görk goşýar tomus çaglary
Öňünde ak garly Köpetdaglary.
Göýä giň sähranyň arka daýanjy
Tükenmez baýlygyň hazyna-genji.
Ýaz aýlary girer gök, elwan dona,
Bagynda bilbiller, kölünde sona.
Dolup akar bulaklary, jarlary,
Ýetişer engury, alma-narlary.
Gözüň doýmaz garanyňda daşyndan,
Dört pasylda duman gitmez başyndan.

Göýäki diýersiň, bir mähnet haly
Eýwanyň öňüne düşelen ýaly,
Dagyň eteginden Garagum çöli

Başlanýar, ne gözel tebigy göli.
Giň göwsüni bezemändir bag bilen,
Onda-da ol bäs edişýär dag bilen.
Mallarmyza ýaýla gözel sährasy,
Doly magdan gat-gat ýeriň arasy.
Jomartlaşdy, tapdyk indi tärini,
Gysganmazdan berer bize baryny.

Arasynda ala dagyň, giň düzüň
Gadymdan ýerleşen şähermiz biziň.
Uzyndyr taryhy, ençe zamanlar
Merdanlar üstünde dökendir ganlar.
Hüjüm edip çar tarapdan kän ýagy,
Lenç edildi, depelendi topragy.
Emma ony tabyn edip bir duşman,
Uzak ömür süren däldir hiç zaman.
Ynha, indi zulmuň öýi ýykyldy,
Azatlygyň tugy baky dikildi.

Bu gün obasyndan biziň gahryman
Gelipdir paýtagta,
gadyrly myhman.
Hasaby elinde her minut wagtyň,
Aýlandy köp ýerin gözel paýtagtyň.
Ynha, teartyň tomaşa zaly,
Nediriň ýanynda hatap galaly
Talap edýär azatlygyn iliniň,
Dagynyň, düzüniň, bagy-gülüniň,
Ýa-da, ynha, akýar Tahyr derýada
Goýup Zöhre gyzy dady-perýada.

Elinde kitaby agşam çagynda
Şäher merkezinde,
seýil bagynda
Ýadygärlik garşysynda oturyp,
Durmuş taryhyny ýada getirip,
Her hili täzelik barsa her ýere,
Täsirin ýetirip olar ýaş sere,
Ýüreginde galdyrardy ýitmez yz.
Pen dagyna dyrmaşýardy biziň gyz.

Akmyrat hakynda açalyň sözi,
Köp wagtdan bäri ýoldady gözi.
Obada ol gyzy göreli bäri,
Gaçypdy ol ýigdiň sabry-karary.
Mylaýym gözeliň nurana ýüzi,
Mähirli bakyşy hem süýji sözi
Akmyradyň ýüregini eretdi,
Kalbyň ummanynda mäkäm ýer etdi.
Kursdan habar tutýardy ol her günde,
Taýýar boldy gelen güni öňünde.

«Açygyn aýdaýyn, bagyşla meni,
Gözel gyz, ýürekden söýýärin seni.
Gören günüm ýesir boldum görküňe,
Indi ykbalymy berýän erkine.
Gargasaň gyşyň bar, ýalkasaň ýazyň,
Bilbiller lal bolar eşdip owazyň.

Okadym, kän gezdim, gördüm her ýeri
Bu gün gowga saldym asuda seri.
Hiç wagtda yşk oduna kömändim,
Söýdüm seni, öň hiç kimi söýmändim...»

Kinaýalap ondan-mundan birbada
Yşk hakynda gürrüň açyp arada,
Birkemsizje öwrenşensoň özleri,
Aýtmakçydy ýokardaky sözleri.
Her gün diýen ýaly ýanyna baryp,
Teatra hem-de kino çagyryp,
Onuň bilen sazlaşdyryp arany,
Açmakçydy ýürekdäki ýarany.

Maksat-myradynyň umydyn besläp,
Hem ony gyssagly synamak isläp,
Ýeke wagty öz içini gepledip,
Aýtjak zadyn ýekän-ýekän pikr edip,
Dönse-de ýigdimiz saýrak bilbile,
Tapyşykda badak atylýar dile.
Siňe bakyp bilmän, galdyrman başyn,
Haraý isleýän dek garanýar daşyn.
Uzak gürrüň edilse-de her hakda,
Ýüregiň arzuwy dilden uzakda.
Diňe many bardy gizlin garaşda,
Hyrydar gözlerde, kakylýan gaşda.

X

Maňa garaş, men hem gelerin,
Emma gaty garaş.

K. Simonow.

Birbada daşyndan tanytmaz ynsan,
Köp wagt özünde saklanar pynhan
Gylygy, häsýeti, pikir-hyýaly
Şindi girilmedik bir jeňňel ýaly.
Ençe aldanarsyň baha bereňde,
Sada bir kişidir ilki göreňde.
Käbir bolşun görüp mekir diýersiň,
Mekirlik ýoklugyn tizden duýarsyň.
Üýtgeşer garaýşyň birnäçe sapar,
Ahyr hakykata dogry ýol tapar.

Paýhasly, pähimli merdana gözel
Hiç zady göwnüne getirmän ozal,
Akmyrady çyn ýürekden hormatlap,
Pikirinde adyn tiz-tizden ýatlap,
Süýtdeş dogany dek söýýärdi ony.
Emma soňky günler onuň bolşundan
Sözleýşinden, garaýşyndan, gelşinden
Duýdy onuň bar başynda bir hyýal.
Gyzy ünjä goýdy, ine, şu ahwal.
Bir gün jaýlarynda pikire batyp,
Okaýan kitabyn gapdalna atyp,
Bar ýaly başynda bir gaýgy gamy,
Käte-käte alyp uludan demi:
«...Bar weli ýene-de diýjek bir sözüm,

Ara daş-da bolsa, çekinýän özüm...
Soň bir wagt.., Aşgabatda.., ýadany
Siz entek bu sözden çykarmaň many...»
Ýadynda ýigidiň şeýle setiri,
Indi aňýan ýaly bu gizlin syry:

«Aldy çagalykdan pikrimiň baryn,
Arzuwym Begenjiň görmek didaryn.
Iki ýürek bir-birine perwana,
Hiç unutman, gitse-de ol her ýana.
Sen mundan bihabar, sokulma ara,
Netiň şeýle bolsa, çekil bir gyra.
Nireden döredi bu pikir sende,
Ýa ýeňilkellelik boldumy mende?..»

Şu pikirde ymyzganyp ýatyrka,
Bir okuwçy tama girip birdenkä,
Diýdi: «Ogulnabat, saňa hat geldi».
Gahrymanym derrew ýerinden galdy.
Şatlanyp howlukmaç bukjany açdy,
Hat içinden ýere ýene hat gaçdy.
Gaçan hatda boldy pikirniň bary,
Aňdy derrew, ýazan söýgüli ýary.
Bardy onuň obada bir jorasy,
Ady Sadap, sazdy örän arasy,
Begençden hat gelse gyzyň adyna,
Şähere ibärdi alan badyna.

Setirden-setire düşende gözi
Ýaz paslyna döndi gyzyň gül ýüzi.
Gaýgy-gamdan galmady nam-nyşana,

Gitdi pikri uzak ýola, şol ýana.
Göz öňüne geldi söweş meýdany:
«...Akýar derýa bolup ganymyň gany.
Söýgüli gözelim, Ogulnabadym,
Sensiň bu dünýäde maksat-myradym.
Girdim Watan üçin bu gün söweşe,
«Ah» diýmen ne gelse bu eziz başa.

Çabga dek guýulýan okuň astynda
Käte garyň, käte buzuň üstünde
Golumda awtomat, ýüregimde sen,
Duşmanyň üstüne hüjüm edýän men.
Gözümiň öňünde mydam suratyň,
Başym göge ýetýär gelende hatyň.
Gaýta-gaýta okap, ýat tutýan baryn,
Çyn aşyk hiç wagt unutmaz ýaryn.
Ýada düşýär çagalygmyz, ýaşlygmyz,
Şatlykly günlermiz, wagty hoşlugmyz.

Uzak çekmez, geçer ajy aýralyk,
Ýürek birdir, daş bolsa-da aralyk.
Her işde, söýgülim, gerekdir sabyr,
Biz munda duşmana gazýarys gabyr.
Ynan maňa, geler şatlykly günler,
Çözüler pitneli gara düwünler.
Bilip bolmaz, bolmasy iş bolaýsa,
Uruşdyr, bir ýerde kazam dolaýsa,
Razy bolgun menden, razy men senden,
Hiç bir zady aýdyp bolmaz öňünden...»

Bu soňky setirler titretdi gyzy,
Çytyldy gaşlary, doldy bogazy.
Gaýnag suw üstünden guýulan ýaly,
Öňküden-de beter agraldy haly.
Biygtyýar dökdi gözden ýaşyny,
Gorkunç sözler aýlandyrdy başyny.
Ýene özün gam laýyna batyrdy,
Her hili zatlary göwne getirdi.
Uludan dem aldy gaýtadan-gaýta,
Ýene-de gözleri aýlandy hata:

«...Begendim, aýdanym edipsiň meniň,
Mekdepde şatlykly geçer her günüň.
Çagalaryň arasynda bolarsyň,
Öz okan wagtymyz ýada salarsyň.
Yhlas bilen hyzmat etgin Watana,
Nälet okar halkym ýöne ýatana.
Gamlanma, bararyn men-de sag-aman,
Seni görsem galmaz janymda arman.
Häzir hoş, söýgülim, unutma meni
Watany söýşüm dek söýýärin seni».

Gorky-da, guwanç-da bardy bu hatda,
Olar goýmadylar gyzy rahatda.
Neneň gyýylmasyn onuň ýüregi? –
Ot içinde dünýäde iň geregi.
Gelermi sag-aman, kim bilýär... ýa-da
Goýarmy ol ony dady-perýada?
Çuňňur oýda esli wagt oturdy,
Söwer ýaryn göz öňüne getirdi.

Ahyrynda aldy ele galamyn,
Uzak ýola ibermäge salamyn.

XI

Bir garyp aşyk menem,
Ýar, seni senden isterem.
Magtymguly.

«Joşup ýazdym muny, goýmadym kemin,
Topladym bir ýere pikrimiň jemin.
Göwün nagşy – setirlerme garanda,
Gürrüňi ýok, akly galar haýranda.
Gowsundyr ýüregim her ýazan sözüm,
Setirler astyndan görüner gözüm,
Ýa kalbynda yşkyň odun ýandyrar,
Ýa-da ýanan yşk oduny söndürer.
Ýa ýagşy, ýa ýaman – berer bir jogap,
Ýaman jogap eder halymy harap».

Şunuň ýaly pikir bilen gijara
Salyp özün bu gün yşky bazara,
Bir ýaş ýigit köçe bilen barýardy,
Elinde kitaby, gaty ýörýärdi.
«...Eger-de bolmasa bir zat gönünde,
Gyz güler durarmy ýigdiň öňünde?
Onda näme ýazyk, gaýrat ýok mende,
Aýtjak zadym aýdyp bilmän her günde,
Ýaýdanyp-ýaýdanyp ýanyndan gidýän,
Baryp öýde uzyn gije pikr edýän».

Tamasy köp onuň ýazan hatyndan,
Düşürmän özüni umyt atyndan,
Beýik jaýyň raýyşyna tiz ýetdi,
Durup onda töweregne seretdi.
Az salymdan ýyljyraklap, hem gülüp,
Bir gyz salam berdi, ýanyna gelip.
Köçäň ugry bilen ýuwaş-ýuwaşdan
Barýar olar, ynha seredip daşdan,
Tanarsyň, okyjym, menden soraman,
Tapyşdy bu ýerde iki gahryman.

Tapawutly bolar hormat hem söýgi,
Ikisi serhetdeş, soňkudyr beýgi.
Biri akyldan bor, biri ýürekden,
Hormat söýgä geçer güýçlense çakdan.
Gyzyň ýigde bolan uly hormaty
Tanyşlyk gününden güýçlendi gaty.
Emma serhedinden geçmändir şindi,
Hiç kime belli däl, näm bolar indi.
Umyt tamdyryna çöregin ýapýan
Görende ol gyzy gozgalaň tapýan,

Näm üçindir bu gün kinaýa sözün
Az etdi hem ýygra tutdy ol özün.
Gürrüňini hiç bir ýana sapmady,
Gyz hem aýtjak söznüň çemin tapmady,
Pikir edip öz içinden birdenkä:
«Ters düşündim, öte geçdim men, belki?
Ýok başynda munuň hiç bir hyýaly
Ýa-da ol üýtgäpdir, däl öňki ýaly?»

Ýok, beýle däl, joşgunlydyr ýüregi,
Eý, gözel gyz, sen-sen onuň geregi!

Uzak gürrüňden soň biziň gahryman:
«– Ertir ugraýaryn, gelsem sag-aman
Ýene sizi görerin men bu ýerde,
Men gelinçäm gitmeseňiz eger-de».
Aýyň ýagtysynda aý dek ýüzleri
Balkyldaşýan okara dek gözleri
Akmyradyň endamyny gagşatdy,
Durup bilmän ol ýene-de söz gatdy:
«– Gitmeli-dä, gitjek däldim men entek...
Ýurdundan kowulan aşyk Garyp dek».

Dikdi oňa hoşlaşykly nazaryn,
Çekjek ýaly aýralygyň azaryn.
Bakyşyna aldy bakyş jogabyn,
Soň uzadyp elindäki kitabyn:
«– Siziň üçin aldym ýolum düşende,
Okamaga örän kän zat bar şunda».
«– Sag boluň!» diýdi gyz, kitaby aldy.
Ýigit göz astyndan nazaryn saldy.
Bir-birini mäkäm gysanda gollar,
Çagyrdy olary aýry-aýry ýollar.

Otlan ýaly köne topuň peltesin,
(Ýa-da partlaýyjy mina lentasyn),
Ýigit ýuwaş-ýuwaş çekildi yza,
Göwün arzuwyny gowşuryp gyza.
Öýe baryp gyz kitabyn açanda,
Agdarşdyryp ýarpysyndan geçende,

Içinden kiçijik hatjagaz çykdy,
Gyzyň bar pikirin özüne çekdi.
Açdy-da dykgatly okady muny.
Tanyş boluň, ynha, hatyň mazmuny:

* * *

«Gündiz pikirimde, gije düýşümde
Gaýtalanýar adyň, Ogulnabadym.
Däli men, Mejnun men, walla, huşumda
Hiç bir zat goýmadyň, Ogulnabadym.

Zöhre gyz, Saýat han ýanyma gelse,
Baş galdyrman bary daşyma alsa,
Gözellik älemi bir ýüzük bolsa,
Sen göwher gaşy sen, Ogulnabadym.

Aý şöhlesin öçir ol güler ýüzler,
Ülker ýyldyzy dek ýaldyrar gözler,
Dil ujundan däldir, düşün, bu sözler,
Ýüregim owazy, Ogulnabadym.

Bir sadyk guluň men, gowşuryp golum,
Ýüregim möwç urýar, emma lal dilim,
Bakyşyňda hem dirilik, hem ölüm,
Rehim et, öldürme, Ogulnabadym.

Gözleriň güldürip gaşymda dursaň,
Gyşlar ýaza döner, çala ýylgyrsaň,
Muhabbet meýinden bir käse berseň,
Çakyşdyryp içsek, Ogulnabadym.

Özüňki hasap et, ýat görme meni,
Indi saýlamaly söýen-söýeni,
Dar maňa giň jahan, görmesem seni,
Ykbalym eliňde, Ogulnabadym.

Ýaz ösen ýapraklar güýz güni gaçar,
Bagyny terk eder, bilbiller uçar,
Ömür baky däldir, ýaşlyk hem geçer,
Gözellik myhmandyr, Ogulnabadym».

* * *

Daşdan däl ýüregi hiç bir ynsanyň,
Yşk odunda özün her ýan uryanyň
Kalbyndadyr mydam aýdýan sözleri,
Hatdan aýrylmady gyzyň gözleri.
Kän gezek okady galdyrman başyn.
Kimdir ýada düşdi,
dökdi gözýaşyn.
Bilmedim nämäni göwne getirdi,
Wagtynda ýatmady, uzak oturdy.
Iki bilbil perwanasy bir gülüň,
Gül bagtyny bezär haýsy bilbiliň?

XII

Aşyk Sadyk menem,
Mejnunyň anjak ady bar.
Fizuly.

Aý süýt ýaly aýdyň,
bu gün on dördi,
Ol sahylyk bilen şöhlesin berdi.

Tapawut ýok gije bilen gündizde –
Muňa goşa gündiz diýýärler bizde.
Bulutdan nyşan ýok gögüň ýüzünde,
Çelgi ýaly düýpsüz howa deňzinde
Ýyldyzlar petreşip ýüzüňe bakýar,
Göýä söýgüli ýar, gaşyny kakýar.
Bagda ýelpewaçlar guralan ýaly,
Ösýär ýakymlyja salkyn şemaly.

Dürli lybas geýip gelinler-gyzlar,
Saçlary şar-gara, ýüzi gunduzlar,
Ordenli, medally batyr jigitler,
Zähmet gahrymany gözel ýigitler,
Kiçijik çagalar, şatlykly ýaşlar,
Hem garry eneler, gojalan başlar
Topar tutup tomaşaly baglarda,
Seýil edýärler bu ajaýyp çaglarda,
Paýtagtym asuda dynjyny alýar,
Bardykça batlanyp, şowhuny galýar.

Merkeziň myhmany Ogulnabadym,
Dostumyň magşugy hem göwün şadym,
Näme üçindir, bu gün ile goşulman,
Bu şatlyga gamgyn göwni açylman,
Ýüzüň aşak tutup, galdyrman gaşyn,
Gelýär köçe bilen, garaman daşyn.
Seýkin basyp, öz içini gepledip,
Çuňňur oýda, gör, nämäni pikr edip,
Duýman galdy ýatakhana ýetenin,
Niçik bolup köçelerden ötenin.

Tama girip krowata gyşardy,
Ýaş ýürek bardykça gopgunly urdy.
Gözün dikip bir nokada kän zaman
Garady ökünip çekýän dek arman.
Mälim bize gyz pikirniň gözbaşy:
Çawdy oňa yşkyň güýçli ataşy.
Gündiz-güni, gije-daňy atmady,
Iki göwre göz öňünden gitmedi.
Biri ýakynynda, biri uzakda
Ikisi-de ýer gözleýär ýürekde.

Töhmet edip bilmen gahrymanyma,
Wyjdanym jebr eder şirin janyma.
Sap ýürekli hem wepaly, mähriban,
Herdem hyýal däldi biziň gahryman.
Ýüreginde bir Begenjiň orny bar,
Onuň üçin gözel göwni intizar.
Ondan başga erkek kişi dünýäde
Bardygyny asla getirmän ýada,
Göwün mülkün besleýärdi hemişe
Gelerne göz dikip, edip endişe.

Emma çykýan sözler tämiz ýürekden
Güýçli bolýar, dostlar, naýzadan, okdan.
Bu hakykat, ynandyrar bizleri,
Epir şasy Piriň aýdan sözleri.[1]
Ýatladanda aşygyna nalasyn,
Rehmi gelip, giňden açyp arasyn,

[1] Epir (günbatar Gresiýada) şasy Pir özüniň diplomatyna ýüz tutup: «Sen öz diliň bilen, meniň gylyjym bilen alan şäherlerimden köp şäher aldyň» diýipdir.

Gara daglar ýol beripdi Tahyra.
Ýeňilen şa ýüz tutanmyş şahyra,
Kömek isläp agyr günde galanda,
Ýurduna ýagysy talaň salanda.
Söz ussady ýetişýär-de wagtynda,
Ýene goýýar ýeňlen şany tagtynda.

Aşyklaryň şahynşahy ol Mejnun
Daglar aşan, gözýaş döken – jigerhun,
«Huw-hak!» diýip Arabystan çölüne
Çykanynda dürli haýwan diline
Düşünip, aldylar onuň daşyny,
Köp gowgadan gutardylar başyny.
Sözden medet tapyp salam gönderdi,
Aşyk Ahmet öz ýanyna gondurdy
Gökde ganat geren topar durnany.
Hak söz hinden çykar, biliň, ýylany.

Şeýle güýçli bolsa sözüň kuwwaty,
Neneň ol ýigidiň iberen haty
Tejribesiz ýaş ýürekde ýer etmez,
Täze meýil, täze duýgy döretmez,
Hakykat hem sap ýürek bar ol hatda,
Olar gyzy goýmadylar rahatda.
Gozgalaňly ýürek gozgalaň tapdy,
Garşylyklar bir-birine at çapdy.
Aralykda oba gyzy gynaldy,
Için çekip uly-uludan dem aldy.

Hiç garaman sagy bilen soluny,
Maňlaýyna goýup näzik goluny,

Gyrpyldadyp gamly gara gözüni,
Käte eli bilen ýapýar ýüzüni.

Ne ukuda, ne oýalyk, ne düýşi,
Ne ýeser belamyş söýginiň işi?
Gabagyn galdyrsa yşkyň jeňinde,
Iki göwre gaýmalaşýar öňünde.
Gözün ümläp, gaşyn kakyp her biri,
Ikisem gözele görünýär diri.

Göýä ymyzganyp samraýan ýaly,
Hut janly adama garaýan ýaly,
Ahyrynda şol göwräniň birine
Ýüz tutup gözeliň aýdany, ine:
«Gaty görmeli däl birek-birekden,
Halapsyňyz meni çuňňur ýürekden.
Hatyňyzy okap muňa ynandym,
Gama batdym, pikir etdim, gynandym.
Çünki size ýakymly bir jogaby
Berip bilmen, hanha onuň sebäbi».

Gyz ikinji göwrä elin uzatdy,
Serediň diýen dek yşarat etdi.
«Sag bol!» – diýip arkasyna kakýan dek,
Guwanç bilen gül ýüzüne bakýan dek.
Ol ikinji göwre öňe süründi,
Has ýakyndan gyz gözüne göründi.
Soňra birden gözden ýitdi, gizlendi,
Gyz ýene-de öňki göwrä ýüzlendi:
«Onuň bilen önüp-ösdük obada,
Söýüşdik bir-bire berişdik wada.

Ol oduň içinde, ýüreginde men,
Halk üçin gan dökýär – fronta giden.
Ondan geçip bilmez Watanyn söýýän,
Wyždanyn nebsinden ileri goýýan.
Çyn söýgüli söweş edýän ýaryna
Kuwwat berer, degmez namys-aryna.
Ýedi ýyllap gözlerinden ýaş döküp,
Köşgün zyndan edip, hesretler çekip,
Garaşmanmy Garybyna Şasenem?
Ol ýigdiň ýoluna intizar menem.

Görümde, görmekde, akylda, huşda,
Ylymda-bilimde, gullukda-işde,
Siz ondan has öňde, sözüm ýok muňa,
Dogrusyn diýýärin, ynanyň maňa,
Emma welin ýüregimde orny bar,
Görmesem bu dünýä bolar maňa dar.
Iki söýgi bir ýürekde ýerleşmez,
Asyl beýle zatlar ýadyma düşmez.
Ony ýakyp bilmen sözümden dönüp,
Görenim şol meniň enemden önüp.

Ondan geçip bu gün size söz bersem,
Ertir has owadan bir ýigit görsem,
Olam maňa aşyk bolup söz gatsa,
Soguryp ýüregin öňüme atsa,
Jogap beriň! Nätmeli men bu ýerde?
Şeýle käri dowam etsem eger-de,
Düşmenmi men iliň-günüň gözünden?
Ynsanmydyr ykraryndan, sözünden

Dönüp her gün çar tarapa çapýanlar?
Ýary ýara satyp, lezzet tapýanlar?

Dilimdedir ýüregimde bolanym,
Galp sözländen ýagşy görýän ölenim.
Ynanyň siz meniň aýdan sözüme:
Eger sizi laýyk görmän özüme,
Mekirlikden diýýän bolsam sözlerim,
Tä ölinçäm gara bolsun ýüzlerim.
Size göwnüm ýetýär her bir tarapdan,
Doganym hökmünde söýýärin köpden.
Ant etmäge taýýar, ynha, her zatdan,
Men sizi hiç wagt çykarman ýatdan.

Emma siz... bagyşlaň... unudyň meni.
Jogabym ynjydar, bilýärin muny.
Ýalan süýji sözden dogry ajy söz
Gowudyr ýaksa-da bolup ýiti köz.
Ýazan sözlerňiziň barysy hakdyr,
Nädeýin, mende-de çäresi ýokdur.
Menden has gowurak görkli gözeller
Umyt baglap bilse, uzadyp gollar,
Ynanýaryn, daşyňyzdan aýrylmaz,
Men hakdaky pikriň yzy hem galmaz...»

«– Oýlanmak gerekdir ýene-de belkä?»
Seda çykdy ol göwreden birdenkä.
«– Men seniň gaşyňda, sen meň gaşymda,
Ýeke özüm, hiç kimse ýok daşymda.
Has ýakyndan tanýan bolsaň eger-de,

Bil, gyýa bakmazdan, goýmazdyň derde.
Seniň üçin dogupdyryn enemden.
Garybyň men, beter söýýän Senemden.
Howul-hara jogap berip beýle tiz,
Durmuş donun kelte biçme, gözel gyz».

Diýdi-de ol gaýyp boldy gözünden,
Gyz gaýgysy artdy onuň sözünden.
Ynjalygy gaçdy, ýerinden galdy,
Ýene düýpli pikir goýnuna saldy.
Iki ýana gezmeledi içerde,
Köp hili pikirler jem boldy serde.
Ahyrynda näbelli bir hyýalda
Diýdi ol özüne gaýgyly halda:
«Näme ýeke çekýäň yşkyň azabyn?
Goý, Begenjiň özi bersin jogabyn».

XIII

Ol gözelniň menden özge
ýary baryn bilmedim.
Magtymguly.

Akmyrat Aşyrow berensoň hatyn,
Has beter-de gaçyrypdy rahatyn.
Agşam ýatanynda, ertir turanda,
Her gezek asuda ýürek uranda,
Gyz suraty göz öňüne gelýärdi,
Gaýybana gürrüňdeşi bolýardy.
Arzuw agajynyň salkyn saýasy
Mesgenidi, emma umyt paýasy

Şuw akýan ýapdaky bir gamyş ýaly
Titreýärdi degip yşkyň şemaly.

Iki gün geçipdir geleli bäri,
Bir ýere jemlenip pikirniň bary,
Her minut, her demde düşse-de ýada,
Görünip bilmedi Ogulnabada.
Arzuwy bar gözel gyza ýetmäge,
Ençe sapar hyýal etdi gitmäge.
Emma ädilmedi onuň aýagy,
Göýäki öňünde bir güýçli ýagy,
Leşger çekip kesen ýaly ýoluny.
Topa gurup sagy bilen soluny.

Häzir ol öýünde stol başynda
Birnäçe kitaby goýup daşynda,
Işläp otyr, kellesini galdyrman,
Okýan kitabyndan gözün galdyrman.
Käte bir zat ýazyşdyryp depdere,
Kitabynda bellik edýär her ýere,
Käte pikre gidýär her zady ýatlap,
Kelläň dynjyn berýär, çilimin otlap,

Dürli kitaplary ýene agtarýar,
Çuňňur pikirlenip, paýhasly garýar.
Meňzeýän ýeri ýok sallah öýüne,
Görkezeýin size, syn ediň, ine:
Işleýän stolnuň üsti gök mahmal,
Ýalpyldaýar ortasynda her mahal
Abažurly elektrik çyrasy.
Stol bilen krowatyň arasy

Bezelipdir etažerka, şkafdan
Doly olar dürli-dürli kitapdan.
Tamyň ortasynda nahar stoly,
Aýnadan parhy ýok, arassa poly.

Gözüň gamaşdyrýar tamyň diwary,
Ýada salýar daglardaky ak gary.
Sag tarapda goýulypdyr bir diwan
Dürli gazet-žurnal seretseň her ýan.
Köçä bakýar iki beýik penjire,
Tam içinde yşyk düşýär her ýere.
Eý, ezizi okyjym, ýarym aý ozal
Akmyrady bendi eden şol gözel
Bu ajaýyp jaýa myhman bolupdy,
Göz aýlap içine haýran galypdy.

Hiç zatdan habarsyz işläp otyrka,
Duýdansyzlyk bilen, ynha, birdenkä,
Biri daşdan gelip gapyny kakdy,
«Kim?» diýip Akmyrat işige bakdy.
Girdi öýe garry goňşy aýaly,
Göýä onuň bir günäsi bar ýaly.
Diýdi: «Huş galmandyr meniň başymda,
Hemişe-de ýeteşiksiz işimde.
Gideniňden soňra birnäçe günden,
Garrapdyryn, gaty görme sen menden,

Bir hatjagaz geldi seniň adyňa,
Gowşurjakdym, ynha, gelen badyňa...»
«– Tapawudy näme,
sag bol, eý, ene!

Nakyldyr, ýaryş ýok, bil, ýarym güne».
Haty alyp göz gezdiren dessine
Zöwwe galdy aýagynyň üstüne.
Kitaby, depderi çykardy ýatdan,
Gözi aýrylmady bu gelen hatdan.
Ýene-de eýerläp umyt atyny,
Bukjasyny ýyrtyp, hatyň gatyny
Okamaga höwes edip açanda,
Ilki setirlere gözi düşende,
Çykmady ýigidiň oslan tamasy
Ýüzi tiz üýtgedi, bardy emmasy.

Ýene ol bukjany eline aldy,
Hatyň ýazylşyna nazaryn saldy.
«Bu hat özüniňki» – gepletdi için.
«Özgäň hatyn iberdikä näme üçin?
Belkem, ýalňyşandyr bukja salanda?
Soň, näme, bilmezmi beýle bolanda?»

Soňra ýuwaş-ýuwaş hatyn okady,
Gaşyn çytyp, kellesini ýaýkady.
Okadykça özün gama batyrdy,
Çep elini mańlaýyna ýetirdi.
Pikir etdi, öz-özünden uýaldy,
Üstünden sowuk suw guýlan dek boldy.
Ýüzi boz-ýaz boldy, eli tutredi,
Hoş umytlar çar tarapa pytrady.
Gutaransoň uludan bir dem aldy,
Ol Garaçomagy ýadyna saldy.

«Şondan näme tapawudym bar meniň?
Meňkiden günäsi ýeňildir onuň».
Öý içinde iki ýana ýöredi,
Ýene gelip ýaňky hata garady:
«Söýgüli gözelim, Ogulnabadym,
Sensiň bu dünýäde maksat-myradym!»
Bu sözler içinden ok bolup geçdi,
Ýene kän setire gözleri düşdi:
«Golumda awtomat, ýüregimde sen,
Duşmanyň üstüne hüjüm edýän men».

Göýä asman çagşap, üstüne indi,
Gahrymanym öz-özüni ýigrendi.
Wyždan ony iki ýana çaýkady,
Gara bagryn gara daşa oýkady.
Ýürek paralandy, dürtüldi hanjar,
Müýnli sözi çykdy onuň naýynjar:
«Göz gyzdyryp şeýle ýigdiň gyzyna,
Talaň salýan ýaly onuň yzyna...».
Bu giň jahan dar göründi gözüne,
Hyrçyn dişläp gahar etdi özüne.

Ýatyr ol hat janly ýaly öňünde,
Şeýle sözler bardy onuň soňunda:
«Häzir hoş, söýgülim, unutma meni,
Watany söýşüm dek söýýärin seni».
Göýä bir günäkär özi hakynda
Sud kararyn yglan edýän çakynda
Diňläp ony doňan ýaly durşy dek,
Gahrymanym ýüzün sallap birentek,

Durdy okandan soň süzüp gözüni,
Ýer ýarylsa urjakdy ol özüni.

Ýüregim gyýyldy gahrymanyma,
Wepaly ýoldaşym, çyn merdanyma.
Wyždanly düşüner namysa-ara,
Gezemez peýkamyn bilbili zara.
Uçurmaz ürküzip kölüň sonasyn,
Ýolmaz bagyň ter açylan gunçasyn.
Göz gyzdyrmaz özge kişiň malyna,
Perwaýsyzlyk etmez naçar halyna.
Nebse çapyp urmaz özün her ýere,
Hyýanatly hyýal getirmez sere.

Şeýle bir ýigitdi biziň gahryman,
Ar-namysy elden bermän hiç zaman,
Märekede, dost-ýarlaryň içinde,
Köpçülikde hem edara işinde
Eýedi hemişe uly hormata,
Misli maşgalada mähriban ata.
Tämizdi ýüregi, açykdy göwni,
Bir gören her wagt ýatlardy ony.
Göz astyna alsalar-da gözeller,
Baş galdyrman gezipdi ol kän ýyllar.

Yşkyň söwdasynda utuldy bu gün,
Wyždan parçalady onuň ýüregin.
Uçan dek bagyndan şeýda bilbili,
Hazana dönen dek gyrmyzy güli,
Agyr göwre agdaryldy diwana,
Ynjalyksyz çyrpyndy ol her ýana.

Dünýä muşakgaty ýagyp üstüne,
Saldy ony tükenmez dert astyna.
Birinji söýginiň başlangyç işi
Şowuna düşmese, ýanar her kişi.

«– Eger başda bilen bolsam bu haly,
Kellä getirmezdim beýle hyýaly.
Oýlanman iş etseň, ahyry puşman,
Puşmandan ne peýda, ýanýar şirin jan.
It dek ýigrenerdim başga bir kişi
Eger eden bolsa şeýle bir işi...»
Söýginiň sönüksi oduna ýanýar,
Serhoş ýaly iki ýana çaýkanýar.
Hoşlaşalyň onuň bilen şu ýerde,
Haýp, emma goýduk ony kän derde.

XIV

Gizleme syryňy menden –
Saňa näm boldy, näm boldy?
Halk aýdymy.

Iş başynda ýatdan çykar gaýgy-gam,
Boş bolsaň, sen sary urýar ol gadam.
Bu mugallym gyzyň köp wagt bäri
Öýünde oturyp ýokdy karary.
Hat alypdy Aşgabatda bolanda,
Hem aglapdy, hem gülüpdi ol onda.
Şondan soňra Begenjinden hat-habar
Gelmeýärdi, çekýärdi ol ahy-zar.

Ondan bäri hepde geçdi,
aý geçdi,
Gyzyň ýüregine howsala düşdi.

Işdäsi kesildi, ukusy gaçdy,
Gülki-de, şatlyk-da arany açdy.
Alma ýaňaklary,
güler ýüzleri
Soldy birden, çuňaryldy gözleri.
Için tutup gaýgydady hemişe,
Diňe syr bildirmän baranda işe,
Gaýgy-gamyň penjesinden çykýardy,
Şonda gara gözler gülüp bakýardy.
Mekdep boldy gyzyň arka daýanjy.
Şagalaň içinde azaldy ünji.

Halaman enesi gyzyň bolşuny,
Duýdy derrew saralşyny, solşuny.
«– Näme bela urdy seni, eý, gyzym?
Ýüzüň salyk, saralypsyň, ezizim.
Uzynly gün iki ýana at çapýaň,
Öýe myhman, mekdebiňde iş tapýaň.
Hemişe işdäsiz, iýýän zadyň ýok,
Bir derdiň bar, eneňe-de aýdaňok.
Ýere siňip barýaň gün-günden beter,
Duýdursaň, belkä-de, kömegim ýeter».

«– Hiç derdim ýok, göwnüňedir, eje jan,
Işim köp bolansoň ylgaýan her ýan.
Horluk-da, harlyk-da barysy şondan,
Hiç syrym, eje jan, gizlemen senden».

«– Dogryňdan gel, keýgim, aldama meni,
Çendan gözi ýaşly görýärin seni.
Basyrganyp geçirýärsiň gijäňi,
Aýt kemiň, derde goýma ejeňi.
Her bir derdiň tapylýandyr dermany,
Içinden ah çekip, gynama jany...»

Çynlakaý gyssady ene gyzyny,
Gutarmady gürrüňiniň yzyny.
Haýpy geldi, gam laýynda perzendi,
Hem nury didesi, hem jiger bendi.
Käýinjinden durup bilmän hamsykdy,
Gözünden enelik ýaşyny dökdi.
Enäniň nalyşy Ogulnabady
Mejbur etdi aýtmaga her zady.
Pynhan syryň syrylanda perdesi,
Köp zaryn eşdildi gözeliň sesi:

«– Tapylýan bolsa-da her derde derman,
Meň derdimiň ýok dermany, eje jan.
Soradyň, goýmadyň, diňle sözümi,
Ertir-agşam ýaşa boýap gözümi,
Gaýgy-gamyň gujagynda her zaman,
Ot içinde ezelenýär şirin jan.
Öz goňşymyz, bilýänsiň sen Begenji,
Ondan hat-habar ýok, şol maňa ünji.
Gitmänkä, men oňa beripdim wada,
Şoldur salan meni dady-perýada.

Ýazgarma, eje jan, eziz balaňy,
Şonuň ahyn çekip atyrýan daňy.

Çagalygmyň, ýaşlygymyň ýoldaşy,
Habaryn ýetirdi sag bolsa başy.
Gidenden soň hat alýardym her zaman,
Umyt etdim geler diýip sag-aman.
Aýralyk şemaly ýüzüme urdy,
Gaýgy-gam umydyň tanapyn gyrdy.
Gözlerim ýolunda galdy bendiwan,
Gaýgymyň gözbaşy şudur, eje jan.
Eneden bigeňeş söýginiň işi
Bilýärin, eje jan, çekdir endişi.

Duýdurjakdym saňa, syrym gizlemän,
Baryn bolşy ýaly, mekir sözlemän.
Ýöne welin, ynan maňa, utandym,
Diýsem garşy bolmajagňa ynandym.
Dogry dälmi, garşy dälsiň, eje jan?
Garşylygy ýokdur onda bir nyşan.
Eje, eşder bolsaň sözüň dogrusyn,
Hiç ýerden tapmarsyň ondan gowusyn!»

Gyzynyň sözüni diňläp enesi,
Oturdy kän wagt, çykmady sesi.
Ogulnabat onuň ýeke balasy,
Ýüregin eretdi ahy-nalasy,
Ýuka bor ýüregi eziz enäniň.
Bilmedim men pikrin edip nämäniň –
Gyňajynyň ujy bilen gözüni
Süpürdi-de aşak sallap ýüzüni:
«– Göwsümden süýt berip ulaltdym seni,
Gyzym, hiç kimçe-de görmänsiň meni...»

«– Beýle diýme, eziz käbäm, eje jan,
Garşy bolsaň aýt maňa aç-açan.

Sözüňi syndyrman seniň hiç wagt,
Hut seniň eliňden berilsin bagt».
«– Hiç bir zada garşylygym ýok meniň,
Ýüregim awaýar halyňa seniň.
Şu wagta çen syr bildirmän eneňe,
Ahyry dikanlap soramsoň diňe...»

Mähriban enäniň razylyk sözi
Açdy şöhle berip solugşan ýüzi.
Uly bir şatlykda ýerinden turup,
Topyldy üstüne gujagyn gerip.
Taýly gezek ýaňagyndan ogşady,
Çünki enesinden tamasy şody.

«– Hat gelenok diýip alada etme,
Özüň gama berme, hiç oýa gitme.
Darykma, tiz geler habary-haty,
Kän wagt geçmändir, gyssanma gaty.
Derman däldir, dökme gözden ýaşyňy,
Mertler kimin merdana tut başyňy».

Hat alana döndi söwer ýaryndan,
Şatlyk üstün çykdy ahy-zaryndan.
Umyt oýnaklady gara gözlerde,
Gam-gussa galmady güler ýüzlerde.
Şatlansyn gözel gyz, ýene şatlansyn,
Şatlykda işlesin hem şöhratlansyn,
Biz onuň kän wagt yzyna düşdük,
Az wagt aýryldyk, ýene birleşdik.

Dostlar, indi obasynda galsyn ol,
Häzir bize gol bulaýar uzak ýol.

XV

Изведал враг в тот день немало,
Что значит русский бой удалый.[1]
Лермонтов.

Wolgaň kenarynda, şanly şäherde
Ol taryhy ýeňiş başlanan ýerde
Tora düşdi duşman, epdi dyzyny,
Gaçyp gutulmaga tapman yzyny.
Täleýin ters edip tora düşeniň,
Söbügin sydyrdyp yza gaçanyň,
Goşunym ýüzlenip günbatar sary,
Kowýardy ganymy köp günden bäri.
Şindi hem gitmändir däriniň ysy,
Daşda däl, eşdilýär toplaryň sesi.

Her ýerde görünýär yzy ganymyň,
Göz aýlap uludan alýarsyň demiň.
Bolupdyr kän jaýlar ýer bilen ýegsan,
Çaýlar bulanypdyr, akyp gyzyl gan.
Hatda mekanyny terk edip guşlar,
Dargapdyr dört ýana, ýalňyz agaçlar –
Ýaryndan aýrylan natuwan ýaly,
Göýä hasrat çekip aglaýan ýaly,
Geçiripdir agyr günler başyndan
Köküne nem berip ganly ýaşyndan.

[1] Edermen rus söweşiniň nämedigini
Duşman şol gün az gören däldir.

Bu gün olar giňden gerip şahasyn,
Misli ynsan, çalşyryp ýas lybasyn,
Toý geýmini geýinen dek egnine,
Umyt güneşine çoýunýar ýene.
Gök mahmala girip açypdyr güller,
Ýene şahasynda saýrýar bilbiller.
Suwy dury akýar ol garry Donuň,
Gämi azat ýüzýär içinde onuň.
Asuda dem alýar depeler, düzler,
Indi gülüp bakýar ýaşaran gözler.

Göz gezdirseň tupan turan ýerlere,
Batyr Goşun zarba uran ýerlere,
Pikir edýäň kelläň ýaýkap daşyndan,
Dolupdyr giň meýdan duşman läşinden.
Kimsiniň başy ýok, kimniň aýagy,
Kimsiniň çogupdyr kelle çanagy.
Kimsiniň eli ýok, kimsiniň gözi,
Kimsiniň al gana boýalan ýüzi.
Kimsiniň daşynda içiniň goşy,
Kimsinden derek ýok, dargapdyr läşi.

Kimsiniň gum basyp bütin göwresin,
Kimsiniň mör-möjek alyp degresin,
Şagalaňly toý edýärler üstünde,
Talaň turuzýarlar talaňçy tende.
Wes-weýran bolupdyr, ýatyr çagşaşyp,
Oý ýerler dolupdyr, üst-üste üýşup.
Tanklardan, toplardan hem samolýotdan
Basara boş ýer ýok demir, polatdan.

Dürşde bolup maslyk bilen ýaragy,
Pälinden tapypdyr päli azan ýagy.

* * *

Duşmandan ýakynda saplanan ýerde
Kiçiräjik, emma gözel şäherde
Iki gat jaý, içi doly ýaraly,
Käbiriniň endam jany saraly.
Watan üçin gyzyl ganyn dökeni,
Kyn ýagdaýda agyr horluk çekeni,
Gözel synasyna şikes salany.
Ýa aýaksyz, ýa-da elsiz galany,
Şu ýerde lukmanlar sana getirýär,
Hem kesýär, hem tikýär, hem-de bitirýär.

Ynha, bir uly tam birinji gatda
Gireňde birbada howp edýäň hatda.
Agyr halda mundakylaň hemmesi,
Käsiniň eşdilýär iňleýän sesi.
Käbiri özüni her ýana urýar,
Aýylganç ses bilen gaty gygyrýar.
Käsi basyrganyp uzak samraýar,
Käsi däli gözli, gorkunç garaýar.
Käsi sessiz-üýnsüz, gidipdir uka
Käsi ýüz tutupdyr panydan baka.

Ynha, birin getirdiler göterip,
Açdylar ýarasyn, arkan ýatyryp.
Dyzyň oýnam barmak aşak ýanyndan
Degipdir ok bölek, akan ganyndan
Üsti-başy boýalypdyr. Azaby

Kän çekipdir ýigit, galmandyr taby.
Süňki döwük, sallanşyp dur etleri,
Nil ýaly gögerip, gatapdyr deri.
Şalkyldap ýatyr ol, tende amanat,
Her bir zada çydar eken adamzat!

Şu-da onuň göze ilýän ýarasy
Emma welin kelle, aýak arasy
Doludy her hili ganly ýaradan,
Howp eder daşyndan muňa sereden.
Tende söweş edýär dirilik ölüm,
Ýazmaga bu haly ejizdir elim.
Umydyň yranýar her dem alanda,
Ölüm dirilige badak salanda.
Ynha ýatan göwre, çala demi bar,
Kän bu ýerde munuň ýaly ýaradar.

Bilýänsiň, okyjym, kimdir bu ýatan,
Muny goragyna ýollapdy Watan.
Ýadyňdamy? Eşelonda bir wagt
Urşa tarap ugradanda paýtagt,
Aýnaň agajyna bagryny oýkap,
Içinden ah çekip, kellesin ýaýkap,
Ýadyna salýardy söwer ýaryny,
Ak ýüzde owsunjy zülpi taryny.
Ondan bäri wagt geçdi aradan,
Gözel syna doly ynha ýaradan.

Bolsady ýanynda Ogulnabady,
Ederdi bagyryp dady-perýady.

«Waý!» – diýip taşlardy üstüne özün,
Ýaşa doldurardy bendiwan gözün.
Döwülen aýaga,
ol ganly göwrä
Daşyna gan öýlüp, nil bolan derä
Gözün petredip,
gorkuly garap,
Aýylganç gygyryp, bagryn paralap,
Belkä, ýykylardy, özünden gidip,
Ýüzün ak tam edip, lebin kepedip.

Jansyza jan berýän,
gansyzlara gan
Atadan, eneden beter mähriban
Söweş meýdanynyň Lukman hekimi
Wagtsyz ölümiň beýik häkimi
Melhem edýär ýaralynyň derdine,
Garagum bürgüdi mertler merdine.
Beýhuş edip duýgusyzlyk meýinden,
Kesdiler aýagy dyzyň teýinden.
Gyryp, tikip, derman edip endigan
Saradylar, hemişelik diňdi gan.

XVI

Лишь тот достоин жизни и свободы,
Кто ежедневно с бой берёт их.[1]
Гёте, «Фауст».

Bilmän näçe günüň, näçe gijäniň
Ukusy gözüne maýyldy onuň?
Emden medet alyp, ýumsa-da gözün,
Ýene galmagala saldy ol özün:
Çagşaşan ýaş göwre tapmady rahat,
Akyl kellä, kelle akyla boldy ýat.
Elhenç sesler bilen gygyrdy birden,
Käte hyýal etdi galmaga ýerden.
Soňra uzak ýatdy özüni bilmän,
Dünýä galmagalyn ýadyna salman.

Kem-kemden erkine gelende düýşi,
Kino lentasy dek front durmuşy
Geldi göz öňüne yzly-yzyna:
Ynha, çuň garymdan galyp dyzyna,
Granat zyňýar ol duşman üstüne
Ýa-da süýşüp gelýän tankyň astyna...
Ynha, birden ajal guşy asmanda
Peýda boldy, turdy tupan her ýanda.
Top-tüpeň sesinden dünýä yranýar,
Şäherler ýykylýar, obalar ýanýar...

[1] Ýaşaýşa we azatlyga diňe olary her gün söweş bilen gazanyp bilýän adam mynasypdyr.

Ynha, «Ataka!» diýip komanda boldy,
Eli awtomatly ýerinden galdy...
Ynha, ýaralanyp ýakyn ýoldaşy,
Gana boýalypdyr bütin üst-başy...
Ynha, ol baş bolup dört-bäş esgere,
Süýşenekläp barýar gorkuly ýere.
Garawulda duran duşman soldatyn
Hiç bir ýere onuň ýetirmän dadyn,
Gapyl basyp, alkymyna ýapyşýar,
Soňra ýuwaş-ýuwaş yzyna süýşýär...

Ynha, ot içinde ol şanly şäher,
Atyşyk, çapyşyk agşam hem säher.
Tamdan tama geçip, köçeden köçä
Ýa gol galdyrýança, ýa-da ölinçä
Ynha, kowalap ýör ganym duşmany,
Käte howpa düşýär öz şirin jany...
Ynha, polkownigi çagyryp ony,
Arkasyna kakyp, gysyp goluny,
Laýyk baha berip harby işine,
Buýsanç bilen nyşan dakýar döşüne...

Wagtlaýyn kepbede, şemiň ýanynda
Bir özi dümtünip oturýar onda.
Söýgülsinden gelen haty gaýtalap,
Kän okady, jogap ýazýar söz saýlap.
Ynha, birden öýde, çaýyň başynda
Ogulnabat gülüp otyr gaşynda...
Ynha, söweş gidýär don çöllerinde,
Ýaş gyzlar, garrylar, nan ellerinde

Garşylaýar azat eden goşuny,
Güller bilen bezäp degre daşyny...

Ynha, birden öň ýanyndan bir soldat
Peýda bolup, zyňdy oňa granat.
Gapdalda bir oýa oklady özün,
Teninden gan akdy, gum basdy ýüzün...
Başujunda aglap otyr ejesi,
Eşdilýär gulagna jigsiniň sesi...
Ynha, bir şähere hüjüm bolanda
Süýşüp goşun köçelere dolanda,
Eşdildi ýakynda top okuň sesi...
Gyrylýar şu ýerde kino lentasy.

Birden tisginjiräp açanda gözün,
Tämiz düşekçede gördi ol özün.
Demin dürsäp, gelenden soň huşuna,
Haýran galyp göz gezdirse daşyna,
Tank-da ýok, tüpeň-de ýok, ot-da ýok,
Uruş-da ýok, çozuş-da ýok, zat-da ýok.

Tirsegine agram berip, göwräni
Gobsundyrdy... ýeňil geldi bir ýany.
Kellesini ýaýkap, çekdi ol için,
Uludan dem alyp, dişledi hyrçyn.
Kän wagt ýatdy ol düşekden düşmän,
Gana uky alman, iýmän hem içmän.
Agdarlyp bilmedi islän ýanyna,
Süňkler awap azar berdi janyna.

Ýüz inçelip, ýygrylyşdy ýaňaklar,
Etsiz, gansyz çilge döndi eňekler.
Gagşadýar käwagt göterlip gyzgyn,
Ellerde kuwwat ýok, aýakda ysgyn.
Gaş gabaryp, ulalypdyr gözleri,
Görsem diýip arzuw edýär düzleri.

Ýarym ýyl çen wagt geçdi aradan,
Saplandy ten agyr düşen ýaradan.
Pişek bilen tam içinde her ýana,
Gezim etdi, çykdy çendan meýdana.
Işdäsi açyldy, dürsedi özün,
Obany ýatlaýar delmirdip gözün.
Hat ýazdy kän gezek, yzly-yzyna,
Güneşli ülkäniň gözel gyzyna.
Häzir ýassygyna gyşarlyp ýatyr,
Bejerýän baş lukman ýanynda otyr.

«...Mertlik üstün çykýar hemişe dertden,
Ynha, indi isleseňiz eger-de,
Içde galan top okunyň bölegi
Alynmaly, emma welin ýüregi
Howpa salýar, eşdiň, edilse synag
Hem görkezer size çydamsyz gynag.
Baryp duran ýeri ýürege ýakyn,
Şonuň üçin almak ony örän kyn.
Bilip bolmaz, şowna düşmez birdenkä
Örän hatarly iş, heläklär, belkä...».

Düýpli bir agyry duýman teninde:
«– Eger galyberse duran ýerinde?..»
«– Belkä, hiç zat bolmaz, ýetmez azary».
«– Göwün arzuw edýär Watana sary».
«– Bardy-geldi azar berse bir zaman,
Agyrlygna, kynlygyna garaman,
Tizlik bilen çykarmagyň çäresi,
Görülmeli, ýogsa onuň ýarasy
Iriňlär-de hezil bermez, unutmaň!
Gorka durup, janyňyzy ynjytmaň».

Köp wagt özüne bagly ynsanyň
Sagdyn saklanmasy bedeniň, janyň.
Ynanyň alymlaň aýdan sözüne –
Iň ýagşy doktordyr her kim özüne.
Iýmegiň, içmegiň saklaň kadasyn,
Unutmaň hiç haçan jan aladasyn!
Ýapyşmaň entekler hiç agyr işe,
Açygrak howada boluň hemişe...».
Soňra ýyljyraklap ýigde garady,
Bu hili garaýşyň bir syry bardy.

Durdy ýoňsuz wagt, ýaýdanyp durdy,
Çep elin ogrynça jübsüne urdy.
Birden çykardy-da sary bukjany,
Şol bada Begenje uzadyp ony:
«– Bermäge birbada çekindik muny,
Bize mälim däldi hatyň mazmuny.
Eger oňat bolsa hatdaky habar,
Iň ýagşy melheme bolýar barabar.

Eger, bardy-geldi, tersine bolsa,
Gaýgyly bir zady ýadyna salsa,
Ýaradan has beter agyr hassany
Gynaýar, düşekden galmaýar ýany.
Görenmiz sebäpli muny kän gezek
Bagyşlaň, hatyňyz sakladyk uzak...»

«– Aýby ýok, aýby ýok, hiçden giç ýagşy».
Bukjanyň ýüzüne çekilen nagşy
Tas zöwwe galypdy gören dessine,
Bu hat şatlyk goşdy, şatlyk üstüne.
«– Melhemdir, doktorym, melhemdir bu hat,
Mundan ýeter meniň janyma rahat».

Baş lukman ýanyndan gitdi hoşlaşyp,
Ynha, çykan sözler ýürekden joşup,
Güneşli ülkede ýigdiň dykgaty.
Artykdyr hemişe gadyr-gymmaty
Şu hili ýagdaýda, şeýle uzakdan
Ýetişse yssy dem bir göwni päkden.
Otagyň içinde göýä bir özi,
Ilmeýär gulaga özgäniň sözi.
Kä ýüzi ýagtylyp, kä çytyp gaşyn,
Okaýar hatyny galdyrman başyn.

XVII

Не узнав горя, не узнаешь и радости.[1]
Русская пословица.

Bir durşuna durýan zat ýok dünýäde,
Üýtgeşmek her zaman tebigy kada.
Bilmedim ne halda gije geçipdir,
Emma irden Gün şöhlesin seçipdir.
Birden bulut tutdy gögüň ýüzüni,
Ýagdy çabga, dagy bilen düzüni
Suw-sil etdi, yzy bilen ýel ösýär, –
Bir günde bu dünýä dürli öwüsýär.
Dagda duman bolýar, adamda hyýal,
Hiç birinde hemişelik däl bir hal.

Tebigatyň, adamzadyň bu halyn
Ýadyna salypdy başlanda ýolun
Biziň gahrymanmyz uly pikirde:
«Galarmykam ýene ikinji derde?
Göwrämde gelşik ýok, ýüzümde ganym,
Aýagym ýeke taý, sagat däl janym...
Ozal meni çyn ýürekden söýýärdi,
Tä gelinçäň garaşaryn diýýärdi...».
Ýürek howsalasy güýçlüdi gaty,
Ine, ele alýar şol gelen haty:

«Uzak ýoldan, ak ýürekden
Ýetişsin salamym saňa.
Köpden bäri, jan Begenjim,
Hasrat hemra boldy maňa.

[1] Hasrat çekmeseň, şatlygy-da bilmersiň. *Rus nakyly.*

Alanymda her hatyňy
Bökjeklärdim çaga ýaly.
Geljegimiz ýatlap her gün,
Ederdim men hoş hyýaly.

Hat gelmedi arly tomus,
Artdy meniň dert-azarym.
Çydam etmän güýçden düşdüm,
Kesilen dek gan damarym.

Ýazdym haty, günde ýazdym,
Kän garaşdym jogabyna.
Bary guýa gaçýan ýaly,
Düşünmedim sebäbine.

Geçirsem-de umyt bilen,
Ençe güni, ençe aýy,
Weýran etdi üsti-başym,
Ahyrynda pikir laýy.

Obamyzda soňky günler
Şum habaryň sany artdy.
Kä çagyryp, kä hat bilen
Harby bölüm mälim etdi:

«Pylan wagt, pylan ýerde
Batyrlarça döküp ganyn,
Pylanyňyz Watan üçin
Gurban etdi şirin janyn».

Öwezliden, Meretliden
Geldi eýýäm şeýle habar.
Yzy ýene dowam etse,
Soňy munuň nirä barar?

Ozallarda Nurtäç eje
Okudardy gelen haty.
Bir hatynda gördüm onuň
Özümdäki şol suraty.

Gabat gelse ýolda-yzda,
Aýdyp bilmän hiç bir sözi,
Ýeň astyndan garaýaryn,
Pahyryň-da salyk ýüzi.

Derdimiz bir, paýlaşmagyň
Tapmaýaryn çäresini.
Gutarardy hat-habaryň
Gelse ýürek ýarasyny.

Üýşüp bir gün okuwçylar
Tamyňyzy suwap berdi.
Şatlygyndan ejeň şonda
Agşamara bize bardy.

Hoşallygyn beýan edip,
Diýdi: «Alnyň açyk bolsun!»
Arzuwynyň birligini
Aýdylmasa nirden bilsin.

Bilmezlige salsam-da men,
Gün geldikçe gaýgy basýar.
Içde-daşda dursam ýeke,
Takatym ýok, ýürek gysýar.

Saklamak kyn beýle syry
Uzak wagt,
Begenç, içde.
Özüm anyk duýdum soňra
Açyljagyn irde-giçde.

Bir gün işe güýmendim-de,
Mekdepde bir özüm galdym.
Bile okan ýyllarymyz
Birin-birin ýada saldym.

Hemme kişi geň galardy
Okanyňda yhlasyňa.
Küýli ýaly, ynha, birden
Girdim baryp klasyňa.

Süňňüm gowşap, kalbym urup,
Iç işikde esli durdum.
Tam içine gözüm aýlap,
Öz-özüme gürrüň berdim:

«Oturardy şu partada,
Girerdi ir, çykardy giç.
Tagtadadyr gözi mydam,
Ýalt-ýult bolmazdy hiç.

Mugallymyň daýanjydy,
Sorag bolsa galar goly.
Göz öňüne gelýär bary,
Ýatlamadan ýürek doly...»

Kän oturdym, kän seretdim,
Kän zatlary saldym ýada.
Gözlerime ýaş aýladym
Erkim elden giden bada.

Ejizlärdi her bir adam
Beýle ýagdaý düşse başa.
Durup bilmän mundan artyk,
Yraň-daraň çykdym daşa.

Öýe barsam ejeme-de
Ýeten ýaly gaýgyň çeti.
Çaý-çöregim äberdi-de
Seretdi ol ýiti-ýiti.

«Ýüregiňde bar bir ünjiň
Gizleseň-de, keýgim, menden.
Rahatyň ýok, duýýaryn men
Solup barýaň günbe-günden».

Açdym oňa pynhan syrym,
Bary başdan geldi dile.
Käýinmedi, gaýta ejem
Hemdem boldy meniň bile.

Gidenlerden gelýänleriň
Aýaksyzy, elsizi bar.
Muňa-da il şükür edýär,
Her kim munda didara zar.

Dözermidim tiken batsa
Seniň näzik bedeniňe.
Ýöne häzir şol göwrede
Razy ýürek ursa diňe.

Gaýly günüň gadyrdany
Ýar aňyndan gitmez hergiz.
Garaşýaryn geler diýip,
Gözüm ýolda gije-gündiz».

Goýup gursagyna kagyzly elin,
Ýatlaýar gözelin, ýatlaýar ilin.
Süýji ukudady töwerek-daşy,
Kän gezek ýetse-de ýassyga başy,
Mydam gulagynda pikir-hyýalyň
Ýaryndan köpüsi geçildi ýoluň.
«Belkä-de, nähakdyr şübhe ol hakda,
Öňki dek söýgi bar hälem ýürekde...»
Diýip, ol teselli berse-de jana,
Kä süýnýär gämisi başga bir ýana.

«Meniň üçin çekse-de ol ahy-zar,
Adamlarda her demde bir hyýal bar.
Belkä, baranymda bakmaz ýüzüme,
Sowa geçer, gulak salmaz sözüme...
Ýok, ýok, wepalydyr Ogulnabadym,

Ähdin bozup ýere salmaz meň adym...»
Şu ýagdaýda eşelonyň üstünde,
Hem umytda, hem-de gamyň astynda
Biziň gahrymanmyz Watana sary
Hereket edýärdi köp günden bäri.

XVIII

Ene jan, diýmegin beýle sözüňni,
Bu wadaga wepa kylmasam bolmaz.
«Zöhre-Tahyr» dessanyndan.

«– Bir aýagy ýokmuş, balam, dyzyndan,
Eneň entek iren däldir gyzyndan».
«– Dyzyna berýäňmi gyzy oglanyň?
Maňa gerek zady ýüregi onuň».
«– Ýürek näme, syna sagdyn durmasa?»
«– Syna näme, ýürek batly urmasa?»
Ýykman diýip wada edipdiň sözümi,
Aýralygyň agysynda özümi...»
«– Men beýle zatlary diýemok saňa».
«– Şol bolmasa her bir günüm ýas maňa!»

«– Şolmy indi bütin dünýäň diregi,
Iliňkiden artykmaçmy ýüregi?»
Neneň jogap bersin beýle sowala?
Düşdi gözel ýene agyr bir hala.
Gahar etdi, öz içini gepletdi,
Göz alardyp enesine seretdi:
«– Ýaşyňa görä däl aklyň, eje jan,
Gaty görme, ýadyňdamy Saýat han

Hemra diýip şa köşküni terk etdi,
Çünki ýigit ýüreginde ýer tutdy».

«– Ertekiden delil tapma sözüňe,
Saýat hany deňemegin özüňe».
«– Mysal getirýärin, delil gerek däl,
Meniň isleýänim her bir ýürek däl.
Onuň ýaş ýüregi baglydy meňkä,
Ozalam aýdypdym, meňki hem oňka».
«– Ýaşlyk şemalyna aldatma özüň,
Soň ahmyr çekersiň, kepemez gözüň.
Ýamanlygym ýokdur, bilgin, eý, käbäm,
Saňa hyrydardyr bu giden obam.

Günde biri gelýär seni soraglap,
Köp ýigitler gezýär yzyňda ylgap.
Ýörite sen diýip kän geldi daýyň,
Ogly onuň, balam, hut seniň taýyň.
Ýene iberipdir Dursun daýzaňy,
Gürrüňi sen bolduň, ugratdym ýaňy.
Ýetipdir Ýollusy on sekiz ýaşa,
Sawçy iberemde töwerek-daşa
Diýýär, nirdendir duýup ol muny
Geldi-de ýanyma aýtdy göni:

«Eje, köpden bäri gitdi ýüregim,
Diňe Ogulnabat meniň geregim.
Eger şol bolmasa, gezme hiç ýany,
Gerek däl dünýäniň hüýri-gulmany».
Hyrydaryň köpdür, özüň har etme,
Hiç haçan ädimiň oýlanman ätme».

«– Eje, seniň ak giripdir saçyňdan,
Ýaşlyk asyl geçmänmidi başyňdan?
Hyrydar gerek däl daýy-ýegenden.
Şu hakda söz açma, haýyşym senden».

«– Ataň bolsa sen başyňa gitmezdiň,
Boýun borduň, öz diýeniň etmezdiň.
Sözün ýere salsaň-da sen enäniň,
Hormatyny sakla berilen hanyň...»
«– Atamdan kem görýän däldirin seni,
Eje jan, beý diýip ýandyrma meni.
Haçan sözüň ýykdym, diýeniň etmän?
Öz pikiriňi aýt, kişiňkä gitmän.
Eger atam bolsa gynaman meni
Maksada ýetirdi ol gelen güni».

«– Sag wagtynda menem garşy bolmandym,
Ýadyňdadyr, sözüň ýere salmandym.
Emma bir maýyba gül ýaly gyzym
Bermäge razy däl, diňleseň sözüm.
Ene mähri götermeýär bu zady,
Islemeseň daýyň, saýla bir ýady.
Ynan, keýgim, garaşmaýan bahaňa,
Bagtly bir durmuş isleýän saňa.
Ýedi biçip, bir kesilýän şu işdir,
Oýlanman iş etseň, puşmanyň hiçdir».

«– Mähribanym, eziz enem, gulak sal,
Ýedi biçmän, ýetmiş biçdim men ozal».
«– Müň-de biçseň keýgim, kelte biçipsiň».
«– Ýok, eje jan, aldaw meýin içipsiň.

Bagtly bolmagymy isleýän bolsaň....»
«– Eger-de enelik pendimi alsaň...»
«– Eliň bilen gapysyny baglama».
«– Gözýaş döküp, nähak ýere aglama».
«– Nähak däl, eje jan, düşün sözüme,
Ýöne ýere ýaş getirmen gözüme.

Neneň diliň barýar diýmäge «maýyp?»
Eje jan, eje jan, dälmidir aýyp
Watan diýip gan döken bir gahrymana!
Seniň düşünşiňe, Begenç hamana
Agaçdan asylyp, ýa ýapdan böküp,
Ýa ýaglyga towsup, ýa gorpa çöküp,
Düýeden ýykylyp, palçykdan taýyp,
Gudurap boş ýere bolupmy maýyp?
Ýok, ýok, beýle däldir, oýlan, eje jan,
Biz üçin akandyr aýakdan al gan!»

Ozaldan häzirdi bulaň hemmesi
Jan ýandy, gan gyzdy, ýürek temmesi
Saklanyp bilmedi, ýykyldy birden,
Gürrüň başlanypdy, ine, şu ýerden.
Öräп çylşyrymly maşgala işi.
Ýatmadyk bolsa-da ýüregiň çişi,
Bilmedim nämäniň ýetdi täsiri,
Jyňkyny çykarman häzir hiç biri,
Öýde asudalyk, ümsümlik boldy,
Misli meseläniň suwy sowuldy.

Oturdy az wagt gyz gözün sykyp,
Soňra ýüzi salyk daşary çykyp,

Güýmendi bir zada, öýde Enebaý
Gepletdi içini, «Özüň, eý, Hudaý,
Beterinden sakla, bu niçik boldy,
Ýalňyzlyk başyma ne günler saldy?
Saklan özüň bolma gyz maşgalany,
Getirýär başyňa dürli belany.
Diýeniň etmese, düşmese dile,
Neneň ýerleşdirjek abraý bile?

Bolany durmady ogul-gyzyndan,
Ugratdyk ýaş döküp yzly-yzyndan.
Gelende begendik, gidende ýandyk,
Takdyra ten berdik, taňra ynandyk.
Durarlykly boldy ahyrda biri
Gyza şükür etdi ogul ýesiri.
Är-heleý ikimiz şuňa göz dikip,
Oturdyk ençe ýyl, ol gitdi çykyp.
Yzynda gan aglap galdym bir özüm,
Indi diňlenmeýär meniň-de sözüm...»

Birden için çekip göterdi başyn,
Görmedi gyzyny garanyp daşyn.
Kellede şol pikir gezýärdi ýene,
Şemalyň ugruny özgertdi ene.
«Belki-de, mamladyr onuň diýýäni,
Has içgin tanaýar söýen-söýýäni.
Wah, meniň özümem tanýan Begenji,
Ýigidiň gülüdir, iliň guwanjy.
Eger sag bolaýsa onki synasy,
Asyl Enbaýyň çykmazdy sesi...

Nägile ýerim ýok Ogulnabatdan,
Kakasy aýdypdy, çykarman ýatdan.
Gönünе degmedim, dogrymy diýsem,
Degere bir delil boldumy eýsem?
Bolmandy hiç haçan, gaty hoşaldym,
Ýöne şu söwdada kyn güne galdym...»
Işiň telekligne güp ynansaň-da,
Näçe käýinseň-de, näçe ýansaň-da,
Bähbitli erkine duýgy döretmän,
Gitse-de tersiňe aýdanyň etmän,

Neneň sözün ýykjak ýeke perzendiň?
Ol seniň guwanjyň hem jigerbendiň.
Süýt berdiň, nan berdiň, kemala geldi,
Eklenjiň jylawyn eliňden aldy.
Diýerler: «Oguldyr döwletiň başy»,
Geliň, düzedeliň köne ýalňyşy.
Tapawut ýok oglan-gyzda bu zaman,
Ikisem gara göz, ikisem ynsan.
Oglan gyzça ýokdur bolsa görümsiz,
Kändir akylly gyz ýigde berimsiz.

Ýukaldy ýüregi, gowşady ene,
Wagt azdy ýigit geljek ol güne.
Gyzyň karary ýok oturyp, turup,
Göwre galpyldaýar, ýüregi urup.
Gymyldysy galan ýaly dünýäniň,
Bir durşunda, hereketi ýok onuň.
Asylgy çyradan ýok günüň parhy,
Tersin aýlanýan dek asmanyň çarhy,

Bir duran ýerinde, üýtgänok bu gün
Göýä bir uly güýç tutýan dek öňün.

XIX

Goňşy, gözüň aýdyň, göter bulgury!
D. Haldurdy.

«– Nurtäç, gözüň aýdyň, ogluň gelipdir!
Hemmä-de ýetirsin, ýagşy bolupdyr».
«– Kes goýnuňy, başla toýuň, gelneje!
Şerap içip, meý-mes boljak bu gije».
«– Berekella, guzym, meňzeýäň merde,
Öwez jany görmediňmi o ýerde?»
«– Aýak hiç, şükr ediň, gelipdir jany,
Il guwanýar dökseň ýurt üçin gany».
«– Iki ordeni bar, iki medaly...»
«– Medallary meniň kakamky ýaly...»

Kän agyzda gaýtalandy bu sözler,
Nebsewür garady hyrydar gözler.
Asyl yzy kesilmedi geleniň –
Goňşy-golam, tanyş, daýy-ýegeniň.
Ýassyga ýaplanyp tamyň töründe
Otyr Begenç, emma ony ýerinde
Ynjalykda goýmadylar gelenler,
Köp garaşyp, hoş habary alanlar.
Jigsi gujagynda, medalyn oýnap,
Kä gollaryn salýar boýnundan aýlap.

Çäýnek-käse gezim etdi arada,
Begenç gürrüň berdi front barada.
Giç öýlän ýykdylar üç sany goýny,
Märeke başlady hakyky toýny.
Ojaklarda atardylar gazany
Tamdyrlarda bişdi bugdaýyň nany.
Ýygnaldy kem-kemden käse hem çäýnek,
Onuň ýerne geldi naharly çanak.
Gün ýaşar-ýaşmazda ýekeden-ýeke,
Her kim öýne gitdi, ördi märeke.

Agşam çagy üýşdi obaň ýaşlary
Begenjiň dost-ýary, deňi-duşlary.
Palaw, çekdirmäniň daşy gabaldy,
Her haýsy öňüne bir tabak aldy.
Bug çykýar ýagjarýan gyzgyn kebapdan,
Pyýalalar doly gülgün şerapdan.

Begenç bilen önüp-ösüp ulalan
Guwanjyndan meý-mes boljak şol oglan
Birsöz aýtjak diýip dyzyna galdy,
Oturanlar oňa nazaryn saldy:
«– Göz dikipdik, dostlar, köp wagt ýola,
Götereliň bu gün gülgün pyýala
Begenjiň saglygna, geliň, hemmämiz!
Berekella! Çykdy ondan tamamyz...»

Bu wagt bir çaga girdi içerik.
«Soraýarlar, çaý gerekmi bu ýerik?»
«– Gerek däl, gerek däl!» – dillendi bary,
Emma ýaş ýüregiň kakyldy tary.
Gözel gyz habaryn ýetirdi merde,
Çaý hakynda gürrüň ýokdy bu ýerde.

Ýaňky çakyşdyran gözün süzende,
Barynyň gürrüňe başy gyzanda,
Maý tapdy-da hiç bir kime duýdurman,
Çykyp öýden şonda biziň gahryman,
Ýüzlendi, okyjym, ynha, şol ýere
Biziň gözel gamly gaýdan güzere.
Bu gije ol güzer, ol beýik agaç
Şatlyk bilen garşy alar,
egip baş,
Aýralyga düşen iki ynsany –
Söýgüli gyzymyz hem-de merdany.

Emaý bilen agras ädip aýagyn,
Sessiz-üýnsüz tykyrdatman taýagyn,
Begenjimiz düşüp eýýäm ýoluna
Barýar garap sagy bilen soluna.
Gözel gyzyň garanjaklap bir zaman
Baran ýerne ýetdi, ynha, ol durman.
Agaja ýaplanyp ýabyň başynda,
Indi ol garaşýar, gözi daşynda.
Gijelikde ildi gözne bir gara
Ýaş ýürek tolkundy,
daş däldi ara.
Ynha, birden iki göwre garpyşdy.

Ten-tene degende ýürekler joşdy.
Uzak wagt söz gelmedi dillere,
Gurply gollar halka boldy billere.
Gyzgyn demden gyzardy gül ýaňaklar,
Ýapyşdy bir-birne teşne dodaklar.
Şatlyk ýaşy düwmelendi gözlerde,
Muhabbetli garaş bardy ýüzlerde.
Geçdi ol aýralyk, ýetişdi bagt,
Beýle gije ýatdan çykmaz hiç wagt.

XX

Aýralyga döze bilmen –
Näzli ýar elden gider.
Mätäji.

Misli bir ak kagyz ynsanyň göwni,
Söýgi nagşyn çekip bezese ony.
Ýitmez yzy onuň syrsaň, süpürseň,
Dünýäde kän ýaşap, sen ömür sürseň,
Çalarsa sakgalyň, bükülse biliň,
Ýaşulusy bolsaň bir giden iliň,
Şonda-da ýaşlygyň ýada salaňda
Ah çekersiň, dostum, her dem alaňda.
Şeýledir durmuşyň kada-kanuny,
Her kim tassyk eder, oýlansa muny.

Hany meniň ýaşlygymyň ýoldaşy –
Akmyrat Aşyrow? Sagmyka başy?
Gamly günde galdyrypdyk biz ony,
Gözel gyzdan jogap alan şol güni.

Kän wagtlar geçdi ol günden bäri
Üzdümi umydyn, ýa çekdi zary?
Geliň, indi onuň bilen bolalyň,
Köne dostdan ýene habar alalyň.
Magaryf işinde öňküsi ýaly
Başa barmasa-da eden hyýaly,

Uzak wagt unutmady gözeli,
Birbada işden-de sowaşdy eli.
Soňra tamasyny Ogulnabatdan –
Üzüpdi, emma ol çykmady ýatdan.
Gahrymany gyz hakdaky şol pikir
Näçe çalyşsa-da dostlar, barybir,
Sypdyrmady hem gündizi, hem gije,
Töwekgelli işde galsa-da bije.
Ýykylan bolsa-da umyt çynary,
Köki guramandy, bardy yzgary.

Gyz hakynda hiç bir habar bilmezden
Gulluk işi bilen ýene merkezden
Gelipdi bu ýere biziň gahryman,
Magaryf wekilniň öýünde myhman.
Uzak wagt çykmadylar içerden,
Kän gürrüň etdiler geldi-geçerden.
Gyş bosagaň ýakynynda ähtimal,
Pessaýlap ösýärdi, sowukdy şemal.
Bu wagt birdenkä tolkundy howa,
Lewitanyň sesi: – «Gepleýär Moskwa!»

Galňaýar gün-günden ýeňiş kitaby
Şu häzir açyljak ýene bir baby.
Çagyryş «zyň-zyňy» ýatan badyna
Buýruk boldy Watutiniň adyna.
Generalyň başlyk edýän goşuny
Dneprden geçip, alyp daşyny,
Ýyldyrym dek darap ganym duşmana,
Hüjüm edip, ýerden-gökden her ýana,
Boşadypdyr ýurduň gözel galasyn –
Gadymy Kiýewi – şäherler şasyn.

Kim çykarar ol günleri ýadyndan!
Ynha, paýtagtymyz Watan adyndan
Salýut berýär ýeňijiler şanyna.
Goňşy gelip goňşusynyň ýanyna
Gutlaýar guwançly, gysyp goluny,
Kartada yzarlap ýeňiş ýoluny.
Dabaraly günüň şowhunly sazy –
Gelýär Moskwadan, belent owazy.
Süýşdükçe günbatar merdana Goşun,
Artdyrdy ýürekleň şatlygyn, joşun.

Şatlyk şerabyny beren dek saky,
Kän wagt gözlere gelmedi uky.
Ahyry ýassyga başyn goýanda,
Wekil Akmyrada ýüzlenip şonda
Diýdi: «Ýygnakdan soň ertir, eger-de
Wajyp işiň bar bolmasa, bu ýerde,
Ýor, oba gideli». «– Onda näme bar?»
«– Çagyrdylar, ertir onda toý bolýar».

«– Örän ýagşy aýtdyň, gideli hökman,
Türkmen toýun görmändim men kän zaman».

Şol günüň ertesi gün günortanlar
Ýola düşdi häzir uklap ýatanlar.
Ynha, tozan turzup darajyk ýoldan,
«Emka» uçup barýar, sagyndan-soldan.
Sowa geçip, ýolagçylar ýol berýär,
Akmyrat Aşyrow şol oba barýar.
Yzda alatozan galýar asmana,
Maşyn aýnasyndan ýolda her ýana
Garadylar, gördi geň zat gözleri,
Ne ajaýyp Türkmenistan düzleri.

Bu wagtlar Russiýanyň meýdany
Dagy, düzi, jeňňelleri – her ýany
Boýdan-başa geýinendir ak dony,
Belkä, buz bürändir tolkunly Dony.
Gün şöhlesin saçýar, emma bu ýerde
Şindi gar ýok dagda,
düzde, baýyrda.
Göýäki tüý dökýän mal dek agaçlar,
Gyşyň häkimligne egipdir başlar.
Käte gara bulut her ýan sürünýär,
Gyş nyşany – gara zaglar görünýär.

Maşyn aýak çekmän gidýärdi öňe,
Indi tanyş ýerler göründi diňe.
Hellewleşýär ýap boýunda agaçlar,
Bilýänsiň, okyjym, ol ýerde ýaşlar

Gol salypdy bir-biriniň egnine,
Ýetdi maşyn şol güzeriň deňine.
Gözi düşüp toýçulara – märekä,
Gahrymanym oýa gitdi birdenkä.
Durdy maşyn, çykdy egip başyny,
Garşylanlar aldy onuň daşyny.

Köplük bilen öýe tarap ugranda,
Göz astyndan töweregne garanda,
Ildi birden Ogulnabat gözüne,
Bar pikirini çekdi munuň özüne.
Perwaýsyz garady bu gün oňa gyz,
Göýä ýüreginde goýmandyr hiç yz.
Göwün ummanyndan aýdylan sözler,
Gaýta gyýa-gyýa sereden gözler,
«Sen nireden peýda bolduň bu ýerde?»
Diýen dek bir many döretdi serde,

Myhmanlar oturan tama girende,
Baryna ýüz tutup salam berende,
Diýdiler: «Tanyşyň, gahryman bilen,
Öýlänýän şu ýigit frontdan gelen».
«Örän ýagşy» – diýip, gutlady toýy,
Emma, dostlar, gahrymanyň ýagdaýy
Agyr boldy, doňdy umyt damary.
Ogryn-ogryn salyp oňa nazary,
Diýdi öz-özüne gamly görnüşde:
«Ol ýeňiji, men ýeňildim bu işde».

Gyzykly geçýändir türkmeniň toýy,
Halydan, palasdan bezärler öýi.
Gazan atarylar, goýun soýular,
Dürli oýun başlar, baýrak goýular.
Toý lybasyn geýer garrylar, ýaşlar,
Hemmeler şadyýan, belentdir başlar,
Emma Akmyradyň şu gün ýagdaýyn
Gizlemäýin, dogrusyny aýdaýyn.
Doly görkezmäge ýok meniň güýjüm,
Göz öňüne özüň getir, okyjym.

XXI

Kim galdy datmaýyn ajal hilesin...
Magtymguly.

«Her kim göwün söýenini almasa...»,[1]
Her maşgala söýgi saýa salmasa,
Gider durmuş öz akymnyň tersine.
Ara girip är-aýalyň hersine
Şeýtan sapak berip, hökmün ýöreder,
Günde dawa, günde uruş döreder.
Aýal äre, är käýinip aýala,
Ynam etmez, gider başga hyýala.
Goç kelleler bir gazanda gaýnamaz,
Är-aýalyň hiç haýsy hem ýaýnamaz.

Bilmersiň daşyndan haýsy mekirdir,
Aýal äre, är aýala müňkürdir.

[1] Magtymguludan.

Bir-biriniň syryn açar her ýerde,
Kowum-gardaş galar bir ýaman derde,
Il içinde utançlydyr – müýnürgär,
Goňşy-golam bütin oba geňirgär.
Bu ýamandyr, dostlar, ynha, her zatdan –
Gelen-giden bolmaz ýakyndan-ýatdan.
Beýle güne duş bolmasyn bir ynsan,
Eger bolsa galmaz onda hiç bir san.

Iýeni-içeni siňmez inine,
Azaryn ýetirer ili-gününe.
Hasrat bilen geçer aýy hem güni,
Bagt gülüp bakmaz, köşetmez ony.
Ýer tutmaz janygyp aýdan bir sözi,
Dost-ýarlar öňünde gyzardar ýüzi.
Çaga mähri baglar ony duzaga,
Saç agaryp, ömri gitmez uzaga.
Ýaman ärden zenan ýüzi soluksa,
«Ýigit garryr aýal ýaman ýoluksa».

Bark urar üstünde bagtlylyk nury,
Kyn işler düzeler, tapylar ugry,
Uçuranda öz söýenne adamzat,
Gaýgy-gamsyz bütin ömri geçer şat.
Maslahatsyz başlamazlar bir işi,
Är-aýalyň bolmaz kine-käýişi.
Bir jan, bir ten – aýry gitmez iýeni,
Kanundyr bir-birne herne diýeni.
Bagtly bor olaryň önse perzendi,
Gitmez gulagyndan ata-ene pendi.

Daýy-ýegen, kowum-gardaş, hossary,
Goňşy-golam, deňi-duşy, dost-ýary
Guwanar daşyndan gözel durmuşa.
Kimler töwerekden edip tomaşa,
Diýer gözi gidip beýle maşgala:
«Nesip etmezmikä, heý, biziň ýala?»
Güler ýüz, şirin söz gelen myhmana,
Dabarasy gider onuň her ýana.
Ynangyn, okyjym, hakdyr bu sözüm,
Ýagşyny, ýamany köp gördi gözüm.

Zamanamyň iki sany ynsany
Zähmetiň, söweşiň çyn gahrymany
Ogulnabat bilen batyr Begenjim –
Döwürdeşim, deňim-duşum, guwanjym
Hasyl edip ak ýüregiň niýetin,
Sürdüler ýaşlygyň aýşy-eşretin.
Bir-biriniň göwnün tapyp hemişe,
Teýe söz, ynjyklyk girmedi düýşe.
Adamzat ýazyny gutlaýan ýaly,
Ösdi üstlerine bagt şemaly.

Ýetermi, ýetmezmi – bu ykbal işi,
Hemme arzuw eder beýle durmuşy,
Çünki her ynsanyň hususy bagty
Geçende, geljekde – döwrüň her wagty
Baglydyr, dostlarym, unutmaň muny,
(Belki, çete çykýan, bagyşlaň meni)
Agzybir, durnukly gözel maşgala.
Agzalalyk dälmi iň ýaman bela?!

Atalarmyz – «Agzy bire taňry biýr» –
Diýipdirler – «Agzalany gaňrybiýr».

Emma ösdi birden hazanyň ýeli,
Şum garap, al bakyp bulady eli.
Ynha, peýda bolup wadasyz ölüm,
Ýazamda bu setri titreýär elim,
Aýdyň, kim içmändir ölüm şerbedin?!
Baky aýralygyň ajy hasratyn
Çekendir, dostlarym, biliň her ynsan,
Bize baky berilmändir şirin jan.
Emma köp ölümden ölümiň parhy,
Özüne görädir her zadyň nyrhy.

Ýazda ýaprak düşüp, güýzde gül össe,
Bilbil uçup, garga bagda ýer etse,
Guba gazlar ser çemenden aýrylsa,
Guş ganaty al asmanda gyrylsa,
Balyk deňizlerden, jeren düzlerden
Aýra düşüp, ýaşlar aksa gözlerden,
Bossanda gök ternäň düşse sapagy,
Ýaşlygyň biwagt ýaşsa şapagy,
Bu işler geň bolar, däldir kanuny,
Ynsan hiç, haýwan-da götermez muny!

Bu gamgyn hekaýa, goý, bolsun aýan,
Men size gysgajyk edeýin beýan:
Göwün arzuwlary bolansoň berjaý,
Bir-biriniň yzy bilen gün-u-aý

Gezek bilen gelip geçdi duýdansyz,
Ýaşady ýaşlarmyz gaýgysyz-gamsyz.
Soňabaka Ogulnabat kem-kemden
Haraý tapmaz hassa ýaly hiç emden,
Süňňi agrap, bitap duýdy özüni,
Käte-käte ümez tutdy gözüni.

Peýda boldy gara tegmil gül ýüzde,
(Aýdylmaz hiç kime, adatdyr bizde).
Işdäsi almady ýagly höregi,
Şor-turşyny arzuw edip ýüregi.
Ýetse-de kämahal ýassyga ýany,
Şatlandyrdy ony şatlyk nyşany.
Hoş umytly gürrüň edip her günde,
Guwandyrýar dünýä injek perzende.
Ata-ene boljaklaryň göwni şat,
Dakmak üçin saýladylar dürli at.

Ençe wagt geçdi soňra aradan,
Indi habar alyň köne ýaradan.
Uzak wagt horlapdy ol Begenji,
Ýadyna salanda artardy ünji.
Gozgalyp şol ýara ýaňydan bäri,
Duýdy ýüreginde ýiti azary.
Aram-aram gyzgyn artyp teninde,
Ýassyga ýanyny berdi her günde.
Degmedi peýdasy edilen emiň,
Kynaldy kem-kemden gelmesi demiň.

Galdyryp obada Ogulnabadyn,
Geýdi ýene keselhana haladyn.
Arkan düşüp krowatyň üstünde
Ýatyr, ynha, gaýgy-gamyň astynda.
Birwagtky baş lukmanyň sözleri
Ýada düşüp boz-ýaz bolýar ýüzleri.
Däri-derman berilse-de her gije,
Barha beterleşdi, ýokdy netije.
Iriň akdy agzy açylyp ýaranyň,
Kyndy aýlanmasy damarda ganyň.

Ogulnabat ýoldaş edip enesin,
Göterip zor bilen agyr göwresin,
Gelýärdi ýanyna günde-günaşa,
Käte gara gözler dolýardy ýaşa.
Yranýar ýene-de umyt agajy,
Diýerler aýralyk ölümden ajy.
Emma ölüm aýralygyň ýamany,
Baky aýralykda umydyň hany?
Häzir terezide ýigdiň kysmaty,
Ölüm-diriligiň goşuldy aty.

Aradan bir hepde geçip-geçmänkä,
Wagty ýetip tarpa-taýyn birdenkä,
Alada üstüni aldy alada,
Gözel gyz-da girdi, ynha, halada.
Iki guda iki ýana selpedi,
Ýüzlerini hesret ýeli ýelpedi.
Iç kesilip, eňki gitdi oglanyň –
Bärsinden aňyrsy ýakynda onuň.

Her habar tutanda gaýny, enesi,
Umytsuz çykýardy olaryň sesi.

Tirkeşip ir bilen Ogulnabadyň
Barsalar ýanyna, ilki zürýadyň
Dünýä inenini habar etdiler,
Şatlyk bilen Begenç sary gitdiler.
Ýakasyndan mäkäm tutup bu mahal,
Gahryman ýigidi birehim ajal,
Iki ýana ýaýkaýardy dem bermän.
Gitmen diýip şert eden dek bir görmän
Öçügşen gözleri işige bakýar...
Ajal ýaňlandyryp, depregin kakýar.

Ylgawyna inen ýaly ýapydan,
Iki guda girdi, ynha, gapydan.
«– Balam, halyň neneň? Ogluň bolupdyr!
...Waý! – dilden galypdyr, reňňi solupdyr...»
Kuwwat tapyp gelenlere garady,
Dodagyn titredip, başyn yrady.
Soňky gezek düwmelendi gözýaşy,
Ýazyldy gabagy, düýrüldi gaşy.
Agy artyp ýiti göreç gapyşdy,
Kirpikler bir-birne baky ýapyşdy.

XXII

Söýgülimden ýadygär
Galypdy bir çagajyk.
Şondan teselli tapýar
Bozuk göwnüm azajyk.
B. Kerbabaýew.

Hormatly okyjym, gulak goý maňa,
Gutardym dessanym, ýüz tutýan saňa.
Işçimi sen, daýhanmy sen, mugallym,
Gullukçymy, agronommy, ýa alym?
Kim-de bolsaň tapawudy ýok onuň,
Sen diňe okyjy öňümde meniň.
Üç sany ýaş ynsan – baş gahrymanym,
Olara bagş etdim men bu dessanym.
Höwes bilen okadyňmy, ýadany –
Başlaňda irkilip zyňdyňmy ony?

Takat edip okan bolsaň eger-de,
Seniň bilen gürrüňim bar bu ýerde.
Tanyş saňa köne türkmen dessany,
Baryn görkezerden kän onuň sany.
Mysal üçin, ýatladaýyn men, ynha:
«Hüýrlukga–Hemra», «Ýusup–Züleýha»
«Leýli–Mejhun», «Zöhre–Tahyr», «Gül–Bilbil»,
«Şasenem» diýp gezdi Garyp uly il.
Yşky dessan gyzykly bor her zatdan,
Sen olaň baryny bilýänsiň ýatdan.

Emelsiz ýazylan garyp dil bilen,
Tertipsiz tikilen ýa dar biçilen,
Gowşak dessanymy okap birdenkä,
Maňa şeýle sowal biýrsiň sen, belkä:
Tahyr sandyk içre akdy derýada,
Hemra döwe münüp, uçdy howada.
«Ýar» diýip ýurdundan geçdi
Saýat han,
Söweş etdi, akdy ýere gyzyl gan.
Mejnun «Leýli» diýip çöllerde gezdi,
Bilbil «Gülüm» diýip derýada ýüzdi.

Näm üçindir seniň Ogulnabadyň,
Mejnun lybasynda ol Akmyradyň
Atlaryn «gahryman» diýip tutsaň-da,
Boýdan-başa şunça taryp etseň-de,
Meňzemeýär Garyba-da,
Bilbile.
Söweş edip aždar bilen pil bile,
Üstün çykyp gazanmady şöhraty,
Sürmedi howada gudratly aty?
Tagt üstünde galmadylar asmana,
Döwe münüp uçmadylar hiç ýana.

Näm üçindir, bir-birini daşyndan
Görüp olar gitmediler huşundan.
Uly kynçylyklar düşende başa,
Döw saçyny otlap uzaga-daşa,
Hiç haýsy olaryň habar bermedi,

Ýa düýşünde Erem bagyn görmedi.
Müňlere taý gelse bir ýeke özi,
Daglary, daşlary eretse sözi,
Ynha, şonda bolar ol çyn gahryman,
Munsuz, heý, gyzykly bolarmy dessan?!

Bu sowala gysga meniň jogabym,
Tassyk eder jogabymy her babym.
Men-de ýaşlygymdan ol
dessanlaryň,
Olary döreden beýik ynsanlaryň
Her sözüne teşne bolan ýesiri,
Uzyn taryh bezegidir her biri.
Özüm goýup bilmen olaň deňinde,
Baş egýärin hemmesiniň öňünde.
Olar meniň hemişelik ussadym,
Itagatly şägirt bolmak myradym.

Emma könä meňzeş däldir bu dessan,
Görkezdim men saňa täze gahryman.
Gijeler düýşünde görüp söýüşýän –
Turanda söýginiň yşkyna düşýän
Däldir olar şa gyzy ýa şazada,
Ýa-da gökde uçýan bir perizada.
Sen olary gözläp yzlama yzy,
Olar şu zamanyň oglany, gyzy.
Görersiň hemişe bakaňda her ýan,
Olar seniň özüň ýaly bir ynsan.

Dogry dälmi, döwe münüp asmana
Galkyp sen-de uçan dälsiň hiç ýana?
Ýa-da «hüw-hak!» diýip dagdan-daglara,
Beýewan çöllere, bagdan-baglara
Giden dälsiň iliň-günüň terk edip,
Yşk şerabyn öz janyňa merk edip.
Eger şeýle bolsa, aýt, näm üçin
Görenimden ýüz öwürip büs-bütin,
Hyýal dünýäsine özüm ataýyn
Hakykata niçiksi göz gataýyn?

Ynha, Ogulnabat gaşymda otyr,
Görseň ony edersiň sen howatyr.
Birwagtky balkyldaşýan gözleri,
Aý bilen bäsleşýän güler ýüzleri,
Dyzdan geçýän örüm-örüm saçlary,
Ajaýyp çekilen galam-gaşlary,
Häzir bezemeýär gyzyň görküni.
Aýralyk, gaýgy-gam alyp erkini,
Gysypdyr gujagna bermän demini,
Tapan barmy beýle derdiň emini?!

Gözi ýaşly, ýellenipdir gabaklar,
Ýygyrt atyp, myssarypdyr ýaňaklar.
Ýuwulmandyr, daralmandyr wagtynda
Çyrmaşan sapak dek saçy syrtynda.
Ah çekip dem alýar otursa, tursa,
Karary ýetenok her ýere barsa.

Ýaňy hassalykdan gutulan ýaly,
Ýerinden galmaga ýokdy mejaly.
Häzir tanamarsyň görseň daşyndan
Üýtgär ynsan kynlyk geçse başyndan.

Ýaryndan ýadygär galan perzendi
Güýmenjesi gyzyň hem jiger bendi
Ýatyr, ynha, surat ýaly öňünde
Siňe-siňe syn edende her günde
Käte için çekip, käte köşeşip,
Kä saklanyp bilmän ýüregi çişip,
Çaganyň ýüzüne gözüniň ýaşy
Dökülýär üstüne eglende başy.
Hemişe Begenji salýar ýadyna,
Öwez goýupdyrlar onuň adyna.

Biperwaý garamaz hiç zada ynsan,
Öz ýanyndan baha berer her zaman.
Ýagşylar gözüne yssy görüner,
Ýamany daşyndan hemme ýigrener.
Ýüregim gyýylýar gyzyň halyna,
Hazan ýeli degen gül jemalyna.
Giderdi elinden söwer ýaryny,
Uzak wagt çeker onuň zaryny.
Söýýärin, okyjym, söýýärin ony
Söýşi dek Puşkiniň gözel Tanýany.

Çydamlydyr gaýgy-gama adamzat,
Wagty geler, geçer başdan her bir zat.
Bu gün gam içinde gözel gyzymyz.
Emma welin ýada salsak yzymyz,

Göz öňüne geler şadyýanlygy
Şähdi açyk, ruhy belent gylygy.
Ýene ol häsiýet dolanar oňa,
Geçer garaňkylyk, ýol berer daňa.
Hemişelik solmaz onuň gül ýüzi,
Ýaş akyp, mynçgalyp, gyzarmaz gözi.

Häzir, şu ýagdaýda, men onuň bilen
(Hormatly okyjym, hem seniň bilen)
Hoşlaşýaryn. Ýadyňdamy Akmyrat?
Galypdy, bolmandy yhlasa myrat.
Olar bilen duşuşarys ýene-de
Şatlykly günlerde, şanly senede.
Geljek gülüp bakýar bulap goluny,
Taparlar täzeden durmuş ýoluny.
Gamly gözel ýene güler, şatlanar,
Bagt atyna ýene ykjam atlanar.

IKINJI KITAP

I

Gyş paslynyň sowuk, doňak howasnyň
Üstün örtüp, hoş owazly ýaz gelýär.
Gök ot bilen bezäp meýdan-çilleri,
Guşlar saýrap, gulagyňa saz gelýär.
G. Burunow.

Gyş geçip, gelende bahar howasy,
Üýtgeder keşbini türkmen sährasy.
Ak lybasdan çykar gojaman daglar,
Şaglap jülgesinden akar bulaglar.
Gök mahmal bürener depeler-düzler,
Tarypyn diýmäge ejizdir sözler.
Geler gulagyňa guşlaryň sesi,
Baglarda bark urýan gülleriň ysy,
Ýaýrap, her ynsanda şatlyk döreder,
Ýaz görnüşi ýüreginde ýer eder.

Ýazda möhlet azdyr bitmeli işe,
Daýhanlar bil guşap çykar ekişe.
Ylmyň güýji bilen işçiň zähmeti
Türkmen obasyna berdi rehneti –

Sygmaz setirime maşynyň sany,
Gyzyl dörjük edip giden meýdany
Biri ýabyn gazyp, kartasyn çekýär,
Biri ýerin düzläp, birisi ekýär.
Bol hasyldan üpjün eder ilini,
Miçurin şägirdi çermäp elini.
Daýhanlaryň guwanjydyr hemişe,
Iki gulak bolup çykar güneşe.
«Ak altyn» diýerler, görseň her ýanyň,
Ýatyr göwsün bezäp giden meýdanyň.
Aladasyn edip ýylyň başyndan,
Daýhanlar aýrylmaz onuň daşyndan,
Göýä ekleýän dek lälik çagany,
Ideder, ösdürer birkemsiz ony.
Öwşün atyp şatlandyrar daýhany
Arpa bilen «uly iliň soltany».

Deňeşdirmek bolmaz ýyl bilen ýyly:
Käte gurakçylyk gyssaýar ili.
Gyşdan ýetmez bolsa ýeriň yzgary,
Gaýmalap ýagmasa kyrk çille gary,
Diýerler: baharyň mazasy bolmaz,
«Gyşy gyşlamasa, ýazy ýazlamaz».
Ygally bolanda ýylyň gelişi,
Şatlyk bilen garşy alar her kişi,
Meýdanyň gök oty ýeter dyzyňa,
Günde ýagmyr ýagar yzly-yzyna.

Uzaklardan görner dury asmanda
Galkyp gara bulut, ynha, bir ýanda.
Barha öňe süýşer, atyp labyryn,

Depe-baýyrlaryň basar-da baryn,
Häkimligi eder daga hem düze,
Gün göýä perenji tutan dek ýüze,
Garar ýeň astyndan, çykarmaz sesin,
Öçügsi ýaýradar nurly şöhlesin.
Dynman «garry mama sanajyn kakar»,
Gökde bulut oýnap, ýyldyrym çakar.

Kem-kemden depäňe geler garalyp,
Ähtiýaç edersiň haýranda galyp,
Birden göjek ýaly, mańlaýňa urar,
Gumak ýerde çala tozanjyk turar.
Soňra bedreden dynman guýlan dek,
Bulutlar suw bolup aşak inen dek,
Gökden şapyr-şapyr eňer ses edip,
Ençe eňňitlerde ýaplar döredip.
Derrew suw-sil eder görseň her ýany,
Her damjasy teşne ýeriň dermany.

Üstüň alyp durmaz, gelşi dek geçer,
Ýene öňki ýaly Gün nurun seçer.
Guşlar gaýmalaşyp sowulan bada,
Giňden ganat gerip, tämiz howada
Oýnar agyp-dönüp olar iki ýan,
Heň eder özüçe hersi şadyýan.
Ynha, älemgoşar parlar asmanda,
Bahar wagty biziň Türkmenistanda.
Şunuň ýaly waka köp üns biýrler,
Muňa biz tarapda «öýlänçi» diýrler.

Hormatly myhman dek geler «öýlänçi»,
Älemi bir görke salar «öýlänçi».
Öser yzy bilen salkyn şemaly,
Gatyklap baş ýuwan bir gözel ýaly
Agaçlar daranar rahat dem alyp,
Başyn belent tutup, asmana galyp.
Ýel degip şahalar dynman galdyrar,
Apbasy ýapraklar Güne ýaldyrar.
Gökde bölek-bölek akja bulutlar,
Ýerde öwşün atar her dürli otlar.

Dagyň eteginde kese uzanyp,
Köne baýyr ýaz görküne bezenip
Ýatyr paýtagtymyň tutup öňüni.
Ýazyň şular ýaly ajap bir güni
Onuň depesinde, seleň ýerinde
Kän pikirler jemleşdirip serinde,
Ynha, bir gözel gyz, töwerek-daşyn
Dolduryp kitapdan, galdyrman başyn,
Otyr ýeke özi öýlän çagynda
Gözel tebigatyň şat gujagynda.

Kä okap, kä ýazyp, oýlanyp uzak,
Golun mańlaýyna goýup her gezek,
Dünýäden bihabar dümtünip özi,
Dürli kitaplara dikilip gözi
Otyr bir bolşunda, garaman daşyn,
Aşyryp egninden şar gara saçyn
Atypdyr, gök otuň üstünde ýary.
Bilmedim, bu ýerde haçandan bäri

Beýle möhüm işe meşgul bolupdyr.
Kim ol? Bu ýerlere nirden gelipdir?

Bu sowala soň bereliň jogaby.
Gyzyň gyzyklanan okuw esbaby
Goý, siziň ünsüňiz çeksin özüne.
Uly dykgat berip, her bir sözüne,
Nähili kitaplar onuň okýany?
Bary bir ugurdan, emma kän sany.
Alypdyr eline uly eseri,
Görseň bellenipdir onuň köp ýeri,
Çekinmän kynlykdan, gelip oňa döz,
Okaýar, düşünýär baryn sözme-söz.

Şanly Watanynyň – il guwanjynyň
Aňy-düşünjesi hem ynanjynyň
Şöhratly geçmişi, işi hakynda,
Halk üçin göreşi, güýji hakynda
Gyza gürrüň berýär ajap kitaplar
Her dürli bölümler, her dürli baplar.
Gök baýyr gerşinde, açyk howada
Goý, gyzymyz işin etsin asuda.
Häzirlikçe goýup ony munda biz,
Töwerege gezdireliň gözümiz.
Ynha, öňümizde gözel Aşgabat,
Seretdigiň saýy bolýar göwnüň şat.
Ýadyňyzda bolsa, öňki kitapda
Tarypyn edipdim onuň bir bapda.
Garşyňda paýtagtyň günbatar taýy
Görünýär gözüňe öräп enaýy:
Baýryň eteginde Pöwrize ýoly

Garşylykly geçýän maşyndan doly.
Gatbat-gatbar jaýlar ýoluň ýeňsesi,
Uzakdan eşdilýär otlynyň sesi.

Hanha, çep tarapda Köşi obasy,
Bitişipdir şäher bilen arasy.
Onuň öňki keşbi gelýär gözüme,
Şaýat bor deň-duşum aýdan sözüme:
Biziň ýaş wagtymyz, ynha, bu ýerler
Boş ýatan meýdandy, ownuk sürüler
Gezerdi ýaýraşyp, çöpläp tapanyn.
Görüpdim yzynda garyp çopanyn.
Tam-tagysdan, bagdan ýokdy nyşana,
Ýel tursa galardy tozan asmana.

Biziň günlermizde, häzir görnüşi
Ýadyňa salanda geçen durmuşy,
Şatlyk duýgularyn oýarýar sende,
Uly täzelikler döräp her günde,
Sowetler ýalkymyn baky saçypdyr,
Köneki bolşundan oba göçüpdir.
Uzadyp dik asman belent turbasyn,
Goşýar bulutlara goýry tüssesin
Dürli kärhanalar, fabrik-zawodlar,
Bezäpdir boz ýeri köp ymaratlar.

Ylymyň ojagy bu gün bu taýy –
Dürli hünär berýän köp okuw jaýy.
Halkyna hyzmatçy dürli alymlar,
Hökümet işgäri hem mugallymlar,
Himik, matematik hem botanikler,

Ökde agronomlar, lukman, tehnikler
Uly alymlarynyň güýçli golunda,
Biziň döwrümiziň dürli ýylynda
Ýetişdi şu ýerde yzly-yzyndan
Halkymyň ukyply ogul-gyzyndan.

Şu duran ýermizden insek aşaga,
Biz dogry barýarys bir uly baga.
Endigan salynan ululy-kiçi,
Doludyr jaýlardan bu bagyň içi.
Budur biziň WUZ-larmyzyň könesi,
Baýdyr okalgasy – kitaphanasy.
Dürli kabineti, leksion zaly
Hemişe şowhunly ýaşlardan doly.
AGPI[1] diýen gysga ady bar.
Il içinde onuň şan-şöhraty bar.

Ynha, ol gyzymyz ýerinden turup,
Garady her ýana bir ýerde durup.
Soňra gezim etdi onda az salym.
Çemenlik üstünden ösýän mylaýym
Ýazyň ýakymlyja sowujak ýeli
Gyzyň gül dek ýüzün ýelpedi näzli.
Soňra kitaplaryn alyp goluna,
Pessaý aşak inip düşdi ýoluna.
Açdy-da kem-kemden arany bizden,
Ýaňky bag içinde ýitdi ol gözden.

[1] АГПИ – Ашхабадский Государственный Педагогический Институт.

Şu okuw jaýynda kim okan bolsa,
Ol geçen günlerin ýadyna salsa,
Gök baýyr üstünde ýaňky gyz ýaly
Ýylyň gözel wagty – bahar mahaly
Tomsuň gyzgalaňly günlerin ýatlap,
Onuň öz wagtynda öňün gabatlap,
Kä ýoldaşy bilen, kä ýeke özi
Dürli kitaplara gönelip gözi,
Birjik üns bermän başga hiç zada,
Uzak oturandyr seleň howada.

Artar ýuwaş-ýuwaş Günüň gyzgyny,
Ter gunça otlaryň gaçar ysgyny.
Bulutlar garalmaz, sil suwy akmaz,
Gökde garry mama sanajyn kakmaz.
Goýrulanyp başlar bagyň kölgesi,
Duýarsyň, az geler guşlaryň sesi.
Görnüşin üýtgeder kem-kem her ýanyň.
Ozal ýaşyl donly baýryň-depäniň
Uzakdan syn etseň ýylyň bu çagy
Ykjaşar şemala sary gulpagy.

Erkine münende tomus howasy,
Belent agaçlaryň salkyn saýasy
Her kimi mähriban özüne dartar,
Gün geçdigi saýy gel-gidi artar.
Bolar ol işliniň söýdük mekany.
Hiç ýada salmazdan keýpi-sapany,
Her kim öňbaraga salýan dek atyn,
Duýýandyr özünde wagt hajatyn.
Minuty, sagady bolar hasapda,
Emma bu barada indiki bapda.

II

Tomus depesi gaýnamadygyň gyş gazany gaýnamaz.

Nakyl.

Güýzüň ahyrynda, gyşyň başynda
Aýlanar daýhanlar ýeriň daşynda.
Agdarar, dönderer, dökünin döker,
Ýazynda keýp edip, ekinin eker.
Çekilmez aýagy ekin başyndan,
Şatlanar, guwanar, synlap daşyndan.
Zähmet joşgunynda geçirip ýyly,
Ýetişdiren wagty kemsiz hasyly,
Başlanar obanyň «haý-haýly» güni,
Gijesi-gündizi ýatyrmaz ony.

Gyzyň gözden ýiten şol gözel bagy
Joşgunly dem alýar ýylyň bu çagy.
Daýhanyň «haý-haýy» düşýär ýadyňa,
Mundaky ýagdaýy gören badyňa.
Barha selçeňleşer sany leksiýanyň,
Artar aladasy indi dekanyň.
Tagtanyň ýüzünde täze mazmunda
Dürli bildirişler görüner munda.
Gaý öňünde bolýan ümsümlik ýaly
Şowhun ýaňlandyrmaz leksion zaly.

Galdawly hereket studentlerde,
Kärine degişli kabinetlerde
Ýylyň dowamynda geçilen dersi
Gaýtalap tejribe geçirýär hersi.

Dolar okalgalar, bolmaz boş ýeri,
Her kim talap eder dürli eseri.
Ertirden agşama kitaphanasy
Işlär, adamlydyr mydam gapysy,
Depderi, kitaby – ýakyn ýoldaşy,
Ýetikdir her kimiň özüne işi.

Ynha, bir kabinet, gireňde oňa
Haýwanat dünýäsi görünýär saňa.
Egninde halady, ak gar dek başy,
Garry professor alyp bir guşy,
Ýatladýar täzeden geçen kursuny,
Sorag berenleriň çekip ünsüni.
Dürli ösümlikler başga birinde
Edil görnüşi dek biten ýerinde,
Yssy Gündogarmy, sowuk Günbatar
Goýulan bu ýerde hatarma-hatar.

Täze bir kabinet, ol örän uly,
Içersi stoldan, şkafdan doly.
Saklanýar olarda hlor-u-metan,
Gazlar hem maddalar seretseň her ýan.
Adamzat ylym üçin goýupdyr güýçler,
Örän çylşyrymly ondaky işler.
Sintez-analiziň tapyp ugruny,
Açýarlar tebigat gizlin syryny.
Şeýle kabinetler durmuşy bilen,
Her kim meşgul munda öz işi bilen.

Ynha, boş korpusyň ýagty bir jaýy,
Örän gyzgalaňly bu gün bu taýy.

Dil, edebiýat bilen meşgul bolanlar
Gollary kitaply gyzlar, oglanlar
Üýşüp alypdyrlar jaýyň öňüni,
Bu gün bu bölümde hasabat güni.
Wagt ýüz urupdy tomusa sary,
Ýaşlar arasynda köp günden bäri
Dilden düşmeýärdi «ekzamen» sözi,
Käte ýada salsa üýtgärdi ýüzi.

Bilmeýän, okyjym, näçe ýaşynda,
Belki, gyraw bardyr eýýäm başynda,
Ýa-da sen ýaňyja dolduryp onuň
Gezýänsiň yşkynda her dürli oýnuň.
Ulumy-kiçimi – parhy ýok ýaşyň,
Sorasaň göz aýlap töwerek-daşyň,
Habar bir säginmän beletdir özi,
Tanyşdyr her kime «ekzamen» sözi.
Her kim onuň bilen iş salyşandyr,
Wagtynda erjelli köp çalyşandyr.

Her haýsy ünsüňi çekip özüne,
Geler hatarlanyp yzly-yzyna.
Taýýarlyk görersiň gijeler ýatman,
Baga, kino, tansa – hiç ýaňa gitmän,
Bir ýanyň ýazgylaň, bir ýanyň kitap,
Möhüm soraglara gözlärsiň jogap.
Käte arkaýynsyň, bilýän dek baryn,
Käte unudan dek okanyň ýaryn,
Howsala düşersiň birden özü-özüň,
Ýene kitabyňdan aýyrman gözüň.

Her hili zatlary göwne getirip,
Ynjalyk tapmarsyň, oturyp, turup,
Gündizi bar ünsüň berseň işiňe,
Ýatyrmaz gijesi, girer düýşüňe:
Başyňy çişirmän uzak oýlanyp,
Durman nobatyňda ilden saýlanyp,
Batyrgaý girersiň, çekersiň bildiň.
Aňsady düşendir, eden umydyň
Çykar, bökjeklärsiň, misli bir çaga,
Bezenip, beslenip gidersiň baga.

Käte many çykmaz aýdan sözüňden,
Mugallym ýagdaýyň biler ýüzüňden.
Belliksiz zaçýotkaň alyp goluňa,
Ýene ýüz tutarsyň gelen ýoluňa...
Birden oýanarsyň, açsaň gözüňi,
Gabak çişip, der basandyr ýüzüňi,
Dikelip düşekde uzak durarsyň,
Öz gören düýşüňi özüň ýorarsyň.
Öňüňde göýä bir aldyrmaz gala,
Güýjüň kemter bolsa salar howsala.

Gürrüňin kän etdik, özün göreliň,
Ekzamen alynýan jaýa baralyň.
Çykanda işikden jogabyn beren,
Girdi jaý içine nobatda duran
Daýaw, garaýagyz, uzynak ýigit,
Ýüzi tiz üýtgedi alanda bilet.
Geçdi-de oturdy stol başynda,
Göwre galpyldaýar, gözi daşynda.

Dargady pikiri, söz ýok dilinde
Sandyrýar dilkawja kagyz elinde.

Derjikdi maňlaýy, uzak oturdy,
Oýlanyp öz-özün dere batyrdy:
Gelerdi obadan tanyş-bilişler,
Tapylardy oňa dürli ýumuşlar.
Beletsirän bolup uly şähere,
Gezdirýär geleni her gün her ýere.
Öňünden çykardy hem ugradardy,
Öýlerne her gezek sargyt ederdi,
Ynha, otyr indi gyzardyp ýüzün,
Tapanok soraga aýtjak sözün.

Wagtynda hiç zadyň etmän azaryn,
Tanyş-bilişleriň peteň-bizaryn
Çykarypdy, sorap kömek bermegin
Ekzamen alýany baryp görmegin.
«Öräп kän okadym, bilýärin weli,
Dilim baran wagtym tutulýan ýaly,
Hiç tapyp bilmeýän aýtjak sözüm,
Howsala düşýärin ýtirip özüm.
Şonuň üçin, daýy, haýyşym senden,
Baryp mugallymy görseň öňünden.

Meniň ýagdaýymy nazarda tutsa,
Ekzamen gününde garaşyk etse...»
Häzir mugallymyň garap ýüzüne,
Gowünlik berýärdi özi-özüne:
«Tabşyryk berendir, görendir daýym,
Hökman meniň bilen bolar mylaýym.

Gysganmaz bahasyn bolsa bir delil,
Boş çykman bu ýerden, görer ynha il,
Düýn salam beremde ýylgyryp bakdy,
Ýowarda görende egnime kakdy...»

Gözbaşy bolmasa bulak akmaýar,
Beýle arkaýynlyk uzak çekmeýär.
Ýene-de bilete düşende gözi,
Gijelige dönýär onuň gündizi.
«Tabşyrmadyk bolsa daýym eger-de,
Masgara bolaryn indi bu ýerde.
Gaty gatyrgandy soňky aýdamda,
Asyl ýüz bermedi çykyp gaýdamda...»
Esassyz umytlar ara açýardy,
Ine, şunuň bilen wagt geçýärdi.

Soraga jogaby berdi özgeler,
Ýaňlandy bu jaýda manyly sözler.
Indi gelip ýetdi munuň nobaty,
Näderin bilmedi, gyssandy gaty.
Wakanyň wagty ýok, eseriň ady,
Elinde boş kagyz, ýok ýazan zady.
Gözlerin mölerdip, sakynyp duryar,
Käte özi düşmän, çak bilen uryar.
Atsa-da her ýana dürli sapalak,
Netije bermedi bişmedik sapak.

Zaçýotka yzyna uzadylanda,
Naýynjar bir garaş döredi onda:
«– Syrkawlap kän ýatdym, ýoldaş mugallym,
Okuwa yhlasym özüňe mälim.

Halys haldan düşdüm, reňkime seret,
Soň hökman okaryn, häzir gaýrat et.
Käbir göwni ýuka sada mugallym
Belli jogap bermän, durup az salym,
Ýene zaçýotkany eline alar,
«Suw getiren, küýze döwen bir bolar».

Işine jür bolan käbir mugallym
Diýer: «Dileg bilen alynmaz ylym.
Köne nakyl – «Her kim ekenin orar»,
Mertler bolan işi özünden görer».
Çekmedik zähmeti başyndan ýylyň
Agyr güne galar gürrüňsiz, biliň.
Ine, şeýle bolýar ýalta, mekirler,
Haýyp olar hakda ýazlan setirler.
Kim ödäp bilmese berilen nany,
Çekelesin ony, goý, öz wyždany.

Nobata garaşyp duran köp zaman
Ahyr girdi jaýa biziň gahryman.
Üýşüp ýatan bildiň birin saýlanda,
Duran ýerde oňa gözün aýlanda,
Birden ýagtylanyp ünjüli ýüzi,
Ýatdy howsalasy, ynjaldy özi.
Irginsiz okapdy baryn bapma-bap,
Geçipdi elinden ençeme kitap.
Güýjüne ynançly bolsa-da başdan,
Emma bu görnüşe garanda daşdan,

O-da iller ýaly ähtiýaç etdi,
Kän gezek gapydan ogryn seretdi.

Ynha, çykýar biri gara der bolup,
Sorag ýagdyrýarlar daşyny alyp:
«– Ýeri, näme aldyň? Niçik soraýar?»
«– Dörtlük alan bolsaň, näme kemiň bar?»
«– Biletler nähili? Goşmaça niçik?»
«– Gaty gyssadymy, ruhuň nä öçük?»
«– Gorkunçly zat ýok, emma ol ýere
Ilkinji baraňda batýarsyň dere».

Her ýeriň degişli öz howasy bar,
Muň ýaly ýagdaýda ýürek tiz urýar.
Ýanyňda howsala turuzsa biri,
Saňa hökman ýetýär onuň täsiri.
Käte gahrymanym ilden saýlanyp,
Däliziň ugrunda ýeke aýlanyp,
Derňedi öz-özün birnäçe gezek,
Köp zatlar hakynda oýlanyp uzak.
Hatda açyşdyryp kitap, depderin,
Barlady täzeden gümürtik ýerin.

Çagyrlan wagtynda birden içerik
Gaty gozgalaňly bardy ol ýerik.
Ynha, otyr ol-da, bilet öňünde,
Ýürek gürsüldisi gutardy onda.
Soraga gözüni gezdirip her dem,
Her haýsy hakynda oýlandy az-kem.
Soňra kagyz, galam alyp eline,
Jogabyň planyn çekdi ol ine,
Çendan gözün aýlap ýazan hatyna,
Garaşdy kän wagt öz nobatyna.

Üstüne zat goşman aýdaýyn size,
Gezegi gelende, başlanda söze,
Birden mugallymda şatlyk döredi,
Jogap berýän gyza gizlin garady.
Taryhy ýagdaýyn, gelip çykyşyn,
Işçi hereketin öňe çekişin,
Dört babynyň baryn yzygiderli,
Söz saýlap manyly hem-de degerli,
Doly beýan etdi, goýmady kemin,
Şol zamanyň öňe süren aýdymyn.

Ynanç alamatyn görüp ýüzünde,
Uly guwançlylyk duýup özünde,
Gyza mugallymyň has göwni ýetdi,
Ikinjä geçmegi yşarat etdi.
Çykansoň munda-da tamasy onuň,
Bol hasyla guwanşy dek daýhanyň,
Gezmeläp iki ýan, çykarman sesin,
Synlady zähmetiň hak netijesin.
Gyzymyz üçünjä geçen mahaly
Mugallym zaçýotka uzatdy goly.

Okyjym, gürrüňsiz, edensiň güman,
Bu seniň tanyşyň – köne gahryman.
Ýadyňdadyr, belki, ol gyzyň ady,
Görkezdim men saňa Ogulnabady.
Çydamsyz ýagdaýda, ýatla, bir mahal
Ýaryn girdabyna salanda ajal,
Gaýgyly bir günde oňa duşupdyk,
Hem-de agyr derdin deň paýlaşypdyk.

Emma hasratly ol şol günden bäri,
Köp akdy mele suw çeňkläp kenary.

Häzir küti depder öňümde meniň,
Gyzyň gündeligi içinde onuň.
Doly beýan edýän dürli wakany,
Özüne çekiji ünsli okany,
Gysgajyk setirler, sada sözler bar,
Dessan dek ol depder elimde durýar.
Açyşdyryp onuň sahypasyny,
Durmuşyň hakyky hekaýasyny,
Depderiň içinden çykmazdan daşa,
Beýanyn edeýin men boýdan-başa.

III

Mert oldur, şat tutsa gamdan synasyn.
Magtymguly.

Okyjym, okamda küti depderi
Meni täsin goýdy onuň köp ýeri.
Dürli wagtlarda, dürli ýagdaýda
Tolkunly urupdyr ýürek bu taýda.
Men oňa ünsümi beren badyma,
Ygtyýarsyz düşdi birden ýadyma
Öz erkin akymly durmuş hakynda
Durmuşda duş gelýän her iş hakynda,
Filosof dostumyň aýdan sözleri,
Diňläň, tanyşdyrýan häzir sizleri:

Giňden akyl aýlap, pikir berseňiz,
Durmuş göýäki bir tolkunly deňiz.
Çaknyşar göterilip gomlar özara,
Çyrpynyp zarbasyn urar kenara.
Çarkandakly bolýar elmydam ýoly,
Dürli wakalardan, göreşden doly.
Baky parahatlyk bolmaýar onda,
Dürli täzelikler döräp her günde,
Bu gün başga hili düýnki göreniň,
Täze umyt berýär ertiriň seniň.

Umyt hem arzuwdyr durmuş kuwwaty,
Ynsan olar bilen gerýär ganaty.
Hiç kim çykarmasyn muny ýadyndan:
Her kim öňe garap umyt adyndan
Aýdyň maksat bilen ýapyşsa işe,
Oňa üstün çykar hökman hemişe.
Ýolunda duş gelýän dürli böwetler
Ýa pynhan pitneli gara niýetler
Sowurlar asmana güýçli zatbyndan
Barha möwç alýan onuň gurbundan.

Aýdylsyn gelende sözüň gerdişi,
Dostlar, töwekgellik her dürli işi
Ýetirer maksada, göwün jaýyna,
Batyrmaz durmuşyň läbik laýyna.
Eriksizlik, ejizlik bolsa häkimi,
Durmuş tolkunyna batyr her kimi.
Perwaýsyzlyk bolar onuň ýarany,
Umytlar, arzuwlar açar arany.
Ýaşaýyş manysy göreşde diňe,

Diňe göreş bilen gidilýär öňe.
Indi habar alyň oba gyzyndan,
Ençe agyr günler yzly-yzyndan
Geçirdi ýas tutup, kepetmän gözün,
Hiç dürsäp bilmedi birbada özün.
Başda çyrçyklydy, daýandy çaga,
Kem-kemden özi-de galdy aýaga,
Emma pikir etmän işi hakynda,
Barmady mekdebe barar çakynda.
Bildirýär daşyndan, ýokdy hyýaly
Işine ýapyşmak öňküsi ýaly.

Özünden seslenme bolmansoň uzak,
Mekdep direktory birnäçe gezek
Aram girenini çaklap janyna,
Sypaýylyk bilen geldi ýanyna.
Çagyran wagtynda mekdebe işe,
Şeýle jogap aldy ondan hemişe:
«Menden iş gutardy indi birbada,
Geçen wakalary getirip ýada,
Gaýgydan-hasratdan ýüregim doly,
Çekmeýär özüne mekdebiň ýoly».

Mälim özüňize onuň sebäbi,
Arza iberipdim, geler jogaby.
Indi boş galmasyn gideniň ýeri,
Oňarar birkemsiz bellense biri...»
Mälim edilende gyzyň karary.
Geldi yzyn kesmän mugallym bary,
Emma gaýtalandy ýokarky sözler,
Kämahal ýaş döküp gaýgyly gözler,

Olarda tukatlyk duýgy döretdi,
Gelenler geňlenip yzyna gitdi.

Örän az göründi içerde-daşda
Börük peýda boldy hasratly başda.
Elinde çagasy bar güýmenjesi,
Ýaşmagyň astyndan eşidildi sesi.
Ejizlik etdimi köne adatdan,
Kitaby, gazeti çykardy ýatdan.
Perwaýsyz garaýar häzir her zada,
Onuň öňki bolşun salanda ýada,
Gözüň görenine ynanman özüň,
Tapmaýaň ol hakda aýtjak sözüň.

Günleriň bir güni şeýle ýagdaýda
Bir özi güýmenip otyrka öýde,
Girdi salam berip gapydan biri,
Gözi düşen bada duýdy bir syry.
Gelen säginmezden habaryn berdi:
«Meni ýanyňyza Oraz iberdi,
Diýdi: – Gelip gitsin wagty bolanda,
Ýatlaýar her mahal işe gelende».
Uludan dem aldy eşdip bu sözi,
Jogap ýerne aşak sallandy ýüzi.

Duýdansyz çakylyk özgertdi ony,
Gaçyp ynjalygy, edil şol güni
Zordan köşeşdirp urýan ýüregin,
Taşlap bir ýan çete başdan börügin,
Köne ýaglygyny atyp başyna,
Çykdy gahrymanym tamyň daşyna.

Emma näme üçindir, ýaýdanyp duŕar,
Köşeşen ýüregi ýene-de uŕar.
Kem-kemden özüni aldy-da ele,
Ahyr ýola düşdi ýuwaşlyk bile.

Edara jaýyna ýakyn baranda,
Girmäge çekinip daşda duranda,
Gaharjaň, ýogyn ses çykdy içerden,
Şeýle anyk sözler eşdildi birden:
«– Hawa, hawa, oba, hawa, men, Oraz,
Galam! Salam! Keýpiň? Keýpim örän saz,
Geçirdik, geçirdik, protokol? Bolýar.
Başlykmy? Meýdanda, agşamna gelýär.
Ýetişer, ýetişer. Näme? Hä-ä! Perman!
Sag bol, salam aýt, hoş onda, hökman!..»

Bat bilen yzyna goýulan wagty
Trubka şakyrdap seslendi gaty.
Görnende içerden bir uly göwre,
Gyzymyz müýnli dek seretdi ýere.
Emma garşylanyp soňra mähriban,
Girdi içki jaýa biziň gahryman.
Üsti gök mahmally ýazuw stoly,
Oturdy ornunda biziň ýaşuly.
Gyzyň ýagdaýyny duýandyr, belki,
Mesaýy gürrüňden başlady ilki.

Oba durmuşyndan başda söz açyp,
Soňra ýuwaş-ýuwaş fronta geçip,
Gyzyň ünsün çekip kän gürrüň etdi,
Ahyry kem-kemden özüne ýetdi:

«Mälim hemmämize, keýgim, ýagdaýyň,
Geçsek-de içinden her dürli gaýyň,
Görmändik bu hili apy-tupany.
Duşman howp astyna salyp her ýany,
Dökdi döküp bilen ajy zäherin,
Uly basga goýup dünýäň köp ýerin.

Bizden örän uzak söweş meýdany,
Göz bilen göremzok dökülýän gany,
Omzap ganym duşman ileri süýşdi,
Dünýäniň köp ýeri eline düşdi.
Diýjek bolýan zadym saňa bu hakda –
Duşmanyň dabany düşen toprakda
Çydamsyz agyrdyr ilatyň güni,
Giňden pikir berip, düşün sen muny.
Bize eşidilmedi toplaryň sesi,
Bozmady howany däriniň ysy.

Ýagdaý bütin başga, emme ol taýda
Gyşyň aňzagynda hem dürli gaýda
Meň ýaly garrylar, seň ýaly ýaşlar
Tokaýda, jeňňelde dik tutup başlar,
Duýdansyz çozuşlar edip her ýandan,
Gan ornuna gan alýarlar duşmandan.
Hiç hili kanuna, hiç bir adata
Sygmajak azaplar rahat ilata
Okýansyň, eşidýänsiň, bilýänsiň ýagşy,
Haýasyzlyk bilen berdi ol wagşy.

Halkymyz döş gerip duşman öňünde
Jemläp güýç-kuwwatyn gazaply günde,

Berk tutup hemişe golda ýaragyn,
Gorady özüniň eziz topragyn.
Mysalyn aýdaýyn bir gahrymanyň
Ganly penjesinde ganym duşmanyň
Hiç ruhdan düşmedi ýaş rus gyzy,
Ejizlik etmedi, epmedi dyzy.
Azaplar astynda aksa-da gany,
Pugta ýadyňa sal, keýgim, Tanýany!

Şeýle ýagdaýdaka Watanyň-iliň
Niçik bor sowatsaň işiňden eliň?
Mertlik, gahrymanlyk hem sarsmaz ýürek
Ýeke söweşde däl, işde-de gerek.
Gönüňe zat alma, dogrusyn diýsem,
Eger şu bolşuňy göräýse, eýsem,
Razy bolarmydy Begenjiň senden?
Hiç kim ýarymtyk söz eşitmez menden.
Diýýärin baryny ata hökmünde
Hatardan çykmagyň bolmaz bu gün...»

Sada dowam eden garrynyň sözi
Uly gozgalaňa saldy bu gyzy.
Ilki perwaýsyz dek başyn galdyrman,
Oturdy özünde hiç zat bildirmän.
Dyrmady barmaklar galyň matany,
Gitdikçe her sözden çykaryp many,
Kem-kem rahatlygyn berdi elinden,
Emma söz gaçyrman birjik dilinden,
Içinden her hili oýlara gitdi,
Göwre ygtyýarsyz hereket etdi.

Döretdi görnüşi mende-de ünji.
Belki, ol şu häzir edip ökünji,
Nägile bolandyr özi-özünden,
Ýa göwni bozulyp garryň sözünden,
Bilmedim, gelenne puşman etdimi,
Ýa geçeni ýatlap yza gitdimi?
Gözden aýrylmady ýaglygyň çeti,
Käte durup bilmän hamsykdy gaty.
Mańlaýyn der basyp, sojap dem aldy,
Birden ýüzün sallap, ýerinden galdy.

Durdy ýaýdanjyrap çykarman sesin,
Soňra stol tarap öwrüp ýeňsesin,
Bir zat diýjek ýaly sägindi az-kem,
Kellede hiç pikir edip bilmän jem,
Ýellenen gabaklar aşak sallandy,
Ýene Oraz agaň özi dillendi:
«– Gyzym, bozulma-da, ýagdaýa seret,
Howlukma, darykma, bar-da pikir et.
Uzak tut özüňi gaýgydan-gamdan,
Kyn günde saýlanar adam adamdan».

«Sag boluň!» diýen söz eşdildi çala.
Çykyp edaradan düşende ýola,
Biri hasanaklap yzyndan ýetdi,
«– Azajyk aýak çek» – yşarat etdi,
Soňra dörjeşdirip gara sumkasyn,
Uzatdy gök bukja, çykarman sesin.
Ýene gelşi ýaly yzyna gitdi.
Gyz gamgyn göz bilen hata seretdi:

Aşgabat basypdyr oňa peçady,
Emma ibereniň mälim däl ady.

* * *

Öýde gyzyn görüp boldy bir geňsi:
«– Waý, munuň ýüz-gözi, reňki neneňsi?!
Bolandyr, elbetde, sene-menesi» –
Gepletdi öz için derrew enesi:
«– Oraz ýagdaýyny bilýär her kimiň,
Kömegin ýetirýär bolsa bir kemiň.
Bular ýalylaryň degmez göwnüne...»
Ahyr şu pikirde saklanyp ene,
Çakylyk hakynda söz alman dile,
Diňe meşgul boldy öz işi bile.

Içerki otagda bir ýeke özi,
Ýatdan gaýtalanýar garrynyň sözi.
Ýuwup elin-ýüzün, saçyn darady,
Megerem, aňynda bir zat döredi.
Öýde belli işe elini urman,
Aýlandy iki ýan, bir ýerde durman.
Böldi pikirini birden bäbegi –
Aglanda duýdansyz sarsyp ýüregi,
Ine, kolýaskanyň ýanyna bardy,
Lak atdy, guwandy, seredip durdy.

Soňra emaý bilen göterdi ony,
Oturyp düşekde berdi göwsüni.
Ynha, açýar indi ol gelen haty
Yzda golun görüp, geňirgäp gaty,

Belli tertip bilen okaman birden,
Käbir setirlerin tutup her ýerden,
Agdaryp, dönderip göz gezdirende,
Ondaky sözlere üns berende,
Hat oňa bir hili yssy göründi,
Ony boýdan-başa okaýar indi:

«Ýazmak agyr boldy maňa bu haty,
Başlajak bolamda ýaýdandym gaty.
Her gezek galamym alan badyma,
Bolup geçen waka düşdi ýadyma.
Obada ilkinji sizi görenim,
Uzak oýlanmazdan göwün berenim.
Ýene-de hat ýazýan size men bu gün.
Eger galan bolsa öňküden düwün,
Bu-da urna bolup, birleşse bary,
Bagyşlaň, elbetde, men günäkäri.

Belki, gowy bordy şu haty ýazman,
Ol geçen zatlary indi gozgaman,
Ses-üýnüm çykarman oturan bolsam.
Emma dogrusyny boýnuma alsam,
Ony başarmadym, ýürek etmedi.
Ýazmasam şu haty karar ýetmedi.
Bolsa meniň ýerme başga bir ynsan,
Kim bolsa, şol bolsun, sap bolsa, wyždan,
Ynanyň, gelerdi şeýle karara,
Başga çäre gözläp galman azara.

Hawa, günälidim onuň öňünde,
Emma siz ynanyň, şol wagt mende
Umyt sallançagy agan bolsa-da,
Ýürekde bir azar galan bolsa-da,
Tüýs galplyk bolardy gizlesem muny,
Hakykat haky üçin ýazgarmaň meni,
Siziň nikaňyza hem bagtyňyza
Şatlykly geçirýän hoş wagtyňyza
Guwançdan, begençden başga zat ýokdy,
Ýüregim kinesiz, gar kimin päkdi.

Eşdemde arada şol şum habary
Birden ýada düşdi bularyň bary.
Häzir men dümtünip öýde oturýan,
Agyr ýagdaýňyzy aňa getirýän.
Gönümde baryny setirler bile
Ýetirip bilmerin, garyp men dile.
Bu bir bela bolman, agyr ýük bolsa,
Götermekden gaýry çäre ýok bolsa,
Ony siziň bilen deň paýlaşardym,
Menzili soraman, deň daşaşardym.

Bitüwsiz bolsa-da ölüm ýarasy,
Bizde ýok hem bolsa onuň çäresi,
Biwagt uçuran hasratly günde
Il-gün hatarynda uzakdan men-de
Siziň ýasyňyza goşulyp doly,
Ýürekden siz tarap uzadýan goly.

Dünýäde näme bar ölümden ajy,
Mertlige salmasaň, ýokdur alajy.
Öleniň yzynda ölmek bolanok,
Giden hasrat bilen gaýdyp gelenok.
Aýdyp oturmagyň ýokdur hajaty,
Jahanyň şuň ýaly gowgaly wagty
Söweş meýdanynda ösýärkä ýalyn,
Gahryman halkymyz ýurduň ykbalyn
Gan döküp, jan berip çözýän mahaly
Gurbanlar kän boldy siziňki ýaly.
Oturyp ser salyň töwerek-daşa,
Tanyş-bilişlere, kowum-gardaşa.
Heý, çekmedik barmy aýralyk derdin!
Ilim pida etdi ýüzlerçe merdin.

Gutarýan sözümi, boldy bir çeni,
Sizi ýadatdym men ýatlap geçeni.
Başyňyz dik tutup, işden sowaşman,
Erki elden bermän, kuwwatdan düşmän,
Söweş meýdanynyň mertleri ýaly,
Sezewar bolanňyz agyr ahwaly
Uly çydam bilen geçirip başdan,
Bile ädersiňiz, galman durmuşdan.
Gylyk-häsiýetiňiz mälimdir maňa,
Ine, şonuň üçin ynanýan muňa».

IV

От Кубани к верховьям Донца[1]
Мчится ветер за танками следом,
Будто музыка в наших сердцах –
Долгожданное слово Победа.

В этом слове – солдатская честь,
Радость встреч после долгой разлуки.
В этом слове – свершенная месть
За обиды, за слёзы и муки.

А. Сурков.

Eger-de ýetmeziň bolsa janyňda
Ýürekdeş bir ýoldaş gerek ýanyňda.
Derdi-azaryňy bile çekersiň,
Ýüregiň gysanda içiň dökersiň,
Diňlär sözleriňi jan bile tenden,
Elinden gelenin gaýgyrmaz senden,
Özüň dek oýlanyp berer maslahat –
Akylly maslahat uly hemaýat.
Aýrylmaz ýanyňdan içgin gepleşer.
Gepleşdigiň sary ýüküň ýeňleşer.

---

[1] Kubandan Donesiň gözbaşyna çenli
Ýel tankyň yzyndan kowalap barýar.
Misli saz dek biziň ýüreklerimizde
Köp garaşdyran Ýeňiş sözi ýaňlanýar.

Bu sözde soldatyň ary-namysy,
Uzak aýrylyşykdan soňky duşuşyklaryň şatlygy bar.
Bu sözde kemsidilmekler, gözýaşlar
Hem azaplar üçin alnan aryň dabarasy bar.

Eger çetde tutup özüňi ilden,
Derdi-azaryňy uzakda dilden
Saklasaň içiňde, çykarman daşa,
Ýat etseň olary ýakyna-daşa,
Gürrüňsiz, gün-günden tapdan düşersiň,
Derdiňden has beter derde duşarsyň.
Iýeniň-içeniň siňmez janyňa,
Perwaýsyz gararsyň hany-manyňa,
Bilmersiň kem-kemden ýüzüň sargarar,
Eger uzak çekse, gör, nirä barar!

Durmuş şatysyny görmedik heniz
Ýaňy ak-garany saýgaran ýaş gyz
Duýdansyz şum ölüm düşende başa,
Paltasy ömürlik degen dek daşa,
Birden aljyrady, ýitirdi özün,
Gelene-gidene galdyrman ýüzün,
Näme pikir etse, içinde bary,
Diňe ýalňyzlykdan çekip azary.
Gijesi-gündizi ýaryny zarlap,
Geçirdi kän wagty özüni horlap.

Ýürekden aýdylan sözüň kuwwaty,
Garrynyň gürrüňi, ýigidiň haty,
Wagtynda dikilen bir paýa ýaly,
Biziň gahrymanyň şeýle mahaly
Uly söýeg boldy, teselli berdi,
Belki, ýeňleşendir ýürekde derdi.
Tomus jöwzasynda ýiti kuýaşdan
Solan ýapraklaryň ýuwaş-ýuwaşdan

Özün tutuşy dek salkyn düşende,
Täze bir özgeriş döredi onda.

Frontdan gelýän hat kesilen wagty
Bilmän näderini, gyssanyp gaty,
Sezewar bolan dek duýdansyz bela
Düşündi bir mahal uly howsala.
Wagt geçdigiçe artyp gorkusy,
Gündizi gün geçmän, gije ukusy
Gelmändi gözüne, bolup bikarar,
Duýupdy ýürekde bir güýçli azar.
Edil häzirki dek sargaryp meňzi,
Çekipdi şonda-da derdi bir özi.

Ol birden ýadyna saldy şu ýerde:
Şol geçen gaýgyly agyr günlerde
Onuň bir daýanjy mekdep bolupdy.
Her gezek asuda demin alypdy
Ýaşlar arasynda, uly şowhunda.
Gaýgy ýatdan çykyp, dörýärdi onda
Işine, kärine uly bir höwes,
Erki elindedi, bolman sussy pes,
Özünde güýç-kuwwat, hyjuw duýýardy,
Her zada meýil hem ygtyýar bardy.

Şu zatlar hakynda oýlanyp her dem,
Sallanan başyny göterdi kem-kem.
Börügi, ýaşmagy taşlady birden,
Kitap-kagyzlaryn tapyp her ýerden,
Toplady baryny, tertibe saldy,
Belki, gaýyn ene muňa geň galdy:

Hüňürdäp öz-özi için gepletdi,
Nägile görnüşde gizlin seretdi.
Beýle garamagyň bir syry bardy,
Gyzymyz-da muny çala syzýardy.

Başda uslyp bilmän, aýagy çekmän,
Gezipdi kän wagt bu öýe sekmän,
Mekdebiň okuwçy oglany-gyzy.
Emma häzir weli kesilmän yzy,
Tutýarlar bu öýüň halyndan habar,
Hersinde enaýy, mähirli nazar.
Ýapyşýar oglanlar gelen badyna
Öýde edilmeli her bir zadyna.
Geçýär Öwezjigi ellerden-ele,
Sözleşýär ýürekden gelenler bile.

Gürrüň gitmese-de işi barada,
Yssylyk guýulyp iki arada,
Gelen çagalaryň nurly ýüzünde,
Balkyldaşyp duran gara gözünde,
«Mähriban mugallym, islegmiz sizden
Açmaň mundan artyk arany bizden»
Diýen dek birhili çuň many bardy.
Her gezek bat bilen öýe uýardy
Şowhunly mekdebiň tämiz şemaly,
Ýazyň gyş aňzagyn çalşyrşy ýaly.

Geçdi gezeginde bulaň hemmesi,
Içerde, daşarda eşdildi sesi.
Göwresi giňedi, ýüzi durlandy,
Gyz özün dürsedi, gözi nurlandy.

Iliň-günüň hem-de töwerek-daşyň,
Tanyşyň-bilişiň, kowum-gardaşyň
Mähirli duýgusy, mylaýym sözi
Gaýgyly günlerde goldady gyzy.
Erkin ele alyp, geldi ol güýje,
Ahyr mekdebinde başlady işe.

Serpigip yzyna gaçsa-da duşman,
Top sesi ýatmandy, ýalyndy her ýan.
Giňden şöhle berýän ýeňiş ýalkymy
Barha ruhlandyryp batyr halkymy,
Çagyrdy aýgytly ganly söweşe,
Her kim jan-dil bilen ýapyşyp işe,
Tizleşdirmek üçin ýeňiş möhletin
Goýdy ýurt haýryna güýjün-kuwwatyn.
Howsala basýardy ganym duşmany,
Indi öz topragy söweş meýdany.

«Üstün çykmaklygy gaýgydan-gamdan
Watan talap edýär her bir adamdan.
Aýralyk derdine gözýaş peýdasyz,
Kim uruş görüpdir gansyz-pidasyz.
Gaýgyrman il üçin gyzyl ganyny,
Köpler gurban etdi şirin janyny.
Çykmaz ýadymyzdan biziň hiç zaman
Watanyň ugrunda giden gahryman...».
Orazyň sözlerin salanda ýada
Tükenmez güýç geldi Ogulnabada.

Ynha, sallançakda ýatyr Öwezjik,
Gözleri göýä bir garaja monjuk.

Lak atsaň, ýyryş edip bakýar ýüzüňe,
Göýä düşünýän dek aýdýan sözüňe.
Bäş aýyn dolduryp, alta gidende,
Janly hereketler döredi onda.
Däbşenekledipjik iki aýagyn,
Käte dyrçanaklap näzik ýaňagyn,
Birden öz-özünden bolar nägile,
Baryn ýatdan çykar alaňda ele.

Çyrçyksyz ulalýar, sagat synasy,
Daşynda mamasy ýa-da enesi,
Ýetmezi bolanda tapyp emini,
Seredýär ikisi goýman kemini.
Ynha, artdy birden çagaň gyzgyny,
Gamlandy garrylar, geňirgäp muny,
Et böwsüp çykanda iki hünjüsi,
Aýryldy şol zaman olaň ünjüsi.
Goňşy-golamlary ýygnap dessine,
Patrak seçdiler ogluň üstüne.

Nakyldyr: «Altyda atan ýeriňde».
Diýerler «Ýedide ýeten ýerinde».
Üýşürip daşyna oýunjak baryn,
Ýetirmän hiç kime birjik azaryn,
Ynha, oýnap otyr indi özbaşdak,
Başynda ýüpek dek meleje gulpak.
Soňra emedekläp ýuwaş-ýuwaşdan
Köp ösüş günlerin geçirdi başdan.
«Durdy-durdudan» soň «ýörjen-ýörjene»
Kadaly ulalyp ýetdi ol, ine.

Ynha, işden geler ýadaw ejesi,
Eşdiler çaganyň näzijek sesi.
Agyr ýadawlygy düşmez ýadyna,
Topular ogluna gelen badyna.
Mähir-muhabbetli gaýtalap adyn,
Düşürmez elinden eziz zürýadyn.
Aýdylsa gönünden turar hemmäniň,
Çäksizdir perzende mähri enäniň.
Gezdirer, oýnadar,
uzak oturar,
Hüwdüläp, hüwdüläp,
ahyr ýatyrar:

Golda awtomat bilen,
Ýakalaşyp ýat bilen,
Kakaň gaýdyp gelipdi
Abraý, şöhrat bilen.
Öwez janym, ýat indi,
Gyzyl güle bat indi!

Agyr ýaraly teni
Azara goýdy meni,
Gitdi gözüni açyp,
Wah, görüp bilmän seni.
Ýadygärim, ýat balam!
Now çynarym, ýat, balam!

Duşmanyň çaşdy çaňy,
Saz berýär ýeňiş daňy,
Eziz balam, men saňa
Küýsetmerin kakaňy.

Ballar balam, ýat indi,
Şirin dilim, ýat indi!

Ýok bolar ganym duşman,
Syrylar gara duman.
Sen ýaşarsyň parahat,
Geler şatlykly zaman.
Göz guwanjym, ýat indi,
Umyt genjim, ýat indi!

Gurban, özüňe gurban,
Gara gözüňe gurban,
Begenjime keşp edýän
Güler ýüzüňe gurban.
Jan ezizim, ýat indi,
Akja guzym, ýat indi!

Myrlap süýji uka gider çagajyk.
Soňra demin-dynjyn alyp azajyk,
Törtdäki stoluň geçip başyna,
Okuw kitaplaryn ýygnap daşyna,
Irginsiz oturyp uzak gijesi,
Işine taýýarlyk görer ejesi.
Ynha, şunuň bilen geçip gün-u-aý,
Ýaz baýramy – ýetip geldi şanly Maý.
Taryhda bolmadyk hiç deňi-taýy,
Bezegi bir waka bu gözel aýy.

Köpden göz dikýärdi halkymyň bary,
Ýaňlandy giň efir gijäniň ýary.

Çyrpynyp çar tarap guýruk bulanyň –
Dünýä zähriň saçan gara ýylanyň
Gutaryp süregi, ahyr pellesi,
Öz hininde kesilipdir kellesi.
Uly-kiçi – hemme, garry hem çaga –
Mähriban Watanym galdy aýaga.
Uky mesgen tapman ýanar gözlerde,
Şatlyk şöwür çekdi güler ýüzlerde.

Üýtgedi görnüşi öýüň, köçäniň,
Bardykça şowhuny artdy gijäniň.
Tanyş-u-nätanyş bary tapyşdy,
Söz ýeterlik däldi, göwre garpyşdy.
Ýaňaklar ýaňakda, goşar billerde
Ýaňlandy bu sözler dürli dillerde:
Ýaşasyn halklaryň beýik dostlugy!
Ýaşasyn ýurtlaryň parahatlygy!.».

Soňra Gündogaryň köne tilkisi –
Ejiziň ganymy, ile gülküsi
Ýapon samuraýy sanlyja günde
Baş egdi birleşen güýjüň öňünde.
Ganly uruşlaryň ýatanda ýeli,
Çaňly ädikleri, mele şineli
Çykaryp daýhanlar ýapyşdy pile,
Işçi iş salyşdy stanok bile,
Bitişer uruşyň salan ýarasy,
Berkişer Watanmyň gözel synasy.

Ýeňiş öz-özünden bolmady peýda,
Halkym mertlik bilen çekdi kän pida.
Kimisi atadan, kimi ýegenden,
Kimisi oguldan, kimi dogandan,
Kimisi daýydan, kimisi ärden,
Baky jyda düşdi köpler dost-ýardan.
Kimler elsiz galdy, kimler aýaksyz,
Uruş zyýanyny ýetirdi çaksyz.
Was-weýran bolupdy örän köp ýerler –
Asuda obalar, gözel şäherler.

Undulmaz hiç haçan dökülen ganlar,
Kalbymyzda baky ýaşar gurbanlar.
Halkym wepadaryn çykarmaz ýatdan,
Halka hyzmat eden düşmez şöhratdan.
Adalat baýdagyn geren ynsanyň –
Hak iş üçin janyn beren ynsanyň
Göreş taryhynda ýitmaz ady bar,
Gurular şanyna beýik ýadygär.
Uly alkyş bilen ýatlar nesiller,
Öser üstlerinde gyrmyzy güller.

Beýik dabaraly ýeňiş gününde
Çäksiz şatlyk bilen iller deňinde
Geçirdi baýramy Ogulnabat hem.
Emma ýürek urup, zordan alyp dem,
Söýgüli Begenjin salanda ýada,
Gözler monjuklandy edil şol bada.
Duşman synamyzda goýdy kän düwün,
Ýeke olmy gözden ýaş döken bu gün!

Her zatdan belentdir Watanyň ary,
Aýralyk, gaýgy-gam il bilen bary.

Häzir Ogulnabat otyr öýünde,
Täze durmuş ýoly onuň küýünde.
Ýaş perzendi bilen galdy bir özi,
Indi geljegine aýlaýar gözi.
Dürli ýol yzarlap, uzak aýlanyp,
Tutdy ahyrynda birin oýlanyp.
Bolsa-da erkiniň mydam eýesi,
Ynjytdy köp wagt sözüň teýesi.
Ýazaryn bu hakda gelende ýeri,
Ýapýan häzirlikçe küti depderi.

V

Tiri-peýkamyn gezeýir,
Göz bir ýana, gaş bir ýana.
Dahanyn açyp sözleýir,
Dil bir ýana, diş bir ýana.
Mollanepes.

Pähimli garasaň, duýulýar daşdan:
Dürli gowürleri geçirýär başdan
Öz ömründe, ýaşaýşyndan her ynsan,
Ýylyň ýyldan, günüň günden parhy kän,
Bir zaman hoş bolup, hoşlukda geçer,
Gownüň ganat baglap, asmana uçar.
Bir zaman bilmersiň, duýdansyz ýerden
Agyr, kynçylyklar sataşyp birden,

Oslagsyz özgeriş döräp durmuşda,
Ýagdaý bütin üýtgär öýde ýa işde.

Kimsäniň hoş güni, belentdir başy,
Dost-ýardan, deň-duşdan doludyr daşy.
Keýpi kök, şähdaçyk gezer hemişe,
Paýhassyz batypdyr her dürli işe.
Niçikmi bir kynlyk çyksa öňünden,
Sowaşar bar zatdan edil şu günden.
Şatlyk, degişgenlik gider şemala,
Batyrar özüni dürli hyýala.
Tapmaz kynçylykdan çykmak alajyn,
Ýitirer aljyrap kelebiň ujun.

Kimsäniň her zaman erki elinde,
Hiç haçan artyk söz bolmaz dilinde.
Geçirer başyndan her hili güni,
Hoş güni pes däldir, bolmaz men-meni.
Agyr gün gelende sallamaz başyn,
Naýynjar bakyşly gözlemez daşyn.
Yhlasly ýapyşar, jürdür işine,
Daýanar her zaman erkin güýjüne.
Mesligi göterer, kynlygy ýykar,
Her hili ýagdaýdan baş alyp çykar.

Görüň gündeligiň indi yzyny.
Dürli ýagdaýlara oba gyzyny
Salan wakalaryň bary ýerbe-ýer
Onda goýulypdyr, häzir bu depder
Bize gürrüň berýär olar barada.
Ýaş nesil, garrylar – iki arada

Köpden dowam eden syrly hyýallar
Açyp özlerine gönümel ýollar,
Indi wagtal-wagtal ýuwaşlyk bile,
Ýürekde ýerleşmän, gelýärler dile.

Ejizlän bolsa-da kynlyk öňünde,
Şol agyr ýagdaýda,
hasratly günde
Duýup duýgudaşlyk töwerek-daşdan,
Mertlerçe geçirip olary başdan,
Aýdypdym ýokarda, kän wagt bäri
Gyzymyz geljegne dikip nazary,
Oýlanýar ol hakda çuňdan hemişe,
Gündizi syr saklap, berilse işe,
Gijeler gönenip uky almazdy,
Kirpikler bir-birne sala salmazdy.

Emma bu ýagdaýda öňe garaşda
Iki çal kellede, bir juwan başda
Üýtgeşik düşünje,
aýry hyýal bar,
Olaryň her haýsy bir ýana garýar.
Gyz hakda her zaman ol iki kempir,
Pynhan pyşyrdaşyp, edip kän pikir,
Günleriň bir güni göwün açdylar,
Durmuşyň ýoluny başga biçdiler.
Uzakdy gürrüňi iki garrynyň
Ynha, gysgalykda mazmuny onuň:

Ýokdy gelen-giden tamyň daşynda,
Olar içki öýde, çaýyň başynda

Otyrlar ikiçäk, diňe Öwezjik
Edilýän gürrüňe düşünmän birjik,
Dürli oýnawaçlar oýnap öz-özi,
Käte bir zat diýip kesýärdi sözi...
Egip göwresini iki dyzyna,
Uludan dem alyp yzly-yzyna,
Kä göze ýaş aýlap, kä çekip için,
Kämahal sypaýar çalaran saçyn.

Köpden sözleýärdi ýigdiň enesi,
Çala eşdilýärdi, gyrykdy sesi:
«Hakyň hökmi bolsa, bendesi nalaç,
Ölüm dogry gelse, ýok oňa alaç.
Otdan abat çykyp geldi sag-aman,
Depäm göge ýetdi meniň şo zaman.
Guwandym gelnime, hoşnut wagtyma,
Emma gara çekdi balam bagtyma.
Gyryldy biwagt ömür tanapy,
Çekildi serpigim, ýapyldy gapy...».

Dökensoň içini geçeni ýatlap,
Soňra maksadyny kem-kem gyýatlap:
«– Öňküje düzgünden açyldy ara,
Boljak iş bolupdyr, ýok indi çäre.
Guda jan, syrymy gizlemen senden,
Aklymy çaşyryp edil şu günden
Ýitirdim ugrumy, ýokdur kararym,
Gün-günden güýçlenýär derdim-azarym.
Daş etsin, beterden-beteri bardyr,
Tersine bolankyň dünýäsi dardyr.

Gezdirip kellämde kän dürli pikir
Edýärin, guda jan, muňa-da şükür:
Galypdyr yzynda gül ýaly çaga,
Bolsun bu çal başym muňa sadaga!
Gelnim diýen etse, gönümden tursa,
Öwez janyň ýanyn alyp otursa,
Hiç arman galmazdy meniň janymda,
Oglum bar dek bordy edil ýanymda.
Ine, bar islegim, arzuwym şonda,
Indi başga hili çäre ýok mende».

Käse çaýyn süzüp, diýdi gudasy:
«– Nurtäç, aýdanlaryň dogry hemmesi.
Şondan bäri menem, edil özüň dek,
Şu zatlar ugrunda mydam ot-elek.
Çendan kakyp görýän onuň taryna,
Emma aýdanlarym däl azaryna.
Bu hakda zat diýseň çytylýar ýüzi,
Getirmän diline hiç dürli sözi,
Ýüzün aşak salyp dymyp oturýar,
Bilmedim, nä hyýal gönne getirýär.

Ikibir oturyp başda bir gezek,
Şu zatlar hakynda sözleşdik uzak.
Diýdim: «Tutmasaň-da köne dessury,
Oýlangyn, ezizim, gitmeli ugry.
Türkmeniň gadymdan gelýän adaty,
Halamaz il-ulus bozulsa gaty.
Keýgim, many alsaň ejeň sözünden
Düşmersiň hiç haçan iliň gözünden...»

Ýene köp zatlary saldym ýadyna,
Diýdim «Ýagşy bolmaz ataň adyna».

Diňe men gepledim, ol gulak saldy,
Ýylgyryp Öwezin eline aldy.
Bökdürip, oýnadyp kän wagt ony,
Soňra el uzadyp, görkezip meni,
Diýdi: «Eşidýärmiň mamaň sözüni».
Diýp: «Gyzyň her wagt oňar özüni».
Diý, oglum: «Hormatlar, unutmaz seni».
Diý: «Adam bolynçam hor etmez meni».
Diý: «Ejem hiç wagt gyzartmaz ýüzüň».
Diý balam: «Syndyrmaz hak bolsa sözüň».
Ine, bar eşdenim şu boldy ondan,
Başga söz çykmady ýagşy-ýamandan.
Ýanyna daýysy geldi ýörite,
Çekilip ikisi şonda bir çete,
Ilki ondan-mundan gürrüň etdiler,
Gürrüň ahyrynda şuňa ýetdiler,
Emma onuňky-da boldy biderek.
Çak etdim jogaby bolandyr gödek:
Gyz ýüzün torsardyp çykdy daşary,
Jigim üçin çekip etdi gahary».

Eşdende bulary Nurtäjiň ýüzi
Derrew boz-ýaz boldy, nemlendi gözi.
Soňra ýoňsuz wagt iki arada,
Gürrüň edilmedi hiç zat barada.
Hersi öz ýanyndan için gepletdi,
Çalaran kelleler çuň oýa gitdi.
Hiç alada ýokdy diňe Öwezde,

Şatlyk oýnaklaýar garaja gözde,
Çagalyk durmuşyň alabahary –
Onuň bu zatlardan ýokdy habary.

Bozdy ümsümligi ahyrda Nurtäç:
«– Menikli maşgala dökdürmez gözýaş.
Hanha, allanäme, otyr öýünde,
Ogluny ulaltmak diňe küýünde.
Ýusuplaryň gyzy, Enäniň gelni,
Hiç zatdan kemi ýok, hoş geçýär güni...»
«– Wah, sen ony diýýäň, Durdyň aýaly
Ýaşlykda galypdy edil şuň ýaly.
Diňe tara bilen özüni ekläp,
Niçe ýyl oturdy ogluny saklap».

«– Bu hiç-le, eklenjiň bolar bir zady,
Ýaman ýeri, tapyp bir gün bir ýady,
Taşlap ýa-da alyp gitse Öwezi,
Nurtäjiň ölinçä kepemez gözi.
Mekdepde şol waka bolaly bäri
Köpelýär obanyň «myş-myş» habary.
Diýýärler süýregi barmyş ýokardan,
Aýagy çekilmän mydam şäherden,
Güýç bilen gögerdip nädogry sözün,
Köplere ýigrenji edenmiş özün...

Iliň gyzy bilen näme işi bar?
Okadan okadar, çykaran çykar.
Işleýär, taň edýär, işlesin ýene,
Ýöne weli düşüp köpüň öňüne,
Turuzyp obada galmagal baryn,

Öz başyna alyp iliň azaryn
Ýörmeklik uslyp däl aýal maşgala.
Dildir duçar edýän her dürli bela.
Öküner soňundan, aklyna gelse,
Etdirmen beýle zat, diýenim bolsa.

Heý, ýygyp bolarmy agzyny iliň,
Zäherden zyýanly duzlusy diliň.
Diýýärler gyzlary öňüne salyp,
Gitjekmiş, hamala mundan baş alyp...
Nirä? Näme üçin? Kim bilýär ony?
Şu sözler howsala salýar-la meni.
Ot alyp, örtenip bir zada ýanýan:
Gitse maňa iki ölüm, guda jan,
Ozaly düz bolsun, ýatmasyn bagt,
Edip doga-tumar bilýän, bir wagt...»

«– Nurtäç, goýaweri, sen aşa gitdiň,
Kelläň gaty gyzyp, gör, nirä ýetdiň.
Dogadan-tumardan söz bormy? Toba!
Ol döwürden bir çak göçendir oba.
Gyzym o zatlardan arany açan,
Doga-tumar diýip asyl hiç haçan
Degmerin balamyň gözel göwnüne,
Çekmerin al bilen böwet öňüne.
Mälimdir özüme gylyk-häsiýeti,
Bermen nähak ýere gyza ezýeti.

Ýöne welin, Nurtäç, şuny ýagşy bil,
Diýerler öl ýere biten zatdyr dil.
Agzynyň diýenin gulagy eşitmän,

Gybata gyzygyp, belli iş etmän,
Bar ilde peşeden pili ýasýanlar,
Tapylýar olara gulak asýanlar!
Her kim her zat diýsin, emma gyzymyň
(Ynangyn, galady bolmaz sözümiň)
Ýokdur kelpeňligi, agyrdyr ýüzi,
Çykarmaz agzyndan biderek sözi.
Dogrymdan gelýärin, ynansaň maňa,
Ýokdur ýamanlygym gyza hem saňa.

Gitmesin hiç ýana pendimi alsa,
Menem kem göremok ýanymda bolsa,
Emma bu zamanyň gelini, gyzy
Ata-ene hökmünde hormatlap bizi,
Makullap alsa-da mamla sözümiz,
Täzeçe çözýärler, gördük özümiz.
Kyndyr ikimize oňa eýermek,
Başartmaz biderek bäsleşip ýörmek...»

Gudasy gyňajyn oýkap gözüne,
Başlajak bolanda ýaňy sözüne,
Eşdildi daşardan bir aýak sesi,
Çekildi şol ýaňa barynyň ünsi.
Hatda Öwezjik-de gözün mölerdip,
Ses gelen tarapa siňe seredip,
Bilmedim, enesin saldymy ýada,
Patdyk-putduk edip edil şol bada,
Gapyny nazarlap öňe süründi,
Garrylar gürrüňi gutardy indi.

Ardynyp gapydan girdi bir kişi,
Bara meňzeş munda bir höhüm işi.
Girende gözleri düşdi Öweze.
«– Amanmy, Enebaý, Amanmy, Nurtäç!
Eýgilikmi beri, näme çytyk gaş?!»
Asyl şundan başga hiç zat soraşman,
Beriljek jogaba uzak garaşman,
Egilip eline aldy çagany,
Kän gezek ýokary bökdürdi ony.

«– Han ogul, jan ogul, dürdäne ogul,
Goç ogul, mert ogul, merdana ogul!
Köp wagt geçipdir görmänim seni,
Tanýarmyň ataňy, geple sen hany?»
Ýadyrganyp durman, çekinmän birjik,
Misli Esentanyş, gülüp çagajyk,
Näzik barmaklaryn tüýlek ýaňakda,
Sakgalda, gulakda, gaşda-gabakda,
Gezdirdi arkaýyn, hoşal öz-özi.
Balkyldaýar onuň garaja gözi.

Girende gapydan aýaga galan,
Duýdansyz duşuşdan bir hili bolan,
Dik durdy garrylar müýnürgän ýaly,
Mylaýym ýylgyryp, gelen ýaşuly,
Gyzyň enesine ýüzlendi indi:
«– Hany Ogulnabat, işdemi şindi?»
«– Diýýär mekdebimde işim kän gaty.
Ýogsam bolup geçdi dolanýan wagty.
Geçiň, Oraz aga, demlije çaý bar.
Indi geler basym, Gün ýaşyp barýar».

Durdy esli wagt çykarman sesin,
Soňra emaý bilen agyr göwresin
Goýberip düşege, gyşardy bir ýan,
Ýaşuly ýadawdy, rahat tapdy jan.
Bize tanyş bolan bu agras kişi
Gelipdi bu ýerik çykyp bir işi.
Ol işiň, dostlarym, gerek ýerinde
Ýazyljak baplaryň ýene birinde
Gürrüňin bererin size arkaýyn.
Goý, ol häzirlikçe süzsün gök çaýyn.

VI

Радуюсь я –
это
мой труд
вливается
в труд
моей республики.[1]
В. Маяковский.

Ýürek joşa gelip waspyň sözlämde,
Waspyňa mynasyp sözler gözlämde,
Tirkeşip setirler yzly-yzyna,
Düzülýär keşde dek kagyz ýüzüne.
Seniň waspyň edip bu gün her ýanda,
Bu azat ülkede biziň zamanda,

[1] Men guwanýaryn –
bu –
meniň zähmetim
meniň respublikamyň
zähmetine goşulýar.

Beýik owazyny ýaňladýar bagşy,
Sensiň bu dünýäniň bezegi-nagşy,
Eşretiň gözbaşy, eý, beýik zähmet,
Diňe seniň bilen tapylýar rehnet.

Dürli döwürlerde, dürli ýagdaýda
Jöwzaly yssyda, gazaply gaýda,
Asyrlar dowamy, arkama-arka
Çal tebigat bilen ýyrtyşyp ýaka,
Sen dälmi daglaryň, giden düzleriň,
Jeýhun derýalaryň hem deňizleriň
Ugruny üýtgedip, keşbin täzelän,
Ymaratlar bilen dünýäni bezän.
Sen dälmi döreden başga ynsany,
Sen dälmi gülüstan eden her ýany!

Açsa goja taryh giň sahypany,
Getirsem göz öňne dürli zamany,
Sözüň hakykaty, däldir gümany,
Bölüpdiň iki ýan külli ynsany.
Kimler algyly dek tutup ýakaňdan,
Geçirdi ömrüni seniň arkaňdan
Ýasy garnyn sypap aýşy-aşratda,
Kimleri galdyrdyň gaýgy-hasratda.
Köplere ejirdiň, azlara rehnet
Bütin taryh boýy, eý, beýik zähmet.

Aýlandy, durmady taryhyň çarhy,
Uludyr geçmişden döwrümiň parhy.
Bu gün biziň ýurtda, sowet döwründe
Zulum zynjyrynyň gyrlan ýerinde

Sen bolduň çeşmesi şanyň-şöhratyň,
Gahrymançylygyň, abraýyň-adyň.
Ejirdiň bir zaman, indi şatlyk sen,
Baky parahatlyk hem abatlyk sen.
Seniň bilen üstün çykyp her zada,
Biz dogry barýarys maksat-myrada.

Hormaty uludyr peýdaly käriň,
Aýratyn orny bar her bir hünäriň.
Joşgunly deňizde öňe sürünýän
Gaýlar garşysyna kükregin geryän
Gaýduwsyz gäminiň möhüm çüýi dek,
Her kär öz ornunda derwaýys gerek.
Ukyba, talanta, islege laýyk
Özüne kär saýlap azat halaýyk.
Yhlasly ýapyşyp oňa hemişe,
Goşýar goşandyny umumy işe.

Dünýäde her kesiň söýdük käri bar,
Her käriň özüne laýyk täri bar.
Eger işlän bolsaň mugallym bolup,
Sapaga degişli esbaplar alyp,
Gireňde klasa ilkinji gezek
Ýaýdanyp-ýaýdanyp duransyň uzak.
Hasaplydyr seniň minut-sagadyň,
Bellidir planda geçmeli zadyň.
Emma aljyrasaň, ýitirip özüň,
Gözläp tapmalysyň aýtmaly sözüň.

Anyk many bolmaz diýen zadyňda,
Wagt paýlanşygy durmaz ýadyňda.

Käte sen bilmezden, gyzygyp gaty
Berersiň barlaga artykmaç wagty.
Täze sapagyňa başlaňda ýaňy
Sen duýman galarsyň, ararlar jaňy.
Indikiňde, ynha, onuň tersine,
Galagop girersiň baryp dersiňe.
Öňki geçilenden çykarman many,
Başlarsyň gyssanyp täze temany.

Çakyndan örän ir gutarsyň ony,
Wagtyň kän, sözüň ýok, der basar seni.
Haýal gaýtalarsyň, bol berkidersiň,
Depdere, kitaba kän seredersiň.
Gyssanyp dem arsyň uludan-uly,
Emma döwülen dek sagadyň dili
Meňzemez bu wagt öňki urşuna,
Ýöremez, durandyr şol bir durşuna.
Ynha, «elementiň» tamam hemmesi,
Garaşarsyň, çykmaz emma jaň sesi.

Bu zatlaryň baryn hut öz başyndan
Geçirdi gyzymyz, bakman daşyndan.
Şowsuz sapagynda teň bolup haly,
Bererdi özüne şeýle sowaly:
«Bu işe baş goşdum, belki, tötänden,
Kemally mugallym bormuka menden?
Eger şeýle bolsa sapak gidişi,
Ýagşy dälmi tapsam başga bir işi?
Her bir höwesjeňden bolarmy zergär?
Haly ýüwrüp, kilim kesmek ne derkar?»

Bu bir tebigy zat. Bar kişä äşgär
Işinde şowsuzlyk duýsa her işgär,
Hamala, hiç zada ukypsyz ýaly,
Getirer başyna dürli hyýaly.
Käte göwni geçip onuň özünden,
Umytsyzlyk duýlar her bir sözünden.
Emma tiz wagtda bularyň bary,
Göýä mart aýynyň ýukaja gary,
Ereýär, bugaryp gidýär dereksiz,
Adam erkin alýar eline şeksiz.

Şu hili wagtda, şeýle ýagdaýda
Ýatladyp geçeýin size bu taýda,
Ýazyň gözel güni, eziz okyjy,
Gelipdi Akmyrat mekdebe synçy.
Geçdi kän wakalar ol günden bäri,
Şol wagt mekdepde okýanlaň ýary
Dargady, ýok olar häzir bu ýerde.
Her dürli WUZ-larda, dürli şäherde
Okaýarlar, öwrenýärler kän zatlar,
Gelýär her günsaýyn alkyşly hatlar.

Mugallym, mugallym! Gör, ne gözel at!
Sende gözün açýar ilki adamzat.
«A» harpyndan başlap alymlyga çen
Gol berip, goltuklap alyp barýaň sen.
Menikli okuwçyň alýandyr pendiň,
Söýersiň sen ony misli perzendiň.
Mekdepden uzakda ýetmez kararyň,
Okýansyň, bilýänsiň, berýänsiň baryň.

Joşgunly zähmetde geçer aý-ýyllar,
Hyzmata hormatdyr, ýatlar nesiller.

Girende klasa biziň gahryman
Nurly ýüzi bilen garap mähriban,
Kim baryn, kim ýogun bilýärdi özi,
Hatar partalara düşende gözi.
Birnäçe gün bäri gyzlardan biri
Gelenok okuwa, boş duryar ýeri.
Otyr, ýüzi salyk, ynha, jorasy.
Bilýärdi, gelmäge ýokdy çäresi.
Çekinip aýtmaga birbada ony,
Geçirdi geplemän birnäçe güni.

Emma kisesinde häzir ol gyzyň
Ýürekden syzdyrlan birnäçe sözüň
Suraty çekilen akja kagyz bar,
Ol onuň titreýän elinde duryar.
Jaň bolup bu sapak gutaran bada
Gowşurdy ol ony Ogulnabada.
Ol hatda geň habar barlygy mälim.
Ynha, koridorda ony mugallym
Derrew açyşdyrdy gidip baryarka,
Başlanýar şu ýerde şol bolan waka.

Goşgy galypyna salaýyn haty
Ol örän gysgady, sadady gaty:
«Bagyşlaň siz meni,
eziz mugallym,
Şu haty ýazamda titreýär golum.
Ýapdylar meň üçin mekdebe ýoly,

Birnäçe gün bäri tussagda ýaly,
Gözünden sypdyrman saklaýar enem.
Käte için çekip, zordan alyp dem,
Ýetirýär ýakymsyz ajy sözlerin,
Gaharly alardyp maňa gözlerin.

Barsam dawalaşyp, gaçyp barmaly,
Atadan, eneden geçip bamraly.
(Diýýär «Ýa bizden geç, ýa mekdebiňden,
Başyňa gidipsiň, irdim gepiňden»).
Öýmüzde bir garry ýatyr goş basyp,
Kämahal ogrynça men gulak asyp,
Diňleýän sözlerin, pyşyrdap her dem,
Biçýärler donumy garry hem ejem.
Biçseler biçsinler, barmaz ol başa.
Gep bolmajak bolup ýakyna-daşa,
Bilmezlige salyp, saklaýan özüm.
Mydam mekdep tarap delmurýar gözüm.
Kakamyň bir bolşy, öz işi bilen,
Oňa syryn bermän, uzakdan gelen
Diňe ejem bilen hyşyr-pyşyrda,
Ýalym-ýulum edip içde-daşarda.
Kakam türkanadyr, alarlar daşyn,
Gorkýaryn, al bilen aýlarlar başyn.
Mähriban mugallym, ýüregim gysýar,
Ýeke men bu ýerde, howsala basýar.

Ýadymda mekdebiň şat-şagalaňy,
Gitmeýär gulakdan kakylýan jaňy.
Geçilýän dersleri joramdan sorap,
Kitaba, depdere ogrynça garap,

Çolaja ýer tapyp her gün öz-özüm,
Okaýan sapagym, sypynsa gözüm.
Bir gelip gitseňiz hossar hökmünde,
Bilýäňiz, ýygralyk bar başdan mende,
Emma men erkimi saklaryn golda,
Garaşýan geler diýp gözlerim ýolda».

Gyzyň bu sözleri Ogulnabada
Obada köp zady saldylar ýada.
Okanda bu haty çytyldy gaşy,
Galmagal-gykylyk, töwerek-daşy.
Emma bilmeýärdi, göýä bir özi
Belli bir nokada dikilip gözi,
Siňe garaýardy, garadyk sary,
Ony oýlandyrdy gyzyň azary.
Birdenkä ýadyna düşdi bir waka,
Bolupdy şeýle iş özi okýaka:

Günleriň bir güni bir sapakdaşy,
Şadyýan, degişgen klas ýoldaşy
Mekdebe gelmegin kesdi birdenkä,
Çak etdi joralar, «Näsagdyr, belkä».
Ýedi ýyl bileje okapdy ol gyz,
Ýitidi her zada, düşünerdi tiz.
Ýene okajakdy gidip şähere,
Emma pynhanlykda bir uzak ýere
«Wagtynda ýapylsyn gyzyň ýeňsesi»,
Diýip, çykarypdyr ata-enesi.

Häzir Ogulnabat ol gyz hakynda
Oýlanýardy, ondan ýaňy-ýakynda

Oslagsyz otyrka bir hat alypdy,
Hatyň köp ýerleri ýatda galypdy:
«Kän salam gönderýän, eý, eziz joram,
Ýanyňa barardan daş meniň aram.
Gidenimden soňra dogduk obamdan,
Sargardy gül ýüzüm, gaýgydan-gamdan.
Görsem ataň-enäň meni çatany
Dünýäde deýýusyň baryp ýatany.

Orta ýakynlaşan, deňim-duşum däl,
Ýüzi gasyn-gasyn, bar saçynda çal.
Gaş-gabagy çytyk, gaharjaň, gödek,
Içýärdi aragy naharda suw dek.
Menden öň bireýýäm «telpegi agan».
Bir ýekeje özi eneden dogan,
Lälik saklanypdyr, ýok okan ýeri,
Bilini agyrdyp dökmändir deri.
Bar aşyň gatygy öýde enesi,
Ertirden agşama ýatmazdy sesi.

Iki ýan zowzaklap geçirdi güni,
Tanamazdyň şonda görseň sen meni.
Munuň üstüne-de her bir ädimde
Eşderdim ajy söz, şindem ýadymda:
«Gelmändiň erkiňe özüň bu ýerik,
Edersiň towlanman hyzmat içerik.
Talaň salan sensiň, bilseň bu öýe,
Bermesek-de haly, goýun ýa düýe
Ataň petde-petde sanap alandyr,
Nebisjeňlik bilen kisä salandyr...».

Bir zat diýsem jogap edip sözüme,
Basýardy enesi şuny ýüzüme.
Oglundan köp biýrdi maňa azary,
Börügiň, ýaşmagyň hökmandy bary.
Gaty gargynsam-da ata hem enä,
Bir ýandan, jora jan, özümde günä:
Boljak bolan bolup asylly bir gyz,
Könäniň öňünde epipdirin dyz.
Men soňra düşündim eden ýalňyşym,
Emma ol wagtlar ýaş eken başym.
Ahyr çydam etmän göterdim başym,
Hossar boldy hemme töwerek-daşym.
Bir ýyl bolup geçdi indi şäherde,
Okuwa täzeden girdim bu ýerde.
Gül ýaly gyzlar bar eliňde seniň,
Ýaşlykda uçuran ýagdaýym meniň
Sapak bor olara ýatladyp geçseň,
Görmän gidäýmegin şähere düşseň...».

Uludan dem alyp galdyrdy başyn,
Ýygnady ýanyna töwerek-daşyn.
Maslahat etdiler çekdi ol uzak,
Çykyp sözlän boldy birnäçe gezek.
Jemlendi bir ýere pikiriň bary:
Ertesi şol gyzyň öýüne sary,
Biziň gahrymanyň barmaly özi.
Göreli, okyjy, oň aýdan sözi
Ýer tutarmy ýa-da öňküden beter
Gürrüň ula gidip, köp ýere ýeter.

VII

Mal alasy daşynda,
Adam alasy içinde.
Nakyl.

Uzaga çekdirmän etmeli işin,
Ynha, söküşdirip obanyň için,
Çeken planlaryn täzeden barlap,
Hat ýazan şol gyzyň öýün nazarlap,
Barýar Ogulnabat çuňňur oýlanyp.
Düşdi dogry ýola saga aýlanyp,
«Birden gygyn pürküp baran dessime,
Göterse goh baryn, dübläp üstüme,
Mugallym halyma onuň bilen deň
Harçaňlaşyp dursam, iller görer geň.

Ýa-da paýhas etmän aýdan sözüme,
Diýse: «Gyz meniňki, ony özüme
Hyzmat etdirýärin, seniň işiň ýok,
Eklän men, saklan men, sen nan bereňok».
«Ilkinji gezek däl, göreýin hany,
Eger-de tapylsa sözüňde many,
Iller gulak asýar, diýeniň geçýär,
Gury söz halkdan araňy açýar».
Jogabyn taýýarlap boljak soraga,
Ýoluň boýun syryp, gitdi uzaga.

Oýlansaň bilmeýäň wagtyň ötenin,
Duýman galdy barjak ýerne ýetenin.
Açdy derwezäni, giň giden howly.

Ilmedi gözüne kiçi ýa uly.
It-guşdan ähtiýaç edip az salym,
Daşyna göz aýlap durdy mugallym.
Soňra ýuwaş-ýuwaş galdy eýwana,
Gapysy açyldy, açykdy aýna.
Görüp biri baryn gyzyň enesi,
Derrew çykdy daşa, eşdildi sesi:

«– Wiý, asyl senmidiň, Ogulnabat jan!
Gel, gözüm göreji, adyňa gurban.
Gir öýe, geregim, düşek üstüne,
Naharym taýýar dur, çaýym dessine...
«– Edil giren ýaly, sag boluň, daýza,
Möhüm işim düşüp geldim men size.
Ony bilýänsiňiz, belki, özüňiz,
Ençeme gün boldy siziň gyzyňyz
Mekdebe baranok, sebäbin şonuň
Bilmäge ýörite gelişim meniň.

Çaklany çykmady Ogulnabatdan.
«Bular habarlydyr, belki, bar zatdan»
Diýen dek bir pikir gelip huşuna,
Aýlady gözlerin degre-daşyna.
Perde kakylmansoň islendik heňde,
Ol söze başlady şeýle äheňde:
«– Wah, munuň sebäbi onuň özünde,
Ýokdur ýetmez zady ýeriň ýüzünde.
Turanda nahary taýýar öňünde,
Özüm ýola salýan ony her günde.

Gelende kitaby elinde mydam,
Okasyn diýip berdik ýörite bir tam.
Göwnese ýok onuň başarmaz işi,
Eder boş wagtynda dürli ýumuşy.
Emma bahana arap bolgusyz ýerden,
Kesirligin edip başlasa birden,
Duran bir eňekdir, bakmaz sözüňe,
Bilmersiň, çöp atyp birden gözüňe,
Atadan-eneden syryny gizläp,
Gider öz ugruna, tapmarsyň gözläp.

Käte küýli ýaly, duran bir laldyr,
Ýeňsesin tüňňerder, gaty keçjaldyr.
Şeýle betliginiň çykaly bäri
Diýeniň-diýmäniň däldir azary.
Bu zatlary bilmän, mekdepde biri
Belki, ynjydandyr bu tekepbiri.
Aňdyrýar, şu günler asyl ugry ýok,
Sorasam soragma jogap berenok.
Eger menden görse, ýalandyr gepi,
Galdyrdýan däldirin ýatanja çöpi».

Sabyrlylyk bilen «häsin» ýetirip,
Içinden kän zatlar göwne getirip,
Gyzyň enesine dikip nazaryn,
Aýdan sözleriniň diňledi baryn.
Ýadyna salanda ýazylan haty,
Muňa Ogulnabat geňlendi gaty.
Birden peýda boldy şeýle bir pikir:
«Ýagşydyr, bolmasaň bir ýaman mekir».

Emma parasatly, ganyn gyzdyrman,
Öňki bolşy ýaly,
hiç zat syzdyrman:

«– Hormaty başgadyr gyzyň mekdepde,
Pynhan pirim ýokdur, biliň, bu gepde.
Hemmäniň adyndan aýtsam, daýza,
Guwanjymyz uly biziň bu gyza.
Gyzlaryň içinde iň ukyplysy,
Aňly-düşünjeli, dogry geplisi.
Görelde baryna her bir sapakda,
Mugallym toparnyň bary bu hakda
Guwançly gürrüňler edýärler daýym,
Diýýärler menikli hem-de mylaýym».

«– Bilmedim başgaňy, meniň-ä şondan
Gönüm geçip barýar indi gün-günden.
Sözümden çykmazdy kiçijik wagty,
Häzir öz diýeni, üýtgäpdir gaty.
Azaryn geçirmän her kim başyndan,
Kişi maşgalasyn görüp daşyndan,
Öwgüsin ýetirýär, arşa çykarýar,
Kesekiler muňa ýüzleýje garýar.
Berdim ençe ýyllap duzum-çöregim,
Tanýan dälsiň gyzy men dek, geregim».

«– Eşidýär gulagym örän geň zatlar.
Bu gyzy tanamaýan kimmiş ol «ýatlar?»
Ýadymda, sumkasyn zordan göterip,
Ekabyrrak birne goluny berip,
Begençli, guwançly, şadyýan ýüzün,

Güldürip, giň açyp garaja gözün,
Mekdep bosagasyn basany onuň.
Hasaby içinde her geçen günüň.
Ol bizde saýgardy agy-garany,
Wagt çagalykdan açdy arany.

Bu gün ýat boldummy indi men oňa,
Daýza, ýokuş degýär bu sözler maňa.
Galatdyr aýdanyň, oýlanyp görseň,
Biz ylym berýäris, sen çörek berseň.
Gylyk-häsiýetiniň mälim hemmesi,
Biz onuň ikinji ata-enesi.
Oýlangyn, daýza jan, çapmagyn sala,
Nakyldyr «Bal süýji, baldan-da bala».
Belki, ýamanlygyň ýokdur balaňa,
Emma düşünmeýän ýersiz nalaňa.

Diňe bir sapak däl, her hili işe
Höwesjeň ýapyşýar bu gyz hemişe.
Diwar gazetinde hem-de gurnakda,
Oňat-oňat çykyş edýär her hakda.
Barmasa mekdebe ýekeje gezek,
Derrew mälim bolýar, çekmeýär uzak.
Akylly, menikli, bir duran mähek,
Guwan sen gyzyňa, käýinme nähak.
Kesäňden gybat bor, diýýän ýüzüňe,
Hiç kişi ynanmaz beýle sözüňe.

Hany ol nirede? Göreýin özün».
Bu sözler aýalyň üýtgetdi ýüzün.
Dili çolaşan dek, diýen etmedi,

Dogrusyn aýtmaga gaýrat ýetmedi.
Çuňňur oýa gitdi, ýüzüni sallap,
Gözlerin owkalap, saçlaryn sypap,
Ýitirdi özüni, der basdy ony,
«Bolsa şu ýakynda tapaýyn hany»
Diýip, iki ýana ýeňil aýlandy,
Gygyrdy, käýindi, ýene dolandy.

«– Gowusy-gowudyr, saňa, geregim,
Meniň-ä haram dek beren çöregim.
Diňlemän diýenim, saçym agartdy,
Azary etimden süňňüme ýetdi.
Eýýäm ýok bolupdyr goňşy-golama,
Işi mydam meniň günüm bulama...»

Diýip, başlanynda öňki sözüne,
Kaklyşdy birdenkä gyzy gözüne.
Boldy aňka-taňka, ýitirdi özün,
Gaharly garady alardyp gözün.

Duransoň az salym zordan syr saklap,
Etdi haýýarlygyn özüni aklap:
«– Işli adamlary goýýaň azara,
Etmegin beýle iş dagy-duwara.
Gaýtalap-gaýtalap aýtdym saňa,
Gitmeseň mekdebe söz gelýär maňa».
Manysy başgady soňky sözleriň.
Gyza gönükdirlen çökgün gözleriň
Doludy garaýşy gahar-gazapdan
Çünki gorky bardy boljak jogapdan.

Barha galpyldysy artýar aýalyň,
Mekir hyýallary üstünden salyň.
Kä gapa seredýär, käte gyzyna,
Indi gulak salyň sözüň yzyna.
Şeýle duşuşykdy gyzyň geregi,
Häzir gopgunlydy näzik ýüregi.
Gyssaga düşende duş gelse hossar,
Adam ejiz bolýar, gözünde nem bar.
Kem-kemden özüni alanda ele,
Ýüregiň joşguny ýol berdi dile:

«– Ýalan sözler bilen başyn agyrtma,
Dogrusyn dogry diý, sapalak atma.
Meň ýüzüm gyzardy garap daşyňdan,
Uslypmydyr saňa, utan saçyňdan.
«Mekdep tarapyndan gelýäýse biri,
Öýde görünäýseň gömerin diri»
Diýip, gaýta-gaýta düýn tabşyrypdyň,
«Ýok» diýsem çümmükläp, tenim burupdyň.
Boýun gaçyrmarsyň, ynha, yzy bar,
Aýt, bu ýagdaýa häzir kim çydar?»

«– Kes diýdim, kes sesiň, sen deýýus tula,
Zor edip men seni dakdymmy dula?»
«Urma, sökme, geplet» atalar sözi,
Gör, üstünden barjak ahyry özi».
«– Näme etmişim bar, üstünden baryp,
Agzyň harçaň urma, bu gyzy görüp».
«– Aýdaryn baryny, birin gizlemen,
Sen dek göz-görtele ýalan sözlemen.

Maňa mälim boldy agşam hemme syr,
Keýpine gelipmi öýdäki kempir?

Ýanyna çagyryp, meni apalap,
Hoşamaý söz bilen saçym sypalap:
«– Uly gyz bolupsyň, gör, tüweleme,
Ýüzüň şöhle berýär külli-äleme.
Indi gaça durgun iliň gözünden,
Çykmagyn enäniň aýdan sözünden...»
Aýdyňdy manysy maňa bu sözüň,
Sen bolsaň abşarlyp, oýnadyp gözüň,
Heşelle kakýarsyň onuň daşynda,
Tüweleý turýardy gyzyň başynda».

«– Başyna gidipdir, bu ilden çykan,
Söz gutulmaz mundan, tüýs bir ýurt ýykan.
«– Daýza, duraweri, eger bu sözüň...»
«– Durup bilmen, muny azdyrýan özüň...»
«– Azdyryp-azdyrman, görkez günäsin...»
«– Günäsi: itçe-de görmän enesin...»
«– Eje, dogryňdan gel, urup aglama,
Haýýarlyga salyp, bagrym daglama.
Diýjegiň maňa diý, çakdan ötürme,
Mugallymma meniň diliň ýetirme».
Dürli-dürli bolýar gylyk gendesi,
Duş gelýär durmuşda onuň hemmesi.
Käbirler gysgançdyr, käbirler mekir,
Käler utançsyzdyr, bar zada müňkür.
Käler söze başlar mydam «men-menden»,
Her zada ökdedir, beletdir senden.
Käleri tutukdyr, käleri ýaňra,

Gödek gödekligne öküner soňra.
Emma iki ýüzli baryndan beter,
Gara şal geýinip ýüzüni örter.

Diýrler: «Iki ýüzliň gurasyn ýüzi».
Unutman hiç haçan, dostlar, bu sözi.
Eger ol duş gelse saňa her ýerde,
Ahmal bolsaň salar köp ýaman derde.
Anyk görnüşi bar her dürli zadyň,
Ynha, garşysynda Ogulnabadyň
Iki ýüzliň biri durýar bu aýal,
Göründi ikisem, gaty gara şal:
Göýä çapady dek, gyzardy ýüzi,
Sojugyp dem alýar, ümezlän gözi.

«– Daýza, bu zatlaryň düşnükli bary,
Ýeke men däl, köpdür gyzyň hossary.
Eger goýbermeseň, mekdebe ony,
Gürrüň ula gider, düşün sen muny.
Pikir ber agzyňdan çykýan her söze,
Ýalan töhmet atsaň mundan soň bize,
Menden gaty görme, salýan ýadyňa.
Laýykmydyr seniň ene adyňa
Bir eziz perzendiň raýny ýykmak,
Onuň geljegine perwaýsyz bakmak.

Bizde bir pikir bar, sen hem ony bil,
Obanyň mekdebin gutarsa şu ýyl,
Okamaga ony ýene iberjek,
Özüniň islegi, biz kömek berjek.

Okasyn, öwrensin, tutsun bir käri,
Sen onuň enesi, berme azary.
Okamaga ol däl, özümem gitjek,
Höwesjeň gyzlaryň baryn äkitjek».
Soňra mugallyma gyza ýüzlendi:
«Söz şunda gutarsyn, gideýin indi.

Agşam işden gelse, aýt kakaňa,
Ertir irden öýde garaşsyn maňa».
Gitdi Ogulnabat, barýar öýüne,
Bilmedim, nämeler gelýär küýüne.
Uludan dem aldy howludan çykyp,
Birden diňşirgendi aşaga bakyp.
Käýinýär hüňürdäp aýal gyzyndan,
Eşidildi şu sözler onuň yzyndan.
«– Adyň öweý bolsa şudur aklygyň,
Hasaba alynmaz baryň-ýoklugyň».

Birkemsiz tanatdy gyzy ýakasyn,
Kähuda ediner indi kakasyn.
Artdym, süpürdim, geldi kemala,
Indi ene mähri ýokmuş hamala.
Agzymdan aýryp, berdim nanymy,
Ynha, ahyrynda ýakdy janymy...»
«– Ýene öz diýeni, şol köne heňi,
Hötjetlik diýeniň bolmazmy soňy?»
Diýip, mugallyma için gepletdi,
Ýol boýy oýlanyp öýüne ýetdi.

VIII

Indi daşlaş Türkmenistan ilinden,
Eglenme, güýmenme, ýok bol, köne adat!
Kimiň bogazyndan, kimiň bilinden
Asylma, sallanma, ýok bol, köne adat!
Mollamurt.

Dagy-daşy ýel bozar,
Adam arasyny dil bozar.
Nakyl.

Çyksaň günbatara ýňky obadan,
Geçen nesillerden, ata-babadan
Galan bir köne ýol uzalyp ýatyr,
Yzarlasaň seni, gör, nirä ýetir.
Giň meýdan göwsünde bir çyzyk ýaly,
Ýyllar dowamynda salan bu ýoly
Düýäniň dabany, atyň toýnagy,
Mydam mör-möjegiň öýi-oýnagy.
Ýandak, ýowşan, syrkyn iki gapdaly,
Tomusy tozanly, gyşy batgaly.

Uzak däl, ýetersiň uzatsaň goluň,
Munuň gapdalynda täze bir ýoluň
Eliň aýasy dek ýüzi tep-tekiz,
Geçýär ok kesdirme maşynlar tiz-tiz.
Oklaw dek giň giden bu tekiz ýoluň
Dursaň ortasynda, sag bilen soluň
Endigan dikilen dürli agaçlar,
Inçejik simleriň üstünde guşlar.

Asuda asmana, düze syn edip,
Otyrlar ganatyn ýele ykjadyp.

Gün guşluk galypdy, asman açykdy,
Eşekli bir kempir obadan çykdy.
Köneje dar ýoluň ugruny alyp,
Gartaň gasyn ýüzün aşaga salyp,
Barýar, gahar edip haýal ýörşüne,
Dürtýärdi teblesin eşek gerşine.
Agyr ýük astynda çekip ahy-zar,
Dikgirdeýär duýup teninde azar.
Keýerdip gulagyn dynman janawar,
Ýöredikçe basýar ony gara der.

Üstünde göýä bir garantga ýaly,
Toňňarlyp otyr ol bir oba ýaly.
Orapdyr başyna kirli gyňajy,
Aşakda görünýär onuň bir ujy.
Guşalgy biline gysypdyr elin,
Asypdyr boýnundan köne heýkelin.
Garyň alamaty çytyk ýüzünde,
Öz için gepledip türkmen düzünde,
Tozan turzup barýar ýylyň bu çagy,
Ýere ýetsem diýýär iki aýagy.

Ugurdaş ýoldaş ýok, bir ýeke özi,
Käte yza garap alarýar gözi.
Kimedir, kim bilsin, gelip gahary,
Debsedip aýagyn, biçäre hary
Horlaýar ýol boýy, berýär azary,
Ahmetden alynýar Alynyň ary.

Büküp agaç bilin, ýüzüni sallap,
Hüňürdäp içinden uludan pallap,
Belki, ýada salýar ol geçen döwri,
Birden daşa çykýar içiniň howry:

«Gyrasyny gör-de bizin al» diýip,
«Enesini gör-de gyzyn al» diýip,
Örän hak aýdypdyr öňki geçenler,
Sözlände dür kibi many seçenler.
Ýumruk ýaly gyrnak diýenin etmän,
Deň sanaşyp durýar ugruna gitmän.
Agzyn tanadypdyr, itçe görenok,
Sözleşse özüne gezek berenok.
Enesi emelsiz, gyzy bedasyl,
Bilsem beýledigini gelmezdim asyl...»

Şunuň ýaly oýa giden mahaly
Eşek janawaryň ýaman däl haly.
Debsetmän aýagyn, goýup teblesin,
Garry işledende köne kellesin,
Erkin demin alýar şonda azajyk
Uzyn gulaklaryn sallap eşejik.
Birden açylan dek süýji ukudan
Beter hyhlap başlar ony öňküden.
Atlansa eşege garrynyň jyny,
Galýar gumak ýoluň çalja tozany.

Göýäki daşyna tor gurlan ýaly,
Pikir sypdyrmady garry aýaly:
«– Men diýsem ärimiň bolmaz hiç gepi»,
Bogazyn dolduryp urdy güp-güpi.

Ynanyp gepine men petigara,
Ynha, biderejik galdym azara.
Gelende ir bilen ol myrdar tula
Äriniň öňünde döndi bir gula.
Ýerden seza çykdy, ondan çykmady,
Atasumak gyzyň sözün ýykmady.

«Okatjak, okatjak, könä eýermen!»
Bolduň meň başyma perzent söýermen.
Dagdan et, boýnuňdan dakyn gyzyňy,
Soňra ökünersiň tapman yzyňy.
Okatsyn, dokatsyn, näme etse etsin,
Maňa geregi ýok, gümlere gitsin.
Kisäň doly bolsa, uzyndyr diliň,
Pitikläp saýlaryn gyzyny iliň,
Ile meňzeş bilen gataryn goşy,
Gaýgym ýok dik dursa oglumyň başy.

Açyk meniň üçin atly gapylar,
Bardyr bir ýazylan, ahyr tapylar.
Bir seniň gyzyňmy ýeriň diregi?
Asylly maşgala maňa geregi.
Okuw janyň alsyn, seniň ütülmiş...
Gazyga döndüň-le, hyh!
haram ölmüş!..»
Birden el-aýagy hereket etdi.
Için çeke-çeke çuň oýa gitdi.
Hyzzynlap başlady eşek biçäre,
Kem-kemden obadan açdy ol ara.

Goňşy obadandy bu barýan kempir.
Köne kellesinde jemläp bir pikir,
Öýüne myhmandy köp wagt bäri,
Oturyp bir ýerde ýetmän karary,
Hasaplap içinden ýygnan zadyny,
Eşitse bir ýerde gyzyň adyny,
Söküp oba-oba, gezýärdi ili.
Kän gezek dolanyp yza şu hili,
Ýol boýy zeýrenip için çekýärdi,
Lapy keçliginden nala çekýärdi.

Hanha, gidip barýar yzyn garaman,
Kellesi aýlanýar, gözünde duman.
Birdenkä ýel öwsüp, ýatan çöpleri
Göterdi asmana, olaň köpleri
Aýlandy pyrlanyp garryň daşynda
Turdy bir kyýamat onuň başynda.
Eşek-de döz gelmän beýle tupana,
Aýagaldygyna çapdy şol ýana.
Gitdi, agyr ýükün göterip gitdi,
Tozana garyşyp gözümden ýitdi.

Dostlar, gybatkeşiň uzyndyr dili,
Goýmaz öz gününe parahat ili.
Dürli habarlardan doludyr ýany,
Ýadamaz, sümsünip gezer obany.
Bir ýandan ýaýradar, bir ýandan çöplär,
Ynandyrjak bolup her dürli geplär.
Gybatsyz gijesi ukusy tutmaz,
Gündizi gümradyr, karary ýetmez,

Iliň otur-tury sypmaz gözünden,
Tapmasa täze zat, toslar özünden.

Dikilgi gazykdyr üýşse märeke,
Baryn gözden geçir ýekeden-ýeke.
Näbelet aldanar, tanýanlar gaçar,
«Pylany pylanmyş» – özi söz açar,
Gaş-gabagyn kakyp, gaty alçakdyr,
Maksady agzyndan bir söz aljakdyr.
Aňtar gije-gündiz amatly ýeri,
Göýä balykçydyr, gurar giň tory.
Oňa näme düşse, şodur höregi,
Düşmese gurudyr iýen çöregi.

Ölse-de hiç haçan gelmez rastyndan,
Goňşyny goňşudan, dosty dostundan,
Dogany dogandan, aýaly ärden
Sowaşdyr söz tapyp her dürli ýerden.
Ýapyşmaz ýürekden hiç hili işe,
Sözüň sergezdany gezer hemişe.
Kem-kemden ýat bolar kowum-gardaşa,
Soň özün tanadar ýakyna-daşa.
Çekmese dilini ýalan sözünden,
Düşer ahyrynda iliň gözünden.

Gyzyň öýündäki gürrüňden soňra,
Tapyldy birnäçe gybatçy ýaňra.
Kim bilýär nireden başlandy ilki,
Hamyrmaýasyny goýandyr, belki,
Bize belli bolan aýalyň özi,
Iki ýüzliň mydam ikidir sözi.

Nähili bolsa-da edil şol bada
Her dürli gürrüňler ýaňky obada
Derrew ýüze çykdy, ulaldy gitdi,
Az wagt içinde her ýere ýetdi.

Ilkinji gybatkeş başlady sözün:
«Pylany çykarjak bolanda gyzyn,
Duýup Ogulnabat muny dessine,
Gyzarlyp baranmyş onuň üstüne.
Diýipdir: okuwdan goýsaňyz gyzy,
Bäri-bärilerde duruzman sizi...»
Kakyp başga biri muny şol bada,
Ýene çişiripdir iki arada,
Bir öýden ikinji öýe barynça,
Ýa-da özi ýaly birin görinçä:

«– Asyl eýemsiräp iliň gyzyna,
Äkitjek bolýarmyş tirkäp yzyna,
Başga bir okuwa, çyn bolsa gepi,
Darlyk edýärmişin obaň mekdebi...»
Üýtgedýär mazmunyn bu gürrüň barha,
Diňläň üçünjiniň aýdýany, ynha:
«Okuw bahanamyş diýýärler özi,
Şäherde birine berenmiş sözi.
Tomus düşen bada alyp gitjekmiş,
Diýýärler şol ýerde toýun etjekmiş...»

Goşuldy gürrüňe ýene-de biri:
«– Hak diýýäň, bardyr-la şeýle bir ýeri.
Utançsyz, haýasyz ol ýüzi gara
Ata-enesini edip masgara,

Hut özi kowanmyş gelen bendäni,
Taňrym görkezmesin beýle gendäni.
Arka tutunanmyş Ogulnabady,
Baranda öýlerne, dady-perýady
Edip enesine gaty dyzanmyş,
Diýýärler ol gyzyň dili uzanmyş...»

Ynha, şular ýaly gapy gezerler
Şugulçy, gybatkeş ara bozarlar
Köwşün ele alyp ümüş-tamyşdan,
Doldurdy obany dürli «myş-myşdan».
Käte işi düşüp gitse şähere,
Ýa biri şäherden gelse bu ýere,
Olar özleriçe çykaryp many,
Hakykat hökmünde dürli gümany
Oba ýaýratdylar edil şol bada,
Dogry gönükdirip Ogulnabada.

Käsiniň kämahal gyzyp kellesi,
Eşdildi käýerde ýigrenji sesi.
Hiç paýhas etmezden aýdýan sözüne,
Birden dil ýetirdi onuň özüne.
«– Gözi ýer görenok, tumşugy gökde,
Gizlin bir syry bar onuň ýürekde.
Obada men diýen kän hyrydary,
Söz gatyp, ýüzüni aldyrdy bary.
Ýöne ýerden däldir, bu hili zatlar,
Dul göze mähriban görünýär ýatlar...»

Çynmy ýa ýalanmy – parhy ýok onuň,
Ýaman gep ýaýrasa hakynda seniň,

Gider ynjalygyň, bolmaz heziliň,
Diýerler bitmezmiş ýarasy diliň.
Ýetende gulagna ýokarky sözler,
Nurtäç gama batdy, ýaş dökdi gözler.
Bolsa-da bularyň bary biderek,
Dert baryny çeken agyryly ýürek
Ýene paralandy öňküden beter,
Ajy söz zäherdir, süňküňe ýeter.

Emma gaýnamady galpyň gazany,
Hakykat öňünde sözüň ýalany
Ýeliň girdabynda kagyz küli dek
Sowruldy asmana, galmady derek.
Göýä gorky bilmez gözsüz edermen,
Bakmady hiç ýana, ýöredi kerwen
Goşup aýagyny owazly jaňa,
Gardy garşylygy tozana, çaňa.
Gitdi ol, durmady, dos-dogry gitdi,
Gitdigiçe barha ynançly ätdi.

Örän uzak gitdik arany üzüp,
Oturandyr şindem çaýyny süzüp,
Öýde ýeke özi Oraz aganyň.
Edip beýanyny geçen wakanyň
Biz onuň ýanyndan çekildik yza.
Belki, geň görüner, okyjy, size
Gürrüňiň gidişi, baplaryň ýeri.
Eger sorasaňyz okap eseri,
Bilgeşlin etmedim men muny beýle,
Gyzyň gündeligniň düzülişi şeýle.

IX

Seniň her bir sözüň, her bir arzuwyň
Mukaddes peýman dek ýerine ýeter.
Ý. Nasyrly.

Çaýyň ajy ýerin sarkyryp käsä,
Eltende elini çilimli kisä,
Birden daş işikde boldy hümürdi,
Bir garryja aýal içeri girdi.
Şägindi az wagt, geçmedi dula,
Garap ýeň astyndan birnäçe ýola,
Çöňňelen gözlerin gezdirdi ilki,
Birbada saýgaryp bilmedi, belki,
Ýagtydan gelipdi, öýde kim baryn.
Soňra Oraz aga dikdi nazaryn.

«– Hajat, amanlykmy, asyl senmidiň,
Soňky wagtlarda kesdiň gel-gidiň.
Hiç ýoluň düşenok, ýat bolduň bize,
Käte barmaň bardy ozal öýmüze».
«– Wah, ýeke size däl, asyl hiç ýere
Çykamok şu eýýam, bir ýan gidere
Mejalym ýok, Oraz, öýde bir özüm,
Barysy işinde, meniň-de gözüm
Gidipdir, çalaja ýolum saýgarýar,
Ýaşarýar, gamaşýar, köp azar berýär.

Men-ä sandan galan bir ýeke elli,
Işimiň känligi özüňe belli.
Işiň agdykdyr-da, görnenok garaň,

Garrylyk bilen seň niçikdir araň?
Hiç bir habarym ýok köp wagt bäri,
Çaga-çugalaryň gurgunmy bary?»
«– Şükür, ganymatdyr, Hajat, içeri,
Bu ýyl obamyzyň giňeldi ýeri.
Ýazda ýapyşmasaň wagtynda işe,
Ekiş galagoply geçýär hemişe.

Gözel dek gaş kakyp, göz güldürse-de,
Gazap donun geýip, güýç bildirse-de,
Hatyrjem bolaýgyn, milt edip bilmez,
Entekler gapymdan garrylyk gelmez».
«– Göwnümden turýasyň, hak bolsun sözüň,
Könelerden galan bir ýeke özüň.
Her işde seň bilen töwerek-daşyň,
Il-günüň islegi – dik dursun başyň».

Az-kem pikir edip soňra içinden:
«– Şindizem gelmänmi bu gyz işinden?
Alňasan ekenim asyl biderek».
«– Bu gyz-a entejik eglense gerek.
Menem iş üstünden şulara düşdüm,
Häli-şindi geler, esli garaşdym.
Asyl hakydama gelmändir meniň,
Möhüm maslahaty bolmaly onuň
Şu gün okuwdan soň bir brigadada
Syýasy aň-bilim işi barada.
Hany, ynjalykly otur bir salym,
Gürrüň ber, howlukma, geler mugallym».

«– Gürrüňiň bolarmy çykmasaň ile,
Gelse Ogulnabat, ine, şoň bile
Maslahatym bardy, senem eşitseň,
Has gowy bolardy bir kömek etseň».
«– Onuň ýaly bolsa, Hajat, töre süýş,
Hiç gaýra goýulmaz bizden bitjek iş».
«– Kiçi agtyjagym iberdi meni,
Git, ene, git diýip goýmady göni.
Diýýär: bu mekdebi gutarýan, ene,
Iberiň şähere, okajak ýene.

Wah, men düşünýänmi, zabunmyş gaty,
Gazetde-de çykdy onuň suraty.
Düşýärmiş her zada gözi sapyşsa.
Öýde-de el-aýak, nämä ýapyşsa,
Asyl, tüweleme, her kimçe edýär,
Gün yrman hemişe mekdebe gidýär.
Hatarlap goýupdyr diwardan asyp,
Adyny bilemok, gök peçat basyp,
Mekdebi beripdir bir oňat haty,
Agtyjagym oňa guwanýar gaty...

Bitjekmi duşmanyň salan ýarasy,
Ogul çaky däldi, dagyň parasy,
Balamyň baryna bardy bara-bar,
Bilýänsiň, öňki ýyl geldi şum habar
Meniň körpe guzym Öwezmyratdan,
Onuň tabşyrygy çykanok ýatdan.
Goşlary taýýardy, ugrajak güni
Çagyryp ýanyna gelnini, meni

Diýdi: «Ugradýarlar bizi şu gije,
Toýa ýa meýlise gidemok, eje.

Gelerim-gelmezim kysmata bagly,
Watan diýip atyna münse ýurt ogly,
Ölüm gorkusyny salmaz ýadyna,
Hiç namys getirmez iliň adyna.
Diňläň ikiňiz hem, towakgam sizden,
Şu iki çagany salmaň siz gözden.
Hor etmäň hiç haçan egin-eşikden,
Şulardan hiç zady gaýgyrmaň, eje,
Mekdebe ikisem gitsin bileje.

Özüm-ä, bilýäňiz, okuwsyz galyp
Örtendim, ýaşlygym ýadyma salyp,
Çekdim ahmyr baryn, bolmady çäre,
Deň-duşlarym menden açdylar ara.
Munuň-da sen bolduň, eje, bir ýany,
Getirip ýanyma «saçly mollany»,
Diňe şonuň dersin okatdyň maňa.
Öýke etdigim däl saňa ýa oňa,
Bireýýäm bolan zat bularyň bary,
Degişip diýýärin, etmäň gahary.

Hoşlaşyk sagady, sizden haýyşym:
Etdirmäň bulara meniň ýalňyşym.
Yhlasly okasyn ikisem hökman,
Daşmy ýa ýakynmy – onsuna bakman,
Gitsin, dowam etsin, saklamaň birin,
Görsün çagalarym okuw hözirin.

Goý, tutsun her haýsy islän kärini,
Besdir meň çekenim onuň zaryny.
Ynha, wesiýetim, saklaň ýürekde,
Hat ýazyň her mahal maňa bu hakda».
Ine, tabşyrygy, özi gelmedi,
Uljasy dowamly okap bilmedi.
Eklenç neressämiň düşdi başyna,
Ymykly ýapyşdy meýdan işine.
Ata ornun tutýar häzir öýmüzde.
Oraz, hemmämiziň indi küýmüzde
Kiçijik agtygym Bibijemaly
Okatmak, oglumyň aýdyşy ýaly.
Ine, şunuň üçin munda gelişim,
Meniň bar gürrüňim, bu gyzlyk işim.

Her gün gürrüň berýär mekdepden barsa,
Ady agzyndadyr otursa, tursa.
Şeýle bir halapdyr Ogulnabady,
Enäni şuň ýaly söýse zürýady,
Örän hoşal bordy beren duzundan.
Mydam Ogulnabat barýar yzyndan
Mekdepde okaýan oglanyň-gyzyň.
Wah, menden beletsiň, gysgasy sözüň,
Birkemsiz edýär ol işine erki,
Syl, tüweleme, obanyň görki.

Diýýär, gürrüň etdi ýygnap bizleri,
Oňat baha alan meýilli gyzlary
Aýdypdyr, iberjek şähere sary.
Arza bermelimiş gitjegiň bary.
Arzaň işi haýyr, ýazarys ony,

Başga zat bu ýere getiren meni:
Elinje äkitse, garaşyk etse,
Täzeki ýerde-de täsiri ýetse,
Ol bir gyz maşgala, özüňe mälim,
Berilse diýýärin oňatja tälim».

«– Hajat, hak edýärsiň, ibermek gerek,
Geçmesin ýaşlygyň ýyly biderek.
Ýaňyja dälmidi Ogulnabadyň
Gulpagyn tasadyp, hiç hili zadyň
Aladasyn etmän, böküp ýöreni.
Indi haýran edýär gelip göreni,
Mekdebiň ýagdaýy, okuw gidişi.
Ýeke mekdebi däl, her dürli işi
Bizem tabşyrýarys oňa her mahal,
Uzakdan gözleme, şundan mysal al».

Birden daş işikde hümürdeşdiler,
Öýde oturanlar diňirgeşdiler.
Has aýdyň eşdildi Öweziň sesi,
Gelendir işinden, belki, enesi.
Salmady mundan soň ara kän salym,
Ynha, salam berip girdi mugallym.
«– Salam, Oraz aga, wiý, Hajat eje,
Sizem bu ýerdemi? Ynha, ýaňyja
Maňa zat diýmedi, gördüm Jemaly,
Gapyňyzda birne garaşýan ýaly».

«– Diýmese-de, keýgim, iberen özi,
Alsaň habarymy, bary şoň sözi.
Senden çekinendir, ýürek eldedir,

Maňa garaşýandyr, gözi ýoldadyr».
«– Maslahat bu gezek uzaga çekdi,
Dürli teklip bilen köp adam çykdy.
Ynha, ýaňyjadyr halkyň dargany,
Uzak garaşdyrdym Oraz agany...».
«– Hakyndan çykypsyň, Ogulnabat jan!
Hut ýerden tapan dek janyn aýaman,

Ýat goňşy-golama, gapydan barman,
Myhman öz öýüne, bir ýerde durman.
Goý, alsyn demini, dynjyny bende
O çetden, bu çete sergezdan günde...»
Gülüşdi bu söze barysy birden,
«– Tapar şunuň ýalsyn oslagsyz ýerden.
Bilmeýän hiç zady ýok jemagatyň,
Kemine gatanjy bardyr Hajatyň»
«– Kemine, Pyragam – barysy özüň.
Haýp aýdylmasa mamlasy sözüň».

Okyjym, her hili bolsaň-da dana,
Daşyndan nyrh goýma hiç bir ynsana.
Saýrasa guşlaryň kän şiwesi bar.
Agajyň ýapragy hem miwesi bar.
Eger-de seljerseň gowudan pisi,
Hoş ýakmaz burnuňa her gülüň ysy.
Näme haýyry bar gürrüň açmanyň,
Suwy deň gelýärmi iki çeşmäniň?
Ine, şu sözlerden çykarsaň many,
Tutma bir aýakdan hemme ynsany.

Örän çuňda bolýar durmuşyň syry,
Her kime her hili onuň täsiri.
Käbir adamlary görüp daşyndan,
Diýersiň köp zatlar geçen başyndan.
Çaklarsyň, göýä bir akyl derýasy.
Aýdanda sözüniň bolmaz yrýasy.
Emma bir söý bilen pikir alyşsaň,
Ýakyndan tanyşsaň ýa iş salyşsaň,
Agramy aşykdyr, kölgesi köşek,
Daşyndan jäjekdir, içinden möjek.

Käbirin göreňde sadadyr daşdan,
Duýýarsyň bir parh ilki garaşdan.
Mydam dilindedir ýürekde bary,
Ýüregi tämizdir, kyrk çille gary.
Sözleşseň lezzetdir, dartar özüne,
Ünsli garasaň nurly ýüzüne,
Tükenmez bir mähir, durmuş görersiň,
Uzak oýlanarsyň, pikir berersiň,
Ynha, hyýalyňda gözlän sypatyň
Az geler göwnüňe eden hormatyň.

Geçdi zähmet güni, nahar başynda,
Diýersiň syn edip dursaň daşynda
Göýä bir maşgala, otyr üçüsi,
Tapawut etdirmez ul-u-kiçisi.
Degişme, gülüşme söz arasynda
Hem-de gürrüň gidýär iş barasynda.
Çynynda çyn ýaly, oýunda wäşi,
Ol iki garrynyň agaran başy

Ýürekden alypdyr, belki, mysaly,
Kökleriň ýapragy besleşi ýaly.

Olaryň selçeňlän ak saçlarynda,
Dürli şemal çalan dik başlarynda,
Ýüzlerçe çil ýasan gasynlarynda,
Gasynlar gatynda, çil arasynda
Ençe wakalaryň ýitmez yzy bar,
Hersiniň ýürekde joşýan sözi bar.
Geçirip başyndan her hili güni,
Görüpdir ikisem ajy-süýjini.
Sadadyr adamsy, görseň obanyň
Içgin gürrüň etseň, gönener janyň.

Gysga dowam etdi gürrüňiň yzy,
Hajat tanyş etdi iş bilen gyzy.
«– Aýdyň, Hajat eje, arkaýyn bolsun,
Ertir okuwdan soň mekdebe gelsin.
Gepleşdim bireýýäm hemme ýer bilen,
Ertir gürrüň etjek ýokardan gelen».
«– Ýaşyň uzak bolsun, Ogulnabadym!
Il-gün arka dagym, bolmaz kem zadym.
Ýör, onda, geregim, meni ýola sal,
Gelelim bireýýäm, geçdi kän mahal.

Oraz, unutma sen köne çatmany,
Bize deň-duşlaryň azaldy sany.
Kemine gatanjym bolsa-da meniň,
Eşitsem eger-de barjagyň seniň,
Gorkma, tapylaryn öýümde hökman,
Hytaý mamamyz hem bolupdyr çendan».

Gözläp galoşyny eglendi biraz,
Jogap ýerne myssa ýylgyrdy Oraz.
Hoşlaşyp hasasyn aldy-da ele,
Ogulnabat bilen çykdy ol bile.

X

Geňeşli don gysga bolmaz.
Nakyl.

Öýde Oraz agaň galdy bir özi,
Hoşuna gelipdir Hajatyň sözi.
Gara ädigine ellerin oýkap,
Häzir-de ýylgyrýar kellesin ýaýkap.
Ony gyzykdyrýar gürrüňiň yzy,
Gapa gözün dikip gözleýär gyzy.
Arada ikisi duşuşan wagty:
«Sizlik bir işim bar, gyssagly gaty,
Edara işi däl, maşgala işi,
Ýagşy däl eşitse başga bir kişi.

Ýoluňyz düşende barsaňyz bize,
Men gürrüň bererdim baryny size»
Diýip, Ogulnabat haýyş edipdi.
Şonda Oraz aga ünjä gidipdi.
Ediljek gürrüňiň syrly mazmuny
Häzir-de pikire salýardy ony:
«Edara işi däl, maşgala işi,
Barmyka bu gyzyň ýüregniň çişi?
Beýle bolup bilmez, dändi sözünden,
Onda mälim bordy derrew ýüzünden».

Durmuş ýoly uzyn Oraz aganyň,
Bu gün ýaşulusy giden obanyň.
Agyr hasratda geçip ýaşlygy,
Tapmandy durmuşdan göwün hoşlugy.
Egri taýak bilen ýany köpekli,
Gyşynda oýlukly, tomsy çepekli
Gara tüňçesini biline dakyp,
Gezipdi kän wagt baý malyn bakyp.
Gowurga dişliňki diýlen ýyllarda
Obadan alysda – ymgyr çöllerde.

Soňra taýagyny çalşyryp pile,
Obada agramy beripdi bile.
Onda-da horlukdan ýetikdi ýüki,
Käte ýarpasyna, kä bäşden iki
Ekerdi ýyl boýy iliň ýerini,
Gyşynda, ýazynda saçyp derini.
Boýnundan berk asyp gaýyş çekini,
Mydam depesinden daşly sokyny
Aýyrman garyplyk mäkäm tutardy,
Ol ýyldan bu ýyla zordan ýeterdi.

«Awrora» topunyň ýaňlanyp sesi,
Täze bir eýýamyň şanly şöhlesi
Türkmen sährasyna ýaýylan zaman,
Darganda dört ýana asmanda duman,
Ýagta ýüzün berip biziň ýaşuly
Goşun hatarynda uzadyp goly,
Aklaň garşysyna naýza geripdi,
Gazaply günleriň gohun görüpdi.

Şikes galdyrypdy, şaýat synasy,
Duşakda duşmanyň salan ýarasy.

Baý mülküne döwlet lüň çeken wagty
Obanyň gowgasy güýçlendi gaty.
Baş bolup şol günler garyp-gasara,
Gaýtawul beripdi ençe ýesere.
Ganly çakyşmanyň köp boldy sany,
Käte howp astyna düşüpdi jany.
Daýhan ekin-goşun birikdirende,
Duşman mar dek bilin düýrükdirende,
Gaýduwsyz gatnaşdy epmäge ony,
Göreşsiz geçmändi garrynyň güni.

Obanyň taryhyn yzlap otursaň,
Ýylba-ýyl baryny gözden ötürseň,
Syýasy çäremi, hojalyk işi
Bir ýan gapdalynda bardy bu kişi.
Gyşyň ahyrynda, urşuň öň ýany
Berildi birdenkä ýassyga ýany.
Kän ýatdy deň edip iki tarapy,
Emma üzülmedi ömür tanapy.
Gyzymyz dolanyp gelen mahaly
Ýüzlendi dessine oňa ýaşuly:

«– Gyzym, gürrüňmize başlasak nädýär,
Habaryň pynhanmy bikarar edýär».
Garrynyň sözlerin eşden badyna
Ata tabşyrygy düşdi ýadyna:
Kakasy keselläp ýatypdy uzak,
Gitdim-gitdim etdi birnäçe gezek.

Soňra özün dürsäp, bäri bakanda,
Umyt ýyljyraklap gaşyn kakanda,
Gyzy öz ýanyna çagyryp bir gün
Içgin gürrüň edip, açypdy göwün:

«– Ýeňmek örän çetin, oglum, bu derdi,
(Atasy gyzyna oglum diýerdi).
Eger kazam dolup, galdyrsam sizi,
Pugta ýatda sakla, ynha, bu sözi:
Kän bolan bolsa-da baryş-gelişim,
Çykanda hemişe bir möhüm işim,
Meniň maslahatçym Oraz bolandyr,
Ýaşlygymdan bäri goldap gelendir.
Orazyň ornuny tutmaz bir gaýry,
Oň bilen iýenmiz gitmändi aýry.

Bagtyň açyk bolsun, balam, hemişe,
Beýewar duş gelseň bir agyr işe,
Çekinmän Oraza ýetirgin habar,
Görgün, guzym, ony maňa barabar...»
Artyp şundan soňra ýürek azasy,
Kakasy pahyryň «doldy kazasy».
Kalbynda berk galan ata wesýetin
Garra aýtmagyň edip niýetin,
Ýokarky sözleri ýatlady ilki,
Soňra başga hili oýlandy, belki.

Hiç bir zat diýmezden onuň ýüzüne,
Başlady birden bir aýtjak sözüne.
«– Şeýle bir üýtgeşik gürrüň ýok mende,
Oraz aga, size atam hökmünde

Ýüz tutup, bir zady maslahat saljak,
Siz näme diýseňiz şoň bilen boljak.
Işledim mekdepde bäş ýyla ýakyn,
Dogrusyn aýdanda, bu iş maňa kyn.
Goýýaryn gaýgyrman güýjümiň baryn,
Emma ejizligiň çekýän azaryn.

Bu käri men özüm saýlap almandym,
Köp wagtlar asla boýun bolmandym.
Emma, Oraz aga, ýatlaň, ol zaman
Ülkäniň ýagdaýy agyrdy örän.
Howp abananda Watan üstüne,
Ýigitler atlanyp duşman kastyna,
Zarba urýardylar ganly söweşde
Obada, şäherde her hili işde.
Olaryň ornuny gyzlar, gelinler
Tutýardy ol geçen gowgaly günler.

Başdan agyr boldy okatmak maňa,
Kä günler ýeterdi taýýarlyk daňa.
Emma öwrenişdim ýuwaş-ýuwaşdan.
Göwnüme bolmasa indi her işden
Mugallymlyk işi artykmaç ýaly.
Ýadyma getirmän başga hyýaly,
Hemişe mekdepde pikirmiň bary.
Aýrylsam az wagt, etmän karary,
Ýüregim çagalar tarapa dartýar,
Gün-günden şu işe höwesim artýar.

Elbetde, her işe gyzykmak derkar,
Emma welin munuň bir emmasy bar:

Okatmak üçin hem okamak gerek,
Tagalla etmeseň, arzuw biderek.
Etseler-de maňa uly hormaty,
Soňky wagtlarda duýýaryn gaty,
Ýeterlik däl işe mendäki bilim,
Köp ýerde kösenýän, gysgalyp dilim.
Şol sebäpli geljek okuw ýylyndan
Aşgabada tarap gitmekçi mundan...»

Garrymyz uludan alýardy demin,
Göýä agtarýan dek aýtmagyň çemin.
Birnäçe sözleri, gürrüňi bölüp,
Göz gyza gönükdi, gabaklar galyp.
Emma zat diýmedi, ümsüm oturdy,
Tirsegin ýassyga ýene ýetirdi.
«...Işim düşüp käte baran wagtymda,
Arada ýörite ýazan hatymda
Bu hakda ýokara etdim habary,
Razylyk berdiler olaryň bary.

Emma gaýyn enem, ejem ikisi,
Ylaýta-da, ynha, bulaň ilkisi,
Makul görenoklar meniň kararym.
Işde ejizlikden çekýän azarym
Olara nämälim, özüme mälim.
Oturyp içimden edýän hyýalym,
Ganatlanyp bilmän, düşýär aşaga.
Dogrusyny aýtsam, men, Oraz aga,
Bir ýanda ikisi, bir ýanda özüm,
Gorkýaryn ýer tutmaz aýtsam sözüm.

Öz gepin nokatlar görse haýsysy,
Gaýyn enemiň-ä edýän gaýgysy
Öýde oturmagym duluny saklap,
Özi bilen bile Öwezi ekläp.
Gözlerin aýyrman mydam ýüzümden,
Her bir ädimimden, her bir sözümden,
Çak edýän, özüçe çykaryp many,
Gezdirýär kellede dürli gumany.
Hem ýüregim awýar, hem gahar edýän,
Oturyp, oturyp çuň oýa gidýän.

Wah, bolan bolsady özi Begenjiň
Bolmazdy hiç haýsy beýle igenjiň.
Ölmezniň öň ýany bile oturyp,
Göwün arzuwlaryn dile getirip,
Okuwa gitmegi edipdik karar,
Gozgady bimahal ýürekde azar.
Beslendik hyýallar çekildi daşa,
Eden umytlarmyz barmady başa.
Yzyndan ah çekip, delmuryp gözüm,
Öwez janym bilen galdym bir özüm.

Entek duýdurmandym, eşidip daşdan
Okuwa gitjegim, ýuwaş-ýuwaşdan,
Köpeldi bularyň hyşyr-pyşyry,
Näçe etseler-de ýaşur-ýuşury,
Kakylýar gulagma bar gürrüňleri,
Meniň perdämden däl çalýan heňleri.
Kyn bolsa baş tapmak kimsäň sözünden,
Kimsäniň ýüregi görner gözünden.

Men bilýän hersiniň ýürekde baryn,
Gizlin gepleşigiň gelýän kararyn.

Eger men olaryň ugruna çapsam,
Diýenlerin edip, göwnüni tapsam,
Akymyň tersine ädim ätmeli,
Ýürekde öz-özüm söweş etmeli.
Şowhunly mekdepden açmaly ara,
Bary şuňa barýar, başga ýok çäre.
Aýdypdym ýokarda sebäbin onuň,
Häzirki bar bolan bilimim meniň
Däldir uzak ýoluň doly enjamy,
Garrylar bu hakda etmeýär gamy...»

Gürrüň şu ýerdekä gyz birden dymdy,
Ýüzün aşak salyp, çuň oýa çümdi:
«– Aýtsam, aýyp görse, oýlandy az-kem,
Ýarany ýarmasaň, tapylmaz melhem»
Diýdi-de, öz-özi için gepletdi.
Sözlände mundan soň ýere seretdi:
«– Özüň aýal bolup, boş galsa başyň.
Dolýar hyrydardan töwerek-daşyň.
Lak atýar, söz gatýar her ýeter-ýetmez,
Duşuňdan bir kişi perwaýsyz ötmez.

Dükanyň müdiri Gurtgeldi çolak
Etjekmiş, hamala, aýalyn talak.
Hiç üns bermedim belli zat syzman,
Gatnady mekdebe yzyny üzmän.
Arada gelýärkäm saklady meni,
Elinde köýneklik gyzyl keteni.

«– Tapylýan bir zat däl bizde her mahal,
Ýörite sakladym, şuny menden al»,
Diýdi-de, ýaňkyny maňa uzatdy,
Çiňerlip ýüzüme ýiti seretdi.

Bilmedim men oňa näme diýenim,
Siňmedi janyma öýde iýenim.
Arada bir ýerde serhoş bolanda,
Ýürekde saklany dile gelende,
Diýipdir: «Öýümden kowup aýalym,
Harç edip ugrunda gazanan malym,
Eger oturtmasam ony gaşymda,
Erkek däl men, telpek bolmaz başymda».
Söz ýerde ýatanok, tamda gulak bar,
Ir-u-giç hemmeler bolýar habardar.

Myjabat baryny goşup üstüne,
Ýaýradar işsizler ony dessine.
Ahyry garrylaň gulagna ýeter,
Ine, şondan soňra öňküden beter
Düşer oda-köze meň gaýyn enem,
Ine, şonsy ýaman, ýogsam jähennem.
Dilin nogtalajak haýsy ýaňranyň.
Tapawudyn bilýän agyň-garanyň
Gabartmaz gulagyn muň ýaly zada,
Öz işi hakynda eder alada.

Bagyşlaň, bar bolsa sözümde galat,
Gürrüňim şu meniň, beriň maslahat».
«– Maslahaty, keýgim, tapypsyň özüň,
Maňzyma oturdy bar aýdan sözüň.

Bir zat öwredere ýok meniň çakym,
Ýaňy akym diýdiň, akýar ol akym.
Hiç kim sowup bilmez ony yzyna,
Tersine gideni ýykar dyzyna.
Öňde gözýetime nazaryň salyp,
Hak edýäň, git, keýgim, ugruny alyp.

Garrylar hakynda diýsem ýüregim,
Olaňkam düşnükli, käýinme, keýgim.
Bir sen ikisiniň ýakyn hossary,
Gitseň, gürrüňi ýok, ýetmez karary
Öýde hiç haýsynyň galyp bir özi.
Häli gelemde-de çytykdy ýüzi
Pahyr Enebaýyň hem-de Nurtäjiň,
Olaryň ikisem seniň mätäjiň.
Bu gün-ä giç bolýar, başga bir gezek
Hökman gepleşerin, çekdirmän uzak.

Olaryň dilini taparyn özüm,
Ikisem razy bor, diňlese sözüm.
Taýýarlyk görüber ýuwaş-ýuwaşdan,
Bu işe yhlasly ýapyşgyn başdan.
Bolar-bolmaz söze ýürek çişirme,
Gamlanyp öz-özüň ruhdan düşürme.
Diýerler: «It üýrer, kerwen-de geçer».
Ýaňralar öz syryn özleri açar.
«Ilde gürrüň kändir. Mekgede arap»
Sen başyň galdyrman, git öňe tarap!»

Şu ýerde gürrüňmiz soňuna ýetdi,
Turup Oraz aga öýüne gitdi.

Garady yzyndan gözden ýitýänçä,
Köçäň ugrun syryp, baga ýetýänçä.
Rahat demin aldy açyk howada.
Bu wagt ýüzlenip Ogulnabada,
Sansyz ýyldyzlary dury asmanyň,
Gutlap täze ýolun bu ýaş ynsanyň,
Şowlulyk patasyn berýän ýalydy,
Göwün şatlygyny duýýan ýalydy.

XI

И лучших лет надежды и любовь,[1]
В груди моей всё оживает вновь.
И мысли далеко несутся,
И полон ум желаний и страстей,
И кровь кипит – и слёзы из очей,
Как звуки, друг за другом льются…
И так, прощай! Впервые этот звук
Тревожит так жестоко грудь мою.

М. Ю. Лермонтов.

Göýä uzyn kerwen, ýollary söküp,
Hersi başardykça öz ýükün çekip,
Geçdi ençe günler yzly-yzyndan,

[1] Geçen ýyllaryň gowy umyt hem söýgüleri
Ýene-de meniň kalbymda oýanýar,
Pikrim-de uçup uzaklara barýar,
Arzuw hem hyjuw bilen dolýar meniň serim.
Ganym joşýar, gözümden hem ýaşym
Owaz ýaly bolup dynman akýar...
Eýsem, hoş gal! Bu owazlar ilkinji gezek
Meniň ýüregimi şeýle rehimsiz tolgundyrýar.

Bir gün sorag etdi ene gyzyndan:
«– Keýgim, bu tarapa haçan gitmekçi?
Tapylarmy onda elin kömekçi?
Nirede bolmaly indi Öwez jan?
Janym tesel tapsyn, et şuny aýan».
«– Gitmäge entejik wagt bar, eje.
Öwez siziň bilen bolar bileje».

Bu gün gopgunlydy gyzyň ýüregi,
Işdäsi almaýar hiç bir höregi.
Iki ýan zowzaklap, ýöne duranok,
Emma hiç bir zada eli baranok.
Kitaba, depdere birjik seretmän,
Bir girýär, bir çykýar karary ýetmän.
Çaşyrýar, üýşürýär öýde her zady,
Munda-da ýüregi tapman takady,
Üýşürse çaşyrýar, çaşsa üýşürýär,
Näme üçindir, gökde Gün haýal süýşýär!

Geçirýär wagtyny zordan syr saklap,
Içinden amatly bir pursat çaklap,
Garaşýar süýr depä gelerne Günüň,
Ahyr diýen wagty ýetişdi onuň:
Naharlap, ýatyryp häzir Öwezi,
Garrynyň bir ýana gidipdir özi.
Işigi dessine içinden ýapyp,
Açdy sandyklaryn, açaryn tapyp.
Dörjeläp başlady onuň içini,
Zyňýardy gaçanda ýeňsä saçyny.

Tapdy özi üçin gerek zatlary:
Ýigdiň birwagtky ýazan hatlary –
Üçburç kagyzlar ýatyr saralyp,
Okady käsini eline alyp.
Endamyn gagşadýar ondaky sözler,
Berýär ygtyýarny elinden gözler.
Ynha, birwagtky elin edilen
Frontuň kän ýerin aýlanyp gelen
Gaýmaly ak ýaglyk – ilki ýadygär –
Onuň bir burçunda ýigdiň ady bar.

Ynha, ordenleri, ynha, medaly,
Gözüniň öňünde şu günki ýaly
Geleni frontdan bezäp döşüni,
Ilatyň alany degre-daşyny,
Ynha, çal kostýumy, ynha, kiteli,
Tutanda her haýsyn titreýär eli.
Gelenden-gidenden ähtiýaç edip,
Perdeli penjirä, gapa seredip,
Diňşirgäp kämahal birden duryardy,
Ýüregi tarsyldap batly uryardy.

Barlady bar zadyn, goýmady birin,
Soňra ýaňadandan tapyp öz ýerin,
Öňki bolşy ýaly yzyna saldy,
Diňe ak ýaglygy eline aldy.
Sandygy tiz ýapyp, gapyny açdy,
Ýene aljyraňňy, pikir garyşdy:
Elindäki zady gözläp mugallym,
Ol tamdan, ol tama aýlandy telim.
Soňra nämänidir düýrläp gazete,
Il gözünden öwra goýdy bir çete.

Ýene-de ýaranyp bilmedi jana,
Bir güýmenje gözläp çykdy eýwana.
Garady birsellem o taý, bu taýa.
Ahyry dolanyp girdi-de jaýa,
Dikanlap seretdi uly diwara.
Gürrüň edýän ýaly misli özara,
Garady kän wagt durup Begenje.
Soňra ol özüne tapdy güýmenje:
Öweziň kirlije eşigi bardy,
Eýwana çykaryp ýuwmaga durdy.

Eller näzik geýme agram salýardy,
Tasda köpürjikler çogup galýardy,
Diňe hereketi edýän işinde,
Häzir başga bir zat onuň huşunda:
– Ömrüň uzak bolsun seniň, ýaşuly,
Saňa alkyş bilen ýüregim doly.
Tapyp garrylaryň näzik damaryn,
Ýetirdiň sen maňa şatlyk habaryn.
Arzuwlar ugruna aýdyň ýol açan,
Unutman munyňy, atam, hiç haçan...

Gaty hoşal boldum, eje jan, senden,
Ogul wepasyny taparsyň menden.
Ýürekden aýdanda sözümden çykman,
Sakladyň kän wagt raýymy ýykman.
Şatlyga ýa gaýga uçran çagym,
Mydam meniň bilen bolduň, çyragym.
Çykar her gezekde eden umydym,
Ýene-de enelik mähriňi duýdum.

Hem atam, hem enem, sen mähribanym,
Seni hor etmerin, sag bolsa janym...

Söýsem-de enem dek jan bilen tenden,
Ýene gaýyn enem kineli menden.
Gaş çytyp öňünde Oraz aganyň,
Ýaşajyk enäniň, eziz çaganyň,
Geljegi hakynda etmezden gamy,
Tutupdyr ýene-de köne heňňamy.
Ýatmandyr heniz hem içiniň ýeli:
«– Aý, Oraz, sen diýseň sözüm ýok weli...»
Munda kejeňeklik etmek nä derkar?
Kysmat şeýle boldy, menmi günäkär?»

Kirli zat goýmandy akdan-garadan.
Indi esli wagt geçdi aradan,
Dolanyp bir ýerden geldi enesi:
«– Ýeri, munyň näme? Bolşuň neneňsi?
Dynç günüň dynjyň al, keýgim, mazaly».
«– Edýän bir işim ýok, dynç almaz ýaly.
Eje, munuň üçin etme gahary.
Çaý goýdum, gaýnandyr, asdym nahary...»
Eşdildi bu wagt Öweziň sesi,
Içerik howlukmaç girdi enesi.
Uzalyp başlady tamyň kölgesi,
Geldi gyzymyzyň gider pillesi.

Çykypdy ejesi Öwezi alyp,
Gördi taýýarlygyn bir özi galyp.
Elinde şol gazet, köne eşikde
Ynha, peýda boldy daşky işikde.

Her ýana assyryn gezdirdi gözün,
Hiç kim ýok, aşaga saldy-da ýüzün,
Tamyň ýeňsesine öwrüldi birden,
Çalasyn ýöredi çolarak ýerden.
Ol dogry gitmedi, gyýalap gitdi,
Uzakda bolmadyk nobura ýetdi.
Güzeriň ýanyndan çepine geçdi,
Şonda elindäki gazeti açdy.

Onda enesiniň başa atgyjy,
Gabatlap bir beýik köne agajy,
Ilki göz aýlady degre-daşyna,
Soňra ýaňkysyny atdy başyna.
Bu ýerde öz için gepletdi hatda:
«Belki, bolmadyk zat köne adatda».
Ogryn garanjaklap töwerek-daşyn,
Göze gara ilse çümürip başyn,
Şol köne noburyň ugruny alyp,
Ýöräp barýar ýüzün aşaga salyp.

Ahyry obadan ýoňsuz saýlandy,
Kiçijik ýodadan saga aýlandy.
Indi dogry barýar, hiç ýan garaman.
Şujagaz ýodadan, dostlar, bir zaman
(Ýüregim gyýylýar gelende dile),
Agaç at üstünde, ak halat bile
Geçipdi gözeliň söýgüli ýary,
Baky aýralyga salyp didary.
Gelmändi bu ýoldan yzyna diri
Beýle enjam bilen geçeniň biri.

Kä ýüregin tutup, kä için çekip,
Käte çydam etmän, gözýaşyn döküp,
Kä dähedem-dessem, kä uly ätläp,
Ýolun dowam edýär geçeni ýatlap.
Sähra howasynda zordan alýar dem,
Ýüregiň ýumagy çözlenýär kem-kem:
«Tiz bol, Ogulnabat, garaşýan köpden,
Iller eiýýäm gitdi, galdyk mekdepden.
Gün guşluk galypdyr, hany gelsene,
Jaňdan öň baraly, basym bolsana!»

Ýadynda berk galan mylaýym sözler
Gaýtalanýar, eşdiň, giň giden düzler!
Soň ýadyna düşdi şeýle bir waka:
Bir gün okuwdan soň öýe barýarka,
Ýolunda duş gelip iki ýokumsyz,
Özünden has uly, belli ýakymsyz,
Biri tozan turzup geçdi daşyndan,
Biri ýaglygyny alyp başyndan,
Soňra sumkasyny ýaba atdylar,
Ýaglygyny bermän gaçyp gitdiler.

Begenç ýaňkylaryň yzyndan ýetdi,
Ýaglygy alanyň golundan tutdy.
Gorkuzjak boldular ilki güpüläp.
Horlajak boldular soňra ikiläp.
Ynanmaz bir kişi, görmese özi,
Eýmenip olardan çekmedi sözi.
Girdiler birsalym şatda-da-şutda,
Gyz gaçmak hyýalyn edipdi hatda.

Bolandyr teniniň awunan ýeri,
Taşlap ýoldaşyny syp berdi biri.

Dyrjaşdy kän wagt galan beýleki,
Soňra ejizligin duýandyr, belki,
Dargan kitaplarna düşende gözi,
Gyzyň ýaglygyny uzatdy özi...
Ylla ýaňy ýaly şu iş bolany,
Ýadynda ýylgyryp ýanna geleni.
Geçýär göz öňünden hatarma-hatar,
Baryn yzarlasaň uzaga ýeter.
Şatlykly, gaýgyly günleriň bary.
Ynha, pikirinde olaryň biri:

«Gaýgy girdabyna taşlaýar meni,
Ýatlasam ol geçen hasratly güni.
Gatnadym kän wagt, bäri bakmady,
Işdäsiz ýürege hiç zat ýokmady.
Bilýärdim göremde, agyrdy haly,
Özüm-de ýykyldym şeýle mahaly.
Alyp başujuny dursam ýanynda,
Duýardy rahatlyk, belki, janynda.
Tükenmez bir ahmyr galdyrdy mende,
Hiç görüp bilmedim soňky deminde.

Şonda çarhypelek terse aýlandy,
Mensiz äkidildi, mensiz jaýlandy.
Bir ýatan ýerimden gozganyp bilmän,
Gijesi, gündizi özüme gelmän,
Çekdim ýekelikde derdi-azary.
Çykyp gaýdanymda yzyma sary,

Boş öý garşylady meni, bäbegi,
Çydarmy bu zada ynsan ýüregi!
Ýürek sowuk öýde karar tapmady,
Ertiri, agşamy gözýaş kepmedi...»

Görse öň ýanynda, ol sakga durdy,
«Tüýnüksiz öýlerde ýaşýanlar ýurdy».
Aýagy sandyrap, göwresi gagşap,
Ýere ýazyljak dek durşuna çagşap,
Zordan ädim ädýär çala yranyp,
Gorky gujagynda durýar garanyp.
Ine, mazarçylyk çaklan çeninde
Bardy, garynjalar gezýär teninde.
Her ädim ädende edýär howatyr,
Ençeler gara ýer astynda ýatyr.

Giňelýär aýtymy onuň her günde,
Gör, näçe nesiliň wekili munda.
Giň giden bir meýdan tümmekden doly,
Käbiri kiçijik, käbiri uly.
Aýmança görünýär birniň daşynda,
Kerpiç goýulypdyr kimsäň başynda.
Käsiniň üstünde köne agaç bar,
Ujunda esgisi ýele ykjaýar.
Käsi ýarylypdyr içine hopup,
Ätiýaç edýärsiň ýüregiň gopup.
Käsiniň üstünde ot-çöp bitipdir,
Käsi ýer bilen deň, sory ýitipdir.

Gyzymyz aýlanyp bir çete bardy,
Eden belliklerin derrew saýgardy:

Ynha, ýatyr onuň ýaşlyk ýoldaşy,
Gitdi boýur-boýur gözünden ýaşy.
Egildi üstünde bilini büküp,
Durdy esli wagt gözlerin dikip.
Göýä doňan ýaly bütin göwresi,
Zordan demin aldy, çykmady sesi.
Soň birden dikelip, galdyrdy ýüzün,
Mazaryň üstüne oklady özün.

Gol gerip, gujaklap zaryn ses etdi,
Sesiň owazasy uzaga ýetdi:
«Näme taşlap gitdiň, meni, Begenç jan!
Örtenip yzyňda ýanýar şirin jan!»
Gutardy burbada ýüregiň ýeli,
Mazaryň üstünde yz goýdy eli.
Ýüz-gözün süpürip, ýerinden galyp,
Indi gapdalynda otyr çommalyp.
Häzir sorag berýär özüne özi,
Hany gülüp bakýan onuň gül ýüzi?

Hany geljegine çeken plany?
Hany gök damarda ýöreýän gany?
Hany bu gözeliň baky geregi,
Onuň batly urýan tämiz ýüregi?
Gyzyň al ýaňagyn, galam-gaşlaryn,
Näzik bedenlerin, örüm saçlaryn
Näz bilen sypalap, bikarar eden,
Göwün galasynda gowga döreden,
Hany ol ýigidiň mylaýym eli?!
Hany gunça gülüň ilki bilbili?!
Hany nagma saçan şirin dilleri,

Bile guşak bolan gurply gollary?
Bu sorag perwaýsyz goýmasa ýady,
Ol neneň çekmesin dady-perýady!
Ynha, öň ýanynda olaryň bary,
Gyzy naçar goýup kän wagt bäri,
Ýatyrlar bir bajak gumuň astynda,
Şemal öwsüp, tozan turýar üstünde.
Otyr gahrymanym öňküsi ýaly,
Bar onda bir zatlar aýtmak hyýaly,
Synansa her gezek bogazy dolýar,
Aýdyljak pikirler ýürekde galýar.

Ahyr ýuwaş-ýuwaş ýerinden galdy,
Baryp başujundan bir kerpiç aldy.
Gaýmaly ýaglygy başyna orap,
Daňdy iki ujun eli sandyrap.
Öňküje ýerinde goýdy kerpiji,
Ýene gözlemäge ýetmeýär güýji.
Gün degip barýardy dagyň gerşine,
Üýşendi öz-özi bolup durşuna.
Gitmäge howlugýar indi bu ýerden,
Gahar-gazap bilen seslendi birden:

«Uruş! Uruş! Uruş! Uruş, sen gura!
Salansyň synama bir bitmez ýara!
Baky nälet bolsun seni başlana,
Ömür tanapyny gyryp taşlana».
Çaňjyrap görünýär howanyň ýüzi,
Basar garaňkylyk depäni-düzi.
Daglaň ýeňsesinde Gün-de gizlendi,
Gyzymyz mazara ýene ýüzlendi:

«Hoş gal, mähribanym, hoş gal, Begenjim,
Sendiň ýürekdäki hazyna-genjim.
Bir galdym, bolmady eden hyýalym,
Görerin ne bolsa indi ykbalym.

Ýadygär galdyrdyň eziz çagany,
Gözüm göreji dek läleläp ony,
Her hili ýagdaýda hor-homsy etmän,
Adam etmeklige seni küýsetmän,
Guburyň üstünde kasam edýärin,
Hoş gal, jana-janym, indi gidýärin».
Çekildi yzyna ýuwaş-şuwaşdan,
Käte öwran-öwran seretdi daşdan.
Ahyrda şol gelen ýoluna düşdi,
Kem-kemden bu ýerden arany açdy.

Gyzymyz gaýdyşyn gysgaltdy ýoly,
Gijara öýüne gelen mahaly
Asmanda ýek-ýarym ýyldyz göründi,
Okyjym, gündelik gutardy indi.
Bir zat ýatladaýyn saňa bu ýerde:
Görüp okanyňda häzir eserde
Diňe durmuşyny Ogulnabadyň
Belki, tapan dälsiň garaşan zadyň.
Ol dogry, okyjym, az-kem sabyr et,
Diýerler: «Sakawyň soňuna seret».

ÜÇÜNJI KITAP

I

Смелый труд кончается победой[1]
Мучайся, ищи, твори, исследуй.
Е. Долматовский.

Girende içine işigin açyp,
Uly aýnalardan Gün nurun saçyp,
Giň jaýyň içine ýagtysyn dökýär,
Garaňda ünsüňi özüne çekýär
Äpet gara stol tamyň töründe.
Üstünde endigan ýerli-ýerinde
Durýar, gerek zadyň bary munda bar:
Sagda garnyn açyp ýatyr kalendar,
Aragatnaşygyň apparatlary,
Papkalar, kagyzlar, dürli zatlary...

Degiş goýupdyrlar öňünde, ine,
Ýetýär uzynlygy gapyň deňine.
Üsti gök mawutly uzyn stoly
Gapdaly çeholly stuldan doly.

---

[1] «Batyrgaý zähmet ýeňiş bilen gutarýar –
Janyňy emge, agtar, derňe hem döret».

Inçe, uzyn boýly, şar gara saçly,
Gözleri otlukly, gür gara gaşly,
Stoluň syrtynda otyr bir kişi,
Ýaňyja gelipdir, alyp bir işi.
Sahypa-sahypa ýiti seretdi,
Soňra telefona golun uzatdy.

Birden şu halatda ýuwaş-ýuwaşdan
Gapy açyldy-da bir ýigit daşdan
Garady görkezip ýarty göwresin,
Saklandy az salym, çykarman sesin.
Soňra rugsat sorap içeri girdi,
Gürrüň gutarýança garaşyp durdy.
«– Ýeri, gurgunmysyň, otur, Akmyrat,
Ne beýle irläpsiň, barmy bir geň zat?»
«– Ýok, ýoldaş ministr, üýtgeşik zat ýok,
Işe bir girişseň sypyp bolanok.

Şonuň üçin irden göreýin diýdim,
Ýekekä ýanyna baraýyn diýdim.
Belki, aňýansyňyz, meň sizlik işim
Öňki gürrüňmizde eden haýyşym.
Ýadyňyzda bolsa, «Birnäçe günden
Garaş jogabyna – diýdiňiz – menden».
Ministr arkasyn berip stula,
Urup barmaklaryn birnäçe ýola
Stol üstündäki aýnaň ýüzüne,
Ýoňsuz garaşdyrdy diýjek sözüne.

«Ýadymdalygyn-a ýadymda weli,
Sämände kämahal ýaşlygyň ýeli,

Aýryp adamlary sabry-karardan,
Salýandyr howsala duýdansyz ýerden.
Gürrüňe täzeden başlaly eýsem,
Ilkinji aýdanda, dogrusyn diýsem,
Meseläň aslyna düýpli ýetmändim,
Beýle bir özgeriş güman etmändim.
Ur-tut talap etmän menden jogabyn,
Eger çynyň bolsa görkez sebäbin».

Bu sözi göwnüne alandyr, belki,
Akmyrat bir hili ýylgyrdy ilki.
Soň söze başlady tapyp çemini:
«– Goýmandym ozal hem aýtmak kemini.
Ýene diňleseňiz şol öňki diýşim –
Maňa hiç bolanok häzirki işim...»
«– Nämesi bolanok, kynmy ýa kiçi?
Ýa-da ýaramazmy edaraň içi?
Daşyndan birisi gyýa bakýarmy?
Gownüňe degen ýa ynjydan barmy?»
«– Kynam däl, kiçem däl, ýok öýke-kinäm,
Geçsinler bar bolsa özgeler günäm,
Emma tapawutly kişiden-kişi,
Bolýar her kimsäniň ukyply işi.
Saýlasaň birini kärler içinden,
Oňa höwes bilen ýapyşsaň çyndan,
Ol saňa güýç-kuwwat hem lezzet berýär,
Umyt ganatlanyp ruhuň göterýär,
Täze meýillere öňe äkidýär,
Ine, häzir gürrüň şu hakda gidýär».

«– Ol dogry, her işe söýgi gerekdir,
Söýgüsiz başlanan iş biderekdir.
Emma sen, Akmyrat, şuny pugta bil:
Işe başlanyňa geçdi ençe ýyl.
Ynan, şu çaka çen hiç bir babatda
Meniň hut özümde hem apparatda
Saňa gyýa garan bolmandy bir-de,
Barymyz sen hakda oňat pikirde.
Bu şeýle bolmazdy ýok bolsa höwes,
Bu işi seniň dek başarmaz hiç kes».

«– Berýän bahaňyza gaty minnetdar,
Emma sözlerimde başga many bar.
Men uzak okadym, bir käri tutdum,
Şol käre degişli ençe iş etdim.
Uruş başlanmasy taşlatdy ony,
Fronta howlukmaç ugratdy meni.
Dolanyp yzyma gelen mahalym
Saglygym ýamandy, agyrdy halym,
Täzeden girişmek oňa birbada
Maňa mümkin däldi, salsaňyz ýada.

Eger bolanda-da işlere tabym,
Ýygnan materialym, okan kitabym
Dargapdy her ýana, galmandy derek,
Hat ýazdym köp ýere, boldy biderek.
Bulardan başga-da uruş döwrüniň
Frontmy ýa tylmy, her bir ýeriniň
Özüniň hajaty, talaby bardy,
Olary nazarda tutmak derkardy.

Şonuň üçin sizde işe başlapdym,
Başga pikirleriň baryn taşlapdym.

Häzir başga ýagdaý, ýatdy top sesi,
Ençeme hünäriň geler eýesi.
Öwrülsem täzeden başlan kärime,
Goýsam bar güýjümi öz hünärime,
Iru-giç, elbetde, çykar-da bir zat,
Umytda ýaşaýar mydam adamzat».
Ara dym-dyrslyk düşdi birdenkä.
Ministr bir oýa gidendir, belkä,
Bilmedim nämüçin çykmady sesi,
Gözi bir nokatdan sowmady ünsi.

Şatlykdan ýüzleri ýagtyldy oň has.
«– Beýle pikirleriň gutlaýaryn, dost.
Aýdan sözleriňe goşulýan doly.
Arzuw güneşiniň tapylar ýoly
Çykylsa ugruna jan bilen tenden,
Eger-de sorasaň maslahat menden.
Hiç haýal etme-de ýapyş şu işe,
Näme kömek diýseň bolar hemişe.
Gitmeli ýer bolsa, islän mahalyň
Wagtynyň gepi ýok, açyk bor ýoluň».

Ýa-ha asgyn geldi, ýa-da çekindi,
Sesin çykarmaýar Akmyrat indi,
Ýüzün aşak salyp dymyp oturýar.
«– Bolupdy bir wagt meniň-de temam,
Işledim kem-kemden ýitirmän tamam.
Köp aýlar oturdym uzak gijesi,

Ahyr oňat boldy oň netijesi.
Bagyşla, mysaly aldym özümden,
Del many çykarma aýdan sözümden.

Iş bir ýanyň bolsa, ylym bir ýanyň,
Heý, kemi bolarmy şeýle planyň?
Ministrlik başga, ýoldaş hökmünde
Diýýärin baryny, pirim ýok mende.
Ýene ýatladaýyn saňa bir zady,
Baglydyr her kimiň abraý-ady
Uly yhlas bilen edilen işe.
Şol bir wezipede durman hemişe,
Basgançak-basgançak gidersiň öňe,
Men muny duýdurýan diňe özüňe.

Gözüň suw içmese, bolmasa tama
Beýle wezipäni her bir adama
Ynanyp bolmaýar, düşün sen muňa.
Eger sorag bilen ýüzlense maňa,
Doganmy, dost-ýarmy, parhy ýok onuň,
Berjek maslahatym şu bordy meniň.
Aldyň abyn-tabyn, açma arany,
Ýagşydyr her käriň ile ýarany.
Asyl iş gutulmaz ýüregi sapdan,
Ösersiň günsaýyn iki tarapdan».

Ýene geplemedi biziň gahryman,
Ministr, belkä-de, edendir güman
Täsirli bolanyn aýdan sözüniň.
Şatlyk alamaty artyp ýüzüniň,
Oňa gaş astyndan ogryn garady,

Barmaklar darak dek saçyn darady.
Göýä razy ýaly garasaň daşdan,
Ýöne gabaklary ýuwaş-ýuwaşdan
Galyp gaşyň aralygy düzlendi,
Akmyrat ýene-de oňa ýüzlendi:

«– Gownüme örän jaý siziň diýşiňiz,
Saýlan temaňyz hem edýän işiňiz
Ikisi bir ugur, gidýär utgaşyp,
Kyn däl alyp barmak olary goşup.
Meniňki beýle däl, hersi bir ýana,
Baş bermez her näçe dözsem-de jana.
Bütin iş gününi munda oturyp,
Kagyzlar içinde özüm ýitirip,
Gözlerim gamaşýar hata garamda,
Kelläm huma dönýär öýe ugramda.

Bir elde iki garpyz tutdurmaz maňa,
Ýürekden diýýärin, ynanyň muňa.
Bu hakda köp gezek oýlanyp gördüm,
Özüme her dürli soraglar berdim.
Ahyr gutarnykly gelen kararym
Başlamak täzeden taşlan hünärim.
Edilýän ynama goýup hormaty,
Ony ödemäge çalyşdym gaty.
Etsem-de gaýgyrman elimde barym,
Düşündim beýle iş däl meniň kärim.

Bolýar her kimsäniň gylyk-häsiýeti,
Häsýete görädir endik-tagaty.
Ynha, alyp görsek meniň özümi,
Işim tassyk eder aýdýan sözümi.

Ýa-da şaýat bolar tanýan her kişi,
Özgä buýranymdan haýsy bir işi
Oňa ýeňil gopup süňňüm-bedenim
Has oňat görýärin özüm edenim...»
Ministr bu söze myssa ýylgyrdy,
Ýerinden turdy-da äpişgä bardy.

«– Onuň ýaly bolsa, ýagdaýňa seret.
Ýa-da howlukma-da ýene pikir et».
«– Kän biçip, kän kesdim, ýoldaş ministr».
«– Onda sowaşma-da ýerine ýetir.
Öňki bolşy ýaly şu wezipäni,
Ýene-de oýlanyp göreli hany.
Şu gün ýa ertir diýip gyssama meni,
Eger bardy-geldi boşatsak seni,
Bellimi gitjegiň haýsy bir ýana»
«Elbetde, Selhoza ýa Türkmenfana».

Ynha, şunuň bilen gürrüň gutardy.
Akmyrat dolanyp jaýyna bardy.
Bu günki gürrüňden göwni hoşaldy,
Belki, boşamagna sanly gün galdy.
Göwresi şu ýerde, emma hyýaly
Guşuň ganatyna daňylan ýaly
Gidýärdi durmazdan ýakyna-daşa,
Moskwa, MGU-a ýetýär bir başa
Ýaşlykda köp ýyllar bolan ýerine,
Gerekli zatlarnyň galan ýerine.

II

Мы победим! Мы будем жить и петь[1].
Мы верим в это и стоим на этом.
Не сможет кривда правду одолеть,
Не в силах мрак торжествовать на свете.

С. Васильев.

Ara salym salyp, dostlar, her zaman
Turardy jahanda bir apy-tupan.
Ýaýrardy kem-kemden töwerek-daşa.
Gara perde gerip nurly kuýaşa,
Tukat garaňkylyk depäni-düzi
Tutardy, çaňjaryp howanyň ýüzi
Ýürekde howatyr, howp dörärdi,
Ynsan ertirine gamly garardy.
Bozulyp älemiň hoş dem howasy,
Atrardy asmanu-zemin gowgasy.

Haýwana, ynsana salyp tagmasyn,
Guşlar terk ederdi näzli nagmasyn.
Gaçardy görnügi gözel jaýlaryň,
Gamlanyp, gaý basyp daglar gaýasy,
Jöwzaly çöl bordy baglar saýasy,
Gysardy ýüregiň garalyp her ýan,
Geýnerdi ýas geýmin lälezar meýdan.
Kimseler bogulsa tupan tozuna,
Kimler güýç tapardy ondan özüne.

---

[1] Biz ýeňeris! Biz ýaşarys hem aýdym aýdarys.
Biz muňa ynanýarys we şu ynanjyň üstünde durýarys.
Egrilik dogrulygy ýeňip bilmez,
Ýagtylykda ýaýnamaga zulmatyň güýji çatmaz.

Tutupdy labyryn her ýerde ynsan.
Başlanan gününden göge galypdy,
Janly-janawary gorka salypdy.
Gahar-gazap bilen turan tupana
Köpler golun çermäp girdi meýdana.
Deňizler çaýkanyp, daglar yrandy,
Ahyrda umydyň çyrasy ýandy.
Ýene asudalyk daňy atanda
Asman ýagtylanda tupan ýatanda.

Ýatyrlan bolsa-da ol turan tupan,
Şindem wagtal-wagtal garalýar her ýan.
Kä ýerde bulut bar, gün nury öçgün,
Uzadyp asmana kimler kesewsin,
Ýetirýär her ýere ýigrenji sesin.
Munuň garşysyna galdy dessine
Her kim ýerli-ýerden aýak üstüne.
Saklanýar asmanyň tämiz howasy,
Başlanmaz dünýäniň ganly gowgasy.

* * *

Ynha, hemişeki boluşy ýaly
Balet teatrynyň şowhunly zaly.
Onuň foýesinde garrylar-ýaşlar
Gezýärler ikiýan dostlar, deň-duşlar.
Käleri aýlanýar kitap daşynda,
Käleri ýygnanyp stol başynda,
Dürli temalardan gürrüň açýardy,
Duýdansyzlyk bilen wagt geçýärdi.
Hemmäniň ýüzünde şatlyk nyşany,
Bardykça köpelýär gelýäniň sany.

Zala çagyrýarlar, çykdy jaň sesi,
Ýüzlendi şol demde gapa hemmesi.
Görünýär syn etseň, ynha, daşyndan
Paýtagtyň her kysym zähmetkeşinden.
Ikiýan ložasy, uly parteri
Doldy hyryn-dykyn, ýok bir boş ýeri.
Hemmäniň nazary sahna dikildi,
Şol zaman alynky perde çekildi.
Yzdaky perdede giň gerip peri
Durýar belentlikde bir ak kepderi.

Durýardy, ganatyn gerip durýardy,
Onda şu ýygnagyň mazmuny bardy.
Garry professor ýygnagy açdy,
Zaldan birnäçesi ýokary geçdi.
Münberiň öňüne soňra bir-birden
Bardy oratorlar turup her ýerden.
Her çykan syzdyryp teni-janyndan
Aýdýardy sözüni sap wyždanyndan.
Ýygnak gyzyklanýar, barha janlanýar,
Zalda parahatlyk sözi ýaňlanýar.

Ynha, garry işçi eli hasaly
Täsin herekete saldy bu zaly.
Sada sözleýärdi, ýüzi agrasdy,
Tiz-tiz sakynýardy, belki, der basdy.
Dört ogly gidipdir fronta sary,
Birinden habar ýok gideli bäri.
Ikisi söweşde wepat bolupdyr,
Diňe iň kiçisi gaýdyp gelipdir.

Ýygyrtly ýüzünde gahar duýulýar,
Her sözün aýdanda ýürek gyýylýar.

Ynha, söz berildi çetden bir gyza,
Öňde oturanlar gaňryldy yza.
Ýüzün aşak salyp zalyň içinden
Dogry gidip barýar, emma daşyndan
Hiç habary ýokdy, orta çykanda
Açyp kagyzlaryn zala bakanda
Artdy al ýaňagyň gyzyly birden,
Giň maňlaý duýdansyz çyglandy derden.
Sandyrýan kagyza ýöneldip gözün,
Gyzymyz ahyrda başlady sözün.

Okyjym, bu ýerde aýak çekeli,
Şowhunly bu zala bile bakaly.
Öňdäki hataryň, seret, birinde
Hanha, bir ýaş ýigit häzir ýerinde
Düşdi ynjalykdan öňe seredip,
Oturşyn üýtgedýär için gepledip.
Ine, goňşusyna ýüzlendi birden.
Diýdi: «Bilýäňizmi, bu gyz nireden?»
«– Şümi? Institutdan».
«– Meddenmi, pedden?»
«– Medden nämişlesin, elbetde, pedden».
Goňşusy ýigide bakdy bir geňsi:
«Gaty halaýdyňmy, bolşuň neneňsi?» –
Diýen bir soragy göwne getirdi,
Emma söz diýmedi, ümsüm oturdy.
Ýigit garaýardy gözün aýyrman,
Geçipdi görmäni ony köp zaman.

«Hiç üýtgän ýeri ýok, öňküsi ýaly,
Al ýaňak üstünde görünýär haly.
Şol öňki mähriban nurana ýüzi,
Şol öňki asylly dürdäne sözi...

Goý, ýigit ýerinden ýene seretsin,
Geçeni ýatlasyn hem pikir etsin,
Indi biz salalyň gyza nazary.
Duýulýar ýüregiň gaçmaz gahary,
Başdaky ýygralyk taşlapdyr ony.
Hereket etdirip iki goluny,
Indi öz erkine gurbaty çatyp,
Kä ýumrugyn düwüp, kä ýüzün çytyp,
Barha çasly çykýar zalda oň sesi,
Kagyz ýatdan çykdy, gyzdy kellesi:

«– Düýn dälmidi bütin dünýä goh berip,
Faşistleriň uruş odun ýakany?
Düýn dälmidi parahatlyk ugrunda
Derýa bolup gyzyl ganyň akany?
Düýn dälmidi garry enäň gara göz
Ýalňyz oglun ugradany uruşa?
Düýn dälmidi ýaş geliniň söýgülsin
Ýitirip gözüniň dolany ýaşa?.».
Aýdanda gyzymyz soňky setiri
Öz sözi özüne etdi täsiri.

Dodagy kemperip birden hamsykdy,
Özün tutup bilmän gaty darykdy.
Zaldaky ýigit-de duýýardy muny,
Indi örän anyk tanady ony.

Gyz zala ýüzlendi sylyp ýüzüni,
Ýene dowam etdi başlan sözüni:
«Düýn dälmidi şinelini çykaryp,
Esgeriň öýüne gaýdyp geleni?
Düýn dälmidi halkyň gaýdan gutulyp,
Azat zähmetinde demin alany?

Bu gün şer gözleýän azgyn jenaplar
Ýer ýüzüne ýaragyny bulaýlap,
Ýene buz üstünde tozan araýar,
Ganly hanjarynyň ganyny ýalap.
Biz dynçlyk söýýäris, biz urşa garşy,
Biz azat zähmetiň tarapdarlary!
Uruş bolmaz islese-de her ýerde
Dünýäň gözi ganly maýadarlary!»
Otlukly gözleri zala garýardy,
Garaýşynda onuň çuň many bardy:
«Uruşdan üstün çykar adamzat erki,
Dollar, atom, çözmez halkyň ykbalyn!
Parahatlyk üçin indi her ýerde
Million zähmetkeşler göterýär golun.
Ol gollar güýçlüdir topdan, tüpeňden,
Olarda ýeňilmez ynsan güýji bar.
Dünýe gözelligin döreden ynsan
Ýykdyrmaz hiç ony, beladan gorar».
Gyz sözün gutardy, zalyň şowhuny
Oturan ýerine ugratdy ony.

Hak söze ýigidiň joşup ýüregi,
Elin çarpan wagty galyp tirsegi,
Birden goňşusynyň egnine degdi.

«Bagyşlaň!» – diýdi-de başyny egdi.
Goňşusy gobsunyp çepe gyşardy,
Ýigidiň bolşuny gopgunly gördi.
Göz gytagy bilen bakdy egninden,
Belkä-de, nägile bolandyr ondan.
Emma bihabardy ýigdimiz mundan,
Gyz ýaňy geçipdi onuň deňinden.

Onda-da hiç ýana öwürmän ýüzün,
Diňe ol tarapa dikipdi gözün.
Näçe ýöredikçe gaňrylyp yza
Baryp oturýança seretdi gyza.
«Ol-da sözlän wagty görendir, belki,
Ýygnak gutaransoň baraýyn ilki.
Ýagşy däl göreňsoň salamlaşmasaň,
Göýä öýkeli dek habarlaşmasaň.
Başyndan agyr gün geçipdir onuň,
Hal-ahwal soraşmak borjumdyr meniň...»

Şu hili oýlanyp biziň ýaş ýigit
Oturyp özüne beräýärdi öwüt.
Ynha, uzak çekmän ýygnak gutardy,
Bütin zal birdenkä ýerinden turdy.
Turanda gyz tarap boýnun uzadyp,
«Nireden çykarka»? Gapa seredip:
«Ýagşydyr birdenkä gözden ýitmese,
Eger göremde-de eseň etmese,
Ýüzüme seretmän, golun uzatsa,
Soňra-da hoşlaşman ugruna gitse..?»

Her dürli pikirler gelip başyna,
Ortaky gapydan çykdy daşyna.
Görse Ogulnabat öňünde duryar,
Kimedir garaşyp, yzyna garýar.
Aýdanda içinden «Yhlasa myrat»
«Wiý, muňa seret-le, ynha, Akmyrat!»
Çekip uzak wagt aýralyk zaryn,
Häzir tapan ýaly ýakyn hossaryn,
Ilki özi gelip elin uzatdy,
Ýüzüne mähirli ýiti seretdi.

Duşuşyk şuň ýaly duýdansyz bolsa,
Geçenden köp zady ýadyna salsa,
Aňsat däl birdenkä söze başlamak,
Bellibir pikiri orta taşlamak.
Gyzgyn garşylandy biziň gahryman,
Belki, öz içinden edendir puşman,
Gyz hakda nädogry oýa gidende.
Mylaýym ýylgyryp öňünde, ine,
Bilenok nähili gürrüň açjagyn,
Nämeden söz başlap many saçjagyn.

Onuň birwagtky beslän arzuwy
Göýä güýz wagtynyň ilki gyrawy.
Gyza ýagty beren nurly güneşden
Yz goýman bireýýäm çykypdy başdan.
Sowurmak gerek däl köne samany,
Ýöretdi öz hökmün durmuş kanuny.
Bolmandy olaryň mekir-hilesi,
Ýokdy bir-birinden göwün kinesi.

Häzir bir-biriniň, ynha, öňünde
Duryarlar köne bir tanyş hökmünde.

«– Esli salym boldy üýtgetdim kärim,
Häzir gezenderäk, ýöne käýarym
Gelýärin şähere düşende işim,
Sizi, ynha, şu gün birinji görşüm».
«– Bilýärin baryny, boldum habardar,
Hatyňyz gowuşdy. Gaty minnetdar».
Ýigit dilin dişläp sägindi bir dem,
Soň ýene gürrüňe başlady kem-kem:
«– Eşdemde Begenjiň şeýle bolanyn...»
Diýende ýüzüni sallady gelin.

«– Hawa, şeýle boldy, duýdansyz ýerden
Köne agyr ýara gozgandy birden...»
Ýene dym-dyrslyk, doldy bogazy,
Aýdylman ýürekde galdy gyz sözi.
Geçmişden köp zatlar düşse-de ýada,
Hiç gürrüň bolmady iki arada.
Ine, şu halatda geldi bir kişi,
Garasa Akmyrat, zaldaky goňşy.
Ol gele-gelmäşe gyza ýüzlendi:
«Hany, Ogulnabat, gaýtmarsmy indi?»

Ara howlykmaçlyk düşdi birdenkä.
«Hawa, gaýtmak gerek maşyn ýatmanka.
Hoş onda, Akmyrat!» Elin uzatdy.
Gelen daş işige hereket etdi.
«Görenme örän şat, sizem sag boluň,
Biziň taraplara gezmäge geliň.

Her mahal wagtyňyz bolsa eger-de,
Öýe beletsiňiz, şol öňki ýerde».
«Görerin» – diýen dek yşarat etdi,
Asfaltly köçede gözünden ýitdi.

III

Tersem, neresi bikabe, eý, araby,
In räh ki tu mirewi bi Türkistan est.[1]
Saady.

«– Enäniň, gaýynyň erkin alanmyş,
Ikisem gitmegne razy bolanmyş».
«– Öňden-de bellidi şeýle boljagy,
Has äwmez deprendi öňün aljagy.
Yzyny kesmedi bu hossarsumak,
Gatnady arada misli bir ýumak.
Hany ahyrynda ne iş bitirdi?
Ile gülban boldy, adyn ýitirdi...».
«– Hiç sözi geçmändir Nurtäç biçäräň,
Aýlawy giň eken ol ýüzi garaň...».

«– Bary Enebaýdan, öz uýaňyzdan,
Asyl sala salman, soraman sizden,
Hiç bir aladasyn etmän yzynyň,
Nogtasyn eline berdi gyzynyň.
Etdi öz diýenin gözüne basyp,
Agzyň suwly bolsa kim gulak asyp,
Ýüzüňe sereder, diýeniň eder?

[1] Gorkýaryn, ýetmersiň Käbä, eý, arap,
Seniň barýan ýoluň Türküstan tarap.

Islese saklanar, islese gider.
Gamşy gowşak tutdy agaň-da başdan,
Gyrnak güýç görmedi garrydan-ýaşdan...»

«– Çişirme başymy, heleý, gap sesiň,
Men dilin tapaýyn haýsy bir mesiň?..»
«– Etimi kesseň-de sesimi gapman,
Etmişiň gizlemen, syryny ýapman.
Ýaby düz bolmasa, suw dogry akmaz,
Eger eýmenmese, sözüňe bakmaz, –
Diýip, ençe gezek ýatlatdym saňa,
Hiç gulak asmadyň wagtynda maňa.
Çişip zemzen ýaly atma haýbatyň,
Eger kişiňki dek bolsa gaýratyň,
Git-de öz uýaňa gepiňi gögert.
Indi men günäli, wiý, muňa seret!..»
«– Ýeňňe jan, beý diýme, aýňalaweri,
Geçeni ölçerme indi senberi.
Gitse gidipdir-dä, ilde-de gyt däl.
Okamak, okatmak indi uýat däl.
Muşakgat baryny ýagdyryp birden,
Turzup tükenzawa biderek ýerden,
Salýaň adamlary uly howsala.
Düşen dek başyňa sowulmaz bela».

Aldy al petinden munuň dessine,
Gygyrdy has beter çöwjäp üstüne:
«– Aklyň artyk bolsa, hyrydar gözle,
Mamla kim, bimamla, dogrusyn sözle.
Meniň aýdanlarym bolsa gabahat,
Özüň ber agaňa dogry maslahat.

Okar! Alymam bor, adamam ýasar.
Başy boş, eli boş, her ýana tasar...»
«– Haý, seniň gara bir!..
Güm bol ýanymdan,
Ugursyz takalyň ötdi janymdan».

Gahary-gazaby damagna gelip,
Çydaman ahyry däli dek bolup,
Adamsy ýerinden turan mahaly
Ýaňky batyr aýal ýyldyrym ýaly,
Darajyk gapydan syçyrap çykdy,
Döwdi bir çäýnegi, tüňçäni ýykdy.
Barşyna gorkuly ýeňsä seretdi,
Bir agaç dazyrdap yzyndan ýetdi.
«– Derisin duzlasaň munuň dek pisiň,
Dilin ýeňsesinden çekseň deýýusyň...»

Yzyny garaman gitdi haňkyryp,
Goňşy-golamynyň öýüne baryp,
Göýä sary towuk, seçer samany,
Munsy hem jähennem, ynha, ýamany,
Ýagdyryp üstüne töhmet baryny,
Ýetirer içerä köp azaryny.
Syryp gapy-gapy çar tarap gezer,
Nadaralyk bilen halky örüzer.
Kem-kem gelip başlar uly-kiçiden
Dolar öýüň içi töwellaçydan.

Il-gün bir gowy zat, derrew ýetişer,
Gaharyň-gazabyň bary ötüşer.
Başlanar ýene-de öňki ýaşaýyş,

Bolupdy obada şu hili bir iş.
Okuwa ugranda biziň gahryman,
Ýöne welin yzy beýle gutarman,
Geçensoň aradan birnäçe mahal,
Täzeden başlandy, emma galmagal
Bolmady hiç hili, geçdi parahat,
Tapdylar är-aýal mamla maslahat.

«– Ýeke goýmak bolmaz bir ýat şäherde,
Goraýjy göz gerek oň ýaly ýerde.
Ibersek okuwa bizem Ýollyny
Her bir ädiminde yzlardy ony.
Munda galanda-da gönenç ýok ondan,
Ätiýaç edenok senden ýa menden.
Söw-söw ygyp ýörýär obanyň için,
Etmeýär ýürekden her başlan işin,
Hepbesiz bir pelit janyňy ýakýar,
Ilde geň göreniň alnyňdan çykýar».

Sypaýy başlady aýal sözüne,
Äriniň ünsüni çekdi özüne.
Hiç işi bolmazdy gep-gürrüň bilen,
Meýdandan ýaňyja dolanyp gelen,
Gyşaryp tirsegin ýassyga berip,
Ajyja gök çaýyň neşesin görüp,
Aýalyň gürrüňin diňleýär äri,
Ol dowam edýärdi köp wagt bäri.
Ep-esli oýlanyp, diýdi daşyndan:
«– Okuw aňsatmyka meýdan işinden?»

«– Wah, işiň aňsady ýokdur, kakasy,
Bolmasa ýanynda ene-atasy,
Ogluň dogumlanar, ile goşular,
Goý, gitsin, belkä-de, bagty açylar».
«– Girmegem kynmyşyn, ynha, gör weli,
Gaýdyp ger yzyna gidişi ýaly.
Kellede bir zady barmyka asyl?
Hany bir hasapla, geçdi näçe ýyl
Gutaraly bäri munuň obany,
Çykandyr ýadyndan barja bilýäni».

«– Ol ýerde, kakasy, birimiz bardyr,
Atly-abraýly, köp dilewardyr.
Eger başarmasa girmegi özi
Düzeder bar zady onuň bir sözi.
Onsoňam, kakasy, bir zada düşün,
Bilemok men onuň okuwly işin.
Mäkäm tabşyrmaly oňa bir zady –
Gözden sypdyrmasyn Ogulnabady.
Eger egri bassa aýagyn ýerden,
Dogry habar etsin bize şo ýerden».

Gürrüňi edilýän şu ýigit üçin,
Är-aýal oýlanyp özara içgin,
Hormatly okyjym, ýatla bir zaman
Soňra wepat bolan biziň gahryman
Ganly söweşlerde öňe barýarka,
Gyzymyz yzynda ýolun garýarka,
Kän gezek söz aýdyp Ogulnabada
Gatnan ýygalypdy iki arada.

Emma beýle hyýal başa barmandy,
Är-aýalyň içi doly armandy.

Olar ýöne ýatman günde-günaşa
Sawçy iberdiler töwerek-daşa.
Kimsi uzakdady, kimsi ýanaşyk,
Käleri sypaýy, käleri açyk.
Tersin jogap berip aýdylan söze,
Sawçylar köp gezek gaýdypdy yza.
Oba giň, ilat köp, gezildi ýene,
Bir gözel maşgalaň üstünden, ine
Düşdüler, tapyldy uzak bir ýerden,
«Geçdi kör düýesi» ahyr köprüden.

Emma uzak çekmän beýle dabara,
Gyz gaýdyp gidensoň kesildi ara,
Bilmedim näm üçin, gyz ykbalyna
Käýinip, örtenip agyr halyna,
Ata-enesine edip käýişi,
Gözünden birsyhly akdyryp ýaşy,
Dolanyp ol öýe barman diýipdir,
Ölinçäm ýüzüni görmen diýipdir.
Bu işiň syryny bilmedi hiç kes,
Ýigit sallah galdy, çykmady bir ses.

Är-aýal gürrüňi uzaga çekmän,
Mazmuny şu öýden daşary çykman,
Jemlendi ahyry soňuna ýetdi,
Aşgabat tarapa ýigit-de gitdi.
Ekzamen wagtynda, şowhunly zalda
Her dürli ýagdaýda her hili halda,

Okyjym, bu ýigdi görüpdiň sen-de,
Artdyryp aýdara hiç zat ýok mende.
Gözegçi goýlan dek oba gyzyna,
Edil kölge ýaly düşýär yzyna.

Diňe gözegçimi ýa başga ýene
Bellibir maksady dikip göwnüne,
Iru-giç bir zada umydy barmy,
Ýürekden ýürege ýol agtarýarmy?
Kim bilsin onçasyn özi bilmese,
Guýma gursak bolup döredilmese,
Dürtme gursak bolan haýsy ynsanyň,
Ne hamyr, ne petir, bir gury sanyň
Niçik görkezersiň barýan ýoluny,
Özi saýgarmasa sagy-soluny.

IV

Когда рассудок с сердцем в споре.[1]
Кому довериться из них?
Рассудку? Верно, он построже,
Решая, всё в расчёт возьмёт.
Но что сказать рассудок может,
Когда он, сердца не поймёт?

С. Шипачёв.

[1] Akyl bilen ýürek jedelleşende,
Olaryň haýsysyna ynanmaly?
Akylamy? Dogry, ol seresap bolýandyr,
Ýedi ölçäp bir kesýändir.
Emma ýürek urgusyna düşünmedik wagty
Akyl näme aýdyp biler?

Şäherden, obadan alys arasy,
Görünmez gözüňe daglar garasy.
Pasyllar gözeli bahar aýynda
Garagum çölüniň giň bir oýunda
Her tarap uzalyp çarwa örüsi,
Ýatýardy, göwsünde goýun sürüsi.
Asuda, arkaýyn ýaýrap her ýana,
Ajaýyp görk berýär jansyz meýdana.
Görünýär ýeňsede gumla depesi,
Eşdilýär çopanyň tüýdügniň sesi.

Bireýýäm gowşapdyr gyzgyny Günüň,
Uzalyp kölgesi ýowşan-syrkynyň,
Pessaýlap ösýärdi ýazyň şemaly.
Bu wagt uzakdan bir nokat ýaly,
Uly dykgat bilen garasaň düze,
Guşlukda bir gara görünýär göze.
Kim bilsin, ýakynmy, daşmy arasy,
Kä gözüň ümezläp ýitýär garasy.
Käte süýnüp gidýär, göýä bir derek,
Ýerden asman sary golun geryän dek.

Üýtgedýär görnüşin her bir garaşda,
Bir görseň ýakynda, bir görseň daşda.
Birden salgym atyp, her ýere ýetýär,
Birden gaýyp bolup gözüňden ýitýär.
Bu wagt çopanlar sürüp her ýandan,
Mallar çekilýärdi otluk meýdandan.
Ätiýaç edilýän açgöz börüden,
Her kim göz aýyrman agyr sürüden,

Edýär ýagtygözin onuň gamyny,
Möjek myrdar duşman tapsa çemini.

Jürdür çopanlaryň işe hemmesi,
Gezekli-gezegne uzyn gijesi
Süriniň daşynda gaýym durarlar,
Gorkuly ýerlerde gapan gurarlar.
«Akbaý» hem «Garabaý», «Görsebasarlar»
Diňşirgäp her ýana gulak asarlar.
Goýnuň gapdalynda, beýgiň üstünde
Göýä serhetçi dek durýar postunda.
Oýda goýun bary gysyp bir-birin,
Gözleşer her haýsy amatly ýerin.

Bolýar her haýwanyň howply duşmany
Çykar kirpi görse ýylanyň jany.
Aşakdan, ýokardan eder urgyny.
Guşlar lerzan urar görse gyrgyny.
Endamy zagyrdap bolar ýesiri,
Her haýwan derede görende şiri.
Ejizdir möjekden eşek janawar,
Gözläp özi üçin bukuja bir ýer,
Girer emaý bile süriň içine,
Şonda-da garanar degre-daşyna.

Ýene ýüzleneliň görünýän gara,
Ep-esli bir pursat düşüpdi ara.
Göze ilki gezek ileli bäri,
Ýüzlenip şo ýerden çopanlar sary,
Hereket edipdir ýakynlap ara,
Görünýär garasaň indi äşgäre.

Düýe kerweni däl, ýok düňi, jaňy,
Ýörişi çalasyn, yzynda çaňy.
Çopanlar, çoluklar kän seretdiler,
Başlyk ýa ferma diýp güman etdiler.

Gün göýä gyzaryp çapady ýaly
Gutaryp şu günki geçmeli ýoly,
Hoşlaşyk nuruny saçýardy çöle,
Çoluklar çadyrda bar güýji bile
Ýadaw çopanlaryň gerek hezzeti –
Taýýar edýärdiler dürli lezzeti.
(Alyp ýaý içine ýatladýan saňa,
Okyjym, eger-de ynansaň maňa,
Çölde nahar iýseň tagamy artar,
Işdäň her bir zady özüne dartar).

Gije öz erkine girip başlanda,
Gara çadyryny gerip başlanda,
Birden uzakdaky garaň ýerine
Ýakyndan çyralar göründi ine.
Az salym geçensoň sesi eşdildi,
Ara tekizlikde özi-de geldi.
Topuljak bolanda itlerden käsi,
Ýatyrdy olary çopanyň sesi.
Gelip ýanlarynda maşyn duranda
Nätanyş adamlar göründi onda.

Çopanlar maşynyň aldy daşyny,
Derrew kakyşdyryp egin-başyny,
Ynha, bir ýaş ýigit geldi ýylgyryp,
Görüşdi, baryna goluny berip.

Gadyrly myhmany duýdansyz tapan,
Ýüzlendi ýigide ýaşuly çopan:
«– Saglyk-amanlykmy? Geliş nireden?»
Çopanlardan biri bu wagt birden:
«Ýene-de maşyn!» diýp, şol ýana bakdy,
Hemmäniň ünsüni özüne çekdi.

«– Ol hem biziňkidir, galypdy yza.
Geliş nirdendigin aýytsam size,
Belli bir ýeri ýok onuň, ýaşuly,
Köp wagtdan bäri aýlanýas çöli.
Ynha ýoldaşlarym, tanyşyň hany».
Äýnekli bir kişi garry çopany
Nazarlap ortadan öňe süründi,
Garaşlar bir-birine yssy göründi.
Türkmençe eşdende salam sözlerin,
Çopan oýnaklatdy ýiti gözlerin.

Şadyýan ýylgyryp, asyl darykman,
Onuň öz diline hiç bir irnikmän,
Salamyň jogabyn beren mahaly,
Myhmany bir hili geňirgän ýaly,
Äýnegiň astyndan ýiti seretdi,
Emma ol alymda guwanç döretdi.
Düşürip maşyndan gerek zatlaryn,
Iýmeli, içmeli ýol harytlaryn,
Ýerleşdi gelenler indi arkaýyn.
Nahar-da, gök çaý-da tiz boldy taýyn.

Ýaşlardan saýlanyp çykyp bir gyra
Garrylar gürrüňe boldular gümra.

Her biri özüniň başdan geçenin,
Haýsy bir ugurda derin seçenin,
Howlukman asuda aýdyp berýärdi,
Gürrüň gitdigiçe has gyzygýardy.
Üýşüp ýaş çopanlar ýigdiň daşynda,
Söhbete berildi çaýyň başynda.
Çölüň şunuň ýaly ajaýyp wagty,
Ojakdan ýüzlere düşýärdi ýagty.

Diňläp ýaş ýigidiň aýdan sözlerin,
Çopanlarmyz mölerdişip gözlerin,
Örän geň gördüler onuň kärini:
«Neneň barlap çykjak guşuň baryny?
Ýa çöpdür, ýa möjek iýýän höregi,
Bilende, bilmände barmy geregi?
«Ýaşaýşy, gurluşy hem ähmiýeti...»
Guşuň gerek zady diňe bir eti...»
Käler şu pikirde için gepletdi,
Emma sorag bermän gizlin seretdi.

Gürrüň arasynda bir çopan diýdi:
«– Bir tanyş ýüz ýaly garamda saňa,
Gönüme bolmasa, ozal bir ýerde
Bilmedim, obada ýa-da şäherde
Seni gören ýaly, kim diýdiň adym?
Akmyrat, Akmyrat.., ýa walla, ýadym
Bütinleý galmandyr, emma tanýaryn».
«– Mümkin sen görensiň, men ynanýaryn,
Magaryf işinde bolan mahalym,
Ylaýta-da, onda ilkinji ýylym,

Men ýygy-ýygydan oba barardym,
Aýlanyp mekdepleň baryn görerdim».
«– Oglanlar, gutaryň, ýatsyn myhmanlar,
Ýene turmalymyş bular daňdanlar.
Diýerler gulagyň bolmazmyş garny,
Etsin her haýsysy ýatmaly ýerni» –
Diýip, garry çopan hemmä ýüzlendi.
Bu wagt aşaklap Aý-da gizlendi.
Akmyrat aşakdan ýerin düzetdi,
Galanlar maşynyň üstünde ýatdy.

Halta düşegini çekip üstüne,
Ýassyga başyny goýan dessine,
Gitdi süýji uka gelenleň bary,
Käleri bireýýäm çekýärdi hory.
Emma ýaş ýigdimiz gözün ýumsa-da,
Sesini çykarman uzak dymsa-da,
Ukusy atlydy, özi pyýada.
Bilmedim, nämeler getirip ýada,
O ýana, bu ýana agdarylýardy,
Käte gözün açyp, göge garýardy.

Ine, şunuň bilen wagt geçýärdi.
Çopanlar özara hümürdeşýärdi:
«Siziň özüňizden alsak mysaly,
Käte gijelerňiz uly gowgaly
Geçýändir börüler çozanda sürä,
Eger-de hiç wagt gelmese örä,
Möjek ýa başga bir ýyrtyjy haýwan,
Ýok bolsa mydamlyk, bermese zyýan,

Her çopan asuda demin alardy,
Nähili erkinlik, dynçlyk bolardy.

Dünýäniň ýagdaýam edil şuň ýaly,
Birnäçe jeňbazlar möjek mysaly,
Ýene buz üstünde turuzýar tozan.
Dünýäniň dynçlygyn ozalky bozan
Ýok boldy, ýerine başgasy dörýär,
Urşuň öçen odun ýene ölçerýär...»
Ýigdiň bu sözlerin gaýtalap bary:
«Guş tutmak bolsa-da munuň hünäri,
Çykýana meňzeýär kän zatdan başy,
Sowdupdyr wagtynda çorbany kişi».

«– Alym diýýär weli, eşigi-zady
Alymka meňzänok hiç bir pisady...»
«– Goýsana, sen beri, lokgy-lokgyňy,
Gömül ýeriňe, az et hykgy-pykgyňy,
Toý-tomaşa barmy çölüň içinde?
Gyrmyz don geýsinmi gara işinde?»
«– Gömül-sömül diýip herrelme ile,
Alym seniň ýaly çopanlar bile
Dost ýaly degişip, gülüp oturmaz,
Ýüzi agyr bolar, ýanna getirmez».

«– Ýadyňdamy, sammyk, bize birmahal
Gyşda örän güýçli bolanda ygal
Gelipdi ýokardan ýolbaşçyň biri,
Ýygnanyp daşyna çopanlaň bary,
Maslahat edildi, gorky azaldy,
Biziň aramyzda ep-esli galdy.

Degişmek, gülüşmek onda-da bardy,
Ula – agam, kiçä – inim diýýärdi.
Ol zatlar ýadyňdan çykdymy ýa-da?
Biziň adamlaryň hemmesi sada».

Bularyň gürrüňin diňläp birsalym,
Güldi öz içinden biziň ýaş alym.
Ýatdy çopanlar-da ýuwaş-ýuwaşdan,
Indi jyňk çykanok ýakyndan-daşdan.
Emma uky gelmän ýene gözüne,
Käte gahar etdi özi-özüne,
Zordan düşegini başyna çümrüp,
Uka gitjek bolýar, ýüregi urup,
Demigip, der basyp üstüni açýar,
Ýaz şemaly ýüzün sypalap geçýär.

Üýtgeşmek özüni çekdirmez käne,
Eger-de çyg ýere düşse bir däne,
Iýmitlenip başlar howadan, ýerden,
Kiçijik güberçek döredip birden.
Aşakdan ýodajyk tapar özüne,
Gulagyn gabardyp ýeriň ýüzüne
Çykanda güýç alyp ýiti kuýaşdan,
Gol atyp her ýana ýuwaş-ýuwaşdan,
Aşagy berkeşer, ýokarsy öser,
Öser, ösdügiçe her dürli öwser.

Sebäpsiz çöp başy gymyldamazmyş,
Gary eremese sili bolmazmyş.
Uzyn jülgesinde belent daglaryň,
Uçmasa bilbili gözel baglaryň,

Gülleri solmazmyş, görki gitmezmiş,
Ynsan howpsuz ýerde gorky etmezmiş.
Bar bolsa sebäbi her bir wakanyň,
Ukusy tutmaýan bu gahrymanyň
Belki, sebäbine ýetýändir gözi,
Geliň, oň özüne bereliň sözi:

«Duýgumy, söýgümi, keselmi-dertmi,
Parhy ýok, sen özüň namartmy-mertmi? –
Salsa syrtmagyny jadyly syry
Ahyrda, gürrüňsiz, bolýaň ýesiri
Bilmedim, gönüme ýa-da hakykat
Çekildi şol ýana mende bar dykgat.
Dikelýär öňümde ýene-de görki,
Giderdim elimden, belkä-de, erki.
Ýaşlygyň gowgaly alabahary,
Ýene tarsyldaýar ýürek damary.

Beýle pikir ýokdy ilki göremde,
Öňki ädimlerim ýatlap her demde,
Gaýta gyzarardym onuň öňünde.
Bilmedim nireden döredi mende
Onuň barasynda şeýle bir garaş.
Eger bolan bolsa, onda ara daş,
Belki, men düşmezdim beýle hyýala,
Käýinip öz-özüm çekmezdim nala.
Parahat ýaşardym, görmezden ony,
Görüşmek, duşuşmak özgertdi meni.

Irginsiz geçilýän uzak ýollarda,
Mejnunyň mekany ymgyr çöllerde,

Gijeler ýatamda, gündiz turamda,
Her gezek işime elim uramda,
Gitmeýär kalbymdan, mydam ýadymda.
Yzarlap ol meni her bir ädimde,
Gözümiň öňünde bütin göwresi,
Eşdilýär gulagma ýakymly sesi.
Asuda obanyň tämiz perzendi
Ýene-de daşyma gurupdyr bendi.

Akylym bir ýana, ýürek bir ýana,
Düşýär iki ýandan howsala jana.
Biri öňe çekýär, birisi yza,
Haýsysy haýsysyn çökerer dyza?!
Akyl aýdýar ondan çekmeseň eliň,
Ýigrenjisi borsuň sen uly iliň.
Dost-ýaryň, deň-duşuň hem-de ýoldaşyň,
Tanyşu-nätanyş, ýakynyň-daşyň
Geňirgär, ýazgarar, unutma muny,
Barysy ýüz öwrer, eşdenje güni.

Getirme kelläňe beýle boş hyýal –
Sen bolsaň boý ýigit, ol bir dul aýal.
Dullugyndan başga, yzy çagaly
Oýlan bütin ömrüň öter gowgaly.
Sen oňa lak atjak niçik ýüz bilen,
Çekip hasrat baryn göwni bozulan
Ol saňa ýürekden goýýar hormaty,
Dogany hasaplap sylaýar gaty.
Söýginiň, hormatyň ýykma arasyn,
Gozgama naçaryň ýürek ýarasyn.

Sen oňa ýüz tutduň öň hem bir gezek,
Beripdi jogabyň çekdirmän uzak.
Köp puşman edipdiň şonda soňundan,
Ýene-de sen çykýaň onuň öňünden.
Näme, tükendimi dünýäniň gyzy,
Belki, puşman bolar ýene-de yzy?
Gaçyryp bahaňy har etme özüň,
Ökünip soňundan gyzartma ýüzüň.
Belent tut başyňy iller deňinde,
Mertebe goragy bolmazmy sende?!

Emma başga urýar ýüregiň tary,
Diýýär gury sözler bularyň bary.
Öň göwün bereňde günäkärmidiň?
Ýa-da bir bet niýet hilegärmidiň?
Olaryň barysy kanuny zatdy,
Gyz saňa özüni şonda tanatdy –
Beren wadasyna wepadarlygyn,
Duýgy dünýäsine hökümdardygyn.
Ine, şonuň üçin bu gün ol saňa
Mähriban görünýär, düşünseň muňa.

Yşkyň patyşasy, gedasy bolmaz,
Ýol tapsa özüne pidasy bolmaz.
Nähak hasap edýäň sen ony naçar,
Ynsanyň arzuwy kalbynda ýaşar.
Bardyr her ýürekde yşkyň gözbaşy,
Aýdypdyr bu hakda şahyrlarbaşy:
Bir duzsuz tagamdyr dünýäniň sözi
Bolmasa ýürekde yşkyň bir gözi.

Joşursaň ýol tapyp eger şol gözi,
Şonda bolmaz saňa hiç kimiň sözi.

Gurasa täzeden ýykyk binany,
Iller hormat bilen beýle ussany
Äkider göterip alkyş bagyna.
Eger seýik bolsaň ýürek dagyna,
Hakykat ýüzüne dogry garanyň,
Barysy bir demde bolar ýaranyň.
Ýazgarmaz deň-duşlar, dostlar hak işi,
Eger-de hak işi başarsa kişi,
Artar mertebesi içinde iliň,
Düşün, gysga bolmaz hiç ýerde diliň...»

Bu wagt bir ýyldyz süýndi asmanda.
Pikir erşin kesip oňa garanda,
Ýiti ýalkym salyp, aşaklap gitdi,
Yz goýdy, yzy-da şol bada ýitdi.
Gollar iki ýandan gursagyn oýkap,
Şol bir ýatyşynda kellesin ýaýkap,
Diýdi: «Oňarmadyň, ah, ömrüzaýa,
Gitdiň kerweniňi batyryp laýa,
Ykbaldaş ýoldaşyň ýitirdi seni,
Şu agyr ýagdaýa sen saldyň meni».

V

Galpyň gazany gaýnamaz.
Nakyl.

Barýar iki aýal gün guşluk çagy,
Biri ýaş, biriniň saçynda agy

Görünýär, hersiniň elinde köwşi,
Bar ýaly olaryň bir möhüm işi.
Ikisem howlukmaç gaty ýörýärdi,
Ulsy kiçisine gürrüň berýärdi:
«– ...Bilýär Ýolly janym olaryň baryn,
Yzarlap ol ýerde namysyn-aryn,
Bir gezek öýünden ugradan wagty
Ýezidiň üstüne dyzapdyr gaty.

Özi ara düşüp şonda tulanyň
Diýipdir: «Gezer ol çyksa-da janyň.
Kim gelýär, kim gidýär, işiň ýok seniň,
Dolanyp gapymda görünme meniň.
Arrygyň gynama saklap daşymy,
Sensizem çararyn özüm başymy...»
Utanç, haýa etmän ili örüzip,
Gijäniň bir wagty gowga turuzyp,
Dili şerebedir, baryn döküpdir,
Neressäm aýagyn gaýra çekipdir.

Ynha, eşder bolsaň, başga bir sapar,
Köçäniň ugruna çykyp bir topar,
Näme kultur... diýýär haýranyň ady?
Taşlap bir tarapa eşigi zady,
Geýip dar köýnegi, tyrryk balagy,
Toplap töweregne özi ýalagy,
Sen tama etmegin ondan gowsuny,
Her ýan şalkyldadyp iki göwsüni,
Tasanmyş idisiz köçeden-köçä,
Göz bolup şäherde uludan-kiçä».
«– Kim eken, gelneje, yzyndan gelýän?»

«– Wah, keýgim, sorama, kim ony bilýän.
Näme, adam gytmy uly şäherde,
Bal bolsa arylar tapar her ýerde.
Agzyndan ot çykýar geplese Ýolly,
Ýatlasa hemişe ýüregi ýelli.
Bir ýerde üýşmeleň maslahat bolsa,
Gijemi, gündizmi, git-hä-git bolsa,
Sokjarlyp elmydam öňe düşýärmiş,
Ýollym bir zat diýse, gaty çişýärmiş.

Şu gün ejesine aýdaly baryn,
Erki ýetýän bolsa etsin kararyn.
Rugsada gelipdir, indi gitmesin,
Dogan-garyndaşa, besdir, ýetmesin,
Beýle masgaralyk mundan buýana.
Okuwy-ýazuwy edip bahana,
Aýlardyr bireýýäm enäniň başyn.
Görerdi garasa töwerek-daşyn
Onuň ýalylaryň otyr barysy,
Hyzmatyn, kömegin görýär garrysy.

Eger-de oturman gitmekçi bolsa,
Ahyr öz diýenin etmekçi bolsa,
Näme, är ýokmuşmy öz obasynda?
Masgara bolynça il arasynda,
Götersin gülberin ata öýünden,
Bir gyşyk telpegi tapsyn oýundan.
Meniň Ýolly janym kimden kemmişin?!
Şeýle bir dyzapmyş, gidermenmişin.
Gelsin, allanäme, gatsyn goşuny,
Agaňa men pahyr kän diýdim şuny.

Bu zatlaryň baryn men başdan duýdum,
Iberdim kän gezek, sypdyrma diýdim.
Bolsa bolup geçsin yzy güjükli,
Etsek oglumyzy öýli-işikli,
Ýeňňeňde, agaňda galmazdy arman.
Emma idisizler muny başarman,
Lellimlik etdiler, men şuňa ýanýan,
Wah, ol ýok bolmuşy men ýagşy tanýan,
Görüm-görmegi-de degýär bir gyza,
Ýöne galdyk öýdýän, keýgim, biz yza.

Dul etine giren ýüzügaranyň,
Görnüşi daşyndan ýiti garanyň,
Aklyny aýlajak, huşun ýitirjek,
Duran bir maýaň bar, her iş bitirjek.
Ugra salyp bolsa, şindem bir wagty,
Belki, Ýolly janyň açylar bagty...
Bulady günümi ol doga içen,
Nireden tapyldy ýolukman geçen?
Haram bir bedasyl, diýmäýin diýsem,
Indi bal günüňe batarsyň eýsem.

Atasy öýünde ol gyrnak bar-a
Goşanmyş utanman meni-de ara.
Gitse jähennemiň teýine gitsin,
Kime geregi bar, it-guşa ýetsin...».
Ýene nämänidir ýadyna salýar,
Yssy-da düşüpdir, sojap dem alýar.
Gürrüňe kellesi gyzanda gaty,
Çözülip kem-kemden ýüregiň gaty,

Özi-de duýmady baryn aýdanyn,
Näme maksat bilen bäri gaýdanyn.

Birden dowam etmän öňki sözüni,
Süpürdi köp gezek derli ýüzüni.
Arka agram berýär suwluktorbasy,
Häzir ýakynynda barjak obasy.
Kakyp egin-başyn, geýdi köwşüni,
Goýup öz erkine gürrüňdeşini,
Indi bar pikirin içinden edýär,
Derjigen gözleri öňe seredýär.
Ýene öňki gelni düşdi ýadyna,
Ýüregi awady beren zadyna.

«– Ol deýýus gyrnaga kän gitdi zadym,
Bütin ýere çaldy abraýym-adym.
Başga birin gözläp onuň ýerine,
Ýene-de ýüz tutsaň gyzlyň birine,
«Ogluň boý däl» diýer, gysgadyr diliň,
Eger diýmese-de etjegi iliň
Ylla ata-baba algyly ýaly.
Salar salgyt baryn, men munça maly
Nireden alaýyn, nirden tapaýyn?
Täzekiň niçiksi üstün ýapaýyn?..»

Oýlanyş kelebi şu ýerde durdy,
Uludan dem aldy, ýüzi turşardy.
Soňra baldyzynyň kakyp egnine,
Bir zady täzeden tabşyrdy ýene:
«– Barsak gapdalymda turman oturgyn,
Men bir zat başlasam üstün ýetirgin.

Gyzy bir zat bolsa derrew duýýandyr,
Enesi gyzyna gaty uýýandyr.
Çykmasyn agzyňdan artykmaç sözüň,
Seretgin ýüzüme aýyrman gözüň...»

Bular umyt edip bet niýetinden,
Girdiler tirkeşip obaň çetinden.
Käte köwejekläp, käte arkaýyn,
Ätiýaç köpelip ýörediksaýyn,
Bir öýüň işigne bardylar birden.
Şadyýan ýylgyryp çykdy içerden
Gürrüňi edilýän gyzyň enesi,
Çagyrdy, öýüne girdi hemmesi.
«– Dursun, gurgunmysyň, otur, Gözel jan,
Duýulýar gelende öňünden myhman.

Öýüň hysyrdysy, şu gün ir turdum,
Çaý içdim, käsämde bir boýçy gördüm.
Oýlanyp öz-özüm ýiti seretdim,
Myhman geljegini şonda çak etdim.
Köneleň aýdanam barýar bir ýandan,
Hany gürrüň beriň mal bilen jandan».
Dursunyň jogaby boldy gysgajyk,
Oturyp Enebaý ýene azajyk,
Çaý-çörek ugruna daşaryk çykdy,
Myhmany yzyndan alarlyp bakdy.

Yza gaýtarlanda saçak dolanyp,
Geldi çäýnek-käse ýene aýlanyp.
Gürrüňe gyzykly başlan mahaly,
Ozalky bolşundan şatlykly ýaly,

Guwançly eşdildi enäniň sözi,
Ýagtylyp şat ýüzi, gülýärdi gözi:
«– Geldi rugsadyna Ogulnabat jan,
Mekdep direktory çagyrdy myhman.
Irden äkitdiler Öwez jan bile,
Her gün şunuň ýaly, ýarasaň ile.

Gadyryň bilinýär, hormatyň ýetýär,
Diňe agşam gelip öýünde ýatýar.
Uzak ikirjiňläp gorkupdym ilki,
Howasy ýa suwy ýarapdyr, belki.
Ýüz-gözi durlanyp, özün tutupdyr,
Şol öňki kaddyna kemsiz ýetipdir.
Ýyl boýy etmedik hiç zada mätäç,
Bir gezek özümiz, bir gezek Nurtäç
Ibermäň diýse-de iberdik mydam,
Ozal garşam bolsa, indi şat gudam...»

Bir goýup, bir alyp gyzgyn käsesin,
Göwünsizlik bilen berse-de «häsin»,
Aýdylýan bu sözler häzir Dursunyň
Çytylýan ýüzünden bildirýär onuň.
Içinden ok bolup parran geçýärdi,
Diňledikçe onuň keýpi gaçýardy.
Agzyn şapbyldadyp, için gepledip,
Baldyznyň ýüzüne ogryn seredip,
Amatly pursada garaşdy uzak,
Ahyry özüne gelende gezek:

«– Gelşim keýpine däl meniň, Enebaý,
Bu aýdan zatlaryň däl gönüme jaý.

Diňleseň ýürekden aýdylan gepi,
Bolýandyr her zadyň iki tarapy.
Arynyň zäheri hem-de baly bar,
Agajyň tikeni hem-de güli bar.
Sen diňe baly hem güli görýärsiň
Ýa-da bilgeşleýin ýüz öwürýärsiň.
Görmezlige salyp tiken-zäheri,
Bilseň şudur işiň iňkisli ýeri.

Guwanýarsyň gyzyň görüm-görküne,
Emma ol goýmaýar ony erkine.
Aýal maşgalanyň bagtyn ýatyrýan,
Başyna her hili bela getirýän,
Iliň ünsün çekýän sypaty dälmi?
Özüniň syraty duşmany dälmi?
Görende ýaş-ýeleň alýar daşyny,
Hile, mekir bilen aýlap başyny,
Onuň ygtyýaryn alýar ahbetin.
Daş etsin, bozulyp gidýär büs-bütin...»

Indi ýekän-ýekän tutup atlaryn,
Ýolda baldyzyna aýdan zatlaryn
Doly gaýtalady, ýene artdyryp.
Namysa galan dek ýüzün sortduryp,
Her sözün aýdanda için çekýärdi,
Päkize bedene zäher dökýärdi.
Diňledi Enebaý sesin çykarman,
Gürrüňin paýawlap duranda myhman:
«– Ýollyňy, ýolsuzňy bilmerin, Dursun,
Her kimiň ynanjy özünde dursun.

Derrew orta atýaň namysy-ary,
Ozal-a töhmetdir bularyň bary.
Ynanar ýalymy, özüň pikir et?
Eger bardy-geldi, bolmanda töhmet,
Onuň aladasy saňa ýetipmi?
Näme, ol maşgalaň yzy ýitipmi?!
Maňzyma batmaýar gürrüňiň seniň,
Boş ýere ýüregim çişirme meniň.
Gaty beletdirin özüm gyzyma,
Kast etmez hiç haçan beren duzuma.

Git ýa gitme diýip açmaryn agzym,
Menden gowy biler onçasyn gyzym.
Mundan buýankysam, tiz geler özi
Mamla hasap etseň aýt şu sözi».
Içinde saklady gelen gahary,
Bir zat bahanalap çykdy daşary.
Doly dym-dyrslyk, ne söz, ne sowal,
Düşdi aralyga bir sowuk şemal.
Çykýardy kelleden beslendik hyýal,
Otyr ýüzün sallap şum habar aýal.

Agşam Ogulnabat gaýdyp gelende,
Ýene-de özara gürrüň bolanda,
Ýa peýdasyz bildi, ýa-da çekindi,
Belki, ozalka-da indi ökündi.
Ýa sussy basyldy gören badyna,
Ýa enäň aýdany düşdi ýadyna.
Bilmedim nähili, niçiksi boldy,
Başyna nähili pikirler geldi,

Dursun duran ýerde özün ýitirdi,
Agzy mumly ýaly dymyp oturdy.

Käte Enebaýyň salyk ýüzüne
Garap ýeň astyndan diýýär özüne:
«– Başa dürli bela gelermiş dilden,
Gozgamabilseýdir çekinip ilden...»
Ätiýaç astynda wagt geçýärdi,
Bulardan bihabar gürrüň açýardy
Köp zatlar hakynda biziň gahryman.
Ahyr Enebaýyň ýüregne sygman,
Dursuna sowally ýüzlendi birden,
Myhmanyň mańlaýy çygjardy derden.

«– Meniňkem eşitmiş, anyk bilemok,
Özüm ol ýerlere baryp göremok...»
«– Eje, näme diýdiň nähili sözler?
Dikildi şol zaman soragly gözler.
«– Aý, Ýollym diýdimi, nämäm diýdimi,
Görüpdir, eşdipdir diýdäm diýdimi...»
«– Wah, Ýolluly gürrüň, men belet oňa,
Ynha, bolşy ýaly aýdaýyn saňa.
Daýza jan, bar günä onuň özünde,
Asyl tapylmady beren sözünde.

Hiç zat aladasyn etmän öňünden,
Göwünsiz ýapyşdy baran gününden.
Okuw örän agyr ýeňil gopmasaň,
Etmeli her işiň wagtyn tapmasaň.
Üýşüp üst-üstüne ýuwaş-şuwaşdan,

Ahyr aljyradýar, agýar ol başdan.
Oturyp köp gezek menem ýalbardym,
Soňuny ýatlatdym, maslahat berdim.
Emma hiç sözüme gulak asmady,
Bihuda gezmegiň yzyn kesmedi.

Gyşky ekzamende birinden galdy
Ony düzetmegi boýnuna aldy.
Emma geleň etmän, yza çekildi,
Ýazda ikisinden ýene ýykyldy.
Ahyr çykaryldy, özi günäkär,
Okaman wagtyny geçirdi bikär...»
Her kim üns bilen diňledi gyzy,
Dursunyň bagtyna gürrüňiň yzy,
Gitdi başga ýana, ujyz gutuldy,
Ogluny ýatlanda ýüzi çytyldy.

Gutardy bar gürrüň, şunda duruldy,
Garaguş ganaty gökde gyryldy.
Geçdi at çapandan, eýer gaşyna,
Ýapyşýar garaman häzir daşyna.
Biziň öz öýünde dilewarymyz,
Ar-namys eýesi howandarymyz,
Şol günüň ertesi ümüş-tamyşda
Açylýar obadan ara kem-kemden,
Emma ses çykmaýar indi hiç kimden.

VI

Скажи пожалуйста, как же ты мог биться,[1]
Два часа говорить с этим человеком, не
Догадавшись с первого слова, что он дурак?

А. Герцен.

Dostlar, munuň özi tebigy bir zat,
Eger bir hyýala münse adamzat,
Gijesi-gündizi otursa-tursa,
Ýakyna, uzaga her ýere barsa,
Parhy ýok şatlansyn, çeksin endişe
Ýa-da gümra bolup berilsin işe,
Erkini elinden alan hyýaly
Göýä dag başynyň dumany ýaly,
Her hili ýagdaýda başyndan gitmez,
Gitse hemrasyzdyr, karary ýetmez.

Täze bir hyýala düşen gahryman
Häzir öňküsinden beter bigüman
Giderip elinden ygtyýaryny,
Bilmän nätjegini, tapman tärini,
Kämahal gaýgyly, kämahal hoştap,
Sorag kän, bermäge ýok onda jogap.
Gün geçýär, aý geçýär öz nobatynda,
Tolgunýan kalbynyň çuňňur gatynda
Nepes aýtmyşlaýyn, talaňçy gezýär,
Aşyk, başa düşse, her zada dözýär.

[1] Aýtsana hany, gözüňe döneýin, bu adamyň akmaklygyny birinji sözünden seljermän, sen neneň onuň bilen iki sagatlap harçaňlaşyp oturyp bildiň?

Şindi hem oňuşman akyldyr ýürek,
Hersiniň aýdany bolup biderek,
Güýçli gowgalary dowam edýärdi,
Biri saga, biri çepe gidýärdi.
Käte tereziniň iki gapdaly
Bir möhüm melhemiň ölçelşi ýaly,
Deňme-deň gelýärdi biri-birine,
Bar dek bir şikesi bir görseň, ine,
Aşaklap başlaýar onuň bir ýany,
Has ýeňil görünýär belent galýany.

Kämahal tersine, belent tarapy
Birden aşak düşüp, tereziň sapy,
Bir uzyn agajyň ýel turan wagty,
Hellewläp durşy dek yranýar gaty.
Deňlenmän wagtynda tereziň taýy,
Geçirdi başyndan agyr ýagdaýy,
Biziň gahrymanyň bir ýeke özi,
Ahyr töwerege gezdirip gözi,
Eger-de duş gelse çemeliň biri
Açmak karar etdi içdäki syry.

Eger maslahatly biçilse donuň,
Ýeňinde, ýanynda bolmazmyş onuň
Göwräňe gelişmez gysga bir ýeri.
Emma başa ursa yşkyň heseri,
Çendan maslahat-da ejizlik edýär,
Ýürek urgusynyň tersine gidýär.
Düşse-de ýadyna şeýle hakykat,
Akmyrat özüne gözläp hemaýat,

Uzak pikir edip dostlar hakynda,
Tapdy maslahatçy ýaňy-ýakynda.

Bu gün öz öýünde garaşýar oňa,
Öýüň içki keşbin, okyjym, saňa
Ozal görkezipdim, häzir oň goşy
Öňküden artypdyr, her gelen kişi
Dykgatly garanyp töwerek-daşyn,
Mylaýym ýylgyryp, yralap başyn,
Diýerdi: «Ýetenok diňe bir zady».
Tapylmaz bazardan ol zadyň ady.
Zat däl ol ýigidiň maksat-myrady,
Hem daşy, hem içi, abraýy-ady.

Bolmandy dostunyň geler mahaly,
Emma söýgülsine garaşýan ýaly
Öýde bir özüniň ýetmän karary,
Her dem penjireden daşary sary
Garaýar ýoluna dikip nazary,
Ýürek gozgalaňly köp wagt bäri.
Gürrüňe taýýarlyk görýär öňünden,
Onuň umydynda başlap şu günden,
Tereziň bir ýany agdyk düşmeli,
Donuň ýeňin, ýanyn giňden biçmeli.

Kä alyp eline ýatan kitaby,
Çem gelen ýerinden açyp bir baby,
Gapynyň, penjiräň öňüne barman,
Okaýar oturyp gözün aýyrman.
Setirler, sözlemler yz-yza geçýär,
Kagyz seslendirip sahypa açýar.

Diňe belli bölüm gutaran bada
Kitap okýanlygy düşýärdi ýada.
Kelle öz ugruna, başga pikirde
Gezýärdi diňe bir gözler setirde.

Okan ýerlerini düýşde gören dek,
Täzeden agdaryp garar birentek.
Göz nazary bilen akyl nazary
Bile işlemese, okalan ýeri
Saýgarsyn niçiksi, saklasyn ýatda –
Galmandyr huşunda onuň bir zat-da.
Ýene-de gaýtalap okar başyndan,
Bar ünsi kitapda görseň daşyndan.
Emma uzak çekmez, öňküsi ýaly
Akylyň göreşden daş düşer ýoly.

Sagadyň ýörişi haýaldy gaty,
Bolupdyr bir görse gelmeli wagty.
Şatlanyp ýerinden turdy dessine,
Daşady kyhnýadan stol üstüne
Ozal taýýarlanan ojuk-bujugy,
Goýdy ortasynda ak çüýşejigi.
Ýene-de nazary ýola dikildi,
Şol wagt birdenkä gapy kakyldy:
«– Salam, sallahguly, görşeli hany!
Ýaman giň gurupsyň bu gün desgany».

Degişip özara iki köne dost,
Saglygyň şanyna göterdiler tost.
Gitdikçe dilleriň çägi açylýar,
Täze temalara tizden geçilýär.

Akmyrat amatly pursat agtarýar,
Käte ýoldaşynyň ýüzüne garýar.
Oňurga süňküni alyp eline,
Güýçli agram berip dişe, diline,
Myhman başagaýdy, muny duýmady,
Akmyrat garaşdy, hiç zat diýmedi.

Alyp gapdaldaky gazet, kagyzyn,
Süpürdi çalasyn ellerin, agzyn.
Üfläp potologa çilim tüssesin,
Başlanda myhmany ara kesmesin,
Akmyrat maý tapdy diýjek sözüne.
Ýüzlenip onýança birden özüne,
Aldy nobatyny onuň myhmany.
Çakylyk hatyndan eden gümany
Bütinleý başgady, eşdeli bäri,
Görmekçi bolupdy käbir işgäri.

«– Dost-dosta gerekdir gyssanan wagty,
Eger-de sürmese ýigidiň bagty,
Duýdansyz bir ýerden düşer endişä.
Hiç bir zat syzdyrman başga bir kişä,
Maňa ýüz tutanňa gaty minnetdar,
Düzeler barysy, çekmegin azar.
Bolmaz ýanymyzda işiň müşgili,
Ýeter gerek bolsa kömek her hili.
Özüni daş tutdy diýmegil erte,
Aýt, çekinme-de, geldim ýörite».

Bu sözi Akmyrat bir hili gördi,
Az wagt sägindi, oýlanyp durdy.

Ýöne ol saklandy syryn bildirmän:
«– Kömek gürrüňi ýok, berip ýa bermän,
Diňe maslahat bar bir zat hakynda,
Näçe oýlansam-da çykar çakynda
Kyn boldy, çykmady belli netije,
Uklaman kän günler uzynly gije
Hyýalda her ýana gözüm aýladym,
Dost-ýarlar içinden seni saýladym».

«– Maladys, Akmyrat, ýalňyşan dälsiň,
Gylyk-häsiýetimi başdan bilýänsiň.
Dogrymy aýtsam, wopşem, men seni
Uwažat edýärin, aýdyber göni.
Duşarsyň hemişe dost wepasyna,
Geç indi «mus-musuň mustapasyna».
«– Beýle geň galarlyk hiç zat ýok mende,
Gorkiý pedwuzynyň dil bölüminde
Begenjowa diýen bir gyz okýandyr,
Käte ýygnaklarda orta çykýandyr...»

«– Ine, munyň boldy, aýt bakaly,
Soň dowam edersiň, göter bokaly...»
Çakyşdy seslenip pürepür pyýala.
«– Münüpsiň ahyrda dogry hyýala.
Görüpdim daşyndan menem ol gyzy,
Aýt, nirä barýar gürrüňiň yzy?»
«– Çalarak bilýärin men durmuş ýolun.
Gyz diýdim, gyz-a däl, ol bir ýaş gelin.
Bir wagt obada gyzka görüpdim,
Hatda gözüm gidip göwün beripdim.
Şonda ýary baryn duýdurdy maňa,

Gepiň tümmek ýerin aýdaýyn saňa.
Bir ýyl bile ýaşap ýogaldy äri,
Şondan soň okuwa gaýdypdyr bäri.
Bar bir oguljygy, garry enesi,
Taryhy gysgajyk, ine, hemmesi.
Çagyryp men ony, dostum, şu öýe,
Niçiksi görýärsiň bol diýsem eýe?»
«Öýe» diýen sözi dilden düşürmän,
«Öýe» diýen sözi gaty aňşyrman:

«– Walla, ýürejigmiň turduň üstünden,
Goýberip başlapsyň saman astyndan,
Indi suwjagazy, senem zaluwat,
Kak bäşi, gardaşym, men ýürekden şat.
Onuň maslahaty, geňeşi bolmaz,
Ýigitler soňuny ýadyna salmaz.
Goşanda başyny muň ýaly işe,
Wagtyň keýp içinde geçer hemişe.
Inçe bil, gara gaş bolsa ýanyňda,
Zerre gamyň bolmaz şirin janyňda.

Guýsana, içeli şonuň şanyna.
Ertiriň özünde bar-da ýanyna,
Çagyr haýal etmän, goýma uzaga,
Süýji söz gyz-gelni salar duzaga.
Sen dile garyp däl, taparsyň ony,
Ýaşlykda biderek geçirme güni.
Wah, mende bolsady şunuň ýaly jaý,
Göwün arzuwlaryn ederdim berjaý.
Tapyp-tapmazlygy pikir etmezdim,
Ýekeje gije-de ýeke ýatmazdym.

Şindem dek duramok sypynsa elim,
Birine pikirim beren mahalym
Gözlerim suw içse boý-syratyndan,
Çekinmän harjyndan, näz-nygmatyndan,
Ahyr girdabyma salaryn ony.
Dürli delil bilen edil şol güni
Çagalary bilen derrew aýaly
Oba ugradýaryn, soňra han ýaly
Sürýärin giň öýde keýpi-sapany,
Menden nala etmez bu dünýä pany».

Arak häkimligin ele alypdy,
Kelleler dumanlap, gyzgyn galypdy.
Gezimi artypdy bedende ganyň,
Ýüzi gyp-gyzyldy gelen myhmanyň.
Başlasa sözüniň bolmaýar soňy,
Ýaňlanyp ses edýär eňegniň jaňy,
Ýykylan böwet dek gitdi baş alyp,
Akmyrat ýüzüni aşaga salyp,
Göwünsiz doldurdy iki bokaly,
Içgiden bir damja datmadyk ýaly.

Nätsin ol biçäre gezek ýetmese,
Islendik tarapa dogry gitmese
Ýürekden syzdyryp aýdan sözleri.
Dynman bir nokada garap gözleri,
Içinden her hili oýa gidýärdi.
Myhmany gürrüňin dowam edýärdi:
«– Hany, Akmyrat jan, noş bolsun, göter,
Başlasaň seniň-de ukybyň ýeter.

Indi adam bolduň, diýenim etdiň,
Işiň rowaç bolsun, ýoluň düzetdiň.

Bu dünýä – dünýädir, geçerin bilseň,
Etmelisi hem şudur hötdünden gelseň.
Duşmanlar gamlansyn, dostlarmyz gülsün,
Iň ýaman günümiz şuň ýaly bolsun».
Bokaly demine dartan mahaly,
Gaşlaryn ýygyrdy artan mahaly,
Söze pursat tapyp Akmyrat birden:
«– Urýarsyň perdäni sen başga ýerden.
Çykardyň sözümden nädogry many,
Etmändim men senden beýle tamany».

Doly bokalyny goýup stola,
Sakyndy, ýuwdundy birnäçe ýola:
«– Ol bir päk maşgala, guwanjy iliň,
Utanman nähili ýetirýäň diliň!
Onuň kimdigine ýetsedi gözüň,
Aýdan sözleriňe gyzardy ýüzüň.
Öňünde oturyp ötünç sorardyň,
Gabagyň galdyrman ýere garardyň.
Urduň çöp-çalama, düşmän sözüme,
Mynasyp görýärin ony özüme...»

«– Ne beýle gaharly ýazgardyň meni,
Ýa aýal edinip aljakmy ony?»
«– Meniň maslahatym, ine, şu hakda».
«– Beýle maslahaty hiç bir akmak-da
Dost-ýara, deň-duşa, hiç kime salmaz,
Özi boý halyna dul aýal almaz.

Mundanam maslahat, geňeş bolarmy!
Adata, kanuna laýyk gelermi?»
«– Eger-de ýüregiň islese ony,
Şol dälmi bu işiň kada-kanuny?»

«– O nähili beýle horan ýürekmiş!
Beýle horan ýürek kime gerekmiş?
Üç-dört çagalynyň ölse aýaly,
Gyza öýlenmekde mydam hyýaly.
Ýöne bir hyýal däl, hut şeýle bolýar,
Şindi el degmedik bir gyzy alýar.
Ömrüňi okuwda geçirseň-de sen,
Aklymy hiç wagt alyşmaryn men.
Synyndan asylyp çagaly duluň,
Ne ýüzüňe maňa uzadýaň diliň».

Stoluň başyndan turdy Akmyrat,
Gezmeläp iki ýan diýmedi hiç zat.
Kellesin galdyrman ýere garýardy,
Dodaklar titräp, ýürek urýardy.
Jemlände pikirin bir ýerde durup,
Myhmany tarapa ýüzün öwürip:
«– Eger gapdalyňdan garasa biri,
Ederdi sen hakda oňat pikiri.
Geýimde-gejimde tapmaz ýetmeziň,
Emma gürrüňleşip eşitse sözüň,

Köne pikirleriň, köne ýaşaýşyň,
Köne adatlaryň, köne garaýşyň
Bütin höwürtgesin seniň kelläňden
Tapardy bigüman, soňra beýläňden

Täzeden syn edip agzyn açardy,
Durmazdy ýanyňda, umma gaçardy».
Göýä gop berlen dek turdy myhmany,
Aýdylan sözlere ýandymy jany –
Süpürip yzly-yza derli ýüzüni,
Sojap gahar bilen diýdi sözüni.

«– Uly medeniýetli sen alym ýigit,
Almagyn hiç haçan berilse öwüt.
Nähak çagyrypsyň men dek nadany,
Urşuň geňeşi ýok, başla nikany!
Gutlaýan toýuňy, mübärek bolsun!
Beslenip sallahlar hem dullar gelsin.
Emma ýatladaýyn saňa bir zady,
Gelniň gujagyňa girenje bady
Öňki ýada düşer, unutmaz ony,
Aňynda ol bolup gujaklar seni.

Bagtly boljagyňa ýokdur bir şek-de –
Iki göwre, üç ýürek bor düşekde...»
«– Boldy, boldy, bes et, geçdiň serhetden,
Çeni-çaky ýagşy, aşma sen hetden».
«– Çenimi-çakymy senden soraman,
Munuň ýaly öýde bir minut durman,
Medeniýet diýp ar-namysdan geçýäniň,
Gaýmagy ýalanan süýdi içýäniň,
Mundan soň ýüzüňi babaly görsün,
Men gitdim, gürrüňmiz şunda gutarsyn».

Gapyny güýç bilen yzyna itdi,
Aýnalar seslenip şakyrdap gitdi.

Ellerin gowşuryp, misli doňan dek,
Akmyrat butnaman durdy birentek.
Ahyrda stoluň başyna geçdi,
Goýan bokalyny bir zarba içdi.
Daljygyp gelen dek otyr hasylap,
Eli mańlaýynda, dodagyn ýalap.
Kim bilsin, ne pikir geçýär başyndan,
Emma rehmiň gelýär görseň daşyndan.

VII

Любовь уйти бесследно не имеет права,[1]
Она приходит, чтобы жить вовек,
Пока живет на свете человек.

Низами.

Wagtyndan öňüräk gelýär wokzala,
Her kim bir iş bile düşende ýola.
Galmagal, gykylyk, şowhuny galýar,
Toýçy märekesin ýadyňa salýar,
Bu gün giň wokzalyň uzyn perrony,
Okyjym, kän gezek görensiň ony.
Getirip ýakyna uzak ýollary,
Gezdirýär teplowoz ulus-illeri,
Daglardan, düzlerden, çöllerden geçer,
Münen mekanyna tizden ýetişer.

[1] Söýginiň yz galdyrman gitmäge haky ýokdur,
Çünki dünýäde ynsan näçe ýaşadykça,
Ol hem şonça ýaşamak üçin döreýär.

Kimseler göz dikýär eziz myhmana,
Egile-egile garap şol ýana,
Ellerde reňbe-reň güller görünýär,
Garaşsaň her minut sagada dönýär.
Kimler dost-ýaryny, kimse gardaşyn,
Her kimse birini, ýakynyn-daşyn
Munda ýola salýar dürli ýerlere –
Uzak ülkelere hem şäherlere.
Hemmäniň keýpi kök, göwünler-de şat,
Garşylar, ugradar gözel Aşgabat.

Teplowoz haşylap gelip duranda
Şowhun öňküden-de artdy perronda.
Gelýän hem garaşýan tizden tapyşýar,
Kimseler görüşýär, kimler öpüşýär.
Boşatdy wagony gelenler daşdan
Märekäň bir ýany ýuwaş-ýuwaşdan.
Syrygyp başlady, şähere sary,
Ýerleşýär kem-kemden ýolagçy bary.
Ýakyn geldigiçe hoşlaşyk wagty
Adamlar gürrüňe janlanýar gaty.

Bir wagon öňünde uly üýşmeleň
Gülüşip, degişip gyzlardy kileň.
Görseň guwanarsyň gara gözüne,
Barynyň ünsüni çekip özüne,
Iki ýan bökjekläp bir ýaş çagajyk,
Bezäpdirler ony misli gurjajyk.
Birine topulýar, birinden gaçýar,
Biriniň elinden birine geçýär.

Käte jykyr-jykyr gülýär şadyýan,
Gezelenje gelen kiçijik myhman.

Bir aýal, bir gelin çetde durýardy,
Arada ýuwaşja gürrüň barýardy:
«– Eje jan, hor etmäň Öwez janymy,
Görmesem az salym mähribanymy,
Gaçyp ynjalygym, artyp azarym,
Ýüregim gyssa-da ýetmän kararym,
Men size ynanyp, arkaýyn özüm,
Aýt gudaňa-da meniň şu sözüm.
«– Keýgim, hatyrjem bol, çykarman ýatdan,
Asyl kemi bolmaz onuň hiç zatdan»

«– Aý ýarym gowurak bolduň şäherde,
Özüň ýaşaýşymy gördüň bu ýerde.
Etmäň meň hakymda hiç bir alada,
Käte gün-güzeran, durmuş barada
Hatjagaz ýazdyryp iberip, eje,
Islegim agzybir ýaşaň bileje.
Işimiz agdyk bor mundan bu ýana,
Gijesi, gündizi çykman hiç ýana,
Her sapak boýunça bermeli hasap,
Düşmez elimizden galamdyr kitap.

Barsaň, eje, başlap Oraz agadan,
Galdyrman birini çaga-çugadan
Aýdarsyň köp salam baryna menden.
Til bilen habaryň etdim öňünden,
Mekdep direktory garşylar seni.
Hiç gaýgy etmegin, eje jan, meni».

Eşdildi birdenkä soňky jaň sesi,
Garrynyň daşyna üýşdi hemmesi.
Gujaklap bagryna basdy Öwezi,
Saklanyp bilmedi, nemlendi gözi.

Kän gezek gysyldy garrynyň goly
Gyzlaryň her haýsy hossary ýaly,
Garady dört ýandan mähirli gözler,
Eşdildi baryndan mylaýym sözler.
Garry Öwez bilen wagona girdi,
Bu wagt birdenkä galmagal turdy:
«– Ejemem, ejemem, ejemem gitsin!»
Bu söze ýüregi gyýylman nätsin?!
Näzik eljagazlar öňe uzady
Urup aýaklaryn ýere dyzady.

Monjuk dek gözýaşlar akdy ýaňakdan,
Gyzlar gygyrsa-da oňa aşakdan,
Çaga köşeşmedi, hiç zat diňlemän
Aglady, enesi diňdirip bilmän,
Hoşlaşyp wagonyň içine gitdi,
Otly-da kem-kemden hereket etdi.
Çalaja eşdilýär çaganyň sesi,
Aýnanyň öňüne bardy ejesi.
Göründi bir-birne mähirli ýüzler,
Ugratdy ezizin gyzaran gözler.

«Azatlyk» köçesi oklawdan göni,
Gyzlar Enebaýy ugradan güni
Hiç haýsy hiç ýana sowulman bary
Maşynyň üstünde mekdebe sary

Barýarlar asfaltly gözel köçeden.
Aýralyk gamyndan özün boşadan
Biziň gahrymanmyz goşulyp ile,
Gitdi gürrüňleşip joralar bile.
Pionerler köşgi, çakyr zawody...
Her bir duralganyň ýadynda ady.

Maşyn dolananda Köşi bagyndan
Garşydaş maşynyň geçdi sagyndan.
Olar bir-birine ýanaşan bada
Göründi aýnadan Ogulnabada
Beýleki maşyna aýlanda gözün
Tanyşy Akmyrat, emma ol ýüzün
Birden kese sowdy, görmezlik etdi.
«Bu näme boldugy?» Için gepletdi.
Öwrülip yzyndan ýene seretdi,
Gaty geňirgendi, iňkise gitdi.

Taýýarlyk işiniň edip azaryn,
Geçirdi mekdepde günüň köp ýaryn.
Her bir ekzameniň boljak gününi,
Kimden konsultasiýa aljak gününi
Anyklap baryny ýazdy depdere,
Kabinet, okalga barmaly ýere
Aýlandy, ýygnady gerek zatlaryn,
Barlap okamaly eser atlaryn,
Girip kitaphana esli güýmendi,
Giç öýlän ýene-de maşyna mündi.

Duýdy ýadawlygyn baranda öýe,
Ukusy erkine bolýarmy eýe –

Tiz-tizden pallaýar, gözi ýaşarýar,
Saklansa bir ýerde irkilip barýar.
Ýatman öten agşam gijesi bile,
Gümür-ýamyr edip ejesi bile
Uzak oturypdy, hatda Öwezi
Ýary gijä çenli ýummandy gözi.
Gyzdyryp gelmäge taýýar nahary
Gyzymyz ýuwunyp çykdy daşary.

Emma uzak durdy daşky işikde,
Diwara kakylan gökje ýaşşikde
Dolanyp gelýärkä sereden wagty,
Kiçi gözenekden gördi bir haty.
Garanda ýüzüne alyp eline
Ine, şeýle sözler geldi diline:
«Häli hem bildim-le bir zat barlygyn,
Öň asyl görmändim beýle gylygyn».
Ýadawlyk ýat boldy, ukusy gaçdy,
Arkaýyn oturyp bukjany açdy.

«Eger-de ynjatsa hatyň mazmuny
Öňünden aýdaýyn, bagyşlaň meni.
Belki, diýersiňiz maňa biderek –
Bu ýakyn arada hat nämä gerek.
Onyňyz dogrudyr, emma kagyzyň
Ýazýarsyň ýüzüne islendik sözüň,
Ol örän batyrgaý, ýok ýüzi, gözi.
Emma garşyňyzda durup bu sözi
Men size arkaýyn aýdyp bilmezdim,
Ýogsa galamymy gola almazdym.

Rahatlyk, erkinlik häzir-de mende
Ýok, edil simap dek janym bu tende.
Kagyzym, galamym bary sandyrýar,
Her sözüm ýazamda göwräm galdyrýar.
Açyldy bir zaman doňan düwünler,
Ukusyz gijeler, bikarar günler
Çekip ýalňyzlykda bütin azaryn,
Diňledim ýüregiň gowgaly taryn.
Häzir-de perdesin gurup oturýan,
Onuň owazasyn size ýetirýän».

Şeýledi bu hatyň «bissimillasy»,
Abandy täzeden yşkyň «belasy»
Ýene-de ýaş gelniň erkin başyna.
Ynha, garamazdan degre-daşyna
Okaýar, uludan demini alýar,
Bilmedim nämäni ýadyna salýar.
Käte potologa tutup ýüzüni,
Göýä tapmaýan dek aýtjak sözüni,
Duryar ýoňsuz wagt doňan mysaly,
Şahyryň rifma gözleýşi ýaly.

Onçakly uly däl hatyň möçberi,
Emma bir talybyň ylham eseri
Düşýärdi ýadyňa her bir sözünden,
Sypdyrman gyzymyz ony gözünden,
Ýene-de okaýar, okadyksaýy
Aldygna dartylan ýüregiň tary,
Gitdikçe aşakdan kakyp şelpesin,
Ýaňladýar ýakyndan owazly sesin.

Gyzy ol, bilmedim, meýmiredermi
Ýa gulak duşundan şaňlap gidermi?!

«Ynanyň hiç sözüm däldir tötänden,
Emma gönüňizi geçirip menden,
Mümkindir birbada, hat baran güni
Çekip egniňize gazap donuny,
O ýerne, bu ýerne gezdirip gözi,
Uly ýigrenç bile okap her sözi,
Tüýdüm-tüýdüm edip, soňra bir ýana
Zyňyň siz azaryn ýetirse jana.
Her näme etseňiz ygtyýar sizde,
Galplyk tapylmaz emma bu sözde.

Oturyp, oýlanyp, geçeni ýatlap,
Belki, aýdarsyňyz meni näletläp:
«Ýaňyja kepedi gözümiň ýaşy,
Ýaňyja çalykdy mazaryň daşy,
Ýakyn hossarym dek ýaňyja özi
Gönderip uzakdan mylaýym sözi
Agyrly janyma teselli berdi,
Näm üçin täzeden ýene bu derdi
Gozgaýar, oýlanman onuň yzyny,
Goýman öz gününe oba gyzyny...».

Etmekçi däldirin gabahat işi,
Söýgi girdabyna düşse her kişi,
Dili serişdedir, ýüregi sözlär,
Joşanda diýmäge ýiti söz gözlär.
Tapmasa ejizdir, tapsa ýagşydyr –
«Dile gelen sözler gönün nagşydyr».

Men-de söz gedaýy, ejiziň biri,
Söýginiň ýürege salan täsiri
Oragyň ýerine çöplense hoşa,
Göwün nagşy doly çykmaýar daşa.

Belki, diýersiňiz: «Öňem bir gezek
Süýji sözler bilen daşyma duzak
Gurmak isläpdiňiz ara sokulyp,
Soňra utanç bilen yza çekilip,
Gitdiňiz baş alyp, dynypdym men-de,
Emma indikiňiz artyk bu günde».
Her dem ýatlaýaryn öňki geçenim,
Baglapdym bir umyt, çykmandy çenim,
Olar jahyllygyň ham-hyýalydy,
Şu günkä garanda ýaz şemalydy...»

«Ýatamda, turamda düşmez ýadyma.
Ýöňkäpdir köp zatlar meniň adyma...»
Diýen dek bir pikir gelip aňyna,
Gözler aýlananda hat dowamyna,
«– Wiý! Bu tüsse näme! Waý, Ogulnabat!»
Çykdy bir çaçly ses, ylgady şol bat.
Naharyň bugy däl, çykýar tüssesi,
Tutupdyr kuhnýany goňursy ysy,
Gazany garalyp kömür bolupdyr,
Düýbünde et ýerne ýanyk galypdyr.

Dermanyň güýjüni tende duýmasaň,
Möçberin dogrulap özüň guýmasaň.
Sanjylsa duýdansyz iňňe ynsana,
Derman damarlarda gatyşsa gana,

Onuň hereketi, edýän täsiri
Göýä tebigatyň gizlin bir syry,
Mälim däl, okyjym, lukman bolmasaň,
Çak bir çaşy gözdür, anyk bilmeseň.
Emma mälim bize hatyň bir zady,
Düşürdi rahatdan Ogulnabady.

Ýa gahar etdimi, ýa geňirgendi,
Ýa ünji gitdimi, ýa-da begendi?!
Belki, bilýän däldir muny özi-de,
Hiç zat syzdyrmaýar gara gözi-de.
Perwaýsyz diýersiň görseň eger-de
Howlyň ortasynda bir gumak ýerde
Golunda gazany, otyr güýmenip,
Garaman daşyny, bir ýana dönüp.
Emma ýüreginiň gowgasy bardy,
Näçe oýlandykça batly urýardy.

VIII

Çagyrsam, asyl gelmer sen,
Gelseň-de, oýnap-gülmer sen,
Ne boldy, habar almar sen,
Kemine guluň derdinden!
Kemine.

Bolandyr belkä-de gijäniň ýary,
Ýygnanyp öýüne adamlaň bary,
Aşgabat asuda demin alýardy.
Diňe ýaldyraşyp ýagty salýardy,
Garaňda gijäniň soltany-hany –

Çyralar gündize öwrüp her ýany.
Güýzüň şunuň ýaly rahat gijesi
Eşdildi uzakdan bir aýak sesi.
Äwmez ýöreýärdi, gaty arkaýyn,
Emma ýakynlaşýar ýörediksaýyn.

Barha ýygjamlanyp onuň arasy,
Ýagtyda gözüme ildi garasy.
Kimdigin saýgarmak kyn boldy ilki,
Çak etdim içimden keýplidir, belki,
Meýlis märekede uzak oturan,
Saýgarman, ak-gyzyl kemsiz ýetiren.
Gelende ýakyna ahyr ol kişi,
Bara meňzeş ýaly uly teşwüşi
Ýüzi gaty agras, çytykdy gaşy,
Şlýapa elinde, açykdy başy.

Geçende duşumdan ýiti seretdim,
Birkemsiz tanadym, içim gepletdim:
«Ne beýle giçläpdir, näme bolduka,
Gam ýükün göterip, nirden geldikä?!
Ýaňramaz biderek, sözläni dürdür,
Yhlasly ýapyşar, işine jürdür.
Bolar-bolmaz bilen ýokdur arasy,
Näbelet ýerine düşmez garasy.
Ýedi ölçäp, soňra eder her işi,
Duşduka ne bela bu gün bu kişi?»

Ol uzak ýöremän ýetdi öýüne,
Okyjym, şol belet otagmyz, ine.
Açdy aýnasyny, ýakdy çyrasyn,

Eller kisesinde, çykarman sesin,
Az-kem gezmeledi aşaga bakyp,
Ahyr oturdy-da içini çekip,
Gaýtardy yz-yza gürlek saçyny,
Soňra sypyrdy-da egin-başyny,
Atdy krowata agyr göwräni,
Uklarmy-uklamaz, kim bilsin ony.

Habaryň yzyny eşidiň menden:
Akmyrat hatyny iberen günden
Jogaba garaşdy her gün, her sagat,
Emma ol gelmedi, galmady takat.
Poçta ýaşşigini barlanda irden
Uly lapykeçlik dörärdi birden.
Giderdi işine sallap ýüzüni,
Gaýtalap içinden ýazan sözüni:
«Ýa göwün etdi ol, ýa gaharlandy,
Hat-petek tamasyn etmäýin indi...

Näm üçin şol sapar utanan bolup,
Biderek zatlary ýadyma salyp,
Maşynyň üstünde görmezlik etdim,
Ol maňa garanda, terse seretdim...
Belki, şonuň üçin ynjandyr menden,
Ýürek dürküldisi güýçlenýär günden...»
Diýse-de käýarym, tamasyn üzmän,
Hemişe bu hili sussupes gezmän,
Ataryp özüni umyt atyna,
Uzak garaşypdy gyzyň hatyna.

Birden bu pursatda iş düşdi ara:
Günleriň bir güni barsa edara,
Çagyryp direktor ony ýanyna,
(Belki, aram girer indi janyna).
Moskwa gitmegi maslahat berdi.
«Şu haty ýolbaşçyň saňa iberdi.
Gürleşen wagtymyz dilden aýdany –
Daşary ýurtlaryň birine ony
Iberýärlermişin ýakyn wagtda,
Nirädigin, belki, ýazandyr hatda.

Sorady: ondan öň bir gelip gitse,
Işiň ýagdaýyndan habardar etse...
Ýazanyň, ýygnanyň baryny jemle,
Otly gijä goýar, samolýot bile
Ugra, haýal etme şu gün ýa erte,
Kän gezek tabşyrdy muny ýörite».
Biziň gahrymanmyz hoşaldy gaty,
Okaýar elinde alymyň haty.
Ýygjam setirlere gözün aýlanda,
Üýtgeşik bir ahwal döredi onda.

Ýatlatsam, okyjym, saňa bu günde:
Halynyň çitimin kyn iş hökmünde
Okuwa deňäpdir ata-babalar,
Bu zady tötänden diýmändir olar.
Okuwyň dowamy her bir ylym iş
Talap edýär sabyr, takat hem-de güýç.
Basgançak-basgançak, gutarmaz yzy,
Dümtünip geçirsiň gije-gündizi.

Ýazýansyň, bozýansyň, ýene ýazýansyň,
Göýä iňňe bilen guýy gazýansyň.

Köp wagtdan bäri biziň gahryman,
Uly yhlas bilen güýjün aýaman,
Alymyň tassyklan plany bilen,
Başlapdy işine tüýs jany bilen.
Yzarlap planyn mydam bapma-bap,
Geçirip elinden jürbe-jür kitap,
Ýygnady, işledi kän materialy,
Görseň kabineti muzeý mysaly.
Dürli kysymdaky guşlardan doly,
Hersiniň astynda bar onuň goly.

Işlän döwürlerim ýatlaýan men-de,
Ynha, küti papka ýatyr öňünde –
Işiniň girişi hem iki baby.
Häzir ol öýünde edip hasaby,
Sahypa-sahypa agdarýar ony.
Edilen işleriň gysga mazmuny
Geçýär göz öňünden agdardyksaýyn,
Çak etdi, işiniň agramy taýyn.
Belki, şatlandyrdy beýle netije –
Ýatmady güýmenip uzynly gije.

Şol günüň ertesi gün dogan zaman,
«Ilýuşin-2»-de biziň gahryman
Galdy al-asmana, hoş gal, Aşgabat!
Onuň bu pursatda aňyna bir zat
Geldi-de aýnadan aşak seretdi,
Görünýän jaýlara ýiti syn etdi.

Olaryň birinde galdy zülpütar,
Açsa-da arany, ondan hyrydar.
Dilinde ol hakda nagma düzýärdi,
Göwre gökde, ýürek ýere dyzýardy.

Ugramazdan ilki ýanyna baryp,
Şu bahana bilen özüni görüp,
Aňmakçy bolupdy çakyny gyzyň,
Göýä aýlanşy dek gije-gündiziň,
Bu hyýal başynda uzak aýlandy,
Ýatdy, turdy, gaýta-gaýta oýlandy.
Barmaga ahyrda ysmady bogny,
Ugrady Moskwa görmezden ony.
Häzir şol barada pikir edýärdi,
Süýnüp ak samolýot öňe gidýärdi.

Ol ýere baransoň geçirmän salym,
Tapdy ýolbaşçysyn biziň ýaş alym.
Kämahal öýünde, kä edarada
Ýazylan baplary goýup arada,
Garry professor birnäçe gezek
Öz şägirdi bilen oturdy uzak.
Eden belliklerin, tabşyran işin
Ýene-de täzeden goýmaly güýjün –
Diňläp boýdan-başa, galdyrman hiç zat,
Ýazdy depderine baryn Akmyrat.

Makullandy işiň ýazylan ýeri,
Okap görmek üçin käbir eseri
Ýigit Moskwada galmaly boldy –
Ýolbaşçy şu hili karara geldi.

Indi bar pikiri işi barada,
Gözleg dowam edýär kitaphanada
Tiz-tizden göründi, uzak oturdy,
Öňki edenleriň üstün ýetirdi.
Geçende gözünden dürli kitaplar,
Barha timarlandy ýazylan baplar.

Kä günler seýil edip gözel şähere,
Aýlandy täzeden birnäçe ýere.
Ýene garşylady öňküsi ýaly
Uly teatryň ajaýyp zaly.
Içi hyryn-dykyn adamdan doly,
Bu gezek bu ýere gidýär «Guw köli»
Näzik mukamlaryň lezzetin alyp,
Kämahal yzyny ýadyna salyp,
Gözleri sahnada, küýde başga zat,
Ýarus däl, parterde otyr Akmyrat.

Tapdy ol kälerin tanyş-bilişden,
Baryp ýanlaryna boşanda işden.
Geçmişden gürrüňe başlanan wagty
Birdenkä ýürekler awady gaty:
Olaryň jana-jan ýoldaşlaryndan –
Bir zaman bile okan deň-duşlaryndan,
Her ganly söweşde boluşy ýaly,
Keç gelip kälerniň bagty, ykbaly,
Gowgaly günlerde bolupdyr gurban,
Ýatlanda niçiksi örtenmesin jan.

Bellenen möhleti duýdansyz geçdi,
Bir gün Moskwadan arany açdy.

«Belki-de öýümde ýatandyr haty»,
Ýolda Akmyradyň gaçdy rahaty.
Kämahal meýmiräp uka gitse-de,
Üns merkezinde şol gözel bardy,
Ol özge oýlary çete zyňýardy.
Ýüregi arzuwdan, umytdan doly,
Ötdi olar bilen ol uzak ýoly.

Ýene-de her gezek boluşy ýaly,
Garşylady ony goňşy aýaly.
Gelerne mähetdel gapyny açdy:
«Beren tegegramyň ýaňy gowuşdy.
Tam gaty tämizdir, kemsiz seretdim,
Açyp aýnalaryn ýelejiretdim.
Içinde oturyp günde, günaşa...»
Birden hasanaklap çykdy ol daşa.
«Wah, süýdüm çogupdyr!», sesi eşdildi.
Sesiniň yzyndan özi-de geldi.

Goşlaryn dörjeläp şonda Akmyrat
Garry goňşusyna uzatdy bir zat.
Uslyp bilmese-de açyp görmegi
Basýardy kagyzy garryň barmagy.
Sowgat bir gowy zat – hormat nyşany,
Şatlandyrýar daýym her bir ynsany.
Garry çaý demledi baryp dessine,
Üýşürdi Akmyrat stol üstüne
Ortada her dürli del zat göründi,
Göýä ene-ogul otyrlar indi.

Bir zat soramagy düwýär küýüne,
Garryň jogabyndan çekinýär ýöne.
Kän wagt ýaýdanyp, sesin çykarman,
Oturdy, ahyrda saklanyp bilmän:
«Aý ýarym bolupdyr gidelim, ine,
Hany, gürrüň beriň, týotýa Polina.
Hat-patdan näme bar, soran boldumy?..»
Garrynyň aňyna bir zat geldimi –
Sen-men ýok, bir başa ýumlukdy öýne,
Ýigitde galpyldy başlandy ýene.

Garry tiz gelmedi, esli eglendi,
Elinde bir bukja, ahyr dolandy.
«Öňňin getirdiler, ine, şu haty» –
Diýdi garry ene uzadan wagty.
Akmyrat howlukmaç açdy ol haty –
Sessiýa çagyrypdyr şäher soweti.
Ýadawlyk duýýardy ýigit özünde,
Ukynyň awusy bardy gözünde,
Az salym dem-dynjyn alyp onda hem
Agşam maslahata urdy ol gadam.

Onkiň töweregi, çykyp sessiýadan,
Ugrady öýüne assa-assadan.
Başda köpçülikdi, soňra bir-birden
Sowulyp her ýana her kim her ýerden,
Indi köçe bilen bir özi barýar,
Görse öň ýanyndan bir şowhun turýar.
Adam mähellesi uludy çakdan,
Kino-teatrdan ýa-da ýygnakdan,

Çykandyr çak etdi biziň gahryman,
Barýardy hiç zady ýadyna salman.

Märeke ýetende saga öwrüldi,
Öwrümde birdenkä pete-pet geldi,
Duralga ýüzlenen bir topar gyza.
Olaryň içinde kaklyşdy göze
Köp wagtdan bäri ýigdiň dykgatyn
Büs-bütin özüne çekdiren hatyn
Ibermän, umydyň parlak guşuny
Salyp tupanlara, aýlap başyny,
Gönüň garyp mülkün bikarar eden,
Garadyp ýoluna, intizar eden.

Joralar içinde bir minut ozal
Joşup şadyýana sözleýän gözel
Dymdy-da şolbada, bir hili boldy,
Göýä degirmeniň suwy sowuldy.
Seretseň daşyndan müýni bar ýaly,
Göreçler-göreje duşan mahaly.
Gyz özün gizledi ondan dessine,
Sallandy gabaklar gözüň üstüne.
Ýok öňki alçaklyk, ýok öňki gülki,
Ýaňaklar duýdansyz gyzardy, belki.

Gyzdan geňsi däldi ýigit-de bu dem,
Erk edip özüne ahyrda kem-kem,
Ýaýdana-ýaýdana berende golun,
Durman dowam etdi özgeler ýolun.
Garaba-garaba olar-da yzdan
Barýarlar ýanaşyk, ýigitden gyzdan.

Söz açan bolmady, ursa-da ýürek,
Gymmatly wagtlar geçýär biderek.
Söze başlasa-da biziň gahryman,
Gyzyň bir boluşy ýüzün galdyrman.

«Hawa», «ýok»-dan başga bolmady jogap,
Ol örän tutukdy, mälimdi sebäp.
Sowalyň dowamy hata ýetende,
Göýä garynjalar ýöredi tende.
«Nireden sataşdy, nireden duşdy?
Gijäniň bir wagty üstümden düşdi.
Bolmadyk jogaby nädip tapaýyn,
Ynjytman men mundan niçik sypaýyn?..»
Şeýle pikirleri aýlap başynda,
Gyzymyz uludan dem aldy şonda.

Garaşdy, garaşdy, ýigit garaşdy,
Doly dym-dyrslyk, köp wagt geçdi.
Hatda eşdilmeýär ne «hawa», ne «ýok».
Güýç bilen agyzdan alyp bolanok
Ýürekden bir höküm bolmasa söze,
Ynha, bu halatda göründi göze,
Uzyn bir gök maşyn, gowşady bady,
Çagyrdy joralar Ogulnabady.
Gyzymyz «Hoş!» diýdi, elin uzatman,
Geçdi bu duşuşyk şatlyk döretmän.

Örän ýokuş görüp beýle duşuşy,
Okyjym, düşekde ýatan bir kişi
Gam-gussa astynda ugrapdy bäri,
Geçipdi görşüň dek gijäniň ýary.

Hiç uka gitmedi gözün ýumsa-da,
Ýürek gozgalaňly näçe dymsa-da.
Kämahal sagyndan çepe agdarlyp,
Käte depirjikläp, käte dik galyp,
Ýatlaýar içinden aýdan sözlerin,
Dikip potologa çişen gözlerin.

Birwagt ýassyga bagryny oýkap,
Içinden ah çekip, kellesin ýaýkap,
Bikarar bolupdy edil şuň ýaly,
Ösýärdi daşarda säher şemaly.
Ýaňyja gözleri uka gidende...
Olaryň baryny ýatlap şu günde,
Zor bilen azajyk ymyzgansa-da,
Pikir ýumagyndan ýürek dynsa-da,
Kellede barysy dowam edýärdi
Düýşünde her ýana alyp gidýärdi.

Tassyklar, okyjym, ýatlasa her kim,
Söýgüsi erkine bolanda häkim,
Bu hili gijeler geçendir başdan,
(Özüňden mysal al, gözleme daşdan.)
Uranda başyňa söýgi heseri,
Yşka ulaşanda ýaşlyk bahary.
Häzir gahrymanym gyşardy bir ýan,
Kirpikler tapyşdy, rahat tapdy jan.
Belki-de, kellede bir zat jemlendi,
Gideliň ýanyndan, goý, ýatsyn indi.

XI

Ýok, munyň bolmady, dogry jogap ber!
Ýalan söz gelişmez gül dodaklara.
Samet Wurgun.

Düýn dälmidi ýigdiň için gepledip,
Her gezek görende ogryn seredip,
Müneni gyz hakda täze hyýala.
Soňra kesip-biçip birnäçe ýola,
Kämahal perwaýsyz, käte bikarar,
Ýüregi akyla ýetirip azar,
Galmagal göterip olar özara,
Urup biri-birin başga kenara,
Her ýana yranyp uzak gezeni,
Perdede nagmasyn dürli düzeni.

Akyly asgynlap, ýürek ýeňende,
Ikisi birleşip, bir ýan eňende,
Belki, oýlanandyr ýigit şol zaman:
«Söz gatsam razylyk berer bigüman».
Belki, teklibine biziň gahryman
Gyzyň begenjegin edendir güman.
Belki, başga zady salman ýadyna,
Diýendir: «Bu hatym baran badyna
Berip bar ünsüni her bir sözüne,
Bagt hasap eder ony özüne...»

Çykmady hatyndan beýle netije
Ukusyz geçse-de, uzynly gije,
Ertesi ýene-de dymyp oturýar,

Içinden her zatlar göwne getirýär:
«Ýa ynam etmedi ýazan sözüme,
Ýa artyk bahany berdim özüme.
Ýa-da tekepbirlik, ýa gelin näzi,
Ýakmady gulagna kalbym owazy...
Ýa gözi düşendir başga bir gara,
Belki, men ýene-de sokuldym ara...»

Iýunyň aýagy, iýulyň başy
Gidipdir öýüne käbir ýoldaşy,
Köpçülik işleri Ogulnabady
Saklady az salym, ýogsa bar zady
Taýýarlap goýupdy ýola düşmäge,
Öýde Öwezine tiz ýetişmäge.
Töränden duşuşyk bolan mahaly,
Ýüregiň gopgundan dolan mahaly,
Akmyrat diňe bir şuny duýupdy,
Gitmäkä ýanyna barsam diýipdi.

Urup uzyn gije ýüregiň tary,
Şudy ahyrynda gelen karary.
Ýaňy işden geldi, dem-dynjyn aldy,
Geýip egin-başyn ýerinden galdy.
Gün howry gaçypdy ýola düşende,
Näme diýjegini indi duşanda
Bir-bir gaýtalaýar, ýadynda bary,
Barýar köçe bilen günbatar sary.
Gyzyň bolýan ýeri daş däldi indi,
Girip magazine az-kem güýmendi.

Taýýarlap äkitjek, goýjak goşuny,
Gyzymyz ýaňyja ýuwup başyny,
Otyrdy bir özi saçyny darap.
Gapy kakylanda şol ýana garap,
(Belki, garaşýandyr goňşy gyzyna)
Gygyrdy «gel!» diýip, yzly-yzyna.
Görnende işikden başga bir göwre,
Aljyrap, söz tapman näme diýere,
Birden hasyr-husur ýerinden turdy,
Dilin dişläp, elin maňlaýna urdy.

Bilmeýär nätjegin, çyksynmy daşa,
Öýe göz astyndan etse tomaşa.
Birden göçe-göçlük düşýär ýadyna.
Diwarda, aýnada gören zadyna
Bu gün duş gelmedi, ýygnalan bary.
Garanda poluna, düşdi nazary
Kagyzlar, gazetler ýatyr dargaşyp,
Sabynly kir suwy legenden aşyp,
Az-kem dökülipdir, duryar agaryp,
Çekildi Akmyrat bu haly görüp.

Bir gyzyl ýaglygy örtüp üstüne,
Gyzymyz yzyndan çykdy dessine.
Ýüzün aşak salyp, ogryn ýylgyryp,
«Bagyşlaň!» diýdi-de, oturgyç berip,
Goňşy gyzlarynyň gapysyn urdy,
Uzak saklanmady, yzyna girdi.
Şolbada yzyndan bardy iki syz,
Bu tamy tertibe saldy olar tiz.

Soňra Akmyrady öýe çagyrdy,
Gapydan girende elini berdi.

Ýigdimiz batyrgaý başlady söze:
«Geldim-de biwagt, iş boldum size...»
«Aýby ýok, aýby ýok, ugrajak bolup,
Almalsyn, goýmalsyn saýlajak bolup,
Gidişip oturşym ertirden bäri.
Ahyr ýaňy dyndym, gutardy bary».
Gyz çäýnegin alyp daşary çykdy,
Hyrydar göreçler yzyndan bakdy.
Akmyrat hoşaldy bu gün gelşinden
Göwrümi giňedi gyzyň bolşundan.

Diýerler «Ataňdan ulumyş myhman».
Belki, şonuň üçin biziň gahryman,
Gadymy dessura eýerip bu gün,
Bezändir umyda ýigidiň göwnün.
Emma gyz gelmedi geler mahaly.
Görünýär Akmyrat ünjüli ýaly,
Belki-de, şol dessur ýada düşýärdi.
Içerde bir özi pikirlenýärdi
Niçiksi tär bilen gürrüň açmagy,
Başlap mesaýyndan, çyna geçmegi.

Elin kisesine sokan badyna,
Degip barmaklary alan zadyna,
Öweziň ýoklugy salýardy ýada:
Dym-dyrslyk bolsa iki arada
Gaty duýdurmazdy ol bolan wagty,
Dessine bozardy, dillidi gaty.

Gyz geldi dolanyp, pikir bölündi,
Ikisi bir öýde otyrlar indi.
Göreçler bir-birne sataşmaýardy,
Hersinde aýratyn bir duýgy bardy.

Ýük agramyn, dostlar, çeken bilermiş,
Ekiniň gadyryn eken bilermiş,
Her malyň gadyryn bakan bilermiş,
Girdabyň howpuny akan bilermiş,
Ýaşlygyň hyjuwyn, ýürek urgusyn,
Ynsanyň ynsana bolan duýgusyn,
Kimde-kim geçiren bolsa gerdenden,
Düşüner ýagdaýa soraman menden –
Ýigdimiz kän gezek çemeleşse-de,
Çyban ýarylmady wagt geçse-de.

Ýaýdana-ýaýdana ahyr Akmyrat:
«Menden hiç taň etme, sen Ogulnabat,
Gelenmiň sebäbin bilýänsiň özüň,
Ol baýak gijeki diňlänje sözüň,
Bu gün-de aýtjagym, berjek sowalym.
Belki, şeklenýänsiň, goý, bolsun mälim –
Irginsiz oýlanman, çuň pikir etmän,
Müň biçip, müň kesip aslyna ýetmän,
Seljermän, bir zadyň için hem daşyn,
Agyrtman hiç haçan kişiniň başyn.

Kasama taýýar men wyždan öňünde,
Birden döremedi bu hyýal mende.
Oba hat ýazamda, munda göremde,
Her gezek gowünlik, geňeş beremde,

Bu hili pikirler menden uzakdy,
Akylda, ýürekde, ýadymda ýokdy.
Ýöne «wagt» diýen bir güýçli zat bar,
Älemi ileri ol alyp barýar.
Ynsan wagt içinde öňe ýöreýär,
Dürli özgerişler şunda döreýär.

Gurasa agajyň köki eger-de,
Yz galmaz, ýel öwser tizden o ýerde.
Göçülen bir ýurdy ýadyňa salar,
Goýry kölegeler düýş bolup galar,
Kökden damar galsa nahal ýetişer,
Wagtyň permanydyr, barha berkişer.
Uzalyp şahalar her ýana ýeter,
Öser hellewleşip öňküden beter.
Elbetde, bu sözüň manysy mälim,
Şuny ýada salýar bu gün ahwalym.

Ynanyň, hiç galat ýokdur sözümde,
Beýle bir duýgynyň haçan özümde,
Niçiksi döränin galdym men duýman.
Onuň garşysyna iru-giç diýmän,
Göreşdim kän wagt, boldy biderek.
Bu ýerde dogrusyn aýtmak gerek.
Joşguny artsa-da onuň ýürekde,
Sakladym men ony dilden uzakda.
Wagt geçdigiçe güýjedi gaty,
Ine, şondan soňra ýazypdym haty...»

Bir eser bölegin okan dek ýatdan,
Sözleýär, habary ýokdy hiç zatdan.

Emma täsirinden aýdylýan sözüň,
Kem-kem gozgalaňy artýardy gyzyň.
Gyzardy duýdansyz gülgün ýaňaklar,
Kemşersem, kemşersem diýýär dodaklar.
Barha aşakladyp agras ýüzüni,
Käte eli bilen ýapyp gözüni,
Bildirmän, uludan demin alýardy
Ýürekde bir hili gopgun galýardy.

Oturşyn üýtgetmän, galdyrman ýüzün,
Ýigit dowam edýär häli-de sözün:
«– Döküpdim hatymda ýürekde barym,
Jogabyn almadym, gaçdy kararym.
Bu gün ýaşyrjak däl hiç zady senden,
Ynansaň, her gezek başlap şo günden,
Aýlanyp iş bilen eger her ýany,
Görsem poçtany – hat gatnadýany,
Şolbada ýüregim jiglärdi meniň,
Hatyňa şuň ýaly garaşdym seniň.

Hyýalsyz bolmaýar adamyň başy,
Emma ol hyýaly töwerek-daşy
Bilmeýär, elbetde, keseden garap.
Taýýar men öňüňde ýüz ötünç sorap...»
Birden Ogulnabat turdy ýerinden,
Kim bilsin, nämeler geçdi serinden,
Için çeke-çeke aýna ýüzlendi,
Ýigitden nemlenen gözler gizlendi.
Myhman bu ýagdaýa bir geňsi boldy,
Bilmän näderini ýerinden galdy.

Eli jübä ýetse, ýadynda Öwez,
Duryarlar dymyşyp çykmaýar bir söz.
«Näme beýle boldy, belki, ynjytdym?
Ýa-da köp ýaňradym, akmaklyk etdim»,
Ýigit öz-özüne sorag berýärdi,
Göz gytagy bilen gyza garýardy.
Bu wagt gyzymyz yza öwrüldi,
Edil gidişi dek ýerine geldi.
«– Oturyň, oturyň! Bagyşlaň meni,
Kesdim sözüňizi, bilýärin ony.

Indi rugsat bolsa, sözläýin men-de,
Aýdyşyňyz ýaly, wyždan öňünde
Terezä goýmaga taýýar her sözüm,
Hile, pirim bolsa gapylsyn gözüm.
Meniň hem durmuşa bir ynanşym bar,
Uly hormat goýýan oňat tanşym bar.
Her zadyň dogrusyn aýtmak derkar,
Ol maňa kyn günler boldy medetkär.
Men ony dogan dek jandan söýerdim,
Çekinmän ýürekde barym diýerdim.

Ýüregi açykdy, örän sadady,
Gaty salykatly, asylzadady.
Men ony şäherde çendan görerdim,
Göremde her gezek köp begenerdim.
Bakyşy mylaýym, mähirli ýüzi,
Maňa söýeg bordy her aýdan sözi.
Dogrusyn aýdaýyn, aýlaman daşdan,
Eger-de siz meni beýle tanyşdan

Hyýalyňyz bolmasa jyda düşürmek
Şundan soň şu sözi bes etmek gerek».
Atylan ok bolup gyzyň bu sözi
Degdi Akmyrada, gyzaryp ýüzi,
Dodagyn dişledi agyr hasylap,
Misli doňan ýaly boýnuny sallap,
Endamy syzlady, der peýda boldy,
Häzir hoş umytlar boş hyýal boldy.
Gyz paýhassyz ýaly, çykarman sesin,
Ýygnaýar ortadan çäýnek-käsesin.
Ol syrdy, süpürdi soňra stoly,
Bar gürrüň şu ýerde gutaran ýaly.

Mundan bihabardy emma myhmany,
Güýçlenip gitdikçe başyň dumany,
Süzülýän gözlerin kämahal ýumup,
Eli mańlaýynda, çuň oýa çümüp,
Belki, unudypdyr ýat öýdedigin,
Eltip sag goluny, gysyp ýüregin:
«Aýdylan sözleriň manysy syrly,
Kim ol beýle tanyş ýüzi mähirli?»
«Ýüregi açykdy, örän sadady,
Gaty salykatly asylzadady...»

Kim bilsin, kim eken bu sada kişi,
Belki-de, başlapdyr bir pynhan işi?..
Belki, öte geçýän, ýokdur beýle zat,
Aýdan sözleriniň tutdum baryn ýat:
«Men ony dogan dek jandan söýerdim,
Çekinmän ýürekde baryn diýerdim...»
Nä many aňladýar, bilmen, beýle söz,

Gümürtik gürrüňiň ýakdy, gara göz!
Bu niçik syr boldy, çykmaýar başym,
Kim sen, görkez özüň, meniň nätanşym!»

Işige ugranda ýuwaş-ýuwaşdan,
Bir aýak sesini eşitdi daşdan.
Saklandy, onýança açyldy gapy,
Indi gyzymyzda susagyň sapy:
«– Oturyň, oturyň, maşyn sorajak,
Azajyk howlukmaň, biz hem ugrajak.
Edil göze dürtme, garaňky gaty,
Pyýada hiç bolmaz, gijäň bir wagty.
Maşyn öýe taşlar, ýüzüniň ugry,
Biz bolsak gideris wokzala dogry....

Garşylyk etmedi gyzyň sözüne,
Belki, hormat saýdy ony özüne.
Ýüregi köşeşdi, ýüzi ýagtyldy,
Alan şokoladyn ýadyna saldy:
«– Ýörite alypdym şuny Öweze
Eltip berersiňiz» diýsem, bu söze
Gyz ketje düşünip başga bir many
Çykarar bu wagt, ýokdur gümany...»
Berip öz-özüne şu hili öwüt,
Elin kisesinden çykardy ýigit.

Ugraýan, ugradýan ýygnaldy bary,
Ugrady gök maşyn wokzala sary.
Goşlary gapdalda üst-üste ýatyr,
Akmyrat gyz bilen ýanaşyk otyr.
Ýaş-ýeleň ýigitler töwerek-daşy,

«Şularyň biridir, belki-de, tanşy?» –
Diýip, töwerege gizlin garýardy.
(Ýigit ýalňyşmady, ol munda bardy).
Öýnüň gapdalynda gök maşyn durdy,
Akmyrat hoşlaşyp, ýerinden turdy.

Turdy çalja tozan maşyn ugranda,
Butnaman ýerinden oňa garanda
Syrtky çyralary ýaldyrap gitdi,
Öwrümde olar-da gözünden ýitdi.
Durdy ol köçede, kän wagt durdy,
Maşynyň tozany ýüzüne urdy.
Diýdi: «Gitmelidim, galdym biderek,
Gödegräk görendir, ynjytdym gerek».
Puşmandan, ahmyrdan ýüki bol ýetdi,
Özi gitmese-de ýüregi gitdi.

X

И теперь пою про то же снова.[1]
Потому и дышит глубоко
Нежностью пропитанное слово.
С. Есенин.

Ýylyň kerwenbaşy ýanwar aýynda,
Moskwa şäherniň giň bir jaýynda,
Ýygnanypdyr bu gün garry alymlar,
Aspirant, doktorant hem mugallymlar.

[1] Şindi-şindi hem şol hakda aýdym aýdýaryn.
Şonuň üçin-de ýürekden syzdyrylan näzik sözler örän çuňdan çykýar.

Ses-üýn ýok giň zalda örän parahat,
Eýýäm başlanypdyr möhüm maslahat.
Ýaňy orta çykyp, ynha, bir kişi
Sözleýär, köp ýyllap edilen işi.
Alymlar öňünde gürrüň berýärdi,
Diňe kagyzyny gözi görýärdi.

Uzak darykmady, dürsedi özün,
Uly ynanç bilen aýdyp her sözün,
Çekip özi tarap hemmäň nazaryn,
Bap-bap beýan etdi howlukman baryn.
Şol duran ýerinden ýüzlenip zala,
Soň jogap gaýtardy berlen sowala.
Bularyň barysy gutaran çagy
Atan dek egninden bir gara dagy.
Düşdi tribunadan, otyr aşakda,
Men gürrüň bereýin size ol hakda.

Zala ünsüň çekip seniň birbada,
Ençe wakalary goýup arada,
Tertipsiz bolsa-da onuň beýany,
Bagyşla, okyjym, bu hekaýany
Yzyndan başladym, öňi şuň ýaly:
Akmyrat gyzyndan galan mahaly,
Gök maşyn yzyndan köp seredipdi.
Soňra ýuwaş-ýuwaş öýe gidipdi.
Uzak oýlandyrdy gyzyň jogaby,
Onda-da aýdyň däl şindem jogaby.

Howanyň ýüzüne bürelip duman,
Gomlar çakyşanda göterlip duman,

Deňizde gämiçiň ýitirip özün,
Garap dürli ýana, delmirdip gözün,
Ýaýdanyp durşy dek yzyny tapman,
Duşuşykdan soňra biziň gahryman,
Gyzyň sözlerinden anyk bir many
Çykaryp bilmedi, dürli gümany
Gezdirdi kellede birnäçe wagt,
Gizledi özüni gözlenýän bagt.

«Tanyşym, tanyşym...». ýatlady her dem,
Ahyrda yş berdi bir tarap kem-kem:
Sada sypatynda görkezip özün,
Örän uzaklardan aýlapdyr sözün.
«Tanyş» – men özüm, bu anyk mälim,
Beýle çak etmäge bar bir delilim:
«...Size gönüm ýetýär her bir tarapdan,
Doganym hökmünde söýýärin köpden.
Ant etmäge taýýar, ynha, her zatdan,
Men sizi hiç haçan çykarman ýatdan...»

Baglanyp ýürekler gözel görküne,
Çekelän zamany goýman erkine,
Dikip iki göwrä gara gözlerin,
Men hakda aýdypdy şeýle sözlerin.
Indi hiç şübhe ýok, getirdim ýada,
Aňyma gelmändir bular birbada...
Çykaryp bu hakda şu hili many,
Biziň gahrymanyň ynjaldy jany.
Soň işe berilip, gije-gündizi,
Geçdi Aşgabatda tomsy hem güýzi.

Günbatar Uzboýy aýlandy ýene,
Toplanan material ýetdi bir çene.
Düşmedi elinden ýazylan kitap,
Işledi irginsiz, hemişe hoş tap.
Geçdi maslahatdan, hemmesi taýyn,
Moskwa gitmegiň tutdy ýol şaýyn.
Şuň ýaly ýagdaýda boluşy ýaly,
Indi ýolbaşçyda işiň ykbaly.
Geçip bar ötükden başynda gyşyň,
Çaphana bir ýany ýetipdi işiň.

Kiçijik kitapça, ynha, elinde,
Dürli kabinetde, türkmen çölünde,
Çekilen zähmetiň edilen işiň,
Mukdary çäklenmän, goýulan güýjüň
Gysgaça mazmuny hem netijesi –
Ynha ylmy zähmet, ol-da eýesi.
Uly guwanç bilen biziň gahryman
Garaýar işine gözün aýyrman.
Göýä ýaş enäniň ilki perzendi,
Kitapça elinden düşmeýär indi.

Bu kitap tizlikde ýaýrady ile,
Geçdi köp ýerlerde ellerden-ele.
Onuň barasynda ýakyndan, çetden.
Galňady bir papka alynan hatdan.
Olar üstünlige umyt berýärdi,
Onda-da birsyhly ýürek urýardy.
Etmegiň kyn bolar erkiňe höküm,
Başyndan geçiren bolsa kimde-kim,

Goldar, gürrüňi ýok, bu ýerde meni,
Okyjym, özüm-de görüpdim muny.

Ýene dolanalyň şol uly zala,
Işi şowly bolup, düşse-de ýola,
Eňteren bolsa-da başyndan ýüki,
Şindi hem ýüregniň bardy bük-büki.
Häzir opponentler başlady sözün,
Akmyrat olardan aýyrman gözün,
Dykgatly diňleýär, baksaň ýüzünden,
Käte hatarlara gezýän gözünden
Bildirýär, özünden hoşaldy göwni,
Ýadynda ömürlik saklar bu güni.

Çykyşlar, gürrüňler gutardy bary,
Hasap komissiýasy eder karary.
Boldy arakesme, çykýarlar zaldan,
Käler elin berip oňa ozaldan,
Gutlaýar çalaja, çykan dek bije,
Çaklanýar eýýämden boljak netije.
Komissiýa kararyn okan mahaly,
Käleriň öňünden oýlanşy ýaly,
Boldy Akmyradyň myrady hasyl –
Garşy ýa bitarap ýok eken asyl.

Uzak dowam etdi zalyň şowhuny,
Nazarlap dört ýandan dost-ýary ony,
Aldylar daşyny üýşüp dessine,
Geldi gül dessesi üsti-üstüne.
Bu günki şatlyga şärikli ýaly –
Ylmy ýolbaşçysy, ata mysaly,

Mähirli ýylgyryp, golun uzatdy,
Belki, ol uzan gol ýürege ýetdi.
Şatlygyň, begenjiň bary jemlendi,
Dodaklar kemşerdi, göz-de nemlendi.

Dostlarym, hemişe arzuwda ynsan,
Bu bir tebigy zat, däl bize pynhan.
Arzuw bir yşykdyr, göýäki ülker,
Oňa ymtylanlar ýürekden galkar.
Böwetler, ötükler saklamaz ony,
Misli atylan ok barýandyr göni.
Arzuwsyz ýaşaýşyň manysy barmy?
Arzuwsyz göwrede ýürek urýarmy?
Arzuwyn özüne etmedik aýan,
Diňe ady ynsan, özi gury san.

Ynsan arzuwynyň bolmaz pellesi,
Baglydyr bir-birne olaň hemmesi.
Razysyň birine ýetseň ilkinji,
Ýetersiň, başlanar soňra ikinji.
Diýýärler, gadymda ynsanyň biri
Bolanmyş köp zaman ogluň ýesiri.
Ýetipdir arzuwna, dogupdyr ogly,
Bolupdyr ulalyp bir murty towly.
Ýöne ýaňky kişi muny az görüp,
Ddiýipdir bir güni oglun öýerip:

«Bolsady agtygym sag wagty janym,
Galmazdy dünýäde birje armanym».
Gün geçýär, aý geçýär, agtyk-da bolýar,
Çyrçyksyz ýetişýär, tiz-tiz ulalýar.

Ýanyn ýere beren ahyr ol kişi,
Edipdir dünýäden ýene käýişi:
«Ölümiň azary geçdi serhetden,
Indi jyda düşjek janym jesetden.
Ýetmedim arzuwa, galdy bir arman,
Gidýärin göz açyp, çowlugym görmän».

Arzuwdan-arzuwa biziň gahryman,
Ýetýärdi zähmetde janyn aýaman.
MGU-yň diplomyn, ýatlaň, bir wagt,
Saýypdy özüne arzuw hem bagt.
Arzuwyň yzyndan ýene arzuwdy –
Ol alym bolmagy ýüregne düwdi.
Beýle arzuwda-da ýetişdi, ine,
Ony öňe çekýär täzesi ýene.
Goý, ol arzuwlardan-arzuwa ýetsin.
Halkyna, iline nygmat döretsin.

Ugraman az salym galdy bu ýerde,
Işi-güýji bilen boldy şäherde.
Häzir otagynda görýäs bir özün,
Okaýar bir zatlar aýyrman gözün.
Gysgajyk many bar ýazylan sözde.
Umumy many bar ýazylan sözde.
Gutlapdyr dostlary ony her ýerden,
Nobatdaky kagyzy açanda birden,
Uçdy ganat berip göwnüniň hoşy,
Belki, täze arzuw berdi bir yşy.

Barmady kagyzyň başga mazmuny –
Gaýtalap-gaýtalap okaýar ony.
Mazmuny başga däl, goly başgady,

Ýürege täsiri, ýoly başgady,
Barmydyr dünýäde süýji zat dilden?
Bölejik ol kagyz düşmedi elden,
Umydyň gözbaşy ýene-de joşýar,
Ol şatlyk üstüne şatlygyn goşýar.
Okyjym, elbetde, çaklansyň özüň,
Näme artyk boldy güýji bu sözüň.

Şatlygyň dowamy pikire geçdi,
Pikir dowam etdi, ünjä ýetişdi:
«Şol tanyş diýýäni bolsam-da özüm,
Mundan suw içmeýär hiç meniň gözüm.
Sözüň manysyna akylym ýetýär,
Ol meni özünden uzakda tutýar.
Ynsanyň-ynsana bolsa hormaty,
Uludyr, elbetde, onuň gymmaty.
Ynanýan sözüne, sapdyr ýüregi,
Ýöne, başga bir zat maňa geregi.

Hormata eýe men, ýürege ýesir,
Bardyr töwerekden, belki, bir täsir.
Ýa göwün berendir başga bir kişä,
Salmak islemänsoň meni endişä,
Pynhan saklaýandyr ony içinde,
Bardyr dürli ýollar söýgi işinde.
Çyn bolsa dogan dek söýýäni meni,
Maslahat salmazmy, aýtmazmy göni?!
Ýok, ýok! Beýle däldir, galat sözlemez,
Bolsa bir hyýaly, menden gizlemez.

Belki, berjaý edip türkmen adatyn,
Ýa-da Begenjiniň saklap hormatyn,

Gaýnynyň dulunda oturjakmy ol?
Ömrün ýekelikde ötürjekmi ol?»
Ýigit sakga durdy şuňa ýetende,
Üýtgeşik bir duýgy syzyldy tende.
Böwrüni diňşirgäp, ep-esli durdy,
Soňra barmaklaryn maňlaýna urdy:
«Nepes hak aýdypdyr, söýginiň güýji,
Ýeňjek hemme zady, ýok iki ujy».

Düýn agşam ukusyn almandy gana,
Ýatdy ýatar wagty gitmän hiç ýana.
Şu hili ýagdaýda uky gelýärdi,
Kelle dynç bolmasa, göz ýumulýardy,
Bir zaman, okyjy, bar bolsa ýatda,
Bolanda şu ýagdaý Ogulnabatda,
Getirip göz öňne iki göwräni,
Kä ýakyn, kä uzak edip arany,
Ukusyn ýat edip, için döküpdi,
Birisin itekläp, birin çekipdi.

Häzirki pursatda ýigdiň-de haly,
Üýtgeşen ýeri ýok, edil şoň ýaly.
Hyýalynda gyzyň keşbin döredip,
Ýatyr arkan düşüp, oňa seredip.
Gözüniň öňünde onuň suraty,
Ajaýyp garaýşy, ajap syraty.
Atypdyr ýeňseden gara saçlaryn,
Kakyp näzi bilen galam-gaşlaryn.
Kä gelip ýakyna, käte gizlenýär...
Ýigit gaýybana gyza ýüzlenýär:

SEN-SEN

Ýaşlykda ýalňyz başym gowgaga salan sen-sen,
Seretsem, seýkin basyp, sallanyp gelen sen-sen.
Kalbym uçurym guşun bigana kylan sen-sen,
Ýerde ýeke galdyryp, asmana galan sen-sen,
Salyp wyždan oduna, tyg bilen dilen sen-sen.

Gelerne gözüň dikip, garaşdyň gahrymana,
Gahrymanyň ýazgydy howp saldy şirin jana.
Janana wepa kyldyň, şaýat şanly zamana,
Zamanamyz guwandy, sen kibi mähribana,
Mähribana mähriban kyn günde bolan sen-sen.

Geçdi agyr günleriň maksat-myrada ýetdiň,
Ýetginjekler ýygnandy, dabaraly toý etdiň.
Etdigiň toýda görüp, siňe-siňe seretdiň,
Seredeňde sen mende özge duýgy döretdiň,
Döwrüň kanuny şeýle – söýenin saýlan sen-sen.

Ýazgaranda ýazgydyň döredi hijran dagy,
Dagyň gerşinden ilip, üzüldi bagt bagy.
Bagyňda gülüň soldy, baharyň aýny çagy,
Çaglanyp şol gün jahan saldy synaňa dagy,
Gam laýynda bir zaman sargaryp solan sen-sen.

Edermen ärler kimin dik tutduň merdan başyň,
Başyň saglygyn diläp, süpürdiň gözden ýaşyň.
Gözýaşyň, gaýgy-gamyň paýlaşdy garyndaşyň,

Garyndaş boldy saňa şol günler ýakyn-daşyň,
Çykyp duman içinden güneşde gülen sen-sen

Syrylyp gökden duman daňyň agaran güni,
Günleriň bir gününde tötänden gördüm seni.
Seniň kaddy-kamatyň ýene bent etdi meni,
Mende öwrüm-aýlaw ýok, barysyn ýazdym göni,
Täzeden mährim meniň goluna alan sen-sen.

Duýgym duýgular başy, başga duýgy ýok mende,
Meni ýazgarar, belki, söýgä düşmez bir gende,
Gende menden geň görmez, başyna düşen günde,
Gündiz-gije parhy ýok, göwräň gözüm öňünde,
– Dogan dek söýýän – diýip, umydym çilen sen-sen.

Söýme dogan hökmünde, söýseň meni ýar diýp söý,
Ýar gadryny bilýäne baky wepadar diýp söý.
Wepalysyn wasp edip, şol wepala zar diýp söý,
Zaryn sesimde meniň çuň muhabbet bar diýp söý,
Hyrydaryň har etme, bir gadyr bilen sen-sen.

Ýürek gözbaşynyň akdy bulagy,
Belki-de, şaňlandyr gyzyň gulagy?!
Kim bilsin onçasyn, her çykan owaz
Bilbiliň sesi däl, döretmeýär ýaz.
«Barysy içinde, çykmasa daşa,
Nä biljek, nä hyýal gelýär ol başa?
Her daýym şuň ýaly maňa guş berýär,
Belki, ukusynda başga düýş görýär...»

Hiňlene-hiňlene ol gözün ýumdy,
Gitdi süýji uka, şäher-de dymdy.

XI

Не будь же к мольбам глухою![1]
Ты слышишь? Я жду ответа…
Нифон Саба.

Örän näzik bolar ýüregi gyzyň,
Tiz ýeter täsiri aýdylan sözüň.
Käte şady-horram, käte sülmüräp,
Ýüzün agras tutup, assaja ýöräp,
Her zada perwaýsyz görüner daşdan,
Emma many tapar her bir garaşdan.
Görküniň, görmegniň bolup ýesiri,
Oňa nazaryny dikende biri,
Salar bilmezlige, az berer ünsün,
Gider öz ugruna, çykarmaz sesin.

Saklar mertebesin baryş-gelişde,
Toýda, märekede, mekdepde, işde.
Her bir gatylan söz, salynan nazar
Her haýsy özüçe bir yz galdyrar.
Saklanar hemmesi, biri-de ýitmez,
Gyz ýeňillik edip özün üýtgetmez,
Näçe köpeldikçe olaryň sany,
Çykar barysyndan diňe bir many –

[1] Meniň nalalarymy eşitmezlik etme!
Sen diňleýärmiň? Men jogaba garaşýaryn!..

Aklyna, görküne bolup ynanjy,
Gyzyň öz-özüne artar guwanjy.

Ýüzlenip bu ýerde Ogulnabada,
Ýene geçenleri salalyň ýada.
Äwse-de äwmezlik – gyzlar adaty,
Şol zerarly ýigidiň iberen haty
Jogapsyz galsa-da etdi öz işin:
Gündizi aňyny, gijesi düýşün
Bütin eýeledi, goýman erkine.
Akyl-edebine, görüm-görküne
Ýürekden hyrydar bolsa bir juwan,
Heý-de, guwanmazmy muňa ýaş jenan?

Gyzyň kellesinde şu hata deňiç
Beýle zat hakynda pikir ýokdy hiç.
Diňe rugsat wagty oba baranda,
Ejesi gizlinje gürrüň berende,
Aýdardy ýek-ýarym gelýäniň baryn,
Yzyna gaýtarşyn alman habaryn.
Ozalrak bolupdy munuň-da bary,
Aýak kesilipdi köp wagt bäri.
Näçe çalyşsa-da bu gyz babatda,
Dursun-da umydyn üzüpdi hatda.

Entek Akmyradyň hatyn almanka,
Bolupdy şäherde şeýle bir waka:
Taryhyň dördünji kursunda okýan
Görende bu gyzy hyrydar bakýan
Uzynak, görmegeý bir ýigit bardy,
Käte ýatakhanaň ýanna barýardy.

Gutaryp bir kursy urşuň başynda,
Geçýär ençe ýyly soňra goşunda.
Başlaýar okuwa dolanan ýyly
Tirsegniň üstünden ýokdy çep goly.

Ýogalyp aýaly frontda wagty,
Galypdyr gyzjagaz horlanyp gaty.
Gitdim-gitdim edip birnäçe ýola,
Ahyr özün dürsäp gelýär kemala.
Türkana bir ýigit, gaty agrasdy,
Gep-gürrüňi ýokdy, örän ýygrasdy.
Duşanda bu ýerde Ogulnabada,
Köňlüne bir hyýal gelip şol bada
Tanyşýar, sözleşýär, umyt besleýär,
Oňa bir zatlary diýmek isleýär.

Gün geçdi, aý geçdi aýdyljak sözler
Saklandy ýürekde, hyrydar gözler
Duşanda gyz bilen seredip siňe,
Umumy gürrüňler edilýär diňe.
«Wah, ýygralyk gursun! – Käýindi daýym –
Olam ýeke galan, hut meniň taýym.
Hiç peýda çykmajak gaýra salandan,
Atyp galan ýagşy, ýatyp galandan».
Şunuň dek bir hyýal gelip küýüne,
Ugrady bir gezek gyzyň öýüne.

Onda-da bolmady, gyzyň deň-duşy
Üýşüpdir bir topar, doludy daşy.
Ýigdiň ýüreginde beslän hyýaly
Galdy ýüze çykman öňküsi ýaly.

Gijara ugradan pursady ony
Ýolly peýda boldy, ýok seni-meni:
«– Näme sen, profkom, her gün şu ýerde,
Gezmäge ýer gytmy saňa şäherde?
Kesmeseň şu ýerden, eşit, araňy,
Indiden bu ýana görsem garaňy,

Dynarsyň bigüman sagja eliňden...»
«– Akdyrma şerebäň, ogul, diliňden,
Keýerlip durma-da düşündir sözüň,
Saňa näme gerek, asyl kim özüň?»
Özi ara düşdi onýança gyzyň:
«– Manysy düşnükli maňa bu sözüň,
Ýaňrama bu ýerde, ugra dessine,
Kim bolduň çişerçe iliň üstüne.
Goragy gerek däl seniň ýalagyň,
Dolanyp gapydan sekme aýagyň!»

«– Okuw bahanalap şumy edýäniň?
Kesilmän aýagy gelip-gidýäniň
Ýitirdiň obanyň at-abraýyn,
Ýene-de bir gelsin hany, göreýin!»
Üýşürdi märeke, gopgun döretdi,
Papagyn gyşardyp hüňürdäp gitdi.
Gelse-de gahary nätjegin bilmän,
Ýigit aňka-taňka hiç zat düşünmän,
Ahyrda gyz bilen hoşlaşan wagty
Gysdyrdy eline kiçijik haty.

Mälimdi öňünden hatyň mazmuny,
Gyz okap dessine taşlady ony.

Ne jogap gaýtardy, ne-de oýlandy,
Ine, şunuň bilen iş tamamlandy,
Häzir şol wakany salýar ýadyna,
Bu-da bir wagtdy, soňra adyna
Hiç ýerden hat-petek almandy köpden,
Dynypdy gulagy gürrüňden-gepden.
Ine, şu ýagdaýda iberip hatyn,
Bozupdy Akmyrat gyzyň rahatyn.

Ynsanyň sözleri ýaňlanýar dilde,
Hat ýazýan, hat alýan gyt däldir ilde.
Hatyň-hatdan, sözüň-sözden parhy kän,
Güýçlüsi ýürege ýönelýär dikan.
Eger ýazan bolsa bir ýeňil-ýelpaý,
Diýerdi birbada tap özüňe taý.
Beýdip sypmak çetin emma bu hatdan,
Unudyp bilmeýär, çykmaýar ýatdan.
Gurşunly kenek dek onuň her sözi,
Bukjasyn görende üýtgeýär ýüzi.

Anyk duýulmaýar daşdan hiç bir zat,
Ýokarda aýdypdyk, ýatlaň, Akmyrat
Hatyny berensoň bolup bikarar,
Her dem ýüreginde syzardy azar.
Aňyndan gitmezdi her ýere barsa,
Karary ýetmezdi otursa-tursa...
Ondan has beterdi gyzyň ahwaly,
Tutsa-da özüni perwaýsyz ýaly,
Gaçypdy ynjalyk şol hatdan bäri,
Emma syr saklady, içdedi bary.

Akmyrat ýanyna gelip gidende,
Ýürek arzuwyny beýan edende,
Aljyran gyzymyz özün raslap,
Aýlawly bir jogap tapypdy toslap.
Ýigit düşünmedi oňa birbada,
Döredi sowuklyk iki arada,
Gyz muňa hoşaldy öýe ugranda,
Rahat demin aldy öňkä garanda,
Tapan delilinden mydam göwni jaý,
Görmändi arada ony ençe aý.

Gelip Aşgabatda biziň ýaş alym,
Gyza görünmezden gezdi az salym.
Käte edarada ýigidiň deň-duşy,
Çyndan mübärekläp edilen işi,
Saldylar ýadyna onuň bir zady.
Diýdiler: «Ýigidiň maksat-myrady
Köp jepalar bilen bolanda hasyl,
Gyzmazmy gazanyň gulagy asyl?»
Degişmäň ahyry çyna ýazanda,
Oturyp çagyryş hatyn ýazanda,

Ilkinji gyz düşdi ýigdiň ýadyna,
Emma hat ýollaman onuň adyna,
Ine-de, ýanyna bardy ýörite:
«– Kiçijik oturşyk öýümde erte,
Örän ýagşy bordy barsaňyz siz-de.
Çekinmäň, üýtgeşik hiç zat ýok bizde,
Barysy deň-duşlar, özüm dek ýaşlar,
Ýok bolar-bolmazy, oňat ýoldaşlar».

Beýle çakygyga boldy bir hili,
Oýlanyp içinden dürli delili,

Baryny bir demde gözden geçirdi –
Gyz oňa barmakdan boýun gaçyrdy.
«– Hormatly tanşyňyz, medetkäriňiz,
Sözi söýeg bolýan howandaryňyz,
Bakyşy mylaýym, özi sadaňyz,
Gaty salykatly asylzadaňyz
Dolanyp ýaňyja örän uzakdan,
Bu gün çagyranda tämiz ýürekden
Oýlanyň, bu jogap bolýar neneňsi?
Maňa-ha bir hili görünýär geňsi».

Eşdende ýigitden bu hili sözi,
Çalaja gyzaryp şol bada ýüzi,
Myssa ýylgyrypdy saklanyp bilmän,
Emma aragürrüň oňa öwrülmän,
Çakylyk hakynda dowam edipdi,
Ýigit ýüzün sallap öýne gidipdi.
Öýke bolmasa-da onuň gönünde
Nägile göründi gyzyň öňünde.
«Men gaty görmäýin, belki, hak etdi».
Ýolboýy öz-özi için gepletdi.

Gyz otyr oýlanyp, geçeni ýatlap:
«Gezerdim asuda ony hormatlap,
Görsem başga urýar indi ýüregi,
Hamala men ýaly gögüň diregi,
Eger çykýan bolsa çynlap ugruna,
Näme ýüz tutmaýar başga birine?

Üýtgeşik nämäm bar ýa-da ol meni...
Ýok, ýok! Bolup bilmez, etmez ol muny.
Oýlana, oýlana çaşyrdym başym,
Bu halym bilmeýär töwerek-daşym...

Wah, başga alada meniň kellämde,
Gözümiň öňünde her bir ädimde
Iki sany garry hem-de Öwez jan,
Olara her haçan men tapmaly nan.
Iliň bu zatlardan ýokdur habary.
Eşdemde şu sözi edip gahary,
Käleriň jogabyn berdim mundan öň,
Käleriň sözüne etmezdim geleň.
Örän agyr boldy, emma bu sapar,
Bu hatyň jogabyn bilmen kim tapar...»

Çakylykdan soňra, ýaňy-ýakynda,
Baranda her haýsy işi hakynda
Şäher sowetinde ýene duşdular,
Çekilip bir ýana gürrüňleşdiler.
Öňki ýygralyk ýok, indi arkaýyn,
Ýigit aýdyp berdi durmuş ýagdaýyn,
Gürrüňiň ahyry şol bir köne heň.
Diýdi: «Ogulnabat, görmäň menden geň,
Döwneýän bir zady her bir sözümde,
Bizar-peteň etdim, bilmän özüm-de.

Başga alajym ýok, ynanyň indi,
Söýginiň labyry depämden indi.
Aýdara zadym ýok artdyryp size,
Pugta pikir berip aýdylan söze,

Şol hakda hiç zady gizlemäň menden,
Ýüregiň urgusy artýar gün-günden.
Bagyşlaň, elbetde, gönümel gaty,
Eger özüňizde bolan hormaty
Indi öwürseňiz başga bir zada,
Bagt gözlemezdim şondan zyýada».

Soňky duşuşykda şudy aýdany,
Ýadynda oýlanyp öýne gaýdany.
Ýazaryn, ýazmaryn – wada etmändi,
Gijesi uzalyp, daňy atmandy.
Bolupdyr bir görse kän zada sebäp,
Ynandy, eger-de bermese jogap,
Ýigdiň karary ýok, tolgunan ýürek
Barha güýçli urýar deňiz gomy dek.
Hem guwanç, hem gaýgy – ýetik azary.
Indi dillenmeli, ýok başga täri.

Golunda galam bar, öňünde kagyz,
Stoluň başynda otyr biziň gyz.
Emma garalmaýar kagyzyň ýüzi,
Dykyz ýürekdäki tükenmez sözi
Häzir tapylmaýar, gelmeýär dile.
Käte egip başy ýuwaşlyk bile
Maňlaýy stola degäýjek bolýar,
Birden tisginjiräp, ýene dikelýär.
Töwerek-daşyna aýlap gözlerin,
Agtarýar täzeden ýazjak sözlerin.

Temme aýrylan dek, ynha, bir görseň
Sözler yzly-yzyna, eger ýol berseň

Sahypa-sahypa bezeljek ýaly,
Barysy bir demde düzüljek ýaly,
Emma dürtülmeýär galam kagyza,
Ilki ýol bermeli haýsy bir söze.
Nireden başlajak, nirde gutarjak,
Gürrüňiň dowamy, gör, nirä barjak?
Bolýar bulam-bujar, bary gatyşýar,
Soňra sözler dargap, akym ýatyşýar.

Bir görseň daşyndan ugrugan ýaly,
Ýetişibildikden oýnaklap goly,
Sözler seçelenip kagyz üstüne,
Setirler, sözlemler dörýär dessine.
Birdenkä kürtdürip durýar galamy,
Gönüne jaý dälmi ýazan kelamy,
Gaýtalap-gaýtalap okaýar başdan,
Duýulýar ýüzünden, çytylýan gaşdan.
Bolmandyr ýene-de, ýakmaýar jana,
Owkalap-owkalap zyňýar bir ýana.

Galamyn kagyza näçe ýetirdi,
Näçe kagyz ýyrtdy, näçe oturdy,
Onçasyn bilmedim, geçdi hemmesi,
Häzir söz älemniň bolup eýesi
Jemlendi pikiri aýdyň serinde,
Sözler hatarlanşyp ýerli-ýerinde,
Indi nobat bilen özleri gelýär,
Çalasyn galamyň sesi eşdilýär.
Ak kagyz üstüne ýüregiň nagşy
Çekilýär, dutaryň al gola, bagşy.

XII

Прощай! Тебя удерживать не смею,[1]
Я дорого ценю любовь твою.

Шекспир.

Gijäň köp geçip, azy galypdy,
Belki-de, daşarda daň ýagtylypdy,
Baryndan bihabar biziň gahryman,
Süýji ukusynda başyn galdyrman
Ýatyrdy düşekde, budilnik birden
Oňa habar berdi şanly säherden.
Şol bada tisginip, galdy tirsegne,
Gözlerin owkalap seretse, ine,
Güberlip üstünde gökje abažur,
Gapdalda çyrasy ýagty saçyp dur.

Krowat öňünde kiçijik haly,
Gaçypdyr üstüne okan žurnaly.
Bir süňňi agyrlyk duýýar özünde,
Ünji alamaty bar dek ýüzünde,
Ýassygyn owkalap, hiç ýana bakman,
Ep-esli oýlandy ýorgandan çykman.
Soňra ol ýerinden turdy çalasyn,
Galdyrdy žurnalyn, açdy aýnasyn.
Öýüň ortasynda, mydam bolşy dek,
Gollaryn galgadyp, gezdi birentek.

Şeýledi ýaşlykdan endik-adaty,
Sypmazdy bir güni, galdawdy gaty,

[1] Hoş! Men seni saklap bilmerin,
Men seniň söýgiňe belent baha goýýaryn.

Diýerdi: şu bolar dermany janyň,
Çuslanýar damarda aýlanşy ganyň.
Ýuwundy, geýindi, çaý-paýyn içdi,
Ýokdy ynjalygy, tiz ýola düşdi.
Kim bilsin: näm boldy, nämä ýolukdy,
Lapykeçliginden ýüzi salykdy.
Gelene-geçene galdyrman başyn,
Ýatlap bir zatlary gepledýär için:

«Bolýandyr dünýäde her zadyň çeni,
Ýoknasyz sözleriň irizdi meni.
Utanjyň-uýadyň binasyn ýykyp,
Oslagsyz ýerlerde öňümden çykyp,
Göýäki totuguş, çalyp bir heňi,
Etdiň bizar-peteň, bolmazmy soňy?..»
Bu sözler diňe bir ýatda saklany
Düzseň setirlere köpeler sany –
Geçdi gürrüň bilen uzyn gijesi,
Gelýär gulagyna häzir-de sesi.

Emma aňynda däl, tapa bilmeýär,
Öňüni yzyna sapa bilmeýär.
Tutan uşlybyny ýene ýitirýär,
Käte ýarpy-ýalta ýada getirýär:
«Göwräňe görä däl gylyk-häsýetiň,
Tüýs ýürege düşdüň, nämedi netiň?
Ýa-da seniň üçin çykyp şäherden
Mesgen gözläýinmi başga bir ýerden?
Hiç beýle tamany etmändim senden,
Haýyşym, el göter, Akmyrat, menden...»

Neneň utanmasyn özünden-özi,
Şol gidip barşyna ýatlap her sözi,
Gaýgynyň üstüne gaýgy goşýardy,
Kellesi dumanlap, ýürek çişýärdi.
Niçiksi düşünsin, niçiksi ýorsun,
Niçiksi ýüz bilen ýanyna barsyn?
Ondan geçmelimi şu günden başlap,
Arzuwyň-umydyň gözbaşyn taşlap.
Ýene gaçmalymy köwlemän yzyň,
Ahyr şu boldumy, jogaby gyzyň?

Bu gün duz sepildi ol täze ýara,
Dürli oýlar bilen ýetdi edara.
Belki, gahrymanmyz köşeşer işde:
«Tersine bolarmyş, göreniň düýşde», –
Diýen bir ýorgudy saldy ýadyna.
Oturýan jaýyna giren badyna,
Derrew göze düşdi – iki sany hat.
Stuluň üstünde oturyp rahat,
Gowünli-gowünsiz ilki bukjany
Açdy, aram tapman bu hatdan jany.

Gözün gezdirende, oňa dessine
Gaýta urna boldy öňkiň üstüne:
«Bagyşla, gardaşym, Akmyrat, meni,
Şol sapar öýkede goýdum men seni.
Ozal-da içenim çakdan aşypdy,
Sen üstün ýetirdiň, başym çaşypdy.
Alada etdim-de, çykdym oňuşman,
Soň-soňlar özüm-de etdim köp puşman.

Gönüňe degmezdim, göçmese kelle,
Towakga edýärin, ýazgarma, walla!..»

Okanda gaşlary çytyldy gaty,
Dört bölüp bir ýana, zyňdy bu haty.
Ikinji bukjany alýar ol ele,
Ser salyp daşyna ýuwaşlyk bile,
Tanyş keşdeleri görende birden,
Çak etdi dessine gelenin nirden.
Başdaky bar pikir şol bada uçdy,
Titreýän barmaklar bukjany açdy.
Endigan ýazylan uzyn setirler
Gör, indi ýigide ne gürrüň biýrler.

«Hatym begendirmez sizi, Akmyrat,
Tapmadym ýazara üýtgeşik bir zat.
Öýdäki gürrüňde aýdanym hakdy,
Üstüne goşara hiç sözüm ýokdy.
Eger şonuň bilen çäklenen bolsam,
Indi söz açmakdan saklanan bolsam,
Size-de, maňa-da bordy peýdaly,
Getirmän kelläme özge hyýaly.
Özümi päk tutup wyždan öňünde,
Sizi hormatlardym iller deňinde.

Emma goýmadyňyz meni erkime,
Hasabat bermezdim başga hiç kime.
Siz talap etdiňiz, ýazýan şu haty,
Günäkär özüňiz, ynjytsa gaty.
Çöşlensin bar ýumak, galmasyn düwün,
Men size açygyn aýdaýyn şu gün.

Ilki hat barada. Ondaky täsir
Her kesi özüne ederdi ýesir.
Onda ynsanlygyň yssy demi bar,
Ol meni şol günden etdi bikarar.

Okamak agyrdy, taşladym telim,
Näçe ýyrtjak boldum, ysmady elim,
Bagrym badaşan dek mydam ýanymda,
Okamda gyzgynym artdy ganymda.
Näçe ýetirse-de jana azaryn,
Okap gaýta-gaýta ýat tutdum baryn.
Kä bogazym dolup, kä içim çekip,
Kä geçeni ýatlap, gözýaşym döküp,
Sizden gizlemegiň ýokdur hajaty,
Söýgüli kitaba dönderdim haty.

Inip gelegurtlar giň giden örä
Duýdansyz çozanda asuda sürä,
Uly başagaýlyk, gopgun turşy dek,
Simaba öwrüldi hatdan soň ýürek.
Belli özüňize durmuş ýagdaýym,
Men gürrüň bererdim size her daýym.
Ýerden ýeke çykan ozal-da özüm,
Ynanyň, ýatlasam nemlenýär gözüm.
Agzym ahyrynda aşa ýetende,
Duýdum ölüm tygyn bu näzik tende.

Ýürekdeş ýoldaşym ýitiren çagym,
Baglandy her ýandan elim-aýagym;
Garrylar hossary, çaga enesi –
Dürli bela-beter üýşdi hemmesi.

Oýlanyň özüňiz, düşüniň maňa,
Göze uky gelmän agşamdan-daňa,
Çolaran bir öýde garanyp daşym,
Geçirdim kän günler çişirip başym.
Diňe aladasy şonda il-günüň
Güýç berip dadyma ýetişdi meniň.

Ahyrda kem-kemden özüm raslap,
Geljege täzeden umytlar besläp,
Akymyň ugruna ýörän mahalym
Çarkandakly boldy ýene-de ýolum:
Garrylar bir ýandan «Gitme-de, gitme –
Eýjejik çagaň bar, ony har etme...»
Dillerin ýetirip uzakdan ýatlar,
Etdiler kän töhmet, kän myjabatlar.
Gulak gabartmadym emma hiç kime,
Maksada eýerip, buýrdum erkime.

Olar dökän-saçan, özüm bu taýda,
Oýlanyp bir görüň, şeýle ýagdaýda
Men niçik il hakda pikir edeýin,
Olardan aýrylyp nirä gideýin?!
Ozalam kän boldy şu teklip bilen
Obada, şäherde ýanyma gelen.
Hetdim ýok hiç kime öýke edere,
Durmuşyň kanuny, ýer ýok gidere –
Başy boş bolana geler hyrydar,
Aýdyň, geň görerlik munda näme bar?!

Emma siz, Akmyrat, ýagdaýa belet,
Görkeziň bar bolsa, sözümde galat.
Duş gelen wagtyňyz, halymy sorap,

Duýgudaşlyk bilen mähirli garap,
Manyly maslahat, geňeşler beren,
Halypam hökmünde gatnaşyp ýören,
Hany, aýdyň eýsem, siz dälmidiňiz,
Bu hakda pikirim bilmeýämidiňiz?
Gaty bilýädiňiz, makullapdyňyz,
Hatda gutlapdyňyz hem goldapdyňyz!

Eger şeýle bolsa, hatyňyz näme?
Sygmaýar bu zatlar meniň kelläme.
Sözüňiz bir hili, hyýalňyz başga,
Ýa-da pikiriňizçe, baş goýan yşka
Özgäni unudyp, bilip bir özün,
Jyda etmelimi sözünden sözün?
Sözüňiz süýngüç dek, çekilse her ýan,
Niçik ynjamasyn size ynanýan?
Bagyşlaň, belki-de, öte geçýärin,
Men açyk ýürege ýürek açýaryn.

Çakym ýok hiç kime akyl berere,
Sözüm taraşlaman biderek ýere.
Oba sadalygy, boýny boşlugym,
Ýüzi açyklygym, göwni hoşlugym.
Belki, bu zatlara bolandyr sebäp,
Maňa başartmady bolmaklyk her bap.
Kalbymda bolanyn sizden gizlemen,
Ýüzbe-ýüz oturyp, egri sözlemen.
Bularyň barysy bolup geçen zat,
Başga bir sözüm bar size, Akmyrat.

Eger bardy-geldi irde ýa giçde,
Üýtgese pikirim meniň bu işde,
Geljegim öňümde, men bir ýaş aýal,
Dörese bir wagt täze bir hyýal,
Onda-da, onda-da, goý, bolsun aýan,
Aýlaryn gözlerim men başga bir ýan.
Deňin-derejesin bilmeli her kim,
Hiç edip bilmerin ýürege höküm.
Unutmaň, her zadyň öz kadasy bar,
Kirşi deň bolmasa, çalynmaz dutar.

Obada bir zaman gören wagtyňyz,
Bilmezden göwnüňiz beren wagtyňyz,
Şindi zat görmedik sada bir gyzdym,
Misli bir aýna dek, göwni tämizdim.
Ýürekde arzuwlar, umytlar besläp,
Görnüşimden artyk görünmek isläp,
Turup daň-säherler saçym darardym,
Geljege guwançly gülüp garardym.
Bu gün düýşde ýaly ýatlasam ony,
Ýaşlygyň ýelgini göterdi meni.

Siziň özüňize mälim hemmesi –
Men bu gün dul aýal, çaga enesi.
Bilmedim nä akyl, ne hyýal bilen
Bir zaman çaň basyp, üsti gömülen
Täzeden agtaryp köne heňňamy,
Ýene artdyrdyňyz mendäki gamy?
Neneň çyn ýürekden ýazdyňyz haty?
Bagyşlaň, men oňa ynanýan gaty!

Bolsa müňkürligim ondaky söze
Beýdip ýüregimi açmazdym size.

Men sizi tanýaryn, men size belet
Mekirlik edýäniň ýüzüne nälet!
Eger, bilip bolmaz... (barmaýar dilim
Diňe ýada salsam, sandyrýar elim).
Ýok1 Ýok! Goýaweriň, beýle nikany,
Ýazgarar il-gün-de, ýokdur gümany!
Öňdäki saçlarym yzyma atyp,
Bimynasyp ýerden özümi çatyp,
Içimden ah çekip, daşdan gülmerin,
Siziň bagtyňyzy baglap bilmerin.

Gutarsam okuwym, obama ýetsem,
Garrylara, çaga hossarlyk etsem,
Başlasam täzeden mekdepde işe –
Şular arzuwymdy meniň hemişe.
Ýok meniň şu häzir başga hyýalym,
Durmuş üýtgäp durýar, hormatly alym,
Belki, geçenden soň birnäçe ýyllar,
Döräp bu barada täze meýiller,
Ýetişse bir wagt «sähetli aýy»,
Taparyn şol ýerde özüme taýy.

Hoş galyň, Akmyrat, gutarýan indi,
Daň atdy, älemiň çyrasy ýandy.
Çykaryň okaň-da dogry netije.
Dümtünip bir özüm uzynly gije,
Çöplem-saplam edip ýazan sözlerim,
Dolup kä ýerinde ýaşa gözlerim,

Gaçdy damjalary yzly-yzyna
Häzir elňizdäki kagyz ýüzüne.
Serediň, belki-de, galandyr yzy,
Şeýle azap gördi kolhozyň gyzy.

Däldir ejizlikden, düşüniň muňa,
Şol ýazan hatyňyz geçmişden maňa
Ýatlatdy unutmak isleýän zadym,
Goýmady erkime, ölçerdi odum.
Tisgindi täzeden ýaraly ýürek,
(Gassaba ýag gerek, geçä jan gerek).
Siz bolsa, elbetde, bihabar mundan,
Ýagdaý şunuň ýaly, ynjamaň menden.
Her niçik bolsa-da yşky-permanym,
Çatmaz beýle nika meniň wyždanym».

Sözüň güýji güýçdür çyksa ýürekden,
Galp söz tapmarsyň wyždany päkden.
Ukusyz oturyp uzyn gijesin,
Göýä atyşýan dek bagt bijesin,
Şemiň ýagtysyna, dostlar, bir zaman
Tanýa hat ýazypdy başyn galdyrman.
Setirden setire aýlap gözüni,
Elekden geçirip her bir sözüni,
Şony ýatlaýardy biziň gahryman
Ýazylan bu hatdan elin aýyrman.

Geçirdi iş günün misli güň ýaly,
Aýlap kellesinde ýüz-müň hyýaly,
Gelende öýüne ýene bikarar,
Duýýar ýüreginde bir hili azar.

Çalşyryp bir-birin şatlyk, tukatlyk,
Gijede, gündizde ýokdy rahatlyk.
Indi Akmyradyň uzak wagtlap
Ajyly-süýjüli kän zady ýatlap,
Ruhy dünýäsiniň bolar iýmiti
Gyzyň şu saparky iberen haty.

XIII

Как весенний рассвет, я люблю тебя,[1]
Как ушедшую юность свою.
Для тебя на земле я живу любя,
Для тебя я стихи пою.
Ибрахим Абд Аль-Хамид Иса.

Agramy bolmazmyş gerekli daşyň.
Uzak garaşdyrman, agyrtman başyň
Başlaýyn, okyjym, hekaýaň yzy
Şeýle dowam etdi, görmezden gyzy.
Akmyrat diňe bir hata gümrady.
Gyz ýerine oňa haty hemrady.
Ýaksa-ýakmasa-da haty hemişe,
Parhy ýok öýdemi ýa gitse işe.
Tolgunýan ýüregi urup okardy,
Gijeler ýerinden turup okardy.

[1] Seni bahar daňy deýin söýýärin,
Seni söýüp ömür sürýän älemde.
Seniň üçin bar aýdymlar dilimde.

Geçiren zamany pikirin hata,
Belki-de, gyzymyz gaýtadan-gaýta
Ikiýan tarapyň ýagdaýyn ýatlap,
Ýigdiň mertebesin gaty hormatlap,
Özüniň kimdigin belläp ýörite,
Çekiljek bolupdy ýigitden çete,
Tersine bolşy dek käbir pursatda,
Okyjym, bu sapar bu gelen hatda,
Belki, daşlaşdyrmaz, ýakynlaşdyrar,
Gyzyň çetleşmesin has kynlaşdyrar.

Perwaýsyz garasaň geline-gyza,
Görküne guwanyp çökmeseň dyza,
Tapawut goýmarsyň özgäň öňünde;
Ol-da bir ynsandyr iller deňinde.
Niçikdir birine berdiňmi göwnüň,
Tapmarsyň taýyny hiç ýerden onuň:
Sallanyp ýörişi, seýkin basyşy,
Sözleýşi, sözüňe gulak asyşy
Bütinleý başgadyr, ezizdir göze;
Saçy gijä meňzär, ýüzi – gündize.

Galar belentlige aldykça mähriň,
Eýelär, duýmarsyň, ol göwün şähriň;
Barha ygtyýaryň gider eliňden,
Düşmez gije-gündiz ady diliňden.
Bardyr, gümany ýok, jadyly bir güýç,
Salar girdabyna, sypdyrmaz ol hiç.
Söýse – soltanyňdyr, ýogsa – zalymyň,
Köp wagtdan bäri biziň alymyň

Şeýledi garaýşy Ogulnabada,
Barha güýjäpdi ol, salsaňyz ýada.

Hakykat ýol tapar, kalbyňa ýeter,
Kalbyň ummanynda öňküden beter,
Gopgunly duýgular güýçlendi ýene –
Hatyň netijesi şu boldy, ine.
Nota iberende döwlet döwlete,
Ony telim gezek okap ýörite,
Jogap berilşi dek, biziň gahryman
Bu gezek gyz tarap howlugyp durman,
Kän biçdi, kän kesdi, uzak oýlandy,
Geçip sansyz günler, aýlar aýlandy.

Günleriň bir güni agşam çagynda,
Şäheriň çetinde – Köşi bagynda
Ynha, iki kişi, assaja ýöräp,
Ýüzleri – aşaga, öňlerne garap,
Gezim edýärdiler: emma hiç biri
Dile getirmeýär içdäki pikri.
Ýigdimiz şu ýere çagyran wagty,
Gyzymyz kyn görüp irnipdi gaty.
Ýöne, ýüzden geçmän, boýun bolupdy,
Üýşene-üýşene, ýaňy gelipdi.

«Ýene köne heňdir, syparkam niçik?
Hatymda jogabyn beripdim açyk.
Gelmeseň, gödeklik, gelseň-de agyr,
Aýdylýan sözlerden ýürekler ýagyr.
Üýtgeşik bir gürrüň tapdymy eýse,
Tizräk başlasa, diýjegin diýse.

Gün birçak gizledi özüni dagda,
Artar howatyrym garaňky bagda.
Göwräm gagşyldaýar, ýüregim urýar,
Munuň parhyna däl, arkaýyn ýörýär...»

Gyz golun galdyrman bakdy sagada,
Saklandy, salýan dek bir zady ýada.
Ýigit säginmedi, ugruna gitdi,
Geňirgäp, gyz oňa täsin seretdi.
Sallap öňki ýaly aşaga ýüzün,
Ýene gidip barýar garaman yzyn.
Gyz nätjegin bilmän ýaýdandy ilki,
Soňra bir zatlary çaklandyr, belki.
Ugrady yzyndan garama-gara,
Ýigitden ep-esli açyldy ara.

Ukudan turan dek galdyryp gaşyn,
Seretse sagyna, göterip başyn,
Hiç kim ýok ýanynda, bir özi barýar,
Aljyrap bir hili, ýeňsesin garýar.
Ýazykly ýylgyryp, dolanýar yza,
Uly ötünç sorap ýüzlenýär gyza:
«– Bagyşlaň, bagyşlaň, günäkär gaty.
Hawa, Ogulnabat, okadym haty...»
Ýene dym-dyrslyk, çykmaýa seda,
Dykyz ýürekdäki sözden ne peýda.

Dil diýen etmese, çykmasa biri,
Diýerler: «Ädikçi ädik ýesiri».
Täzeden ýanaşyp ugrady ýaşlar,
Göge golun gerýär belent agaçlar.

Siz-de şaýat boluň söýgiň oýnuna,
Hiç kim giren däldir gözel goýnuna,
Söýginiň gudratly güýjüni görmän,
Ýa bütin ömrüne çekendir arman,
Söýgüsiz birine sataşan bolsa,
Ýa söýgi ýolunda azaşan bolsa.

Ynsanyň görküdir söýgiň gözbaşy,
Ynsanyň ýaşydyr onuň-da ýaşy.
Ynsanyň hemrasy oldur müdimi,
Edil ynsan ýaly, ol-da gadymy.
Ynsan bar ýerinde söýgi-de bardyr,
Söýgüsiz geçirlen ömür bikärdir.
Söýgi! Söýgi! Dillen, heý-de, bir zaman
Sensiz ýaşapmydy jahanda ynsan?!
Demir penjelerden akanda al gan,
Saňa pida etdi köpler şirin jan.

Perhada daglary sökdüren sensiň,
Tahyry derýada akdyran sensiň,
Garyby ýurdundan göçüren sensiň,
Hemrany asmana uçuran sensiň,
Mejnuny çöllere çykaran sensiň,
Ençäniň bilini çökeren sensiň.
Gidendir gelmeze indi ol zaman,
Asuda dem alýar ülkämde ynsan.
Sen-de egne atdyň azat lybasy,
Belent duýgularyň soltany-şasy.

Çete çekilmäliň mundan zyýada.
Ýüzlenip täzeden Ogulnabada,

Akmyrat bireýýäm başlapdyr söze:
«– ...Iberen şol hatym ýazmazdan size,
Bu zatlar hakynda kän oýlanypdym,
Hersiniň daşyndan ýüz aýlanypdym.
Ýazgarmaň siz meni, etmäň käýişi,
Bu ýerde ikimiz, ýok başga kişi.
Ýaşur-ýuşur bolman, aýdylsyn bary,
Goý, ýene ýaňlansyn ýürekler tary.

Dörände täzeden şu pikir mende,
Çekdim azap baryn günüň-gününde.
Unudyp bar zady, misli bir däli,
Saýgaryp-seljerip müň dürli ýoly,
Uzynly gijeler ukymy alman,
Dogrusy, sizi-de ýadyma salman,
Diňe bir soraga jogap gözläpdim,
Bar-ýok güýjüm bilen ony yzlapdym.
Gözleýän şol jogap tapylsa eger,
Bolaýjak ýalydy bary ýerbe-ýer.

Aýdaýyn yzyny, gizlemän sizden,
Soragyň jogaby tapyldy tizden.
Gitdikçe güýçlenip yşkyň heseri,
Sürdüm oba tarap, taşlap şäheri.
Şundan ugryşyma hiç ýerde durman,
Boldum garrylara tötänden myhman.
Çäklije bolsa-da myhman möhleti,
Ol ýerde düşegim ýumşady gaty.
Başlap, eşder bolsaň, dördünji günden,
Näme habar bary soraldy menden.

Gezekli-gezegne ýanlarna bardym,
Hoşamaýlyk bilen habarym berdim.
Biri, gutarýançam, sözümi diňläp,
Içinden ah çekdi, muny geňirgäp.
Dyzynyň üstüne atyp kellesin,
Ep-esli oturdy, çykarman sesin.
Gözlerin alardyp, gizlin seretdi,
Ahyr gaharlanyp, ýanymdan gitdi.
Soňra beýlekiniň bardym ýanyna,
Ol-da girdi gahar-gazap donuna.

«Tur, gözüm görmesin seni bu ýerde!
Azarym ýetikdir, dert goşma derde!
Är çykan ogly bar, gitmek hebesdir,
Beýle ýere gelýän özi näkesdir.
Berendir ozaldan alla takaty,
Gören zadymyz däl, sen niräň iti!..»
Kesildi kän gezek ömrümdir ýaşym,
Müň-de bir razy, sypdyrsam başym.
Otursam, kesewe ýapyşjak, hökman,
Göterdim ökjäni, yzyma bakman...»

Hem gülki, hem agy Ogulnabatda,
Gidýänin gürrüňiň haýsy babatda
Aňşyryp bilmeýär, gaty geň galýar,
Diňlände, öýlerin ýadyna salýar.
«Eger baran bolsa, eşderdim menem,
Ýaňy gelip gitdi ýanyma enem.
Hiç zat agzamady gelen-gidenden,
Ol syryn ýaşyrmaz hiç haçan menden».

Için gepletse-de, dilini ýarman,
Diňleýär yzyny biziň gahryman.

«– Birisi ýüz bermän, birisi kowdy,
Ýigrenjiň ýalyny ýüzüme çawdy.
Çykmadym onda-da obadan daşa,
Habar edipdirler kowum-gardaşa.
Goşuldy gürrüňe uly hem kiçi,
Doldy dow-dow bilen obanyň içi.
Kim meni ýazgardy, kimse – olary,
Yza çekilmedim, sürdüm ileri.
Diýdim: – Kowsaňyz-da gitmen bu ýerden,
Ýörite geldim men uzak şäherden –

Diýdim: – Aýagym däl, ýürek getirdi,
Ýürek ganatlanyp, bagta ýetirdi.
Diýdim: – Bu içerä ýüregim bagly,
Eger jyda düşsem, jigerim dagly.
Diýdim: – Gidip bilmen ýüregim taşlap.
Diýdim: – Bütin ömrüm oňa bagyşlap,
Sowukda, yssyda, gyşda hem ýazda,
Gaýgyda-hasratda, söhbetde-sazda,
Ynanyň, sözümiň ýokdur yrýasy,
Bolaryn bu öýüň baky hemrasy.

Köşeşdi garrylar ýuwaş-ýuwaşdan,
Artdy tarapdarym kowum-gardaşdan.
Goş basyp ýatyryn gaty arkaýyn,
Diýseler, her zady çekmäge taýyn.
Men gülüp garadym, olar ýüz çytsa,
Diýdim: – Wagty gelip, akyly çatsa,

Üýtgeşer garrylar, düzeler bary,
Taparyn, ahyrda, ýumşak damary.
Geçdi şunluk bilen birnäçe günler,
Gowşaşdy kem-kemden gaty düwünler.

Howanyň ýüzüni gaplan dumany,
Ýel turup bir ýana sürn zamany,
Aýna öwrülşi dek dury asmanyň,
Ynha, peýda boldy iki mamanyň
Çytyk ýüzlerinde ýakymly ýagty,
Men muňa, elbetde, begendim gaty.
Yssylyk başlandy indi arada,
Ownukly-irili işler barada
Geldiler ýanyma olar her daýym,
Maslahat saldylar sözläp mylaýym.

Ýatlygym ýat boldy, goşuldym gitdim,
Çykdym-da, içerden daşa seretdim.
Duýdum şol yssyny kowum-gardaşda,
Galypdyr gep-gürrüň ýakynda-daşda.
Oba içindäki dow-dow ýatanda,
Ýigrenjiň ornuny mähir tutanda,
Biri «giýew» diýdi, birisi – «oglum»...
Gürrüňin şu ýere eltende alym,
Gyz saklanyp bilmän, zaryn seslendi:
«Bes ediň, bes ediň, gutaryň indi!»

Başartsa artiste alan roly,
Tapýandyr hemişe ýürege ýoly.
Uly joşgun bilen aýdyp her sözün,
Sahnada duýýardy ýigdimiz özün.

Hiç habary ýokdy töwerek-daşdan,
Obraza giripdi ol ilki başdan.
Ara söz düşende, sakga durupdy,
Şonda gyzyň ýüzün salyk görüpdi.
Saklansa, täzeden başlamak kyndy,
Sözün dowam etdi, soňa ýakyndy:

«...Bardy şol içerde bir eziz çaga,
Irden özi turup giderdi baga.
Söz gatyp başladym baran günümden,
Oňa mährim gidip janym-tenimden,
Dostlaşdym dessine, alçakdy özi.
Balkyşdaşyp duran garaja gözi,
Ýörişi, sözleýşi, jak-jak gülüşi,
Siňe syn edemde, hemme boluşy
Bir tanyş ynsana çalym edýärdi,
Ýürekden ýürege ýol döredýärdi.

Egnime göterdim, gujagma aldym,
Her gezek şol tanşym ýadyma saldym.
Inçejik gollaryn boýnumdan orap,
Eýjejik ýylgyryp, enaýy garap,
Gitmedi ýanymdan, ysnyşdy maňa,
Içimi gepletdim ýüzlenip oňa.
Diýdim: – Ata mährin duýmandym men-de,
Çagalyk geçmişim görýärin sende.
Bir ýürek özüne baglaýar bizi,
Kiçijik-de bolsaň, diňle bu sözi.

Unutma hiç haçan, başym dik dursa,
Damarda gan ýöräp, ýüregim ursa,

Özümde atalyk mährin döredip,
Iýdirip-geýdirip, oňat seredip,
Gyşynda-ýazynda seni hor etmän,
Şirin söze, açyk ýüze zar etmän,
Çalymdaşyň bilen berip el-ele,
Tä adam bolynçaň, goşulyp ile,
Tutmasam ornuny şol gahrymanyň,
Goý, nälet ýüzüme gezelsin meniň!

Bir zat syzan ýaly uzak garaşdan,
Gollaryn boşadyp ýuwaş-ýuwaşdan,
Az-kem yza çekip kiçi göwresin,
Gözlerin mölerdip, çykarman sesin,
Çynlakaý görnüşde maňa garady,
Kalbymda bir hili duýgy döredi.
Ýylgyrdym dessine, o-da ýylgyrdy,
– Kak bäşi – diýemde, elini berdi.
Soňra gujagymdan düşdi-de gitdi,
Tigrin şakyrdadyp, derwezä ýetdi.

Aklym bilen duýgym söweş guranda,
Duýgym üstün çykyp, aklym duranda,
Tolgunlanan ýürek batly urýarka,
Getirip göz öňne şu hili waka,
Diňe şondan soňra habar gatypdym,
Hatdan öň köp wagt ümsüm ýatypdym.
Aşygyň arzuwy – bolmak bagtyýar,
Bu gün, Ogulnabat, sizde ygtyýar.
Bagyşlaň, ýadatdym, samradym uzak,
Men indi gutardym, siziňki gezek».

Uzakdan aýlady ýigit sözüni,
Gyzymyz tersine öwrüp ýüzüni,
Gollaryn gezekli gursagna oýkap,
Sojap dem alýardy, kellesin ýaýkap,
Diňlän sözleriniň aýdyň mazmuny
Şu agyr ýagdaýa salypdy ony.
Dile söz gelmeýär, ýüregi doly.
Uşlyby üzülen hünjüler ýaly,
Edilen şübheler, bolan howatyr –
Bary seçelenip, aşakda ýatyr.

Ýigit duýanynda gyzyň ýagdaýyn,
Her hili ötünje, kömege taýyn,
Onuň gapdalynda dymyp duryardy,
Ýürek ezilýärdi hem-de uryardy.
Diýerler: ýürege ýürek ýol tapar,
Megerem, ömründe ilkinji sapar.
Tutdy emaý bilen gyzyň elinden,
Sypady saçlaryn, emma dilinden
Söz gaçyryp bilmän, uzak ýaýdandy,
Misli gök damaryň gany daýandy.

«– Bagyşlaň, bagyşlaň, ynjamaň menden,
Sözlerim taraşlap, açyk göwünden
Bagta garaşypdym men bu gün sizden...»
Gyz heder eden dek gorkup bu sözden,
Ýüzün aşak salyp çekildi yza,
Tutdy ol ýaglygyn gyzaran göze.
Ýatmasa wagtynda ýüregiň ýeli,
Sözler niçik tapsyn çykmaga ýoly!

Hamsygyp-hamsygyp zordan diýeni:
«Bes ediň, Akmyrat, ugradyň meni».

XIV

«Çagaly öýüň syry bolmaz».
Nakyl.

Gök maşyn güzüläp «Kupalka» ýetdi,
Gerek ýükün çalşyp, ugruna gitdi.
Düşdi şu maşyndan agras bir adam,
Ýene günbatara urdy ol gadam.
Obadan geleni daşyndan belli,
Aýagy ädikli, egni kitelli,
Sur bagana telpek onuň başynda,
Ordeni, medaly kändi döşünde.
Ýanynda bar ýüki ýeke horluny,
Düşende egnine atypdy ony.

Ol uzak ýöremän, saklandy birden,
Ser saldy daşyna durup şu ýerden.
Şäheriň bu çeti tanyş däl, belki,
Ugraman hiç tarap, ýaýdandy ilki.
Soňra uly ýoldan saga öwrüldi,
Bu wagt şapaklap Gün-de gizlendi.
Meňzeş bir-birine jaýlaryň bary,
Asfaltly köçäniň ýokdy diwary.
Onuň ugry bilen ikiýan garap,
Barýardy ol kişi ýuwaşja ýöräp.

Bir jaýyň öňünde gyzlary görüp,
Sorady bir zatlar ýanlarna baryp.
«– Hä, Ogulnabatmy, hawa, şu taýda,
Ýörüň, görkezeýin, hol, uly jaýda.
– Öýdedir, öýdedir, ýaňja-da bardy,
Ejes-ä bir ýerik gitjek bolýardy.
– Tejenden... Öňki ýyl... – Hawa, şoň bilen.
– Şu gyzlaň hemmesi obadan gelen.
– Oňa-da, maňa-da ýene bir ýyl bar,
Ýaňyja ýalakdy, gutaryp barýar...»

Ýeten wagtlary jaýyň deňine,
Ýaňky gyz ýaşulyň düşüp öňüne,
Uzyn koridordan çepe öwrüldi,
Çetdäki bir tamyň işigne geldi.
Gapyny çalaja kakan mahaly
Göýä bir adama garaşan ýaly,
Şolbada içerden çykdy bir gelin,
«– Waý, Oraz aga! – diýp uzatdy elin.
– Giriň, giriň! Ýeri, haçan geldiňiz?
Otl-a daňdanlardyr, nirde bolduňyz?»

Diwana göwresin taşlap ýaşuly:
«Keýgim, gelşimiz-ä irräkdi weli,
Habar edipdirler bize arada,
Abada medeniýet işi barada
Boldy bir maslahat, ýaňy ýapyldy.
Garaz, o ýan, bu ýan, iş-de tapyldy.
Aý, şükür, oňatlyk, salam aýtdylar».
«– Ejem-ä kino diýp alyp gitdiler.

Şu häzir taparyn, Öwez jan bardy.
Sypypdyr gözümden, köçä dyzýardy».

Aradan ençakly wagt geçmänkä,
Şarka açyldy-da gapy birdenkä,
Öwez ýaşulynyň gujagna doldy,
Ejesi çaý-çörek ugrunda boldy.
«Bo-how, tüweleme! Sen-ä Öwez han,
Tüýs jahyl çykypsyň, bolupsyň pälwan».
Göterip çagany ýerinden galdy,
Baryp horjunyny eline aldy.
Onda gök ekiniň ilki miwesi –
Erikmi, hyýarmy, bardy hemmesi.

Kän wagt geçipdi garasyn görmän,
Begenip, bökjekläp, bir ýerde durman,
Işdämen ýapyşdy çaga iýmişe,
Olaryň adaty şeýle hemişe –
Bakmaz ýagly-ýüzlä, tapsa gök zady,
Çagyryp daşardan Ogulnabady:
«– Seýetsene muňa, atam getiýdi,
Hoýjundan çykaýyp, maňa iý diýdi».
«– Sag bol bir diýdiňmi, ataňa hany?
«– Wiý, diýdim-ä sag bol! Göýsene muny».

Öwezjik stola elin uzatdy,
Ejesi ýylgyryp yzyna gitdi.
Soňra gözi düşüp tigirli ata,
Idip getirdi-de «– Göýýäňmi, ata,
Atymam baý, şeýdip münýäýin muny».
«– Ejeň-ä, Öwez jan, sylapdyr seni».

«Ejem däl-le, muny däde äbeýdi».
Ejesi bu wagt çäýnekli girdi.
«– Kim ol däde, Öwez, saňa at alan?»
«– Wiý däde-dä, honda öýmüze gelen».

Ýylgyrdy ejesi birden bu söze,
Ýaňaklar gyzardy. Garap Öweze
Barmagyn çommaldyp, gaşyny çytdy,
Hem-de şu pursatda çuň oýa gitdi.
Ýadyňyzda bolsa, dostlar, şol agşam
Bagdan öýe tarap uranda gadam,
Hiç sesi çykmandy, özün tutmandy,
Gije-de ukusyz, daňy atmandy.
Goýsa-da özüni munça azara,
Ýetmändi gämisi belli kenara.

Emma aýtmak gerek häzir bir zady,
Duşuşyk birbada Ogulnabady
Duýgular demine alan bolsa-da,
Ejizlik toruna salan bolsa-da,
Ol ýuwaş-ýuwaşdan güýje galanda,
Erkin, ygtyýaryn ele alanda,
Merdemsi dikeldip egilen başyn,
Nazarlap uzakdan töwerek-daşyn,
Duýupdy özünde tükenmez güýji,
Dargapdy dört ýana, galmandy ünji.

Edep-ekramyna haýran galýany,
Diňe hoşallykda ýada salýany,
Dogany hökmünde hormat goýýany,
Özüne medetkär, söýeg saýýany,

Tutup mertebesin, hatyryn saklap,
Yşkyň bazaryna özüni oklap,
Açyp ýüregini onuň öňünde,
Getirip özüni goýsa deňinde –
Päkize wyždana – päkize wyždan
Neneň guwanmasyn muňa bu ynsan.

«Öwez jan tötänden ýadyma saldy,
Gaty oňat boldy, wagtynda geldi,
Ejem-de ýok häzir, dökeýin içim,
Meniň şundan ýakyn ýok garyndaşym.
Belki, kabul bilmez, belki, makullar,
Eger makullasa, her ýerde goldar.
Geňeş gowy zatdyr, her ýerde gerek.
Diýýänler: söýgüde geňeş biderek,
Salýarlar özlerin nädogry ýola,
Men muny durmuşda gördüm kän ýola...

Eger dana bolsa geňeş salýanyň,
Ýürekden ynanyp, pendin alýanyň,
Açylar giň ýoluň, syrylar duman,
Soňundan hiç wagt etmersiň arman...».
Aýlanan mahaly stol daşynda,
Şu hili pikiri jemläp başynda,
Müň biçdi, müň kesdi, etdi göwne jaý.
Ýygnap gap-çanagyn berende gök çaý,
Özi-de arkaýyn oturdy indi,
Ýaýdana-ýaýdana garra ýüzlendi:

«– Näçe çekinsem-de dile almaga,
Ýöne, Oraz aga, geňeş salmaga

Özüňiz bilýäňiz, ýok başga kişi,
Eger garrylarym bilse bu işi,
Gelerler ör-gökden, galmagal turar,
Her haýsy özüni bir ýana urar.
Sözüm ynanç tapmaz olaň öňünde,
Ine, şonuň üçin atam hökmünde
Size ýüz tutýaryn gönüden-göni,
Edepsiz hasaplap, ýazgarmaň meni».

Muňa Oraz aga myssa ýylgyrdy,
Ýygyrtly maňlaýnyň derini syrdy.
«– Dilewar bolupsyň, tapýaň tärini,
Üýşürdiň daşyňa gyzgan baryny,
Aýby-saýby bolmaz, çekme gussany,
Hany bir eşdeli, başla kyssany».
«– Başlasam, bir ýigit köp wagt bäri
Bolup gyzyňyzyň hak hyrydary,
Erkine goýmady, yzynda gezdi,
Ençe habar gatdy, ençe hat ýazdy.

Ol meni birwagt gyzkam görüpdi,
Şonda-da şu hakda hat iberipdi.
Ýene-de täzeden duşdy şu ýerde,
Diýýär: – Goýduň meni şol öňki derde.
Özi bir okumyş, gaty edepli,
Däl bir ýeňil-ýelpaý, dürdäne gepli.
Asly ýetim ösen, ýok garyndaşy,
Şindi öýlenmedik, bir jan, bir başy.
Ýagdaýym aýtdym, meýlim ýok diýdim,
Men şeýle, sen beýle, bolanok diýdim.

Onda-da bolmady, şol bir diýeni,
Agzamdan boý, duly, ýazgardy meni.
«– Çaga ata bolman, garra-da hossar,
Diňe daş gardaşdan bolup hyrydar,
Bu hakda men size habar gatmazdym,
Habar hiç, teý asly hyýal etmezdim...».
Ynha, Oraz aga, ýagdaýym şeýle,
Ýürekde kän saklap, getirdim dile,
Indi maslahaty beriň özüňiz,
Maňa kanun bolar aýdan sözüňiz»,
«Baý-baýow, gör, muny, gör, nirden urdy!»
Soňra ýoňsuz wagt oýlanyp durdy.
Ýüzün aşak salyp, garra seretmän,
Gürrüňe başlarna takaty ýetmän,
Otyr Ogulnabat, müýni bar ýaly.
Köpeldi kem-kemden ýaňagnyň aly.
«– Hä, şeýle diýsene, aý, näme, gyzym,
Kanun däl bu ýerde meniň-de sözüm.
Utanjy, geňligi ýokdur munuň hiç,
Bu iş başyňdadyr seniň iru-giç.

Bilýän, birwagtlar, köne zamanda
Gelinler ýaşlykda ýeke galanda,
Goýbermän hiç ýana gaýyn tarapy,
(Ol satyn alynan, bolmazdy gepi),
Otyrdy öýünde çagasyn busup.
Nätsin, alajy ýok, egnini gysyp,
Etse-de içeriň hemme hyzmatyn,
Görmezdi hiç wagt ynsan hormatyn.
Igençden, käýinçden ýüki ýeterdi,
Şatlyk ýüzün görmän, ömri öterdi.

Beterden-beterin görendir gözüm,
Bolupdy geň waka, şaýady özüm.
Meniň ýaş wagtymdy, çala ýadymda,
Ýüzbe-ýüz goňşudyk, iki ädimde
Ata körpe diýen biri ýaşýardy,
Mülki kän, maly-da müňden aşýardy.
Iň uly oglunyň Baýlydy ady,
Durmazdy bolsa-da onuň zürýady.
Otuz ýaşlarynda Baýly-da öldi.
Yzynda gelninden bir ogul boldy.

Mundan soň aradan geçdi üç-dört ýyl,
Durarlykly boldy, ulaldy ogul.
Ýaş gelniň bir özi, öýi aýrydy,
Hiç kimden kömek ýok, göýä saýrydy.
Bar umydyn baglap ýeke perzende,
Bagtyn hoşal bildi onda-da bende,
Saklap ýüreginde dady-perýadyn,
Çekse-de şol diýip jebri-jepany,
Görmedi dünýäde hiç bir wepany.

Tapdylar özleri bir gün «myş-myşy»,
Kim bilsin nireden, ol kimiň işi.
Hamala, ol gelniň düz dälmiş içi,
«Utanjy, haýany taşlap urkaçy,
Gözleri daşynda, aňtap bir deli
Öýünden, oglundan sowanmyş eli...»
Öz gara gününde gelin biçäre
Ýada salmasa-da gitmegi äre,
Galdy myjabatly sözüň astynda
Gezýärdi açgözler onuň kastynda.

Edil köz basan dek gaýyn enesi,
Geplände bu hakda çaslydy sesi:
«Gyrnagyň aýagyn duşa dessine,
Alsaň alybirsiň soňra üstüne.
Malyň bar, puluň bar, gyz-da tapylar;
Beýle gürrüňleriň üsti ýapylar...».
Göýä deglen ýaly namys-aryna,
Maslahat beripdir günde ärine.
Çagyryp atasy kiçi ogluny,
Bu işden habardar edende ony,

Ilki ynanmandyr, soň gaharlanyp,
Diýipdir: «Kim tapdy muny oýlanyp?
Näçe hemle urup, haýbat atsaň-da,
Boýnuma ýüp salyp dardan assaň-da,
Ursaň-da sökseň-de, seňseletseň-de,
Eger etim dograp, çişlik etseň-de,
Ýatman bir ýorganda gelnejem bile,
Ondan soň niçiksi çykaryn ile?»
Gidipdir köp wagt öýlerne barman.

Ýöne munuň bilen iş gutarmandyr,
Ata-da, ene-de boş oturmandyr.
Ýalbar-ýakar edip gezek-gezegne,
Indi hajyk-hujuk haýbat deregne.
Çagyryp öýlerne bir gün mollany,
Şaýat edinipdir olar Allany.
Hut onuň adyndan diniň wekili
Söz açyp, hemişe aldardy ili.
Giňden ýol açdylar doga-tumara,
Ahyrda ýigidi saldylar tora.

Bermedi nika-da hiç bir netije.
Barsa-da ýanyna ýekeje gije,
Soňra nejis bolup, ýüregi çekmän,
Dolanyp ol ýere aýagyn sekmän,
Ýatýar öýlerinde, hiç ýana çykman,
Dogan-garyndaşyň ýüzüne bakman.
Ýumanda gözüni elhenç düýş görüp,
Däli dek özüni her ýana urup,
Aýylganç ses bilen ýerinden turýar,
«Wah, Baýly, bagyşla!» – çirkin gygyrýar.

Ýigit perwaýsyzdy gürrüňe, gepe,
Saraldy, sargardy, döndi bir çöpe,
Maslahat etdiler öýersek eger,
Belki-de daýanar, kömegi deger.
Puluň güýji güýçdi, etdiler toýun –
Bezedi bir gözel bu baýyň öýün.
Çekmedi bir hepdä ýasama şatlyk,
Betbagtlyk üstüni basdy betbagtlyk;
Ahyrda açgözler ekenin ordy –
Gyzyň gujagynda ýigit jan berdi.

Galdy agyr günde biçäre gelin,
Ýagýar gargyş bary kim açsa dilin.
Goýdular naçary bir ýaman ada,
Hiç görnüp bilmedi ýakyna-ýada.
Atlanyp çykan dek onuň kastyna,
Geldi bela-beter üsti-üstüne –
Şeýle agyr günde hasratly çagy
Duýdy, agralypdyr ýene aýagy.

Gün geçdi, aý geçdi, möhleti ýetdi,
Şonda ýaş üstünden gelin-de gitdi».

Uludan dem aldy ýaýkap başyny,
Göterip ýokary bürlen gaşyny,
Gaýgyly hekaýa gutaran bada
Ýüzlendi ýene-de Ogulnabada:
«– Gyzym, özüň bilýäň köne adaty,
Göýä bir sakyrtga, ýapyşýar gaty.
Sanjyp hanjaryny sagdyn bedene,
Salýar ýarasyny tämiz tene.
Näçe sançdygyça hapalap ganyň,
Düşürýär ysgyndan, gynaýar janyň.

Ilimiz geçmişden arany açdy,
Ülkämiziň keşbi bütin üýtgeşdi.
Köneden nyşan ýok, gara her ýanyň,
Onda-da ýarasy şol sakyrtganyň
Käleriň teninde duýulýar şindi,
Seniň soragyňa dolansak indi,
Eger-de Nurtäje, ejeňe uýsaň,
Hersiniň gönünden turaýyn diýseň,
Edersiň özüňi adata gurban –
Olar otur diýer saňa bigüman.

Mysalyn aýdaýyn saňa bu işiň,
Bolup bir sebäbi agyrsa dişiň,
Öz-özi geçerne edip tamany,
Gorksaň çekdirmäge, gynarsyň jany,
Gündizi, gijesi bolmaz duraryň.
Gaçar ynjalygyň, ýetmez kararyň.

Düşer ýüregiňe otursaň, tursaň,
Eger çydam edip, ony sogursaň,
Bir gezek awunyp, dynar gidersiň
Soňra deriň giňäp, hezil edersiň.

Olaryň bähbidi arzuw-islegiň
Ýokdur aýra ýeriň, birdir ýüregiň.
Ýöne düşünjäniň daşdyr arasy,
Bar entek olarda adat ýarasy.
Tersine düşüner bu gün edýäniň,
Ýetende aňlarna dogry gidýäniň,
Saplanar ýaradan olaň synasy,
Bolmaz hiç biriniň öýke-kinesi,
Ynanja eýe bor her aýdan sözüň,
Muny durmuşyňda görersiň özüň.

Mejnunyň hakynda özüň pikirlen,
Ýöne ynanýaryn, her bir duş gelen
Seniň nazaryňy çekmez özüne,
Gulak goý garrynyň soňky sözüne:
Isle talap saý sen, isle-de haýyş,
Eger başa barsa başlanan bu iş,
Sen munda galmarsyň, ol oba geler,
Asyl Mejnun halky düzdeçi bolar.
Göwni meýil etse, nähili käre,
Kolhoz işsiz goýmaz, baýdyr hünäre.

XV

С милым годок покажется за часок.[1]
Пословица.

Hormatly okyjym, gyssanma gaty,
Indi gyssanmagyň ýokdur hajaty,
Kän wagt ikimiz gahrymanlaryň
Bir-birne wepaly mähribanlaryň
Düşüp yzlaryna ýazy hem gyşy,
Bolupdyk olaryň ýakyn ýoldaşy.
Bagyşla, belki-de ýadatdym gaty,
Häzir hoşlaşmagyň ýetdi nobaty.
Gel, indi oňşaly, göwne degmäli,
Sygyr guýrugynda pyçak döwmäli.

Bir zady daşyndan synlasa gözüň,
Geregi bolmaýar. Kämahal sözüň
Beýan etmek üçin belli mazmuny.
Sen, özüň, okyjy, duýansyň muny
Soňky duşuşanda iki gahryman,
Dursa-da gyzymyz dilini ýarman,
Syn eden mahalyň oňa daşyndan,
Galpyllan göwreden, egik başyndan
Göýä bir günäli aklanyp bilmän,
Ýigde ýan bereniň, saklanyp bilmän.

[1] Söýgüliniň ýanynda ýyl-da sagada dönýär. *Nakyl.*

Bagdan öýe tarap düşende ýola,
Akmyrat söz gatdy birnäçe ýola.
Ýöne birine-de ýagşy-ýamandan
Hiç hili gaýtargy bolmady ondan.
Şol bir görnüşinde öýünde galdy,
Ýöne ýigdimiziň wagty hoşaldy.
Duşuşyk hakynda uzynly gije
Çykardy oýlanyp şeýle netije:
«Bu gezek kemini goýmadym asyl,
Indi bolsa gerek myradym hasyl!»

Bu hili ynanjy uzaga çekmän,
Sowuk hoşlaşany ýadyndan çykman,
Çendan böwrün diňläp uzak oturýar,
Dürli pikirleri göwne getirýär:
«Ençe wagt geçdi ol günden bäri,
Sözleşsem ýaňadan, tapylsa täri,
Ýogsam ýuwaş-ýuwaş açylýar ara,
Gelendir, belki-de, belli karara.
Hiç sesin çykarman duşuşyk güni,
Etdi alasarmyk ýene-de meni...».

Käte şübhelenip, käte ynanyp,
Käýarym begenip, käte gynanyp,
Kämahal umytly, käte umytsyz,
Kä gün ýorgut bilen, kä gün ýorgutsyz
Agşamy, ertiri tapman rahaty,

Kämahal öz-özi gyssandy gaty.
«Ahyrda yzyndan barmasam bolmaz.
«Gel, meni al» – diýip, üstüme gelmez.

Aýal men-menligi güýçli bor gaty,
Olar oňat görýär, etseň hormaty».
Bir gün öýden çykyp ýekeje özi
Barýardy köçeden, kinody ýüzi.
Mopra köçesine öwrülen bada,
Tötänden duş geldi Ogulnabada.
Gadyrly görüşdi iki gahryman.
Bagda bolan wagty ýüzün galdyrman,
Gara gözlerini ýere diken gyz,
Sözläre söz tapman, için çeken gyz
Gelipdir bu mahal öz görnüşine,
Näzli gülüp bakýar gürrüňdeşine.

Güýçlüdi garaşlar dildäki sözden,
Gyzyň hereketi sypmaýar gözden.
Käte iki ýana egip başyny,
Näzik eller bilen gara saçyny
Sylanda ýüzünden, gülgün ýaňakda,
Diňe ýaňakda däl, gaşda-gabakda,
Diňe gabakda däl, ýanýan gözünde,
Diňe gözünde däl, gün dek ýüzünde
Bir ajap gözellik, ajap nur bardy,
Ýigit göz aýyrman şoňa garýardy.

Näçe duşuşsa-da, näçe görse-de,
Näçe çagyrsa-da, näçe barsa-da,
Näçe ýyl yzynda gezen bolsa-da,
Şanyna nagmalar düzen bolsa-da,
Ýigdiň hyýalynda gyzyň jemaly
Bolmandy hiç wagt şu günki ýaly.
Başlansa teşnelik kalbyň şährinden
Neneň garap doýsun gyzyň mährinden.
Ýürek gozgalaňy göwrä ýetişdi,
Şonda gahrymanym soraga geçdi.

«– Sagada ne beýle tiz-tiz garýaňyz?
Gelşiňiz nireden, nirä barýaňyz?
Eger-de bolmasa gyssagly bir iş...»
«– Ýok, örän sag boluň, bu gün indi giç.
Geliş raýkomdan, sagat sekizde
Möhüm meseleli ýygnak bar bizde».
Aýdyp guwanç bilen soňky sözüni,
Ýylgyryp ýigide dikdi gözüni.
Akmyrat çalarak duýsa-da muny,
Çykaryp bilmedi anyk bir many.

«– Onda ertir geliň» «– Ertir-ä bäşi?»,
Oýlandy az salym, ýok eken işi, –
«– Alty-ýedilerde gelerin hökman».
«– Gaty garaşaryn hiç ýana çykman».
Gidensoň kän wagt garady gyza.

Kino ýatdan çykdy, öwrüldi yza.
Wagty hoş, keýpi kök, gaty şadyýan,
«Polina daýza-da edeýin aýan».
Ýokdy bu garrynyň eneden parhy,
Sözlendi söýginiň uzyn taryhy.

Kä gülüp, kämahal çuňdan dem alyp,
Käýerde ýaşlygyn ýadyna salyp,
Gyzykly taryhy eşden mahaly,
Hut onuň süýt beren enesi ýaly,
Duýdansyz habara çäksiz begendi.
«– Oglum, oňarypsyň, tüýs boldy indi».
Ertesi taýýarlyk başlandy irden,
Geldi dürli-dümen öýe her ýerden.
Hezzete mynasyp, göze mähriban
Geldi diýen wagty hormatly myhman.

Otyr Ogulnabat stol başynda,
Bardy özgerişler öýüň goşunda,
Gözler ýer astyndan hereket edýär,
Her zada ünsli içgin seredýär.
Ýigit bilmezlige salýardy muny,
Birden garry mama çagyrdy ony.
Ýanyna baranda myssa ýylgyryp,
Göýä gutlaýan dek, goluny berip,
Diýdi-de pyşyrdap: «Seretdim siňe!»
Başam barmagyny göterdi diňe.

Garryň-da aýagy çekildi daşdan,
Nahara başlandy ýuwaş-ýuwaşdan.
Üç sany bokala guýup al şerap,
Gezekli gezegne ýaşlara garap,
Göterdi birini titredip elin,
(Ýüzün aşak salyp ýylgyrdy gelin).
«– Siziň saglygňyza göteriň hany!»
«Çykýarka bu sözden niçiksi many?» –
Diýip, Ogulnabat için gepletdi,
Bokaly çalaja dodagna ýetdi.

Sözler çogup çykýar ýerli-ýerinden,
Ynsan çekinmese biri-birinden.
Degişme, gülüşme yzy üzülmez,
Hiç haçan hiç kimiň gözi süzülmez,
Näçe oturylsyn, onuň parhy ýok,
Emma näm üçindir häzir bolanok.
Ikisem göýä bir sözüň ýesiri,
Batyrlyk etmeýär asyl hiç biri.
Bilmen bu ýagdaýy näme döredýär,
Ümsümlik özüniň hökmün ýöredýär.

Diňe garry mama bir ýerde durman,
Ümsümlik uzasa, oňa ýol bermän,
Özüçe her hili gürrüň tapýardy,
Bu gün şatlygyndan ýeňil gopýardy.
Birden ýagtylandy oglanyň ýüzi,

Düýnki gürrüňdäki gyzyň bir sözi
Edil gerek wagty ýadyna düşdi:
«– Ýogsa-da ýygnagňyz nähili geçdi?»
«Ine, ahyr özi üstünden bardy».
Diýdi-de gyzymyz ýüzün galdyrdy.

«– Ozalam aýtjakdym, çekindim ýöne,
ýygnak oňat geçdi, eşitseňiz, ine,
Partiýa geçmäge arza beripdim.
Düýn men sekretaryň ýanna barypdym...»
«– Kabul etdilermi? Gutlaýan onda!
Öten ýyl şu günler geçipdim men-de».
«– Indi ödäp bilsek ol beýik ady...»
Goldady Akmyrat Ogulnabady:
«– Ýaşaýşyň mazmuny, maksat-myrady
Ödeler gürrüňsiz, ol beýik ady».

«Hiç zat iýmediňiz, köýdi azabym,
Soňra üzülerin, berkdir hasabym».
«– Ýok, ene, kän iýdim, galmady kemi».
«– Ýekeje dogramça iýeňiz jemi.
Utanan aç galar, biliň, ezizim.
Ýok, ýok, siz oturyň, ýygnaryn özüm».
Diýse-de oturman, turdy myhmany.
«Oňatlyk nyşany munuň bir ýany». –
Garry bu bolşundan gaty hoşaldy,
Gap-çanak birlikde kyhnýa daşaldy.

«Indi boldy, keýgim, oturyň hany,
Nahardan soň gök çaý – janyň dermany».
Orta süýji zatlar getiren wagty:
«– Özüm taýýarladym, şirindir gaty.
Her näçe öwseň-de, bahasy ýetmez.
Tagamy hiç wagt agzyňdan gitmez».
«– Aýdylşyndan artyk, kemi ýok, ene,
Öwrenmek üçin-de gelerin ýene».
«– Geliň, hökman geliň!» – öwrüp ýüzüni
Garry Akmyrada gypdy gözüni.

«– Neneň görýärsiňiz meniň ejemi?»
«– Biçak oňat adam, ýok eje kemi.
Diňe bir özümi?» «– Hawa, bir özi.
Bar eken bir ogly...», aýdyp bu sözi,
Akmyrat şol bada dişledi dilin.
Gyz derrew düşündi, mańlaýna elin
Goýdy-da, ýüzüni aşaga saldy.
Soňra ýuwaş-ýuwaş ýerinden galdy:
«– Wagtynda turarmyş akylly myhman;
Tä özüm barynçam ýatmaz Öwez jan».

Ynha, Aşgabadyň göni köçesi,
Ynha, güýz aýynyň gözel gijesi,
Ynha, dag etegniň salkyn şemaly,
Ynha, suwsuz deňziň baky jemaly –
Ülkermi, Ýedigen, Zöhre ýyldyzy,

Asmanyň kemeri – Akmaýa yzy,
Göwnüme bolmasa, birleşip bary
Ýaldyrap, nur saçyp, ýüzlenip bäri,
Reňbe-reň güllerden gollary doly
Meniň ýaşlarymy gutlaýan ýaly.

Eziz paýtagtymyň şeýle agşamy
Unudyp çekilen bar gaýgy-gamy,
Barýarlar köçeden ýuwaşja ädip,
Geljekki günleriň gürrüňin edip,
Häzir Ogulnabat düşüpdir öňe,
Beripdir ýigdimiz bar ünsün oňa.
Ähtiýaç edýän dek daşyny gözläp,
Çawuş çakýan ýaly, çalaja sözläp,
Ýakymly çykýardy gyzyň owazy,
Misli bir ussadyň mylaýym sazy.

Birnäçe köçeden geçildi eýýäm,
Belki, gyzyň sözi bolandyr tamam.
Eşdilip başlady oglanyň sesi:
«– Seniň aýdanlaryň dogry hemmesi...
(Ýakynlyk nyşany, serediň, ine:
Geçipdir duýdansyz «sizden» ol «sene»,
Ýene bir ýyl diýýän, goý, bolsun üç ýyl,
Okuwyň hakynda gürrüň ýok asyl)
Ýöne, ýöne welin...» – başyn yrady,
Gyzy saklady-da, gysmyljyrady.

«...Ýöne welin, neneň, ýene bir ýyly...»
Bu wagt ýeňseden aýlanyp goly,
Eýelik edýärdi örüm saçlara,
Dikilip gözleri galam-gaşlara;
«...Hany bir aýtsana, neneň bir ýyly
Tahyryň ýene-de sandygy» ýaly,
Neneň geçireýin, ynha, şularsyz?
Hasap edýän bolsaň soragym ýersiz,
Adalatsyz ýeri bar bolsa eger,
Tap-da delilini, özüň jogap ber.

Bilmedim jogaby dälmidi nagt,
Hiç seda çykmady gyzdan bu wagt.
Galtanda bedene ýigdiň elleri,
Gülleriň ýapragyn ýazyň ýelleri
Her gün peýda bolup säher çagynda,
Seleň sährasynda, ter pudagynda
Mylaýym sypalap geçişi ýaly,
Duýgy damarlaryn açyşy ýaly.
Belki, bir duýdansyz tolgun döretdi,
Belki, ygtyýary elinden gitdi.

Arada ümsümlik bolanda her dem,
Ýene öňe tarap urulýar gadam.
Ynha, gyzyň öýi, olar duýmady,
Durdular, hiç haýsy hiç zat diýmedi.
Neneňsi aýryljak, neneň hoşlaşjak,

Häzir bir-birinden neneň daşlaşjak!
Soragly garaşlar dikildi gyza,
Ýene iki göwre dolandy yza.
Dolandy ýaşlarym, ýene dolandy,
Bilmen sagat dili näçe pyrlandy.

Oraldy boýnuna wagtyň nogtasy,
Eşdildi birdenkä gudogyň sesi.
«– Wiý, onki bolupdyr!» «– Onki däl, ýary».
Duýdansyz garşylap nazar nazary,
Ýene başlananda wagt geňeşi,
Aýdaýyn, okyjym, sözüň gerdişi
Ynha Ogulnabat, çykarman sesin
Ýigdiň gursagyna goýdy kellesin.
Mylaýym gollaryn egninden atdy.
Belki, yssy demi ýürege ýetdi.

Duýga ýol berildi, daýandy diller,
Sypap gara saçy yz-yza eller,
Al ýaňak üstünde gezim edýärdi,
Täsiri tok deýin çuňa gidýärdi.
Sen, eý, Aşgabadyň oklaw köçesi,
Sen, eý, güýz aýynyň gözel gijesi,
Sen, eý, dag etegniň salkyn şemaly,
Sen, eý, giň asmanyň baky jemaly,
Geliň, pata beriň yhlas işine,
Geliň, şaýat boluň söýgiň güýjüne!

Bosagaň ýanynda ahyr hoşlaşdy.
Baryp emaý bilen gapyny açdy.
Uklapdyr Öwezi, garady uzak,
Öpdi maňlaýyndan birnäçe gezek.
Oturyp seretdi, turup seretdi,
Ýene-de öwrülip, baryp seretdi.
Oýarmajak bolup ýatan jorasyn,
Ahyr öçürdi-de tamyň çyrasyn,
Garaňkyň içinde baryp dessine,
Oklady özüni düşek üstüne.

Wagtyň giçligini duýany bilen,
Ýassyga başyny goýany bilen,
Ýürek gürsüldisi ýatýarmy näme,
Kirpikler bir-birne çatýarmy näme?
«Men muny ynsanyň ynsany sanýan,
Öň-de ynanýardym, şindem ynanýan, –
Mundan irde-giçde ýamanlyk çykmaz,
Ol meni ynjytmaz, raýymy ýykmaz.
Hiç haçan ysnyşman ýa-da oňuşman,
Bilýärin, bu işe etmerin puşman.

Özümden hatyrjem, ýöne Öwez jan
Görnermi gözüne onuň mähriban?
Häzir esasym ýok şübhe edere,
Howsala düşere, oýa gidere,
Emma il içinde «öweý»» diýen zat

Bolupdyr gadymdan ýigrenji bir at.
Atamy, enemi – ýok tapawudy,
Bar bolsa biriniň şu hili ady,
Ara bir sowuklyk daraýan ýaly,
Bir ýatlyk duýgusy döreýän ýaly....

Birden Öwez janym boýnuny bursa,
Ýüzünden nur tapman, ýadyrgap dursa,
Ine, şu bor munuň ýandyrjak ýeri.
Ene külçe görmez göwheri, zeri
Dökülse gözünden çaganyň ýaşy,
Diýýärler, bolarmyş dawanyň başy.
Çaga bölünşigi düşse maşgala,
Uçrasa maşgala bu hili bela,
Ösermiş içerde bir sowuk şemal,
Ol ýerde hiç kimse tapmazmyş kemal...

Salýaryn özümi nähak howsala,
Gelmez başymyza bu hili bela.
Bagly adamsyna bularyň bary,
Tanýan Akmyrady köp wagt bäri.
Ol hakda del pikir maňa gelişmez,
Gör-de dur, Öwezim golundan düşmez...»
Näçe oýlansaň-da bir zat hakynda,
Çyksa dogry many çykar çakynda.
Ine, şeýle boldy, dostlar, şu sapar,
Hakykat agtaran hakykat tapar.

XVI

Gül bilbile, bilbil güle duş bolup,
Ikisi myrada bile ýetişdi.

Mollanepes.

Galamym titreýär ele adamda,
Endamym gagşaýar ýada salamda,
Ýazmak agyr gelýär maňa şu baby,
Onuň-da, dostlarym, bar bir sebäbi:
Agtarsaň durmuşyň taryh depderin,
Görýärsiň açaňda her dürli ýerin.
Günler tapawutly biri-birinden,
Çykmaýar hiç haýsy ynsan serinden.
Şatlykda, şowhunda geçse-de käni,
Käsi ýada salýar elhenç wakany.

Daşlaşan bolsa-da arany açyp,
Taryha dönse-de köp ýyllar geçip,
Şeýle bir wakanyň gysga beýany
Häzir tamamlaýar biziň temany.
Ýaşlarmyz gadyrly hoşlaşan wagty,
Aşgabat asmany gözeldi gaty.
Örän parahatdy güýzüň gijesi,
Ýatypdy her ýerde it-guşuň sesi.
Arzuwlap her kişi ertirki daňy,
Ýassyga başyny goýupdy ýaňy.

Gijäniň ýarymy turup bir bela,
Saldy bu dünýäni uly zenzelä.
Göýä açylan dek bir ýerden sepi,
Göýä gyrylan dek ömür tanapy,
Silkindi gara ýer, turdy bir tupan,
Gaýdaky gämi dek elendi her ýan.
Ýumruldy binalar, ýumruldy jaýlar,
Görenler ömründe köp dürli gaýlar,
Munuň taýyn tapman, galdylar haýran,
Wah, gözel paýtagtym boldy-la weýran!

Bilmedim ilimde barmydy öji,
Garry tebigatyň bu gara güýji
Gije gapyl basyp ýatan ilaty,
Ölüm hanjaryny sançdy gaty,
Düýşmi, oýalykmy bildirmän ilki,
Baş-başa, jan-jana şäheriň halky.
Hinden çykan ýaly, her kim her ýerden
Aňşyrman hiç zady galanda ýerden,
Haraba içinde gördi özüni,
Tutupdyr çaň, tozan jahan ýüzüni.

Agşam ýatylanda abat bir howly
Häzir tam-tags ýok, kerpiçden doly.
Diň ýaly dikilen her ýerde diwar,
Haraba içinde somalyp duryar.
Ýene wagtal-wagtal zemin yranyp,
Dik galan diwar-da gamaga dönüp,

Ahyr bir tarapa agdarlyp gidýär,
Iniň jümşüldedip, göwräň titredýär.
Öz-özi çykanlar bir ýan çekildi,
Howly-da howpludy, köçä çykyldy.

Görmedik ynanmaz, görenler şaýat,
Bu gün ýas içinde gözel Aşgabat.
Çykanlar kem-kemden dürsedi özün,
Her kim töwerege aýlaýar gözün.
Başdaky ümsümlik gutardy birden,
Indi zaryn sesler eşdilýär ýerden:
«Waý, gitdi aýaklar, waý, çykdy gözüm!..»
«Gollarym gaňryldy, gum basdy ýüzüm...»
«Galdyryň agajy, bilim ýolundy!..»
«Hoş galyň, doganlar, gutarýan indi!..

Apy-tupan turan näletli gije
Garşylyk görkezip ol gara güýje,
Ynsan bilin guşap girdi söweşe,
Her kim ýerli-ýerden ýapyşdy işe.
Daşdan görünse-de häzir başa-baş,
Deň ýagdaýda däldi bolýan bu söweş.
Tebigat öň geçip bet hyýalyna,
Salypdyr ynsany mekir-alyna.
Dursuň sopbaş özüň, garaňky gije,
Ne lom bar, ne palta, ne pil, ne teşe!

Her kimiň ýaragy diňe boş eli.
Emma ösen wagty ajalyň ýeli
Ençe artar eken ynsanyň güýji.
Ynha, üýşüp ýatan topar kerpiji
Edil goza ýaly zyňýar bir ýana,
Ölüm penjesini gerende jana,
Äpet kesekleri aýryp üstünden,
Çykdy, ine, biri diwar astyndan.
Arkada, eginde ýok bitin ýeri,
Gan akýar köp ýerden, sypjyrlan deri.

Aňladyp bilmedi birbada sözün,
Çaldy sowuk şemal, açdy ol gözün.
Tanar umydyň ýok ony daşyndan,
Dolupdyr owurdy gopan dişinden,
«Gygyryp bilmedim, ýüzüm aşakdy,
Çykdym jan howluna, dem gelenokdy...»
Haşylap-haşylap bir şuny diýdi,
Ysgyndan düşenin ol indi duýdy.
Dünýäden bihabar, gyşardy bir ýan,
Emgek geçer gider, galsa şirin jan.

Muňa şükür edýän başgany görüp,
Gelýär bir iňňildi, gulagyň gerip,
Diň salan mahalyň ýanynda ýaly,
Näçe sermenseň-de tapylman ýoly,
Sesi eşdilse-de, görüp bolanok,

Hiç ýerden ýanyna baryp bolanok.
Ilkinji sekuntda çyralar öçüp,
Simler içege dek ýatyr çolaşyp.
Misli günäkär dek onuň öňünde,
Näçe urunsaň-da alaç ýok sende.

Aýylganç ses edýär, ynha, ýaş aýal,
Oýanyp gaçmaga edende hyýal
Goltugy çagaly, gapa ýetmänkä
Diwarlar bir-birne süýşüp birdenkä,
Galýar arasynda dik duran halda,
Çagyryp hossaryn, gözleýär dalda.
Göwresi gapgyçda, aýagyn, elin
Butnadyp bilmeýär biçäre gelin.
Gitmeýär gulakdan onuň nalasy –
Gujakda jan berdi eziz balasy.

Düşdi howp astyna häzir öz jany,
Köpeldi kem-kemden kömekçiň sany.
Ganjaran barmaklar durman ýer peşäp,
Kerpiçdir gumuny bir ýana daşap,
Ahyr ýol açyldy oňa bir ýandan.
Diýerler, umyt bar çykmadyk jandan.
Ynha, getirdiler köçäň ugruna,
Ýatyr ýyrtyk halta düşek ornuna.
Sözläre taby ýok, ýumulýar gözi,
Ýedi baş maşgala, galan bir özi.

Ynha, bir ýaş ýigit çykyp birbada
Topulýar içerik ýeke zürýada.
Gözläp çaň içinden ýaňy tapanda,
Gysyp gujagyna, yza çapanda,
Köne belent diwar inýär üstüne,
Düşýär ogly bilen onuň astyna.
Getirdim, dostlarym, sada mysaly,
Boldy kän wakalar edil şuň ýaly.
Görkezmek örän kyn onuň sanyny,
Köpler çaga üçin berdi janyny.

Galmagal içinde ahyr daň atdy,
Eňşeşik, ahy-waý ýene-de artdy.
Ýeke bir howly däl, töwerek-daşyň
Giden bir haraba, galdyryp başyň
Bu gün göz aýlasaň, şanly şäherde
Görýärsiň dik jaýy diňe käýerde.
Ýeterlik oňa-da barmak hasaby,
Jaýlar hiç, halkymyň çeken azaby,
Hiç kimiň hiç haçan çykmaz ýadyndan,
Asman ezelendi il perýadyndan.

Diriler daňa çen galapyn çykdy,
Häzir harabada iňňildi ýokdy.
Kömekçi köpeldi, goşun ýetişdi,
Howly-howly, köçe-köçe gatyşdy.
Ynha hatar-hatar gurban bolanlar,

Dünýäden ötenin duýman galanlar.
Umyt-arzuw bilen irkilen ynsan
Ýatyr maslyk bolup, ýer bilen ýegsan.
Galmasa bir kişi ahy-zar çekmän,
Şahyr niçik ýazsyn gözýaşyn dökmän!

Käleriň çydamsyz agyr ýarasy –
Ölüm – diriligiň iki arasy.
Äpet pürs agajy bilinden düşüp,
Wagtynda aýrylman, kän salym geçip,
Deň iki epläpdir iki göwräni,
Hem daşa, hem içe akypdyr gany,
Sesinden ýanynda durup bolanok,
Hiç hili kömek-de berip bolanok.
Nirede doktoryň, hany dermanyň?
Hiç bir alajy ýok, ýansa-da janyň!

Älemi ýagtyldyp häzir dogan Gün
Näm üçindir, öňkä meňzeş däl bu gün.
Ýagtysy öçügsi, öňi çaňjaryp,
Gaýgyly görnüşde galýar gyzaryp.
Ýer ýüzi gözüne özge göründi –
Öňki Aşgabady tapmady indi!
Belki, ol özüniň uzyn ömründe,
Ýagty şöhlesiniň düşýän ýerinde
Şindi gören däldir beýle tupany,
Beýle berbatlygy, beýle gurbany!

Örän agyr geçdi ilki sagatlar,
Efir-de duşmady ençe wagtlar
Özüniň çäginde öň belli ada,
Aşgabat – dünýäden üzük birbada.
Nakyldyr, dostlarym, ata-babadan:
Dogandan, dost-ýardan, ini-agadan
Hossarlyk ynsana kyn günde gerek.
Hoş günüň hoş sözi bolar biderek,
Gamly gün gaşynda gaýa bolmasa,
Bükülseň biliňe paýa bolmasa!

Şol agyr pursatlar, şol agyr günler
Dostuna daýançly açyk göwünler
Aýralyk, üzňelik duýmaýardylar,
Biz ýeke, biz ýalňyz diýmeýärdiler, –
Dostlarnyň geljegne ynanýardylar,
Şeýle duýgy bilen ruhlanýardylar.
«Aşgabat, Aşgabat, janym Aşgabat!
Watanym, şohratym, şanym Aşgabat!
Dagdan arkaň bardyr, daşdan ýüregiň,
Goýmaz gara günde dostluk diregiň!»

Telefon, telegraf – açyldy ýollar,
Doganlar dört ýandan uzatdy gollar.
Ynha, depämizde polat laçynlar,
Gezdi köçämizde agyr maşynlar.
Sany kän olaryň ederden çaky,

Gerekli harytlar barynyň ýüki –
Birinde geýim bar, birinde nan bar,
Birinde ýarala dürli derman bar.
Ýagdy kömek bary ýakyndan-daşdan,
Bir günde paýtagtym doldy wraçdan.

Agyr horluk çeken ilat barada
Bütin ülke etdi uly alada.
Çekse-de ilki gün gamy-gussany,
Häzir samolýotda agyr hassany
Lýotçik alyp barýar uzak ýerlere –
Bakuwa, Daşkende, köp şäherlere,
Bary garşylanyp güler ýüz bilen,
Açyk göwün bilen, şirin söz bilen
Çekenler şol gije jebri-jepany
Doganlyk mährinden tapdy şypany.

Ýürekde bolanym dile getirsem,
Ýatlap şol günleri, oýlap otursam,
Gaýtalap, gaýtalap, ýene gaýtalap
Bellemek borjumdyr bir zady nygtap:
Jana-jan doganlar gelmedik bolsa,
Howlukmaç şol kömek bolmadyk bolsa,
Bilmedim, dostlarym, niçik bolardy,
Tupan başymyza ne gün salardy?
Ölenler ozdyrdy, aýdylşy ýaly,
Örän keç gelerdi diriň ykbaly!

Şeýle hakykaty salanda ýada,
Ýürekde tolkunyň artyp zyýada,
Gözde düwmelenip begenjiň ýaşy,
Edýärsiň dostlara çäksiz alkyşy.
Ýeňer kynçylygy ynsanyň güýji.
Giden bir gurumsy şäheriň içi.
Palatka içinde hemme edara,
Tiz biter, yz goýmaz salynan ýara,
Her kim öz ornunda girişdi işe,
Başlady paýtagtym täze durmuşa.

* * *

Gowgaly gijäniň gürrüňin edip,
Wakadan-wakanyň ugruna gidip,
Men durar ýerinde, belki, durmadym,
Okyjym, soraga maý-da bermedim.
Eger ýalňyşmasam, bolsa pursadyň
Ine, şu bolardy sorajak zadyň:
«Hany Ogulnabat, hany Akmyrat?
Hany ol Öwezjik – ol ýeke zürýat?
Neneň-niçik boldy olaň takdyry
Eziz gahrymanlar galdymy diri?»

Gyz bilen hoşlaşyp biziň gahryman,
Gaýdypdy yzyna gaty şadyýan.
Howlukman bir özi çalaja ädip,
Şatlykly geljegiň pikirin edip,
Hoş hyýallar bilen öýe ýetipdi,

Hiç zada güýmenmän, ýaňy ýatypdy.
Şindi uklamandy ýumsa-da gözün,
Birden sallançakda duýdy ol özün.
Saýgara salym ýok näme bolanyn,
Özi-de bilmedi zöwwe galanyn.

Agdy koridora şakyrdap gapy,
Ýok eýýäm diwaryň köçe tarapy.
Kerpiçler astynda galdy krowat,
Zyňdy köçä tarap özün Akmyrat.
Uruş wakalaryn saldy ýadyna,
Sezewar bolanda topuň oduna,
Ýa duşman maý tapyp gökden çozanda,
Ilatly ýerleri oka düzende
Turardy üstünde bir apy-tupan,
Tozandan, tüsseden dolardy asman.

Bir hili aljyrap duran mahaly
Ýadyna düşdi-de goňşy aýaly,
Onuň adyn tutup ençe gygyrdy,
Göz aýlap her ýana ep-esli durdy.
Ses-üýn ýok hiç ýerde, ýuwaş-ýuwaşdan,
Barha ýakynlaşyp garady daşdan.
Hanha, krowaty tamyň töründe,
Garry görünmedi ýatýan ýerinde.
«Ol-da meniň ýaly sypandyr, belki».
Göwne aram berip oýlandy ilki.

Ýene-de gygyrdy, ýene seretdi,
Jogap ýok, her ýana hereket etdi.
Görse öň ýanynda ýatyr bir göwre,
Ýüzin ýykylypdyr ýazylyp ýere.
Üstüne kerpiç-de, gum-da gaçmandyr
Ýa-da ýara düşüp, ganyn saçmandyr.
Diýdi: «Ýürekdendir» – ýaýkap başyny,
Howlynyň bir ýerne eltip läşini,
Köneden-küşülden bir zatlar tapdy,
Biçäre garrynyň üstüne ýapdy.

Egninde eşik ýok, aýagynda gap,
Belet köçämizden ugrady ylgap.
Ýapykdy köçäniň pyýada ýoly,
Kerpiçden, tagtadan, demirden doly.
Sojap dem alýardy, akýardy deri,
Şol gidip barşyna görüp käýeri:
«Görerim, görmezim boldy gümana,
Adam galarly däl baksaň her ýana.
Eger duran bolsak ýene bir sagat,
Belki, ikimiz-de galardyk sagat...».

Ynha, tut agajy, ýaňy şu ýerde,
Arassa howada, abat şäherde
Söýgüli gyz bilen ýüzbe-ýüz durup,
Bir-birniň ýesiri ýürekler urup,
Düzülen dutary ýada salypdy,

Hyýallar atlanyp, göge galypdy.
Häzir her belany salýardy ýada,
Üç-dört köçe galdy indi arada.
Ok dek ýüwürýärdi gorky astynda:
Diýerler: «Ýetimi düýäň üstünde

Ýylan çakarmyşyn ýatanda bagty!» –
Ýatlap şu nakyly, gamlandy gaty.
Ýetdi ýatakhana, näderin bilmän,
Iki gat gözel jaý gözüne ilmän,
Ýaýdandy ep-esli, öňkiň üstüne
Şaglap bir gara der indi dessine.
Endamy sandyrap, ýüregi jigläp,
Garaňky içinde dört ýana ylgap.
Seretse, her tarap bütin gyk-da-bak,
Öňki belet ýerin tapyp bilenok.

Hasylap, hasylap zordan dem alýar,
Gözi töwerekde, durup diň salýar.
Edil ýakynyndan şeýle ses geldi:
«Wah, özüm guraýyn, Öwez jan galdy!»
Durmady, at saldy, bardy şol demde,
Ynha, Ogulnabat içki geýimde,
Çöşlenen saçlary sallanyp durýar,
Aljyrap özüni her ýana urýar.
«Darykma! Darykma! Ol nireräkde?»
«Wah, barar ýaly däl! Galdy aşakda!»

Bagtyň açyk bolsun, mähriban çaga!
Hossaryň sen tarap indi aşaga.
Neneň döremesin gyzda howatyr,
Bil ýaly pürsler keserip ýatyr.
Çagşaşyp her ýerde kerpiçler, daşlar,
Naýza dek çüýlerin gezäp agaçlar
Ýigdi ýöretmeýär, uzak saklaýar,
Käýere çak bilen özün oklaýar.
Gitdi ol durmady, aşaga gitdi,
Tozanyň içinde gözden-de ýitdi.

Giň jahan gyz üçin häzir örän dar,
Ne sabyr, ne takat, ne ynjalyk bar.
Göwresi galpyldap, bir ýerde durman,
Seredýär aşaga gözün aýyrman.
Geçdi ençe salym, gaýdyp gelmedi,
Gygyrdy gyssanyp, jogap bolmady.
Howpy-howatyry has artdy indi,
Bu wagt gara ýer ýene silkindi.
Dik galan diwarlar şakyrdap gitdi,
Turdy alatozan, güwläp ses etdi.

Galdy çaň astynda iki mähriban,
«Waý, balam Öwez jan!
Waý, Akmyrat jan!.».
Özün tutup bilmän zaryn ses etdi,
Gözýaşyň bulagy alkyma ýetdi.

Ýene-de jogap ýok dady-perýada,
«Kerpiçler astynda ikisem ýa-da...»
Elhenç pikirleri getirýär göwne,
Beýleki tarapdan bir görse, ine,
Üst-başy gyzyl gan, aýagyn süýräp,
Çala süýşenekläp, kellesin yrap,

Göründi Akmyrat, golunda Öwez,
Topuldy olara diýmän birje söz,
Garsa gujaklady, çöküp dyzyna
Öpdi ikisinem yzly-yzyna.
Süpürdi ýüzünden ýigdiň ganyny,
Gysdy gujagyna Öwez janyny.
Mańlaýa ýokardan kerpiç gaçsa-da,
Posly çüý aýakdan parran geçse-de,
Tikençe duýulman häzir bu ýara,
Ýigit meňzemeýär azary bara.

Garaňkyň içinde garadym daşdan,
Tutup biri-birin, ýuwaş-ýuwaşdan,
Kerpiçden-kerpije basyp üç göwre,
Çekildi şundan soň gorkusyz ýere.
Ynha, şeýle bolýar, dostlar, her zaman
Eger bir-birine öwrenşse ynsan,
Çydamsyz agyrdyr aýralyk güni,
Häzir şu hakykat gynaýar meni.
Gijemi, gündizmi, tapawut etmän,
Hiç haýsy hiç haçan aňymdan gitmän,

Jana-jan dost indi ençe ýyl bäri
Boldy gürrüňdeşim bularyň bary.
Ýürek ynjasa-da, degse-da gaty,
Ahyr ýetip geldi hoşlaşyk wagty.
Hoş galyň, hoş geziň, üç mähribanym,
Gutardym siz hakda düzen dessanym.
Takatly okyjym, sen-de eliň ber,
Käýindiren bolsam sakawlap eger.
Hiçden giç ýagşydyr, ýazgarmaň meni,
Geçersiň günämi hoşlaşyk güni.

1945–1960

MAZMUNY

Uly alym, uly şahyr 5
Birinji kitap 7
Ikinji kitap 126
Üçünji kitap 235

AMAN KEKILOW

Söýgi

Çapa taýýarlan ***Nowruz Gurbanmyradow***

Redaktor *B. Orazdurdyýewa*
Teh. redaktor *O. Nurýagdyýewa*

A – 71073
Çap etmäge rugsat edildi.
Ölçegi 70x90$^{1}/_{32}$. Edebi garniturasy.
Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi.
Şertli reňkli ottiski. Hasap-neşir listi.
Çap listi 12,75. Sargyt №. Sany.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.